TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET
«MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## HÜSEÝIN KÄŞIFI

# MUHSYNYNYŇ AHLAGY

**Pars dilinden terjime eden**
**Dawut Orazsähedow**

AŞGABAT «MIRAS» 2005

# MÄHRIBAN WE REHIMLI ALLANYŇ ADY BILEN

## GIRIŞ

Sözi ezizlenmiş we beýikligi beýgelmiş Beýik Taňry pygamberleriň soltany we ýagşyzadalaryň ahlagyny kämilleşdiriji emin[1] we amy pygamberimiz[2] Muhammediň (s.a.w.) döwletlilik permanyny «Hakykatdan hem sen beýik ahlakly»[3] diýen mübärek tugra bilen beýgeltdi we bezedi. Sebäbi gözel ahlak Allanyň hikmet nurlarynyň bir nury we patyşalyk yzzatynyň syrlarynyň bir syry bolup, şol mübärek nur bilen ýürek gözi nurlanýar we şol eziz syr arkaly gözel häsiýetlere eýe bolunýar. Pygamber hezretlerimiziň: «Maňa pygamberlik gözel ahlaklary kämil derejesine ýetirmek üçin berildi» diýen hadysynyň mazmunyndan älemleriň serweri Muhammediň (s.a.w.) gözel ahlagy kämilleşdirmek we ajaýyp häsiýetleri aňrybaş derejä ýetirmek üçin iberlendigi mälim bolýar. Şonuň ýaly-da Ol Hezretiň (s.a.w.) mugjyza beýanly[4] dili «Allanyň häsiýetleri bilen häsiýetleniň» diýen jümläni aýtdy. Ol bu jümläni beýik hümmetli ymmatynyň gözel ahlaklar bilen bezelmeginiň zerurlygyny we şeýle beýik derejä ýetmegiň hökmany parzdygyny bilmekleri üçin aýtdy. Kyýamat güni mizan terezisinde ölçenjek ilkinji zat gözel ahlakdyr, soňra bolsa ýagşy amallardyr. Hadysy-şeriflerde getirlişi ýaly, hakykatdan hem mömin kişi özüniň gözel ahlagy bilen gije kaýym[5] we gündiz saýym[6] bolanlaryň derejesine ýetýär.

Dana hekimler şeýle diýipdirler:

– Gözel ahlak nurly ýoldur. Diňe şol ýola eýermek bilen hormat we serwerlik menziline ýetip bolar. Diňe şol usula boýun bolmak bilen haýwanlygyň uçgyraksyz çöl-beýewanyndan ynsanlyk paýtagtyna gadam basyp bolar.

### Mesnewi

Kimde bolsa gözel ahlak,
Ynsanlaryň ynsanydyr.

Ýagşylyk görk-görmekde däl,
Ahlak – yhsan maýasydyr.

---

[1] Emin – amanatdar, amanata hyýanat etmeýän adam.

[2] Pygamberimiz Muhammet (s.a.w.) ýazmagy we okamagy başarmaýan eken. Allatagala Gurhany Kerimiň 29-njy (Möý) süresiniň 48-nji aýatynda bu barada şeýle diýýär: «Sen öň bir kitap hem okamandyň we öz eliň bilen hat hem ýazmandyň. Ýogsa bozgaklar şübhelenerdiler».

[3] Gurhanyň 68-nji (Galam) süresiniň 4-nji aýaty.

[4] Mugjyza beýanly – özgeleriň şonuň ýaly ajaýyp we täsin beýan edip bilmejek görnüşinde.

[5] Kaýym – gijesine namaz okaýanlar.

[6] Saýym – oraza tutujy.

Adamlaryň hemmesi üçin hem gözel ahlakly we ajaýyp häsiýetli bolmak ajaýypdyr, gowy zatdyr. Emma ol gözel ahlaklar we ajaýyp häsiýetler Allatagalanyň: «Seniň Perwerdigäriň islän zadyny ýaradýar we saýlap-seçýär»[1] diýen aýatyna laýyklykda, gudrat penjelerine ygtyýar jylawy düşen adamlar üçin we Onuň: «Sen patyşalygy isläniňe berýärsiň»[2] diýen çäksiz enaýatynyň[3] açary bilen soltanlyk gapylaryny üstlerine açan kişileri üçin, ýagny patyşalar üçin has hem hökmany we zerur zatdyr.

**Beýt**

Gözel ahlak din-dünýäniň görküdir,
Ol garyba bezeg şaha zerurdyr.

Allatagala diniň penasy, soltanlyk nurlarynyň öwüşgini, Allanyň ýerdäki saýasy, Peridun bagtly, Jemşit tagtynyň eýesi, güneş nurly, sahypkyran tagtly, Isgender haýbatly, parahatlygyň merkezi, soltanlyk kadalaryny dörediji we gülläp ösen halypalyk ýörelgelerine eýeriji, alyjenap patyşa Abylgazy Soltan Hüseýin Baýgaranyň halypalyk saýasyny müdimi etsin we onuň mähremligini we söýgüsini kyýamata çenli adamlaryň arasynda ebedi eýlesin:

Abulgazy[4] Baýgara sahypkyran patyşa,
Zamana oň eline beripdir erk jylawun.

Jemşit kimin jahandar[5],
hem älem penalaýjy,
Ol mülküň güneşidir hem saýasy Allanyň.

Nesliniň buýsanjydyr hem Magryp,
Maşryk şasy,
Älemiň şahynşasy bilseň Soltan Hüseýin.

Şeýle-de alyjenabyň abraýly, bagtly we meşhur perzentleriniň her haýsysy döwlet çarhynyň mähir-muhabbeti we jahan gurujy soltanlygyň çür depesiniň parlak ýyldyzy bolup, gymmatly ahlaklara we ajaýyp häsiýetlere eýedir.

**Beýt**

Olaryň her haýsysy gözel ahlagy bilen,
Gün deýin nur saçýandyr,
nurlanýandyr bu älem.

Goý, Allatagala ylaýta-da, älemdäkileriň şazadasy, adamlaryň saýlantgysy, beýiklik derýasynyň ýeke-täk göwheri, haýbat asmanynyň nur saçyjy bagtyýarlyk

[1] Gurhanyň 28-nji (Kasas) süresiniň 68-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 26-njy aýaty.
[3] Enaýat – merhemet, sylag, hormat.
[4] Soltan Hüseýin Baýgaranyň lakamy.
[5] Ïahandar – jahan eýeleýji, dünýäni dolandyryjy.

ýyldyzy, din hem döwlet baýdagyny parladyjy hem-de patyşalyk we milletiň ýüzüniň nury beýik soltanlaryň gözleriniň göreji, belent mertebeli patyşalardyr soltanlaryň saýlantgysy şa Abulmuhsynyň mülküni müdimi etsin we onuň bagt gämisini soltanlyk deňzinde sürsün!

Täleýli belent, parlak, ýeňiş hemrasy onuň,
Bu pöwrize reňkli bagyň gyrmyz gülüdir.
Zalymlaryň başyny teninden jyda eder,
Eger duşman leşgeri ony görse, ölüdir.

Ýene-de:

**Kytga**

Abulmuhsyn, bilseňiz mülk,
millet ýardamçysy,
Güneşem hormat goýup, bolar oň hyzmatkäri.
Onuň beýik hökmüne zamana tabyn bu gün,
Ol ýazgyt meýdanynyň belentlik şasuwary.

Onuň berjaý eden tobasy hem-de[1], ynsapdyr adyllyk owazasy jümle-jahana ýetendir we gözel ahlaga eýedigi baradaky habar ähli ýerlerde ýaýrandyr.

**Mysrag**

Her tarapa gulak salsaň,
onuň tarypyn eşdersiň.

Belent mertebä, dünýäde meşhurlyga we ahyretde hormatdyr bagta ýetiriji zatlaryň biri-de soltanlygy penalaýjy alyjenap patyşanyň razylygyny gazanmakdyr. Käbir ýüze çykan wakalardyr ýagdaýlar bilen baglylykda gorkudyr howp-hataryň ýüze çykandygy sebäpli şazadanyň älem penakäri patyşanyň beýik köşgüne geljekdigine hiç kim ynanmaýardy. Emma alyjenabyň köşgünden edilen bir yşarata görä, şazada nökerleriniň birnäçesi bilen gorkusyz özüniň yzzat we beýiklik mekany bolan Merwden patyşalyk köşgüne gelip ýetdi. Käbir adamlaryň kakasynyň ýanyna gitmekligi unamandygyna ähmiýet bermedi. «Maňa (Allaga) we ata-eneňe şükür et!»[2] diýen hüküme görä, hormatly ataňa tagat etmegiň Alla boýun bolmak bilen barabardygyna düşünýän bu şazada kakasynyň diýenini etmegi ähli zatdan ýokary saýdy. Uzak wagtlyk aýralykdan soň, kämillik «Kenganynyň Ýakubynyň» gözi yzzat we beýiklik «Müsüriniň Ýusubynyň» jemalynyň nury bilen röwşen bolansoň, gutlag sesleri we «mübärek bolsun!» diýen owazlar çar tarapdan arşy-pelege çykyp başlady.

[1] Bu ýerde käbir husytlardyr göripleriň Soltan Hüseýin Baýgaranyň ogly şazada Muhsyny kakasynyň ýanynda ýamanlandygy we şazadanyň öz kakasynyň görkezmesi bilen derrew köşge gelip, kakasyndan ötünç-toba sorandygy üçin «toba» sözi ulanylypdyr.

[2] Gurhanyň 31-nji (Lukman) süresiniň 14-nji aýaty.

## Rubagy

Beýik Alla özüniň çäksiz keremi bilen,
Onuň gelmegin gutlap şähere owaz saldy.
Myrat bagy buşlukdan
şady-horram terlendi,
Umyt güli gunçalap, gadamyndan açyldy.

Şazada özüniň bu häsiýeti bilen egindeşlerinden tapawutlanyp, soltanyň soňsuz mähremine gowşup, onuň çäksiz merhemetinden paý alansoň, älemdäkileriň gulagyna amanlyk buşlugy eşidildi, rahatlyk we parahatlyk bagyndan adamlara tarap şatlyk we begenç nesimi[1] öwsüp başlady.

## Kytga

Şükür Alla, zamanaň umyt gijesinden soň,
Yzzatdyr hormat bilen rahatlyk daňy dogdy.
Doga-dileg edýäniň atan her bir «peýkamy»,
Mynjat goly bilen bary nyşana degdi.

Uly-kiçi hemmeler ol belentlik çemenine uzak ömür dileg edip, ol yzzat we rahatlyk peleginiň güneşini gutlamaga we oňa berekella aýtmaga howlukdylar. Hüseýin Wagyz ady bilen meşhur bolan bu ejiz bende Hüseýin Käşifi hem ol belent mertebeliniň mübärek köşgüne togap etmek üçin yhram baglady[2]. Maňa deňiz ýaly bereketli adamyň – şazadanyň elini ogşamak bagty miýesser etdi. Ony gutlap, oňa dogaýy salam aýtdym. Men bu beýik şahsyýetiň ahwalat sahypasynda Ylahy we gözel ahlagyň ýalpyldap, nur saçyp durandygyny köp göremsoň, soňky soltanlardyr hanlara hem ýol-ýörelge bolar ýaly, onuň bu artykmaç we köşk hyzmatkärleridir nökerleriniň öwgüli sypatlary barada kelam-agyz söz ýazmagy ýüregime düwdüm. Şeýdip, bu «Ahlagy Muhsyny» («Muhsynynyň ahlagy») atly kitaby ýazdym. Ýardam Hak Alladandyr.

Esasy gürrüňe başlamazdan ozal şuny bilmek gerek: adamlar hökman biri-birleri bilen goşulşyp-gatnaşmaga mejburdyrlar, ýöne hiç kimiň häsiýetdir tebigaty başga biriňikä meňzemeýär. Her häsiýetiň bir talaby we her tebigatyň bir islegi bar. Hut şu sebäpli hem hiç kimiň hukugynyň depelenmän, biri-birleri bilen adalatly gatnaşmaklary üçin adamlaryň arasynda kanun gerek. Beýle kanuna şerigat diýilýär. Şerigat öz gözbaşyny Allanyň wahylaryndan[3] alýar we ony ýola goýana bolsa Pygamber diýilýär. Pygamberiň kada-kanunyny bolsa, güýç-kuwwaty we haýbaty bilen gorap saklamak we hiç kimiň onuň çäklerinden çykmagyna ýol berilmezlik üçin bir kişi gerek. Bu işi amala aşyrýan adama bolsa patyşa diýilýär. Diýmek, patyşalyk derejesi pygamberlik mertebesine ýakyndyr. Çünki Pygamber şerigaty ýola goýujydyr, patyşa bolsa ony goraýjydyr. Şu sebäpli-de «Patyşalyk we din ekizdir» diýipdirler.

---

[1] Nesim – bahar pasly ir-säher öwüsýän ýakymly şemal, bady-saba.
[2] Yhram baglamak – haja gidilende we haj parzy berjaý edilende ak matany egniňe dolamak-geýmek.
[3] Wahy – Allatagalanyň pygamberlerine iberen permanlary we habarlary.

**Nazm**

Dana üçin şalyk hem pygamberlik,
Bir ýüzükde biten iki gaş ýaly.
Akylly-danalaň pikrine görä,
Olar bir kökdendir bir ýerden asly.

Şu sebäpli Allatagala Izüne we Iz pygamberine boýun bolmakdan soň, patyşalardyr soltanlara hem boýun bolmaklygy buýurdy we «Eý, möminler, Alla boýun boluň, Pygambere boýun boluň we özüňizden bolan häkimlere tabyn boluň»[1] diýip, emr etdi. Patyşa şerigaty doly we dogry goramak üçin, şerigat eýesiniň[2] ahlagy bilen bezelmeli. Mundan başga-da, Haktagala oňa sylag-hormat bildirip, öz bendelerinden birnäçesiniň üstüne häkim edip, onuň beýiklik tuguny «Sen islän kişiňi eziz edersiň»[3] diýen meýdançasynda pasyrdadyp, ygtyýar täjini onuň hökmirowanlyk başynda goýup, adamlaryň ençemesine buýruk bermek ygtyýaryny onuň gysymynda goýandygy üçin, ol hökmany suratda özüniň mübärek durkuny ajaýyp sypatlar we ýagşy häsiýetler bilen bezemelidir. Patyşanyň kyrk sany ajaýyp häsiýete eýe bolmagy zerurdyr. Olaryň käbiri patyşa bilen Allanyň arasyndaky, ýene bir topary bolsa patyşa bilen halkyň arasyndaky edim-gylymlar we gatnaşyklardyr. Bu kyrk häsiýet şu kitapda kyrk bapda getirilýär. Her bapda şol ajaýyp häsiýetler bilen bagly ýadyma düşen hekaýatlardyr rowaýatlary hem getirdim. Şol kyrk bapda beýan edilýän kyrk ajaýyp häsiýetleri şu ýerde görkezip, kitabymyň haýyrly bolmagy üçin Alladan ýardam we kömek dileýärin.

1-nji bap: Ybadat.
2-nji bap: Yhlas.
3-nji bap: Doga-dileg we mynajat etmek.
4-nji bap: Şükranalyk.
5-nji bap: Sabyrlylyk.
6-njy bap: Razylyk.
7-nji bap: Töwekgellik.
8-nji bap: Haýalylyk.
9-njy bap: Päklik.
10-njy bap: Edeplilik.
11-nji bap: Belent hümmetlilik.
12-nji bap: Tutanýerlilik.
13-nji bap: Tagalla etmek we janypkeşlik.
14-nji bap: Berklik.
15-nji bap: Adalatlylyk.
16-njy bap: Geçirimlilik.
17-nji bap: Sabyr-takatlylyk.
18-nji bap: Hoşahlaklylyk we mylaýymlyk.
19-njy bap: Mähribanlyk we rehimdarlyk.
20-nji bap: Haýyr-yhsanlylyk.
21-nji bap: Sahawatlylyk we ýagşylyk.

---

[1] Guranyň 4-nji (Aýallar) süresiniň 59-njy aýaty.
[2] Bu ýerde Muhammet pygamber göz öňünde tutulýar.
[3] Guranyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 26-njy aýaty.

22-nji bap: Pespällik we hormat-sarpa.
23-nji bap: Amanatdarlyk we takwalyk.
24-nji bap: Wepadarlyk.
25-nji bap: Dogruçyllyk.
26-njy bap: Hajatlary bitirmek.
27-nji bap: Alňasamazlyk we oýlanmaklyk.
28-nji bap: Maslahatlaşmak we ugurtapyjylyk.
29-njy bap: Iňdengörüjilik.
30-njy bap: Batyrlyk.
31-nji bap: Gaýratlylyk.
32-nji bap: Syýasatlylyk.
33-nji bap: Hüşgärlik we habardarlyk.
34-nji bap: Parasatlylyk.
35-nji bap: Syrlary gizlin saklamak.
36-njy bap: Wagtyň gadyryny bilmek we ýagşy at galdyrmak.
37-nji bap: Hak-hukuklary we borçlary ýerine ýetirmek.
38-nji bap: Ýagşyzadalar bilen söhbetdeşlik.
39-njy bap: Ýaramazlary dep etmeklik.
40-njy bap: Hyzmatkärleri we nökerleri terbiýelemek, olaryň edep kadalary.

## BIRINJI BAP

## YBADAT

Ybadat – Haktagala gulluk etmekdir. Haktagala gulluk etmek bolsa, Onuň buýran parzdyr wajyp zatlaryny ýerine ýetirip, hapa-haram zatlary terk etmekdir we Onuň buýruklarydyr gadagan etmelerine boýun bolup, şerigat eýesi pygamberiň sünnetlerine, ýol-ýörelgesine eýermekdir. Allatagala gulluk, ybadat etmek – dünýäde salamatlyk serişdesidir, ahyretde halas bolmaga we hormatlanmaga sebäpdir hem-de hoşwagtlyk hazynasydyr.

### Beýt

Ahyret bagtynyň sermaýasy ybadatdyr,
Dünýädäki sylag-hormata-da ol zynatdyr.

Patyşa özüniň ömür ahwalynyň sahypalaryny ybadat nagyşlary bilen bezemelidir. Şonda Hudaýtagala oňa dünýäde we ahyretde mynasyp we haýyrly zatlary miýesser eder. Patyşa raýatlarynyň öz permanyna boýun bolşy ýaly, özüniň hem Allanyň permanyna boýun bolmalydygyny bilmelidir. Ol gündizlerine raýatlarynyň iş-aladalary bilen meşgul bolup, gijelerine Hudaýyň hyzmatynda bolmalydyr.

Şeýle rowaýat getiripdirler:

Hezreti Murtaza[1] (Alla onuň ýüzüni mübäreklesin!) özüniň halypalyk eden döwründe gündizlerine halaýygyň işlerine serenjam bermek, gijelerine bolsa, Halyga[2] gulluk etmek bilen meşgullanardy. Ondan:

– Eý, emir! Näme üçin beýle ejir çekýärsiň? Ne gündiz rahatlykda, ne gije arkaýynlykda? – diýip soranlarynda, ol:

– Eger gündizlerine rahatlykda bolsam, raýatlaryň işi togtap galjak, eger gijelerine arkaýynlykda bolsam, onda kyýamat güni özüm heläk boljak. Şonuň üçin, gündizlerine raýatlaryň işi bilen meşgullanyp, gijelerimi Haka gulluk etmek bilen geçirýärin – diýip jogap beripdir.

Soltanlaryň biri Şaşujagdan özüne nesihat bermegini haýyş edipdir. Şaşujag oňa:

– Eger dünýäde üstünlik, ahyretde bolsa, beýik derejeler gazanmak isleseň, gijelerine Hudaýyň dergähinde «gedaýlyk et»[3] we gündizlerine öz köşgüňde «gedaýlaryň dadyna» ýetiş – diýipdir.

---

[1] Murtaza – Hezreti Alynyň lakamy, ol razy bolnan diýen manyny berýär.
[2] Halyk – Ýaradyjy, Allanyň bir ady.
[3] Gedaýlyk etmek – bu ýerde eliňi göterip, doga-dileg etmek manysynda gelýär.

## Kytga

Hak bendeleri permanyňa boýun,
Senem Hakyň bendeligne boýun sun.

Şa bil guşasa hyzmatyna Hakyň,
Halk hem bil baglar hyzmatyna onuň.

Raýatyň hoşlugy patyşanyň hoşlugyna bagly bolansoň: «Adamlar öz patyşalarynyň ýörelgelerindedir»[1] diýen jümle aýdylypdyr. Garaz, haçanda patyşa Alla etagat we ybadat etmäge meýil etse, raýatlar hem şol işe isleg bildirip, meýil ederler. Raýatyň ybadatlarynyň bereketi bilen patyşanyň döwlet işleri rowaçlyk tapar.

[1] Arap dilinde ulanylýan atalar sözi.

## IKINJI BAP

## YHLAS

Yhlas – amalyňy ryýadan[1], şahsy bähbitlerden we başga kemçiliklerdir nogsanlardan päklemekdir hem-de niýetiňi Allanyň razyçylygy bilen baglamakdyr.

### Beýt

Yhlas bilen ädimni ätse her kim,
Döwür Isasy dek ol urýandyr dem.

Diýmek, adam etjek işlerini diňe Haktagalanyň razylygyny gazanmak üçin etmelidir we olara nebsini dahylly etmeli däldir. Sebäbi nebsiň islegleri Hak üçin edilýän amallary batyl edýändir.

Şeýle rowaýat aýdypdyrlar:

Müsür[2] halypalarynyň biriniň buýrugy boýunça bir günäkäri jezalandyryp, oňa dürre urup durkalar, ol günäkär paýyş söz bilen halypa sögünýär. Halypa ony goýbermeklerini we azat etmeklerini buýurýar. Halypalyk köşgüniň han-beglerinden biri:

– Ol bihaýa utançsyza köpräk jeza bermegiň ýerine onuň günäsini geçmegiňiziň we azat etmegiňiziň sebäbi nedir? – diýip soranda, halypa:

– Men oňa Hudaý üçin temmi berýärdim. Ol maňa sögensoň, meniň nebsi duýgularym onuň ýaňky aýdan sözi üçin gazaba mündi we ar almaga girişjek boldy. Meniň Hak üçin edilýän işe nebis islegini girizesim gelmedi. Eger ar alan bolsadym, onda yhlas ýolundan daş düşerdim. Şahsy bähbit aralaşan amalyň eýesi sogap pazylatyndan mahrum galyp, daş düşer – diýip, jogap berýär.

### Mesnewi

Oň sözünden gahar odum tutaşdy,
Ylahy işe şahsy bähbit düşdi.

Nebis islegleri ýüze çykanda,
Yhlasyň manysy galmady onda.

Eger yhlasdan haýyrlanmasa iş,
Gowusy onda beýle işden daşlaş.

---

[1] Ryýa – il görsün diýip amal etmek.
[2] Başga nusgada «Horasan» diýlip ýazylypdyr.

## ÜÇÜNJI BAP

## DOGA-DILEG WE MYNAJAT ETMEK

Doga-dileg we mynajat etmeklik – Alla ýüzlenmekdir we onuň tükenmez pazly-kereminden isleg-arzuwlaryňy dilemekdir. «Meni çagyryň, men siziň islegiňizi hasyl ederin»[1] diýen wada görä, eline doga-dileg açary düşen her bir döwlet eýesiniň, hökmany suratda kabul ediş gapysy açylar. Doga-dileg ýa peýdadyr nep dilemek, ýa-da bir zyýany dep etmek maksady bilen edilýär. Patyşalar şu iki zada mätäçdirler. Bularyň birinjisi, ýagny peýdadyr nep dilemek patyşalygyň düzgün-nyzamy we soltanlygyň diregidir. Patyşa rahatlyk bilen haýbatlylyk tagtynda oturmagy üçin, hökmany suratda ahy-nala bilen Hiç zada mätäç bolmadyk we üstünlik beriji Alla doga-dileg etmelidir.

**Beýt**

Ýürekde dilege ýol açmaz adam,
Tagtynda maksada ýetmez elmydam.

Ikinjisi, ýagny duşmanyň hüjümi, garşydaşyň ýeňşi ýaly erbetlikler we zyýanlar hem-de kesellerdir dürli dertler ýaly belalar diňe ahy-nala, nalyş we doga-dileg bilen dep ediler. Bu barada Möwlana Rumy hezretleri (goý, ýatan ýeri ýagty bolsun!) öz mesnewisinde şeýle diýýär:

Eý, beladan gutuljak adam, gel,
Iz janyňy zary-girýanlyga sal.

Şat bolmagyň üçin ahy-nala et,
Şonda dilsiz-agyzsyz gülersiň hut.

Haka nalaň gadry köp bolsa eger,
Nalyş bahasyna ýetjek näme bar?!

Oňa nalyş edýän bagtly göz gerek?
Oňa ýanan ýürek neneň mübärek !

Nalyşymyz hakykatda gülmekdir,
Mübäreklik ýagşy bende bolmakdyr.

[1] Gurhanyň 40-njy (Gafur) süresiniň 60-njy aýaty.

Hadyslarda aýdylyşyna görä, adyl patyşanyň doga-dilegleri kabul boljakdyr. Adalat şygarly soltanyň päklik ýaýynda goýup, sap yhlas bilen atan her bir doga-dileg oky şübhesiz kabul ediş nyşanyna deger.

Rowaýat etmeklerine görä, musulman ýurtlaryň birinde birnäçe günläp ýagyş ýagýar. Adamlaryň işleri kynlaşyp, baryş-geliş ýollary ýapylýar, öýler weýran bolup başlaýar. Şol sebäpden uly-kiçiň kalbyna howsala düşýär. Müneçjimler ýyldyzlara garap, pal atyp: «Asman jisimlerine nazar salmak bilen tutuş şäheriň suw zerarly weýran boljakdygyny çaklasa bolar» diýipdirler. Adamlar öý-işiklerinden, hatda janlaryndan hem el üzüpdirler. Halaýygyň arasynda ahy-nala asmana galýar. Sabyr-takat käsesi dolup, iş çenden çykýar. Olar soltana ýüzlenýärler. Soltan adyl we asylzada adam eken. Ol şäheriň ilatyna teselli berýär, soňra çola ýere çykyp, harlyk ýüzüni ýere sürtüp: «Eý, Bar Huda-ýa! Ähli ilat bu şäher weýran bolar diýip, çak edýärler. Sen gudratlysyň olaryň edýän pikirlerini batyl etmäge we hyýallarynda bolup geçýän zatlaryna garşy öz gudrat alamatlaryňy görkezmäge kadyrsyň» diýip, mynajat edýär. Şondan soň derhal ýagyş diňip, gün parlap çykypdyr.

Bu rowaýatdan şeýle many gelip çykýar. Eger patyşa päk ygtykadyň bolup, ýüregi raýaty bilen bir bolsa, onda ol özi ýa halky barada nähili doga-dileg etse, kabul boluş hormatyna eýe bolar.

### Beýt

Pazly-keremi bilen ol Patyşa[1],
Şahynşalyk täjin goýdy başyňa.

Ondan dile näme dileseň, kändir,
Diňe Ol islän zadyňy saňa berýändir.

---

[1] Bu ýerde Hudaý göz öňünde tutulýar.

## DIRDÜNJI BAP

## ŞÜKRANALYK

Şükranalyk – adamyň nygmat berilýänligi üçin özüniň nygmat berijisine, ýagny Alla minnetdarlyk bildirip, Oňa hamdy-sena aýtmagydyr. Soltanlyk nygmaty Alla tarapyndan berilýän iň uly nygmatlardandyr. Şonuň üçin, soltan yzygiderli şol nygmata şükür etmek we onuň gadyryny bilmek bilen meşgullanmalydyr. Şükür etmek ýürek, dil hem-de beden agzalary bilen amala aşyrylýar. Ýürek bilen şükür etmek – hakyky nygmat berijini – Allany tanamak we özüne ýetýän her bir nygmatyň Onuň çäksiz bereketinden we soňsuz merhemetinden emele gelýändigine düşünmekdir. Dil bilen şükür etmek – mydama Allatagalany ýatlamakdyr «Hudaýa şükür»[1] diýen sözi köp gaýtalamakdyr. Sebäbi bu söz nygmata şükür etmeklige wepalylygy aňladýar. Beden agzalaryň bilen şükür etmek bolsa, şol nygmatlardan emele gelen güýç-kuwwaty öz nygmat berijisine – Alla tagat etmekde sarp etmekdir we beden agzalarynyň her haýsysyny özüne mahsus bolan amallar bilen meşgul etmekdir. Mysal üçin, gözüň amaly – ähli ýaradylan zatlara ybrat[2] gözi, alymlardyr ýagşyzadalara hormat gözi we ejizlerdir golastyňdakylara mähremlik gözi bilen seretmekdir. Gulagyň amaly – Allanyň kelamyny, pygamberimiziň hadyslaryny, din alymlarynyň gürrüňlerini we ýagşyzadalaryň wagyz-nesihatlaryny diňlemekdir. Eliň amaly – garyplara we mätäçlere haýyr-yhsan etmekdir. Aýagyň amaly – metjitlere, ybadatgählere we gabrystanlyga gitmekdir, päk ýürek derwüşleriň we çet ýerde mesgen tutan hem-de tamakinçilik etmeýän takwalaryň hallaryndan habar almakdyr. Şeýlelikde, «Eger beren nygmatlaryma şükür etseňiz, elbetde, olary artdyraryn»[3] diýen aýata laýyklykda, şükranalyk etmek nygmatyň artmagyna sebäpdir. Haktagala ol kişiniň mal-mülküni we mertebe-derejesini artdyrar.

### Beýt

Şükür etmek şähere bagt getirer,
Her kim şükür etse känden-kän berer.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Soltan Sanjar (goý, Alla onuň delillerini aýdyňlaşdyrsyn!) bir obadan geçip barýarka, ýol ugrunda duran bir hyrkaly derwüş oňa salam berýär. Soltan içinden bir zatlar okaýandygy üçin başyny atýar we dil bilen onuň jogabyny bermeýär. Derwüş oňa:

---

[1] Asyl nusgada «Ўlhamdu Lillä» (Hudaýa şükür etmek).
[2] Sapak almak, düşünmek, aňmak; köňül gözi.
[3] Gurhanyň 14-nji (Ybraýym) süresiniň 7-nji aýaty.

– Eý, şa, salam bermek sünnet, salamyň jogabyny bermek bolsa parzdyr. Men sünneti berjaý etdim, emma sen näme üçin parzy ýerine ýetirmeýärsiň? – diýýär.

Soltan ynsaplylygy yslamda mäkämligi üçin jylawuny çekýär we ondan ötünç sorap:

– Eý, derwüş, şükür etmäge meşgul bolup, seniň salamyňa jogap bermekden gapyl galypdyryn – diýýär.

Derwüş:

– Kime şükür edýärsiň? – diýýär.

Ol:

– Erki çäksiz we ähli nygmatlary beriji Hudaýa şükür edýärin. Ähli nygmatlary Ol berýär we hemme peşgeşleri Ol iberýär – diýýär.

**Beýt**

Aýdan balyga çen, hem arşdan ýere,
Onuň nygmatyna çümer her zerre.

Derwüş:

– Nähili şükür edýärsiň? – diýýär.

Soltan:

– «Älhämdu lillähi rabbil älämin», ýagny älemleriň Perwerdigäri bolan Alla şükürler bolsun diýip, şükür edýärin. Sebäbi ol Päk Perwerdigär tarapyndan bize ýetýän ähli nygmatlaryň şüküri şu jümlede jemlenendir – diýýär.

Derwüş oňa:

– Eý, soltan, sen minnetdarlyk bildirmek ýoluny bilmeýärsiň we şükür etmek wezipesini berjaý etmeýärsiň. Sen Allanyň özüňe beren yhsanynyň mukdaryna görä we onuň biçak köp nygmatlarynyň yzygiderligine görä şükür etmeli. Sebäbi döwletlilik eýýamy saňa ýetipdir we haýbatdyr azymat döwri seniň ygtyýaryňda. Şükür etmek diňe bir dem nagma aýdýan dil bilbilini «Älhämdu lillä» gül-gunçasy üçin saýratdyrmak däldir. Mülküň hakyky Eýesiniň huzurynda kabul edilýän we şükür etdikleri saýyn hak-hukuklary artýan soltanlaryň şükranalyklary, şeýle bolmalydyr; özüňde bar bolan her bir nygmata laýyk şükür etmelisiň – diýýär.

Soltan ondan bu işi düşündirmegini haýyş edýär. Derwüş oňa şeýle diýýär:

– Soltanlygyň şüküri – ähli älemdäkilere adyllyk görkezmek we hemme adamlara haýyr-yhsan etmekdir. Ýurduň çäginiň ýaýbaňlygynyň we hökmürowanlygyň giňliginiň şüküri – adamlaryň ýerlerine göz gyzdyrmazlykdyr. Permanyň ýörelgeleriniň şüküri – tabynlaryň hakyny bilmekdir. Beýik bagtlylygyň we hoş ykballylygyň şüküri – harlyk topragyna düşenlere rehim etmekdir. Hazynalaryň abatlygynyň şüküri – mätäçlere sadakalar bermekdir. Güýç-kuwwatlylygyň şüküri – ejizleriň we biçäreleriň günälerini geçmekdir. Saglygyň şüküri – sütem gören «syrkawlary adalatlylyk» kanuny bilen «bejermekdir». Leşgeriň we goşunyň köplüginiň şüküri – olaryň zyýan-zeperini musulmanlardan daş etmekdir. Beýik ymaratlaryň we behişt kimin bag-bakjalaryň şüküri – adamlaryň öýleridir menzillerini nökerlerdir hyzmatkärleriň düşelgesi bolmakdan gorap saklamakdyr. Garaz, şükür wezipesini berjaý etmek gaharly halyňda bolsun, razy halyňda bolsun, Hak ýoluna eýermekden we halkyň rahatlygyny öz erkinligiňden ýokary saýmakdan ybaratdyr.

**Beýt**

Diňe öz arkaýynlygyň isleseň,
Hiç kim arkaýyn bolmaz iliňde seň.

Soltan derwüşiň özüne çekiji sözlerini eşidip, atyndan düşüp, ony zyýarat etmek isleýär. Daş-töwerege seredýär we derwüşi tapmaýar. Hiç kim hem ol barada habar berip bilmeýär. Soltanyň buýrugy bilen derwüşiň bu sözlerini zer suwy bilen ýazypdyrlar. Soňra soltan ol öwütleri özüniň ýörelgesi edinipdir.

**Şygyr**

Hekim pendi köňül gözüniň nagşy,
Ol wesýetden hasyl iki älem işi.

# BÄŞINJI BAP

## SABYRLYLYK

Sabyrlylyk – ýaramazlyklara we Haktagaladan bendesine iberilýän belalara döz gelmekdir. Sabyrlylyk örän gowy we gözel häsiýetdir. Sabyrlylygyň sogaby we pazylaty barada şu aýdyljak zatlar ýeterlikdir: «Elbetde, Alla sabyr edijiler bilendir»[1] diýen aýatyň mazmunyna laýyklykda bu dünýäde olara Allanyň kömegi ýetýär we «Sabyr edijileriň sogaplary hasapsyz beriljekdir»[2] diýen jümlä laýyklykda olaryň muzdlary kyýamatda zyýatdyr we çäksizdir.

Rowaýat etmeklerine görä, Päk Haktagala hezreti Dawut pygambere wahy inderip: «Sen meniň ahlagymy öz zamanaň bezegi etmäge çalyş. Meniň gözel häsiýetlerimiň biri sabyr edijiligimdir» diýipdir.

### Beýt

Adama bar zatdan gowudyr sabyr,
Şonuň bilen ol myrada ýeter.

Her kim hadysalaryň ok atyşygynda sabyrlylyk galkanyny örtünse, onuň umyt oky tizräk maksat-myrat nyşanasyna deger. Sebäbi sabyrlylyk şatlygyň açarydyr. Rahatlyk öýüniň gapysy diňe şol açar bilen açylýandyr.

### Rubagy

Sabyrdyr maksat genjiniň açary,
Ýapyk gapy açar adam sabyry.

Ol hakyk daşydyr, pelek dibasy[3],
Sabyr çüýremezek lybasyň biri.

«Türküstan patyşalarynyň sözleri» atly kitapda şeýle sözler ýazylypdyr:

Afrasyýap öz emirlerine ýüzlenip şeýle diýipdir: «Iz adamlaryňyzyň haýbatyna we berdaşlylygyna aldanmaň we tä olaryň sabyr-kanagatlaryny doly synagdan geçirýänçäňiz, olaryň lap urmalaryna hem öwünmelerine magrur bolmaň. Eger olar sabyrlylykda we çydamlylykda güýçli bolsalar, onda olary mertlikde we merdanalykda ygtybarly hasaplaň».

---

[1] Gurhanyň 2-nji (Sygyr) süresiniň 153-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 39-njy (Mähell) süresiniň 10-njy aýaty.
[3] Diba – gymmatbaha ýüpek mata.

**Beýt**

Adamyň gymmaty dawada däldir,
Sabyrlylyk merde gymmatly ýoldur.

Şeýle rowaýat getiripdirler:

Bir gün emirleriň biri patyşanyň huzuryndaka patyşa onuň bilen bir möhüm iş barada maslahatlaşypdyr. Birden, bir içýan emiriň köýnegine girip, ony gaýta-gaýta çakyp, oňa özüniň zäherli iňňesi bilen zyýan ýetiripdir. Içýanyň güýji gutaryp, özüniň ähli zäherini siňdirse-de, emir maslahat wagty patyşanyň hiç hili sözüni bölmändir, daşky sypatyny üýtgetmändir, sözi akyl kanunyndan we parasat kadasyndan çykmandyr. Ol öýüne gelip, içýany köýneginden aýrypdyr. Bu habar patyşa ýetende haýran galypdyr. Ertesi emir soltanyň huzuryna gelende, ol:

– Izüňden zyýany dep etmek wajyp iş. Sen düýn näme üçin içýanyň azaryny özüňden dep etmediň? – diýip soraýar.

Ol bolsa:

– Men siz ýaly patyşanyň sözüniň hormatyny bir içýanyň zäheriniň awusy zerarly harlajak adam däldirin. Eger bu gün mejlisde bir içýanyň zäherine çydam edip bilmesem, onda ertirki gün söweş meýdanynda duşmanyň zäherlenen gylyjyna neneňsi döz gelip bilerin – diýip, jogap beripdir.

Emiriň bu sözleri patyşa ýarapdyr we onuň derejesini beýgeldipdir. Şeýdip, ol özüniň sabyrlylygy bilen hormata, derejä ýetipdir.

**Beýt**

Eger sende bar bolsa sabyr,
Nuh pygamber deý,
Bela-beter sowulyp, arzuwlar hasyl bolgaý.

## ALTYNJY BAP

## RAZYLYK

Razylyk – Allatagaladan bendä ýetýän her bir zada hoşallyk bilen razy bolmakdyr. Bilmek gerek, takdyr okunyň öňünde razylykdan başga hiç bir mynasyp galkan ýokdur. Her kim razylyk we boýun bolmaklyk bosagasynda başyny goýsa, ol derrew serwerlik we başy belentlik derejesine ýeter. «Alla olardan razy boldy we olar Alladan razy boldular»[1] diýen aýat bu sözi tassyklaýandyr we «Takdyra razy bolmak Allanyň uly gapysydyr» diýen aýtgy bu sözi nygtaýandyr.

### Beýt

Eger-de ýazylan bolsa ýazgyda,
Oňa razylykdan özge ne peýda.

Aýdyşlaryna görä, Pygamberleriň biri öz mynajatlarynda şeýle diýer eken: «Eý, Allahym, meni Iz razylygyňa sebäp bolýan ylma ýetir». Şol wagt şeýle owaz gelipdir: «Meniň razylygym – seniň takdyra bolan razylygyňa baglydyr. Sen meniň ýazgydyma razy bolsaň, men hem senden razy bolaryn».

### Beýt

Her kim bolsa Allanyň takdyryndan razy,
Taňryň razylygyndan alar ol şonça paýy.

Razylyk nury bilen nurlanan ýürek hiç wagt Allanyň ýazan takdyrlaryndan ýüz öwürmez, ýazgyda ysnyşar we takdyrdan özüne ýetýän paýy uly höwes we göwnühoşluk bilen kabul eder. Şu sebäpden gaýgy-gam onuň töweregine gelmez we elmydam şat, göwnaçyk bolar.

### Nazm

Her bir kişi razy bolsa bar zada,
Aýşy-eşret, şatlyk geler şobada.
Takdyr bilen edil süýt, şeker ýaly,
Hoşluk bilen garyşdyrgyn hyýalyň.

[1] Gurhanyň 98-nji (Anyk hüjjet) süresiniň 8-nji aýaty.

## ÝeDINJI BAP

## TIWEKGELLIK

Töwekgellik – dünýä esbaplardan we serişdelerden göwnüňi sowup, esbaplaryň we serişdeleriň hakyky Sebäpkärine ýüzlenmekdir we öz işleriň çözgüdini Haktagaladan islemekdir. Her kim öz işlerini Hudaýtagala tabşyryp, ýüze çykan her bir hadysalarda Allanyň keremine bil baglasa, onuň ähli işleri göwün küýseginiň lowurdysyna görä berjaý ediler we ýerine ýetiriler.

### Mysrag

Hudaýyňa işiňi tabşyr-da göwnüňi hoş et.

Patyşa öz işleriniň Allanyň kömegi bilen üstünlikli amala aşyrylmagy üçin ähli ýagdaýda hem töwekgellik ýörelgesini terk etmeli däldir.

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün bir patyşa bir alymdan:

– Imanlylaryň üstün çykmagy näme zada bagly? – diýip sorapdyr. Alym:

– Iki zada bagly. Birinjisi – namaz okamak, ikinjisi – üstünlik beriji Allanyň keremine bil baglamak – diýip, jogap beripdir.

Bu sözleri eşiden patyşa işlerini şu iki esasda alyp barýar we şu iki häsiýete endik edýär. Tötänden bir duşman peýda bolýar we güýçli leşger hem-de sansyz goşun bilen onuň mülküne ýüzlenýär. Ol hem özünde bar bolan goşuny bilen duşmana garşy ýola düşýär. Olar biri-birleriniň ýanyna ýetip, söweşmegi karar edýärler. Patyşa ertesi söweş bolmaly gijäni tutuş namaz okamak bilen geçirýär. Döwlet sütünleriniň biri oňa:

– Eý, patyşa, dynjyňy al, ertir söweş güni – diýende, patyşa oňa şeýle diýipdir:

– Men bu gije işimi berjaý edýärin. Ertirki iş Hudaýyň işidir. Ol näme islese şony eder. Meniň onuň bilen işim ýok we onuň işine hiç hili ygtyýarym ýok.

Soňra uruş esbaplaryny taýýarlamagy we leşger hatarlaryny düzmegi buýurýar hem-de:

– Men töwekgellik sowudyny geýdim we öz işimi Haktagalanyň pazly-keremine tabşyrdym – diýýär.

### Beýt

Işi Hudaýa tabşyrdyk, ol biler,
Göreliň, onuň keremi ne bolar?

Ertesi goşunlar hatarlara düzülip, iki leşger biri-birleriniň garşysyna gelende, «Siziň görmeýän goşunlaryňyzy iberdi»[1] diýen ýerden Ylahy medet gelip ýetdi.

**Mysrag**

Hakyň ýeňiş leşgeri gaýypdan geler.

Duşmanyň goşunynyň gözi töwekgel ediji patyşanyň saýawanyna we baýdagyna düşen badyna ygtyýar üzeňňisi güýçlülik aýagyndan sypyp, gaçmagy ganymat bilipdir. Olar söweş turmanka, uruş ýüze çykmanka gaçypdyrlar. Şeýdip, duşmanyň şeri dep edilipdir.

**Beýt**

Umyt Maşrygyndan ýeňiş güni dogdy,
Duşman başyn garaňky gije bogdy.

[1] Gurhanyň 9-njy (Toba) süresiniň 26-njy aýaty.

## SEKIZINJI BAP

## HAÝaLYLYK

Haýalylyk – mübärek häsiýetdir we gözel endikdir. Pygamberlik penakäri Muhammet alaýhyssalam haýalylygy iman daragtynyň bir şahasy hasaplap: «Haýalylyk imanyň bir bölegidir» diýýär. Haýalylyk älemiň düzgün-tertibiniň şertlerindendir. Haýalylyk sypaty bolmadyk ýagdaýynda adamlar biri-birlerinden şerm-haýa etmezdiler. Şeýdip, älem-jahanda tertip-düzgün ýitip, adamlaryň özara bähbitli işleri dargardy. Haýalylyk her kimiň islän zadyny etmegine ýol bermeýär.

### Beýt

Haýadyr ýamanpäl goşunyn alan,
Haýadyr hoş eklenç leşgerin talan.

Mälim bolşy ýaly, haýalylykdan ula-kiçä, hemmelere köp peýda bardyr we haýa güneşiniň nury bolmasa, ahlak miweleri çigdir, gögeledir.

### Nazm

Eger haýa bolmasa päkize däpler ýiter,
Eger hyjap bar bolsa, oňa haýadan ýeter.

Haýalylygyň bir görnüşi günä etmekden utanmakdyr, ýagny günä iş eden adam öz etmişinden utanmalydyr. Mysal üçin Adam alaýhyssalam jennetde bugdaý iýensoň, geýen eşikleri sypyrlypdyr. Ol saga-sola gaçyp, agaçlaryň arasynda gizlenipdir. Şol wagt: «Eý, Adam, bizden gaçýarsyňmy?» diýen owaz gelipdir. Ol: «Eý, Alla, men Senden nädip gaçaýyn we nirä gideýin? Ýöne öz eden hata işimden şerm-haýa edýärin» diýipdir.

### Mysrag

Günä geçilse-de masgaralygy galar.

Haýalylygyň ýene bir görnüşi sahylyk haýasydyr. Sahawatly adam dilegçiniň özüniň huzuryndan boş hem utançly gaýtmagyndan haýa etmelidir. Bir hadysda şeýle diýilýär: «Päk we Beýik Hudaý sahylyk haýasy bilen wasp edildi. Onuň bendeleriniň biri onuň dergähine iki elini göterip, doga-dileg etse, ol onuň elini pazly-keremden we rehmetden boş goýmaklykdan utanar. Şonuň üçin onuň arzuw aýasyna maksat-myradyny bagyş eder».

**Beýt**

Irän kyndyr, beýle işe baş goýsaň,
Soňam hiç zat bermän, elin boş goýsaň.

Aňrybaş sahylyk mätäji öz ýanyňdan utançly ýagdaýda, boş gaýtarmazlykdyr.

Şeýle rowaýat edipdirler.

Mamun halypanyň döwründe şorlukda ulalan, önüp-ösen we şor hem ajy suwdan başga suwy görmedik bir çarwa arap bar eken.

**Beýt**

Bir guş dury suwdan gezip bihabar,
Her ýyl şol şor suwa çüňküni urar.

Şol çarwanyň taýpasynyň arasynda gahatçylyk ýüze çykanda, ol bialaç azyk getirmek üçin özüniň ysnyşan watanyndan we öwrenişen mesgeninden çykmaly bolýar. Ol şor ýerlerden geçip barýarka, ýoly ekerançylyga ýaramly ýere düşýär. Ol şol ýerde biraz ýagyş suwy üýşen bir köli görýär. Hoşamaý şemallar kölüň ýüzündäki çöp-çalamlary aýransoň, ol diýseň dury we ýakymly suw bolan eken. Çarwa arap şol wagta çenli, beýle suwy görmändir. Ol haýran galyp, şol suwdan dadyp görýär, suw onuň agzyna ýaraýar. Ol öz-özüne: «Men Hudaýtagalanyň behiştde bir süýji suwy bolup, hergiz tagamy üýtgemeýändigini eşidipdim. Bu barada Gurhanda hem şeýle diýilýär: «Onda üýtgemeýän tagamly suwly ýaplar bar»[1]. Eger ýalňyşmasam, Haktagala ony maňa meniň garyplygym we ejizligim üçin bagyşlapdyr we meniň açlygymyň we biçäreligimiň öwezine bu suwy meniň üçin behiştden ýere iberipdir. Meniň şu suwdan döwrüň halypasyna eltmegim gerek. Ol hökman bu hyzmatymyň öwezine maňa haýyr-yhsan eder we men hem maşgalam bilen halypanyň haýyr-yhsanyndan gahatlyk belasyndan gutularyn» diýýär.

Şeýdip, çarwa arap meşigini suwdan dolduryp, Bagdada, halypalyk tagtyna tarap ýola rowana bolýar. Heniz ol ýere ýetmäge ep-esli ýol barka, Mamunyň haýbatly kerweni we beýik tagtyrowany gelip ýetýär. Çarwa bu awa-şikara çykan adamyň halypadygyny aňýar. Ol derrew halypanyň ýolunda durup, alkyşdyr sena aýdyp başlaýar. Mamun ony görüp:

– Eý, çarwa adam, nireden gelýärsiň? – diýip soraýar.

Ol:

– Ýaşaýjylary gahatlyk gam-gussasyndan we galla ýetmezçiliginiň belasyndan halys bolan sähradan – diýip jogap berýär.

Halypa:

– Nirä barýarsyň? – diýýär.

Çarwa:

– Siziň huzuryňyza geldim. Men eli boş gelmedim. Size hiç kimiň arzuw eli onuň wysal etegine ýetmedik we hiç bir ynsanyň gözi onuň jemalyny görmedik bir sowgat getirdim – diýýär.

Halypa geň galyp:

[1] Gurhanyň 47-nji (Muhammet) süresiniň 15-nji aýaty.

– Näme ol, getir – diýýär.

Çarwa arap meşigini öňde goýup:

– Bu behişdiň suwy bolup, bu älemde hiç kim ony görmändirem, datmandyram – diýýär.

**Beýt**

Suw däl, belki şerbet şiresi ýaly,
Tagamy dirilik suwy mysaly.

Mamunyň buýrugy bilen jylawdary şol suwdan bir bulgur getirýär. Halypa suwa seredýär, görse, laý, erbet ysly we meşigiň erbet ysy siňen bir suw eken. Halypa ol suwdan dadyp görýär we özüniň pähim-parasaty bilen bu ýagdaýa düşünýär. Şeýdip, halypa utanyp, bu işiň paş bolmagyna ýol bermeýär. Halypa oňa:

– Eý, çarwa, dogrudanam, bu suw diýseň ýakymly we täsin içgi. Ony her kime berip bolmaz – diýýär.

Soňra onuň buýrugy bilen şol bulgur suwy ýörite päk gaba guýup, suw meşigini bolsa bir gyrada goýupdyrlar hem-de ony gowy aýap saklapdyrlar. Soňra çarwa ýüzlenip:

– Eý, arap, gowy sowgat we enaýy zat getirdiň. Aýt, näme hajatyň bar – diýýär.

Ol:

– Eý, musulmanlaryň halypasy, meniň adamlarym garyplykdan we binowalykdan[1] ýaňa heläk bolýarlar – diýýär.

Halypa oňa müň dinar bermeklerini buýurýar we oňa:

– Eý, çarwa arap, bu zerleri alyp, derrew bu ýerden öz watanyňa bar – diýýär.

Çarwa zerleri alyp, dessine yzyna dolanýar. Halypanyň ýakyn emeldarlarynyň biri ondan:

– Bu suwdan hiç kime dadyrmazlygyň we çarwa araby bu ýerden derrew yzyna gaýtarmagyň hikmeti näme? – diýip soranda, halypa şeýle jogap beripdir:

– Ol suw ýakymsyz we erbet ysly suwdy, emma ol çarwa adamyň içip ulalan suwuny göreňde, oňa behişt suwy ýaly bolup görünýärdi. Siz ol suwdan dadyp görüp, çarwa arabyň bu çig işine görä, oňa käýýäp, tagna urup, utandyrsaňyz gowy bolmazdy. Eger ony şu ýerden yzyna gaýtarmadyk bolsam, onda ol öňe gidip, Dejle suwuny görüp, onuň süýji tagamly suwdugyny bilip, eden işine utanardy. Men biziň sahawatymyzdan tama edip, ýanyma gelen bir adamyň ahwal sahypasyna utançlyk tozanynyň siňmeginden utanýaryn.

**Beýt**

Sahy adam utanyp eder heder,
Dilegçiň utanmagyndan şerm eder.

Haýalylygyň ýene bir görnüşi edep haýalygydyr, ýagny bir amalyň din we akyl taýdan amala aşyrylmagy gadagan bolmasa hem, edep haýalylygy ony şol işden saklaýar. Mysal üçin, Anuşirwan nergiz gül bar bolan otagda öz aýallary ýa-da

[1] Binowalyk – misginlik, mätäçlik, zatsyzlyk.

kenizleri bilen ýanaşmaýan eken. Ol: «Nergiz güli seredip duran adamyň gözüne meňzeýär» diýer eken. Hakykatda, Anuşirwanyň bu işi haýalylyk däldir. Sebäbi haýalylyk imandan gözbaş alsa, şonda haýalylyk hasaplanylýar. Ol otparaz bolupdyr. Ol bu işi edep hasaplapdyr. Emma yslam patyşalary şeýle zatlary amala aşyrsalar, onda ol haýalylykdan bolar.

**Beýt**

Haçan ýürek haýa waspyndan dolar,
Hudaýyň nurunyň aýnasy bolar.

Şermi-haýasyz göz bir erbet päldir,
Hatda ol akyl taýdan göz hem däldir.

## DOKUZYNJY BAP

## PÄKLIK

Päklik – haram zatlardan, hususan-da haram şöhwetlerden gaça durmakdyr. Päklik hem gözel ahlaklaryň biridir. Alymlaryň aýtmaklaryna görä, adamzadyň iki zada meňzeşligi bar. Birinjisi, perişdelere meňzemek. Adamzat şu häsiýet bilen ylma we amala meýil edýär. Ikinjisi, haýwanlara meňzemek. Ol bu häsiýet bilen iýmäge, içmäge we jynsy gatnaşyga hars urýar. Akyl şertleri nazara alnanda, ol başardygyndan perişdelere meňzemeklik häsiýetini güýçlendirip, haýwanlyk häsiýete meýil etmeli däldir.

### Beýt

Sen perişde hem haýwan häsiýetine eýesiň,
Haýwanlykdan geçäýseň perişdelige ýetersiň.

Garaz, adamda iýmek höwesi üstün çyksa, onda ol halal-haramyň arasynda tapawut goýmaz. Şeýle-de ol şöhweti güýçlenip, ýeňen wagty nika bilen zynanyň aratapawudyny bilmez. Şuňa görä, päklik – şöhwetiň üstün çykan wagty nebsiň jylawuny çekip, hümmet etegini haramlyk kirinden päk saklamak we diňe diniň dessuryna görä, bu işe çemeleşmek hem-de ýaramaz amallardan gözüňi sowmakdyr. Şeýle ýagdaýda oňa haýyr, ýagşylyk, üstünlik we ýeňiş gapylary açylar. Egerde patyşa päklik sypaty bilen bezelen bolsa, onda hökman pyssy-pyjurlyk ýurdundan daşlaşar we onuň maşgalasyna, çagalaryna we raýatlaryna betnamlyk biynjalyksyzlygy gelip ýetmez.

### Nazm

Päklik baýdagyny diken ýerinde,
Doly arzylaşar din-dünýä şonda.

Nebis ondan tutuş harlyga düşer,
Ruh Ýaradyjyň razylygyna gowşar.

Hudaýa şükür, mertebä, bagta
Eýe boldy şa bu uly döwlete,

Şeýdip kämil hünär päklik bilendir.
Iki dünýä gowy aklyk bilendir.

## ONUNJY BAP

## EDEPLILIK

Edeplilik – özüňi ýaramaz sözlerden we erbet häsiýetlerden saklamak, öz hormatyňy we adamlaryň sarpasyny saklamak, özüňiň hem-de başgalaryň abraýyny dökmezlikdir. Edepliligiň hakyky manysy her halda Pygamberimize boýun bolmak we oňa eýermekdir. Sebäbi Muhammet pygamber iň kämil, iň edepli kişidir. «Perwerdigärim maňa edep öwretdi we edebimi gözelleşdirdi» diýen mekdepde hiç kim onuň ýaly edep alan we ýaramazlyklardan saplanan däldir.

### Nazm

Ol öwrenijilere halypa bolup,
Iwretdi edebi Hudaýdan alyp,
Şeýdip ol hemmelere sapak berdi,
Ony «Kibriýalyk»[1] tagtynda gerdi.

Edeplilik hemmeler üçin, ylaýta-da jahan eýeleri bolan patyşalar we beýik soltanlar üçin has hem gowy we ajaýyp häsiýetidir. Sebäbi olar edep ýolunda berk dursalar, olaryň nökerleridir emeldarlary hem edep saklarlar. Şeýdip, adamlar hem edep ýolundan çykyp bilmezler. Garaz, patyşalyk işleri tertipleşer we alymlaryň bähbidi hikmet öwüşginine görä ýola goýlar.

### Mesnewi

Hudaýdan edep almak dilegim bar,
Biýedep Hak pazlyndan mahrum galar.
Bu pelek edep bilen nur alar,
Patyşalyk edep bilen päk bolar.

Beýik akyldarlaryň aýtmaklaryna görä, adamzadyň arasyndan älem patyşalary üçin iň gowy hazynasy we iň owadan bezegi edeplilikdir.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Müsür soltany Rum patyşasy bilen gatnaşyk we dostluk ýollaryny düzüp, onuň gyzyny öz ogly üçin diläp, öz gyzyny hem onuň ogluna nikalaýar. Bu gatnaşyk sebäpli iki tarapdan ilçilerdir hat-pетekleriň yzy üzülmeýär. Bu iki döwlet eýeleriniň kadalary arkaly iki ülke bezelipdir. Olar uly-kiçi işlerde biri-birlerine ýüzlenipdirler hem-de biri-birleri bilen sala salyşmazdan we pikir alyşmazdan hiç

[1] Kibriýalyk – beýiklik, azamat.

bir işe girişmändirler. Bir gün arap patyşasy Rum kaýsaryna[1]: «Ogullar durmuşyň özeni we ýaşaýşyň gözbaşydyr. Biz wepat bolanymyzdan soňra şan-şöhratymyz olaryň durmuşy arkaly galýar.

**Beýt**

Adam bu diýarda özgäň biridir,
Yzda galan zürýat bilen diridir.

Şonuň üçin olaryň hal-ýagdaýlarynyň tertipleşmegi we rahatlykda ýaşamaklary üçin hümmet edip, üns jylawuny olaryň gowy gün-güzeranda ýaşamaklary üçin çekmelidir. Men öz oglum üçin birnäçe hazynalary, nepis zatlary, gulamlary, atlary we ýer-mülkleri taýýarladym. Alyjenap öz ogluna ähmiýet bermekde nämeler etdikä?» diýen mazmunly hat iberipdir. Bu hat kaýsara baryp ýetende, ol ýylgyryp: «Mülk biwepa ýar we ygtybarsyz dostlukdyr. Oňa ynam etmeli däl we pes dünýäniň baýlygyna aldanmaly däl. Men oglumy edeplilik bezegi bilen bezedim, onuň üçin gözel hem-de öwgüli ahlaklar hazynasyny ýygnadym. Baýlyk – panylyk we ýitgi bilendir. Emma edep üýtgemekden we özgermekden amandyr» diýipdir. Bu habar Müsür patyşasyna ýetende, ol şeýle diýipdir: «Ol rast aýdýar. Sebäbi edeplilik altyndan ýagşyrakdyr diýipdirler».

**Nazm**

Edep Karun hazynasyndan ýegräkdir,
Ol Peridunyň mülkünden gowrakdyr.

Ulular gamyn iýmediler puluň,
Baýlyk özüdir ýitgä gidýän ýoluň.

Olar ylym-edebe ýol saldylar,
Şeýdip edepden ýagşy at aldylar.

[1] Kaýsar – Rum patyşalaryna berilýän lakam.

## ON BIRINJI BAP

## BELENT HÜMMETLILIK

Bir hadysda: «Alla beýik işleri gowy görýär» diýilýär. Haktagala belent hümmetlileri gowy görýär, beýik işleri kabul ediş nazary bilen hormatlaýar. Her bir hormatly kişiniň beýikliginiň belent hümmetlilik bilen aýrylmaz baglanyşygy bardyr.

### Kytga

Hümmet guşy eger ganatyn ýaýsa,
Oňa ykbal öýi höwürtge bolar.
Hümmetliniň çöwgeniň öňünde,
Iň kiçjik güýi[1] gök asman bolar.

Soltanlar üçin belent hümmetlilik ýeterlik dolandyryjy we wepaly medetkärlerdir. Olaryň arasynda kimiň hümmeti artyk bolsa, şonuň beýiklik we haýbat gadamy beýlekilerden zyýatdyr.

### Beýt

Sen Hak ýanynda belent hümmetli bol,
Halk öňünde ygtybaryň güýji ol.

Ýakup Leýs entek ýigitkä taýpa ýaşulularynyň biri oňa:

– Men sen barada alada edýärin. Sebäbi seniň ýaşyňdaky oglanlaryň şöhwetleriniň üstün çykyp, hümmetleriniň ýeňilýän wagtydyr. Sen biziň bir beýik maşgaladan bolan bir asylly gyza sawçylyga gitmegimiz üçin sowgat taýýarlagyn – diýipdir.

Ýakup oňa:

– Men öz halan gelnime eýýäm sowgat berdim – diýýär.

Ýaşuly oňa:

– Men ol sowgadyň nämedigini we gelniň kimdigini biler ýaly ony maňa görkezgin – diýýär.

Ýakup öňe çykýar we gylyjyny syryp:

– Men Maşrygyň we Magrybyň gyzlaryna sawçylyga giderin. Meniň olara sowgadym şu göwherli we gan döküji gylyç bolar – diýýär.

[1] Güý – çöwgen oýnunda pökgi ornunda oýnalýan topa aýdylýar.

**Beýt**

Hiç kimiň ýagşy bagt dawasy ýok,
Şa gelni mähri ýiti gylyç dek.

Şu mazmunda ýene-de şeýle diýipdirler:

**Beýt**

Şa gelni gylyç dek bagryna basdy,
Oň ganyn halat dek goltugna gysdy.

Ýene-de şu mazmunda aşakdaky beýt meşhurdyr:

**Beýt**

Kim ýiti gylyç ogşap ele alar,
Patyşalyk gelnin gujagna salar.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Isgender jahany basyp alyş baýdagyny parladyp, Rum serhetlerinden çykyp, Arapdyr Ajam ýurtlaryna garşy ugramak we mübärek jylawuny älem-jahanyň gurudyr suwly ýerlerini basyp almaga gönükdirmek islän wagty çuňňur oý-pikire çümüp, gama batypdyr. Onuň weziri Arastu[1] hekim Isgenderiň hal maňlaýyndaky we ahwal alnyndaky pikir alamatlaryny we haýranlyk nyşanlaryny görüp, ondan:

– Eý, jahan şasy! Döwlet esbaplary taýýar, nökerlerdir goşunlar bendelik we tabynlyk ýolunda mäkäm durlar. Hazynalar abat, bagtly patyşalyk müdimilik sypaty bilen bezelen, döwlet nahaly berklik şerepi[2] bilen beslenen. Ykbal ylalaşyk guşagyny biline guşapdyr we belentlik hem beýiklik alyjenabyň bosagasynda hyzmat etmäge taýýar. Eýsem, siziň nurly göwnüňiziň pikire batmagynyň we güllän kalbyňyzyň perişanlygynyň sebäbi nedir? – diýip sorapdyr. Isgender oňa:

– Men bu jahanyň pesligi we ýedi yklymyň ülkeleriniň gaty dardygy barada oýlanýaryn. Men şeýle az ýeriň patyşasy bolmak üçin atlanyp, ol ýerleri basyp almaga utanýaryn – diýipdir.

**Mesnewi**

**Ýe**di yklymy basyp alarym ýaly,
Gymmaty ýok gara şaýy mysaly.

Başga müň älem hem kemdir gitmäge,
Alyp ony öz mülküme gatmaga.

Emma Arastu oňa şeýle diýipdir:

– Bu jahana patyşalyk etmegiň we höküm sürmegiň seniň belent hümmetiňe we beýik islegleriňe laýyk zat däldigi şübhesizdir. Emma sen ebedi ülkäniň patyşalygyny hem oňa goşgun. Seniň älem syndyryjy gylyjyň arkaly basyp alan pany dünýäň bilen bilelikde äleme ýagty saçýan adalatlylygyň bereketi bilen

[1] Arastu – Isgenderiň köşgündäki meşhur alym, Aristotel.
[2] Şerep – hormat, sylag, bagt, abraý.

bakylyk patyşalygy hem seniň ygtyýaryňa geçer. Şeýdip, bu nogsan ol kämillik bilen ödeler we bu azajyk zat onuň bezegi bilen diýseň rowaçlanar.

**Mesnewi**

Ahyreti isle, şady-horramdyr,
Ol mülküň bir zerresi ýüz älemdir.

Otyrkaň dalaş et, tapyp bir ýoly,
Ol dünýä mülki ele geler ýaly.

Isgender bu sözler bilen teselli tapyp, hekime berekella aýdypdyr.

Bu gün her bir kämil ynsanyň akylly başy Isgendere sena-alkyş aýtmakda al-asmanda gaýyp ýör. Sebäbi onuň belent hümmetliliginiň Humaý guşy bu dünýäniň ownuk süňklerine baş egmändir.

**Beýt**

Süňk gözleme sen, şanyň algyry sen,
Uçur Humaý guşuň hümmetiň bilen.

## ON IKINJI BAP

## TUTANÝERLILIK

Tutanýerlilik – maksat-myratlaryň kerwenbaşysydyr we işleriň parasatly ugrukdyryjysydyr. Soltanlaryň hiç haýsysy berk niýetden kömek almazdan, ýurt basyp alyş jylawuny penjesiniň güýç gysymyna geçirip bilmändir we güýçli tutanýerlilikden paý almazdan şähriýarlyk tagtyna we hökümdarlyk köşgüne gowuşmandyr.

### Beýt

Kimde dogry niýet hem tagalla az,
Onda maksat-myrat hiç hasyl bolmaz.

Tutanýerlilik diýmeklik – bir işi etmek üçin bil baglasa we bir möhüm zady ýerine ýetirmäge meşgul bolunsa, her bir garşydaşyň böwedi sebäpli maksatdan dänmezlikdir, öz niýetiňden gaýtmazlyk we eglişik etmezlikdir. Bir akyldar adamdan:

– Patyşalaryň tutanýerlilik edinmekleri nirelerde oňat görülýär we ol haçan bolmaly? – diýip soranlarynda, ol şeýle diýipdir:

– Bu iş duşmanlary dep etmekde has gowudyr. Eger-de patyşa «Haçanda bir işi kast etseňiz, Alla söeniň, töwekgel ediň»[1] diýen söze uýup, niýet aýagyny töwekgellik üzeňňisinde goýsa, onda hökmany suratda ýeňiş we üstünlik leşgeri iki leşger bolup, ony garşylamaga gelerler. Sebäbi, dürs niýet üstünligiň we ýeňşiň nyşanydyr.

### Beýt

Şa dürs niýet bilen üzeňňä bassa,
Duşman göwni çöker ondan ýüz esse.

Rowaýat etmeklerine görä, patyşalaryň biri palçyk iýmäge halys endik eden eken. Tebiplerdir akyldarlar ony bu işden saklanjak bolup, onuň zyýanyny hernäçe beýan etseler-de, ol bu endigini taşlap bilmändir. Bir gün derwüşleriň biri ony görmäge gelýär. Ol patyşany diýseň ejiz, ýaňaklaryny zagpyran ýaly saralan halda we onuň güýçli hem gujurly göwresini bitap ýagdaýda görüp, onuň halyny soraýar. Soltan hakykaty aýdyp, oňa:

– Meniň palçyk iýmekden ýaňa haýran, aýagym palçykda we hasrat elim ýürekdedir – diýýär.

Derwüş oňa:

---

[1] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 159-njy aýaty.

– Bu endikden zyýan ýetjekdigini bileniňden soň, näme üçin ony taşlamaýarsyň! – diýýär.

Ol:

– Men hernäçe dalaş etsem-de, bu endigi özümden daşlaşdyryp bilmeýärin – diýýär.

Derwüş:

– Patyşalaryň maksada okgunlylygy ýaly tutanýerlilik hany? Hany, sende hiç zadyň böwet bolup bilmeýän patyşalaryň tutanýerliligi? – diýýär.

Soltana bu söz ýiti täsir edipdir hem-de palçyk iýmezligi niýetine berk düwüpdir. Şeýdip, ol bu berk niýetiň bereketi bilen heläk ediji apatdan halas bolupdyr.

**Kytga**

Sowsaň-da niýet jylawun her tarap,
Jylawuň şübhe eline berme gap.

Arzuw bilen tapmaz ol maksadyna ýol,
Tutanýerlik, tagalla bilen ýeter ol.

Her kim tutanýerligi ýüregne düwse,
Ýeter bir gadamda ol tagta eýse.

## ON ÜÇÜNJI BAP

## TAGALLA ETMEK WE JANYPKEŞLIK

Islegiňi hasyl etmek ugrunda çalyşmak tagalla etmekdir. Janypkeşlik – maksat-myradyňa ýetmek üçin azap çekmekdir. Tagalla etmeklik we janypkeşlik jahan eýeleýji patyşalaryň we ýurt çägini giňeldiji soltanlaryň hüý-häsiýetidir. Bu häsiýet beýik hümmete baglydyr. Ýöne beýik hümmetlilik näçe ýokary bolsa-da, maksada ýetmek üçin tagalla etmeklik we janypkeşlik örän zerurdyr. Belent hümmetli adam azap-muşakgatlara döz gelmekden gorkmaly däldir. Sebäbi her bir zat iki ýagdaýdan başgaça bolup bilmez, ýagny eger ynsan tagalla we janypkeşlik arkaly islegine ýetip bilse, onda onuň maksada ýetdigidir. Eger ol tagalla etse-de, işi başa barmasa we maksadyna ýetmese, onda akyldarlaryň öňünde onuň hiç bir aýyby bolmaz, gaýtam, onuň buýsançly we haýyrly işleri berjaý etmekde görkezen belent hümmetliligi hemmelere aýan bolar.

### Beýt

Tagalla edýän, arzuwa ýetsem, bagt,
Ýetmesem, ululara bahanam nagt.

Hindi alymlaryndan şeýle gürrüň hekaýat edilipdir:

Bir garynja yhlas bilini guşap, adamlara-da ejir baryny berip biljek bir üýşmek gum depesinden az-azdan alyp, başga tarapa çekýärdi. Asmandan uçup barýan bir guş, bir ejizje, kiçijik jandaryň erjellik bilen işläp, gum depesini göçürmekde taýsyz tagalla we çäksiz janypkeşlik görkezýändigini görüp:

– Eý, ejiz durkly we hor bedenli jandarjyk, bu edýän işiň nämedir we boýdan-başa çümen bu käriň nämedir?» diýip soranda, garynja oňa:

– Meniň öz kowumymdan birine gözüm düşdi. Onuň wysalyny islänim-de, ol: «Eger meniň wysalymy isleseň, şu ýolda duran gum depesini ýol ugrundan aýyr» diýip, meniň öňümde şert goýdy. Şondan soň men şu işe baş goşdum we bu şertiň hötdesinden gelmek isleýärin – diýipdir. Guş oňa:

– Bu ýola goýan maksadyň seniň ýetjek arzuwyň däl. Bu çekýän ýaýyňa seniň çigniň güýji ýetmez – diýende, garynja oňa:

– Men bu işi etmegi niýetime berk düwüp, tagalla we janypkeşlik gadamyny öňe goýdum. Eger bu işi amala aşyrsam, ol meniň maksada ýetdigimdir, eger şowuna bolmasa hem meni günäkärläp bilmezler – diýipdir.

### Beýt

Men tagalla ýolun edýärin berjaý,
Tagalla etmedik bil, däldir ynsan.

Eger maksadyma ýetip bilsem men,
Gamdan azat, ony edip bilsem men.

Eger zähmetim bilen bitmese iş,
Onda meni günäkärlän bolmaz hiç.

Peridunyň kalbynda soltanlygynyň ilki başlarynda, ýagny döwlet reýhanlarynyň (gülleriniň) bagtyýarlyk baglarynda burk urup, şatlyk ýelleriniň hökmirowanlyk öwüsgininden öwsüp ugran döwründe özge hökümdarlaryň döwründe onda käbir adamlaryň golastynda bolan ençeme ülkeleri basyp almak pikiri döreýär.

**Beýt**

Nebsiň ölçeg hernäçe bolsa az,
Gylyçly jahan almak hümmetlä saz.

Ol bu meseläni döwlet sütünleri bilen maslahatlaşýar. Olaryň bir topary:

– Eý, patyşa! Düzgün-tertipli mülküň we ýeterlik baýlygyň bar. Zerur bolmazdan pitne tozanyny turuzmak we goh-galmagal oduny tutaşdyrmak ýerlikli däl. Bar bolan zadyňdan lezzet algyn we howp-hatarly işlere baş goşmagyn – diýýärler.

**Beýt**

Rahatlyk barada arkaýyn tagalla et,
Sebäp isleg-arzuwlaryň soňsuz zat.

Peridun:

– Kanagatlylyk – başy aşak dört aýaklylaryň tebigatydyr we işden galyp, bir burçda oturan pes hümmetli ejiz kempirleriň işidir. Bulut ýaly geçip barýan bu pursatlary ganymat bilmeli we maksat-myradyňa ýetmekde howp-hatar barada pikir etmeli däl – diýipdir.

**Beýt**

Soltanlyk guşagyn guşanmaz mydam,
Jan rahatlygyny isleýän adam.

Haçan muşakgatlykdan dynar bir dem,
Jahany almak niýeti bar adam?!

Şeýle rowaýat edipdirler:

Bir patyşa ogluny duşmana garşy söweşe iberýär. Patyşa şazadanyň ýollarda käwagtlar sowudyny çykarýandygyny we iki gije-gündizläp, bir ýerde mesgen çadyryny dikýändigini[1] habar berýärler. Patyşa oňa şeýle hat ýazypdyr: «Eý, ogul, Haktagala beýikligi ýaradan wagty külpeti we kynçylygy onuň bilen hemra edipdir, zelilligi ýaradan wagty hem rahatlygy we arkaýynlygy oňa ýoldaş edipdir.

[1] Bu sözleme şeýle düşünmeli: Duşmana garşy söweşe çykan adam zerur bolmasa artykmaç düşlemeli däl, çalt hereket etmeli hem-de arkaýyn düşläp, duşmandan gapyl galmaly däl.

Soňra beýikligi patyşalara we harlygy raýatlara beripdir. Patyşanyň paýy ýurdunyň beýikligidir, raýatlaryň haky howpsuzlyk we rahatlykdyr. Bu iki paý bir ýerde jemlenmeýär (ýerleşmeýär). Şonuň üçin patyşa arkaýynlyk bilen hoşlaşyp, rahatlygy halka goýmalydyr. Eger şeýle etmese, rahatlyk bilen oňşup, patyşalyk hormatyndan ýüz öwürmelidir».

**Beýt**

Bakma özge rahata
Saňa şalyk lezzeti bes,
Barka soltanlygyň, özge
Sermaýadan umydyň kes.

Ýakup Leýs özüni howp-hatara salyp, her hili howply işlere baş goşupdyr we rahatlykdan daş düşüp, her hili muşakgatlar çekmekden ýaňa bir dem asuda bolmandyr. Ondan:

– Sen bir demirçi ussa. Seniň munça jebir-jepalar çekmegiň we özüňi heläkçilik girdabyna taşlamagyň sebäbi nämedir? – diýip sorapdyrlar.

Ol:

– Maňa özümiň eziz ömrümi demirdir mis bejermek bilen sarp etmek hem-de şärikdeşleri köp bolan käri saýlamak haýyp görünýär. Men özümi adam ogullarynyň meniň bilen şärik bolup bilmejek derejesine ýetirmäge tagalla edýärin – diýipdir.

Olar:

– Bu örän çetin, diýseň kyn iş – diýipdirler.

Ol:

– Men ölüm şerbetiniň içilmelidigini, panylyk we ölüm ýüküniň çekilmelidigini anyk bilýärin. Şoňa görä, özümiň pes işde ölmegimden, beýik işde heläk bolmagymy ýokary saýýaryn – diýipdir.

Soňra ol öz tagallalary we janypkeşligi bilen şol belent derejä hem ýetipdir.

**Beýt**

Her işde tagalla hem dalaş et,
Talaply iş et, özgesini unut.

Ýürege düwlen iş, ýerine düşer,
Tagallasyn etseň, amala aşar.

Bu beýiklik binalaryny galdyrýan tagalla etmeklik we janypkeşlik häsiýetiniň tersi ýaltalyk we geleňsizlik (biparhlyk) sypatydyr. Bu sypat döwletiň esasyny we haýbatyny syndyrýandyr. Tahyr nebereleriniň birinden:

– Siziň hökmirowanlygyňyzyň ýaşyp, döwletiňiziň agdarylmagyna nämeler sebäp boldy? – diýip soranlarynda, ol şeýle jogap beripdir:

Gijeki şerap we säherdäki uky. Biz ýaltalykdan patyşalyk işlerine üns bermedik we biperwaýlykdan ýaňa mertlik däbini taşladyk. Şeýdip, ygtyýar gämimiz ýitgi girdabynda gark boldy we umyt gämimiz maksat-myrat kenaryna gowuşmady.

**Beýt**

Iz döwletin weýran eder elmydam,
Gije içip, säher ýatýan her adam.

## ON DIRDÜNJI BAP

## BERKLIK

Möhüm işlerde we kynçylyklardyr muşakgatlyklary dep etmekde mäkäm durmaklyk berklikdir. Hakykatda berklik ýagşylyk we bereket getiriji hem-de halas boluş peýdalaryny gazandyryjy zatdyr. Ynsanyýetiň hiç bir gatlagyna berklik häsiýeti edil patyşalara gerek bolşy ýaly, zerur däldir. Sebäbi patyşanyň tabyn adamlara gözegçilik etmek we gozgalaňçylardyr betkärleri ýok etmek baradaky berkligi uly-kiçä mälim bolmasa, onda nökerlerdir goşun tabynlyk ýolundan çykarlar, bozgaklardyr topalaňçylar erbetliklerden we bozuklardan çekinmezler. Diýmek, patyşa berklik bilen arkalanar we şalar bu häsiýet bilen ýardama we şatlyga eýe bolarlar.

### Beýt

Berklik göwherinden täç tapan her baş,
Güýç-kuwwatda çarhy pelege ýoldaş.

Bir akyldar adam şeýle diýipdir:

– Her kim özüniň soltanlyk esasyny agdarylmakdan aman saklajak bolsa, onda ol öz işlerini berklik we agraslyk bilen ýöretmelidir.

Iş binasyn berkden tut hem aman bol,
Her binanyň asly berkli, mäkäm ol.

Berk gadamly adam hiç bir waswasa salyjynyň aldawy bilen öz ýolundan ýüz öwürmez we hiç bir haý-höwese kowalaşýanyň waswasy zerarly öz ýörelgesinden dönmez. Halas boluş ýardamçysy mededi berklik ýoly arkaly ýeter. Bu barada Ilähi Hekim şeýle diýýär:

Hiç häsiýeti berklikden ýokary saýma,
Ikirjiňlenmek bilen
halas boluş ýoluny gözleme.
Eger belent mertebä meýil etseň –
Onda berklikde bol, berklikde.

Berkligiň iki alamaty bardyr. Birinji alamaty – başlanan her bir işi soňuna çenli ýerine ýetirmek.

Aýtmaklaryna görä, Rum kaýsary Anuşirwandan:

– Patyşalygyň bakylygy nämede? – diýip soranda, ol şeýle diýipdir:

– Men hiç haçan biderek işleri etmeýärin we başlan işimi taşlamaýaryn, soňuna çenli alyp barýaryn.

Soňra kaýsar:

– Ähli ýunan alymlary hem şuny aýdýarlar – diýipdir.

### Nazm

Mertler dek bir işe başlasaň eger,
Onda dalaş edip, soňuna ýetir.

Seniň dikelden baýdagyň ýagşy iş,
Indi oň ýykylmazlygyna çalyş.

Berkligiň ikinji alamaty – mümkin boldugyndan aýdan sözüniň tersine gürlemezlikdir[1]. Bu barada taryh kitaplarda şeýle hekaýat aýdylýar:

Gazy soltan[2] bir gün Gaznada gezip ýörkä, bir hammalyň bir ymaraty bina etmek üçin bir agyr daşy arkasyna atyp, göterip gelýändigini we daşyň agyrlygyndan ýaňa azap çekýändigini görýär. Soltan onuň kösenýändigini görüp, tebigy mähremligi we ýagşy mylaýymlygy bilen:

– Eý, hammal, daşy taşla – diýipdir.

Hammal daşy ýoluň ortasyna taşlapdyr. Ol daş ol ýerde köp wagtlap ýatypdyr. Atlar ol ýere ýetenlerinde daşy görüp ürkýän ekenler. Patyşanyň ýakyn adamlary wagt tapyp, bu ýagdaý barada:

– Pylan gün bir hammal alyjenabyň emri we mübärek permany arkaly arkasynda göterip ýören daşyny ýoluň ortasyna taşlady. Indi atlar ol ýoldan kynçylyk bilen geçýärler we şol hammaldan başga hiç kim ol daşy göterip bilmeýär. Eger makul bilseňiz, oňa daşy ol ýerden aýryp, ýoly açmagyna buýruk beräýseňiz! – diýipdirler. Şonda soltan:

– Men oňa daşy taşla diýipdim. Indi eger göter diýsem, adamlar bu işi meniň berk dälligime ýöňkärler. Şonuň üçin degme, goý, ol daş şol ýerde galsyn – diýipdir.

Aýtmaklaryna görä, şol daş soltanyň ömrüniň soňuna çenli şol ýerde galypdyr. Onuň perzentleri hem atalarynyň permanyny saklap, daşy aýyrmandyrlar.

### Beýt

Şanyň sözi bolar sözler seresi,
Senem her hal ony sakla gowusy.

Oň tersine diýilmese hiç bir zat,
Senem ony ýürek torbasyna at.

---

[1] Bu ýerde aýdan sözünden dänmezlik, lebziňi ýutmazlyk, ýönekeý zatlarda hem iki dürli gürlemezlik barada aýdylýar.

[2] Gazy soltan – soltan Mahmyt Gaznaly, «gazy» sözi «söweşjeň» diýmegi aňladýar.

## ON BÄŞINJI BAP

## ADALATLYLYK

Adalatlylyk – patyşalygy bezeýän goragçydyr, nur saçyjy hem-de garaňkylygy böwsüji şugladyr. Haktagala bendelere şu häsiýetli bolmaklaryny ündäp, şeýle diýýär: «Elbetde, Allatagala adalatlygy we yhsany buýurýar»[1]. Adalatlylyk – sütem edilýänleriň dadyna ýetişmekdir, yhsan – ýaralylaryň ýaralaryna rahatlyk melhemini goýmakdyr.

Hadyslarda bellenişine görä, patyşanyň bir pursatlyk adyllygy amallar ölçelýän mizan terezisinde ölçelende altmyş ýyllyk ybadatdan hem ýagşyrakdyr. Sebäbi ybadatyň netijesi diňe şony amala aşyrana ýetýär, emma adyllygyň peýdasy uly-kiçä-hemmelere ýetýär. Din we döwlet ýolbaşçylarynyň işleri-de mülk we millet eýeleriniň bähbitleri-de şol adalatlylygyň bereketi bilen tertipleşendir. Adalatlylygyň sogabynyň hetdi-hasaby ýokdur hem-de ölçegden daşdadyr.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Soltanlaryň biri Allanyň öýüne haj parzyny berjaý etmegi, hormat gadamy bilen yzzat öýüni togap etmegi, köňül saplygynyň (päkliginiň) artmagynda we doga-dileglериniň kabul edilmeginde deň-duşlaryndan we egindeşlerinden tapawutlanmagy we saýlanmagy ýüregine düwýär.

### Beýt

Togap etseň Ýaradanyň öýüni,  
Iki jahanda gudrat saý sen ony.

Ýurduň at-abraýly adamlary we döwlet sütünleri ol soltana ýüzlenip:

– Haj parzyny berjaý etmegiň esasy şerti ýol howpsuzlygydyr. Soltanlaryň bolsa duşmany köpdür. Eger goşundyr nökerler bilen gitmekçi bolsaňyz, onda bu uzak ýolda olary äkitmek gaty kyn düşer. Eger az sanly adam bilen ýola düşseňiz, her hili howp-hatarlaryň ýüze çykmagy mümkin. Şeýle-de soltan ýurtda bedendäki jan ýalydyr. Alyjenabyň döwlet saýasy halkyň depesinden göterilse, onda gohgalmagal köpelip, uly-kiçiniň işleri düzgün-tertip ýolundan çykar – diýipdirler.

Soltan:

– Eger bu ýolagçylyk maňa miýesser bolmajak bolsa, onda haj sogabyny gazanyp, bu ybadatyň bereketine eýe bolarym ýaly näme etmeli? – diýipdir.

Olar:

[1] Gurhanyň 16-njy (Bal ary) süresiniň 90-njy aýaty.

– Bu ülkede ençeme wagtlap Allanyň öýünde bolan hem-de ähli şertleri bilen altmyş gezek haj parzyny berjaý eden bir derwüş bardyr. Ol häzir ilden çete çekilip, terkidünýälik edip, ýeke-ýalňyz ybadat bilen meşguldyr.

**Beýt**

Halk gowgasyndan asuda bolup ol,
Dag eteginde mesgen tutundy bil.

– Şol derwüş arkaly hajyň sogabyna ýetip, onuň pazylatyndan ülüş-paý alyp bolar – diýýärler.

Patyşa derwüşlere bolan ynamy sebäpli onuň ýanyna barýar. Patyşa derwüş bilen gürleşen mahaly oňa:

– Meniň kalbymda haja gitmek arzuwy gögerdi. Döwlet we millet sütünleri gitmezligimi maslahat berýärler. Seniň haja köp gidendigiň eşidildi. Sen bir haj sogabyňy maňa sat. Şeýdip, sen barlyga, men hem sogaba ýeteýin – diýýär.

Derwüş:

– Men ähli hajymyň sogabyny saňa sataýyn – diýýär.

Soltan:

– Her hajyňy näçä satarsyň? – diýip soraýar.

Derwüş:

– Men her haja gidenimdäki äden ädimimi tutuş şu dünýä we dünýädäki ähli zatlara sataryn – diýýär.

Soltan:

– Bu dünýäden we ondaky zatlardan meniň ygtyýarymda bir azajyk baýlyk bar. Olar bir ädimiň bahasy hem bolmaz. Men nädip hajy satyn alaýyn?! Bu hasaba görä hajlaryň ählisiniň bahasyny nädip göz öňüne getirmeli?! – diýýär.

Derwüş:

– Eý, şa! Meniň ähli hajlarymyň sogaby seniň üçin gaty aňsat.

Soltan:

– Ol nähili?

Derwüş:

– Sen bir sütem edilen adama adyllygyňy görkez we bir pursat arzy-dady diňlemek işi bilen meşgullan. Soňra şonuň sogabyny maňa bagyş et. Men hem altmyş hajyň sogabyny saňa bagyşlaýyn. Şonda-da bu söwdadan meniň uly peýdanep gördügim bolar – diýýär.

Şeýdip, soltana parz-sünnet amallaryndan soň, Hudaýyň bendeleriniň bähbidi bilen meşgullanmakdan başga has wajyp tagatyň we ondan ýokary sogabyň ýokdugy belli bolýar.

Ynsaplylyk sypaty bilen ýaşamak we adyllykdyr hemaýat (arkadag) gözi bilen halka seretmek ähli tagatlardan artykdyr we kämildir. Eger adyllygyň hemaýaty bolmasa, onda güýç we haýbat eýeleri ejiz halkyň gözünde ot ýakarlar. Ejizler heläk bolansoň, güýçlüler hem galmazlar. Sebäbi halkyň güzerany biri-birlerine baglydyr we adamlaryň işleriniň tertibi adalatlylykdan başga zat bilen mümkin bolup bilmez.

### Kytga

Adyllyk nur bolup, şalyk nurlanar,
Jümle-jahan ondan hoşboý ys alar.

Adyl bol, derwüşi[1] myrada ýetir,
Şonda saňa myrat miýesser eder.

Adalatly kişiniň adyllygy hemmelere baryp ýetmese-de, ol ähli adamlaryň söýgüsine eýe bolýandyr. Adalatyň pazylatlylygy hakynda şunuň özem ýeterlikdir. Zalymyň zulum-sütemi hemmelere ýetmese-de, ony ähli adamlar ýigrenýändir. Bu aýdan sözümiziň delili hökmünde Anuşirwan Adylyň we zalym Hajjajyň[2] kyssasyny mysal getirmek bolar. Adamlar Anuşirwanyň otparaz kapyrlygyna we Hajjajyň yslam düşeginde doglup, sahabalary we tabygynlary[3] görendigine garamazdan, haçanda Anuşirwany ýatlanlarynda, onuň adyllygy sebäpli alkyş-öwgi aýdyp, haçanda Hajjaj barada gürrüň gozgalanda onuň zulum-sütemi sebäpli, oňa gargyş-nälet okaýarlar.

### Mesnewi

Adyllyk jahanda hököm sürmegiň bir şerti,
Biazarlykdan baky bolar döwlet ýurdy.

Adalatlylykdan bolar her bir ýurduň berki,
Adyllyk bilen ýörgünli bor işiniň durky.

Her kim bu öýde[4] bir gije
mätäç göwnüni alar,
Iz ertirki öýüni abat etdigi bolar.

Abdylla Tahyr bir gün ogluna ýüzlenip:

– Döwlet biziň nesilşalygymyzda haçana çenli dowam eder? – diýip soranda, ogly:

– Bu eýwanda adyllyk we ynsaplylyk düşegi düşelip dursa, döwlet ýitmez – diýipdir.

### Kytga

Haçan şanyň aýagy adyllyk düşegin basar,
Şonda oň depesinde serwerlik täjin asar.

Haçanda galplyk ýeňinden çykarsa ol goluny,
Hökmürowanlyk monjugy

---

[1] Derwüş – bu ýerde sada we garamaýak halk, garyp-pukaralar göz öňünde tutulýar.

[2] Hajjaj – Ymeýe halypalaryndan bolan zalym patyşa. Ol eserlerde we adamlaryň aňynda zulum ediji şanyň nyşanyna öwrülen.

[3] Tabygyn – imanly halda pygamberimiz Muhammediň ýaranlary bolan sahabalary gören we imanly halda-da dünýäden öten kişiler.

[4] Bu ýerde şu dünýä göz öňünde tutulýar.

bezär onuň boýnuny.

Hadyslarda getirilişine görä, adyl patyşa Allanyň ýerdäki mähremsaýasydyr. Her bir zulum-sütem gören patyşany penalaýandyr. Mälim bolşy ýaly, günüň şöhlesinden azap-renç çekýän adam ondan halas bolmak üçin kölegä penalanýar. Edil şonuň ýaly-da, sütem gününiň gyzgynyndan we zulum alawynyň azap-renjinden halys bolan ejiz adam zalymlaryň süteminiň derdinden goýy saýanyň berekedi bilen halas bolup, rahatlyk we asudalyk tapar ýaly Allanyň ýerdäki saýasy bolan patyşany penalaýar.

### Nazm

Adyl şa Hakyň mähremlik saýasy,
Her kim adyl, ol mähremlik eýesi.

Saýasynda halkyny ýerleşdirer,
Abraý bilen çarh üste aýak goýar.

Akyldarlaryň aýtmaklaryna görä, adyllyk halkyň hukuklaryny deň etmekdir. Hiç topary başga bir topardan üstün etmeli däl we her gatlaga öz mertebesine görä gözegçilik etmeli. Soltanyň hyzmatkärleri, umuman, dört topardyr. Birinjisi, gylyç eýeleri, ýagny emirler we esgerler, olar ot hökmündedir. Ikinjisi, galam eýeleri, ýagny wezirler we kätipler, olar howa hökmündedir. Üçünjisi, söwda eýeleri, ýagny bezirgenler we hünärmenler (ussalar), olar suw hökmündedir. Dördünjisi, ekerançylyk eýeleri, olar toprak hökmündedir[1]. Bu dört sütüniň (ýaşaýyş esasynyň) biriniň beýlekisinden üstün çykan ýagdaýynda ýaradylanlaryň[2] heläk bolşy ýaly, bu gatlaklardan bir toparyň beýleki topardan üstün çykmagy bilen patyşalyk hem bulaşyp, synyp başlaýar, älemiň hoşlugy hem-de adam oglunyň işleriniň tertibi bozulýar we dargaýar.

### Kytga

Halkyň her kowumynyň mertebesi bar,
Iňki döwürlerden ol dowam eder.

Eger bir adam çyksa öz ýolundan,
Pitne dörär onuň sagy-solundan.

Her kimi öz ýerli-ýerinde oturt,
Soňra öz hökümdarlyk ornuňa öt.

Adalatlylygyň ýene bir artykmaçlyklarynyň biri topragyň adyl soltanyň tenine zeper ýetirip bilmezligidir.
Şeýle rowaýat edipdir:

---

[1] Bu ýerde ýazar şol dört topary ýaşaýşyň esaslary bolan oda, howa, suwa we topraga meňzedipdir.
[2] Bu ýerde şu dört sany ýaşaýyş esasynyň biriniň aşa zyýat ýa-da düýbünden ýok bolmagy, ýaşaýşy ýok etjekdigi aňladylýar.

Alymlaryň biri Mamunyň mejlisinde adyl patyşalaryň jesetleriniň gabyrda pytramaýandygy, olaryň tenleriniň dargamaýandygy baradaky hadysy rowaýat edýär. Şonda Mamun: «Pygamberimiziň hadysynyň hakdygy barada şek-şübhe ýok. Emma men hakykatdan hem adalatlygyň nyşany bolan hem-de pygamberligiň penasy Muhammet alaýhyssalamyň mübärek dili bilen «Men adyl şanyň döwründe doguldym» diýen jümlesine mynasyp bolan Anuşirwany görmek isleýärin» diýip, Medaýyna tarap ýola rowana bolupdyr. Ol ýere baryp ýetende, onuň buýrugy bilen Anuşirwanyň tabydyny açypdyrlar. Mamun ol ýere girip görse, ony täze jaýlanan we ukuda ýatan ýaly halda görýär. Onuň elinde gaşlaryna pent-nesihatlar ýazylan üç sany ýüzük bar eken. Birinjisinde «Dostlaryň we duşmanlaryň bilen oňşuk et», ikinjisinde «Akyldarlar bilen maslahatlaşman hiç bir işe başlama», üçünjisinde bolsa «Raýatlaryň işlerinden gapyl galma» diýen ýazgylar bar eken. Ýene bir rowaýata görä, onuň başujynda bir tylla tagta asylgy duran eken. Ol tylla tagtada: «Her kim Hudaýdan özüniň mülküniň beýgelmegini islese, döwrüniň alymlaryny sylasyn, mertebelerini götersin. Her kim öz patyşalygynyň artmagyny islese, özüniň adyllyk sypatyny artdyrsyn». Mamunyň buýrugyna görä, ol öwüt-nesihatlary göçüripdirler we tabyda atyr sepip, ony ýapypdyrlar.

Aýtmaklaryna görä, şol gabrystanlykda Mamunyň nedimleriniň[1] biri bir kelam-söz aýtmaga rugsat sorapdyr. Oňa rugsat berlensoň:

– Adyllykda şeýle bir häsiýet bar bolup, ol, adyl kişi wepat bolandan soň hatda ol kapyr hem bolsa, onuň bedenini topragyň zyýan-zelelinden gorap saklaýar. Diýmek, eger adyl kişi yslam bagtyýarlygy bilen mübäreklenen bolsa, kyýamatda ony ot (dowzah) belasyndan hem gorap saklajakdygynyň näme geň-taňlygy bar – diýýär. Mamuna bu söz ýaraýar we ony öwüt-nesihatlaryň soňunda ýazmaklaryny buýurýar.

### Mesnewi

Adyllyk dünýäde adyň göterer,
Kyýamatda seni bagta ýetirer.

Bilseň bu älemde seni beýgelder.
O dünýäde bolsa arzyly eder.

Dady-perýat edeniň sözüni diňlemek, ýagny sütem görenleriň gepine gulak salmak we olaryň işini mähremlik bilen berjaý etmek adalatlylygyň sütünleriniň biridir. Patyşa olaryň köp gürleýişlerinden melul bolup, darykmaly däldir. Sebäbi patyşa lukman hökmünde, sütem gören bolsa syrkaw ýalydyr. Syrkaw özüniň ähli ýagdaýyny lukmana aýtjak bolýar. Diýmek, lukman syrkawyň ähli gürrüňlerini diňlemän, onuň keseliniň anygyna ýetip bilmez. Keseliň anygyna ýetmän, oňa neneňsi em edip biler!?

### Beýt

Sen lukmansyň sen, men bolsam bir bimar,
Göwün syrymy gizläp, meniň nämäm bar?!

[1] Nedim – oturdaş, maslahatçy, patyşanyň ýakyn adamy.

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün bir adam öz ýagdaýyny bir belent mertebeli adama beýan edýär. Ol onuň aýdanlaryna gulak asmaýar. Ýene bir gezek aýdýar, gulak asmaýar. Haçanda üçünji gezek aýdanda, ol belent mertebeli adam:

– Haçana çenli başymy agyrtjak? – diýýär. Ol:

– Baş sen, eýsem, derdimi nirä elteýin? – diýýär. Ol mertebeli adama bu söz ýaraýar we onuň zeruryny bitirýär.

**Mysrag**

Kerem bilen döwlet tapdyň, gaýrat et,
Hudaý ýaryň, sen ejize ber medet.

Soltanlaryň biri bir akyldardan:

– Her zadyň zekaty bar diýýärler. Soltanlygyň zekaty näme? – diýip sorapdyr. Ol:

– Patyşalygyň we hökümdarlygyň zekaty bir sütem gören biçäre adalat islese we ejiz-natuwan adam hajat dilese, onuň gepini diňlemek, onuň bilen mylaýymlykda gürleşmek, gaty söz aýtmazlyk we ejizlerdir garyplar bilen gürleşmeklikden ar etmezlikdir. Kiçiler-ejizler bilen söhbetdeş bolmak ulularyň häsiýetidir. Çünki Hezreti Süleýman alaýhyssalam soltanlyk tagtynda, pygamberlik derejesi bilen ejiz garynjanyň gürrüňlerini diňläpdir – diýipdir.

**Şygyr**

Derwüşlere seretmek abraý berer ekeni,
Süleýmanam garynja gulak gerer ekeni.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Çyn ülkesinde adyllyk bezegi bilen bezelen we ynsaplylyk häsiýeti bilen häsiýetlenen bir patyşa bolupdyr.

**Beýt**

Sütem ondan daşda, adyllyk ondan galýar,
Hudaý ondan razy, halkam ony halaýar.

Birden bir gün zeper ýetip, onuň gulagynyň eşidişi peselipdir. Ol döwlet sütünlerini çagyryp, şeýle bir ahy-nala edip aglapdyr welin, olaryň ählisi onuň düşen halyna aglap, köşeşdirmek üçin elde baryny edipdirler. Patyşa olara ýüzlenip:

– Siz birden men gulagymyň eşitmeýändigi üçin aglaýandyryn öýdäýmäň. Men duýgy agzalarymyň biriniň hatardan çykmagy zerarly akylly adam gamlanmaz. Meniň aglaýanlygymyň sebäbi, birden bir sütem gören adam köşgümiň ýanyna gelip, perýat etse we onuň kömek dileýän sesini meniň gulaklarym eşitmese we ol hem meniň adyllygymdan mahrum bolup yzyna dolansa, men Hudaýyň öňünde günäkär bolsam gerek diýip gorkýaryn. Ýöne men bu barada pikirlenip, onuň çözgüdini tapdym. Siz bu ülkede «Diňe dadyna ýetişilmegini soraýan adam gyzyl

eşik geýsin» diýip jar ediň. Şeýdip, men bu alamat bilen sütem görenleriň halyndan habar tapyp, olaryň perýadyna ýetişerin – diýipdir.

**Beýt**

Sütem görenleriň ýetiş dadyna,
Mahrumlary ýetir sen myradyna,

Din-u dünýäň iş bilen abat eýle,
Iňden gelýän kada-kanundyr şeýle.

Bir biçäräniň dadyna ýetişip, bir sütem göreniň haýyşyny bitirendigi üçin kyýamat azabyndan halas bolanlar köpdür. Muňa şu aşakda getiriljek hekaýat delildir:

Seljuk nesilşalygyndan bolan soltan Mälik şa bir gün Zende derýasynyň kenaryna awa-şikara çykan wagty, dynç almak üçin bir ekin meýdanynyň gyrasynda düşleýär. Soltanyň ýörite hajyplaryndan[1] bolan ýakyn gulamy bir oba barýar. Görse, derýanyň kenarynda bir sygyr otlap ýörmüş. Onuň buýrugy bilen ol sygry soýup, etinden kebap edýärler. Ol sygyr bir garry aýalyňky bolup, onuň we başgada dört ýetimiň gün-güzerany şol sygryň süýdünden eken. Garry aýal bu wakany eşidip, bihuş bolýar. Soňra özüne gelip, soltanyň geçjek köprüsiniň üstünde oňa garaşyp oturýar. Mälik şanyň döwlet kerweni gelip ýetýär. Garry aýal onuň öňünden çykyp, soltanyň atynyň üzeňňisini çekýär. Şol hajyp gulam gamçysy bilen ol aýaly urmakçy we onuň bu işine böwet bolmakçy bolýar. Soltan oňa:

– Degme, ol sütem gören biçäre ýaly-la, göreýin, ol näme üçin maňa ýüz tutupdyr we kimden arz-şikaýat edýär – diýip, garry aýala ýüzlenip: «Aýdyber» diýýär. Garry aýal «Sütem gören batyrgaý we dilewar bolar» diýen söze eýerip:

– Eý, Alp Arslanyň ogly! Sen eger Zende derýasynyň köprüsiniň üstünde meniň dadyma ýetişmeseň, onda ýeke-täk Allanyň ezizligine we beýikligine kasam bolsun. Men syrat köprüsiniň üstünde, tä senden hakymy alýançam dawagär bolup, seniň synyňdan elimi çekmerin. Oňat oýlan, bu iki köpriniň haýsysyny saýlaýarsyň – diýýär.

**Beýt**

Meniň hakym ber-de dadyma ýetiş,
Häzir berseň, soň almadan ýeňil iş.

Soltan bu sözüň haýbatyndan ýaňa atyndan düşüp:

– Aman, eý, ene! Meniň seniň diýen ol köpriň üstünde jogap bermäge takatym ýok. Sen kimiň sütem edenini maňa aýt. Men ondan seniň hakyňy alyp bereýin – diýýär.

Garry ene:

– Şu seniň huzuryňda meniň üstüme jeza beriş gamçysyny çeken gulam meniň ýaşaýyş çeşmämi laýlady. Ol meniň hem-de ýetimlerimiň gün-güzeranyny süýdi bilen dolaýan sygrymy soýup, kebap edipdir – diýýär.

---

[1] Hajyp – gapyçy, sakçylaryň baştutany.

Mälik şanyň buýrugy bilen gulama jeza beripdirler we garrynyň bir sygrynyň ýerine iň halal ýol bilen ele salnan ýetmiş sygry beripdirler.

Soltan wepat bolup, birnäçe wagt geçensoň hem şol garry ene diri eken. Ene bir gije soltanyň gubrunyň üstüne gelip, harlyk ýüzüni kybla öwrüp: «Eý, Alla, seniň häzirki şu topragyň aşagyndaky bendäň men çykgynsyz ýagdaýa düşen wagtymda maňa kömek edipdi. Indi ol çykgynsyz ýagdaýda, Sen öz pazly-keremiň bilen oňa ýardam et. Men biçäre wagtym ol bir ejiz bendäň bolsa-da, meni şatlandyrypdy. Indi onuň biçäre wagty Sen ýaradyjylyk gudratyň bilen ony şatlandyr» diýip, dileg edipdir. Nökerleriň biri düýşünde Mälik şany görüp, ondan: «Hudaýtagala seni näme etdi?» diýip soranda, ol: «Eger şol garry enäniň dilegi meniň dadyma ýetişmedik bolsady, onda meniň azap-jepa belasyndan halas bolmagym mümkin däldi» diýipdir.

**Beýt**

Şol ýoldaky garry aýtdy,
Dileg diläp ol maňa kömek etdi.

Ýok wagty Hudaýyň mährem nazary,
Gamdan heläk bordum çekip azary.

Adyllygym oň dilegne ýol açdy,
Şeýdip oň dilegi ýerine düşdi.

Adyllygyň sütünleriniň ýene biri Allanyň hökümini saklamakdyr. Patyşa şerigatyň hökümlerine laýyk adalatlylyk görkezmelidir. Ol gaharly wagty bolsun, ýa şadyýan wagty bolsun, diňe hakykata, Hakyň hökümine tabyn bolmalydyr. Sebäbi Allanyň hökümi ähli hökümlerden ýokarydyr. Eger ol Hakyň höküminden boýun gaçyrmasa, hiç kim onuň höküminden boýun gaçyrmaz.

**Beýt**

Haýsy ýerde soltan, şa hem serwer bar,
Berklik bosagasy ondan güýç alar.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Mamunyň halypalyk eden döwründe bir adam jenaýat edip, şäherden gaçypdyr. Jenaýatçynyň doganyny Mamunyň huzuryna getiripdirler. Mamun oňa doganyny tapyp getirmegi, ýogsa özüni doganynyň ýerine öldürjekdigini aýdýar. Jenaýatçynyň dogany:

– Eý, halypa! Seniň emeldaryň meni öldürmekçi bolsa we sen hem maňa degme diýip höküm eden bolsaň, ol meni öldürermi ýa-da ýok? – diýýär.

Halypa:

– Ildürmez – diýýär.

Ol adam:

– Onda men seniň patyşalygyň hem Onuň pazly-keremi bilen bolan Patyşadan maňa degmezligiňiz üçin höküm getirdim – diýýär.

Halypa:

– Seniň deliliň näme? – diýip soraýar.
Ol:
– Meniň delilim Hudaýtagalanyň şu sözi: «Hiç kimi başganyň günäsi sebäpli tutmaň»[1] – diýýär.
Mamuna bu söz güýçli täsir edýär. Ol zaryn-zaryn aglap:
– Ony goýberiň, ol aýdyň we mäkäm delil getirdi. «Ägä boluň, höküm Onuňkydyr (Allaňkydyr), Ol höküm edenleriň iň ýagşysydyr».

**Beýt**

Hak beýikliginden höküm çykanda,
Ähli soragdan has belent bor ol onda.

Diwanyň permany ebedi bolar,
Oňa garşy kimler milt edip biler.

Rowaýat etmeklerine görä, Amr Leýs bir adamy kineli bir adamyň gepine görä tussag edýär. Tussag edileniň ejesi bir arza ýazyp, Amryň geçjek ýolunda durýar. Haçanda Amr gelip ýetende, şol ene kagyzy Amra ýetirjek bolýar. Amryň aty ürkýär. Amr gazaplanýar we ol enäni ýoldan aýyrmaklaryny buýurýar. Amr ol ýerden geçýär. Soňra ene ýolda durýar. Haçanda Amr yzyna dolanyp gelýärkä, garry aýal ýene-de onuň öňüne çykyp, arz-şikaýat edýär. Amr ýanyndakylardan:
– Bu kim? – diýip soraýar. Olar:
– Bu tussag edilen pylan adamyň ejesi – diýip, jogap berýärler.
Amr gahary gelendigi üçin ondan ýüz öwrüp, oňa üns bermeýär. Garry ene:
– Eý, patyşa! Seniň meniň bigünä oglum baradaky çykaran hökümiň näme? – diýýär.
Patyşa:
– Oňa ýüz taýak urmaklaryny, ýüzüni gara çekip, şäherde aýlap: «Her kim hezreti soltana garşy çyksa, onuň jezasy şudur» diýip, jar çekmeklerini buýurdym – diýýär.
Garry ene:
– Sen şeýle höküm edýärsiňmi? – diýýär.
Ol:
– Hawa, men şeýle höküm edýärin – diýýär.
Garry ene:
– Sen islän her bir zadyňa höküm berjek bolsaň, onda Allanyň hökümi nirede? – diýýär.
Bu sözüň haýbatyndan ýaňa Amryň endamy titräp, bihuş bolýar. Ol huşuna gelensoň, onuň buýrugy bilen ol adamy tussaglykdan boşadyp, ýörite halat-don geýdirip, saýlantgy ulaga mündürýärler.
Soňra Amr:
– Ony şäherde we bazarda aýlaň hem-de «Amr Leýs Hudaýyň eden hökümine garşy bolar ýaly kimmişin?!» diýip jar çekiň – diýip buýrupdyr.

[1] Gurhanyň 17-nji (Gijeki seýr) süresiniň 15-nji aýaty.

**Beýt**

Höküm Onuňky, Ol höküm ediji,
Biz kim? Biz onuň hökümini tutujy.

Adyllygyň ýene bir sütüni raýatlar barada päk niýetli bolmak we olaryň gowulygyny we bähbitlerini islemekdir. Sebäbi patyşanyň bu ugurdaky niýet-päliniň täsiri gaty uludyr. Eger ol adalatlylygy niýetine düwse, eden işi bereketli bolup, has netijeli bolar. Emma eger, Hudaý saklasyn, mundan başga zady niýet etse, hasyllaryň bereketi ýitip, adamlaryň agzybirlik ýüpi çözüler. Şyh Muslyheddin Sagdy (goý, Alla onuň ruhuny şat etsin!) şu meseläni goşga geçirip, şeýle diýipdir:

Eger sen her bir niýete goşsaň baş,
Raýat bähbidin aramaga çalyş.

Eger soltan etse bir erbet niýet,
Jahandaky möhüm işler bor berbat.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Kubat patyşa bir gün awa-şikara çykan wagty leşgergähden[1] daşlaşýar. Şol gün howanyň yssy bolanlygy üçin Kubat suwsuzlykdan bitakat bolýar we her ýana seredip, kölegedir çeşme gözleýär. Ol atyny şol tarap sürýär. Görse, çölde bir köne çadyryň içinde bir garry ene öz gyzy bilen otyrmyş. Kubat ol ýere ýetende, garry aýal çadyrdan çykyp, onuň atynyň jylawuny tutýar we ýagdaýyna görä, oňa tagam hödür edýär. Kubat nahar iýip, suw içensoň, uka gidýär. Ol az salym ýatansoň, ukudan oýanýar. Görse, eýýäm howa garaňkyran eken. Ol gije şol ýerde galmakçy bolýar. Agşam namazyndan soň, olaryň sygry sähradan gaýdyp gelýär. Garry enäniň gyzy sygry sagyp, köp süýt alýar. Kubat haýran galyp, öz-özüne: «Bular hiç kimiň özleriniň ýaşaýyş syrlaryndan habarly bolmazlyklary üçin bu çölde ýaşaýarlar. Olar her gün bir sygyrdan şunça süýt alýarlar. Eger hepdede bir günlük süýdi soltana berseler, olara zeper ýetmez, emma hazynanyň baýlygy artar» diýýär hem-de köşgüne baransoň, bu hakda buýruk bermegi niýet edinýär. Ertesi gyzjagaz sygry saganda azajyk süýt berýär. Ol peryat edip, ejesiniň ýanyna barýar we oňa:

– Eý, ene! Doga-dileg et, biziň patyşamyz zulum etmegi ýüregine düwüpdir – diýýär.

Kubat haýran galyp, gyzjagaza:

– Sen ony nähili bildiň? – diýýär.

Ol:

– Her gün irden biziň sygrymyzyň süýdi köp bolýardy, emma bu gün az. Patyşa bir erbet işi ýüregine düwse, Haktagala bereketi alýandyr – diýýär.

Kubat:

– Sen dogry aýtdyň – diýip, ol eden niýetinden dänýär. Soňra gyza ýüzlenip:

– Indi bar, sygry sag – diýýär.

Gyz baryp, ýene bir gezek sygry sagýar we köp süýt alýar. Ol ejesiniň ýanyna ylgap baryp, patyşanyň ýagşy niýeti ýüregine düwendigini söýünjileýär.

[1] Leşgergäh – leşgeriň düşlän, çadyr diken ýeri.

Şu sebäpden «Adyl patyşa ýagyş beriji bulutdan we nur saçyjy güneşden hem ýagşyrakdyr» diýipdirler. Hekim Firdöwsi şeýle diýýär:

### Nazm

Bahar buludyndan seçilýän ýagyş,
Şähriýaryň niýetindendir nagyş.

Erbet bolsa patyşanyň niýeti,
Bu zeminde nem tapylmaz ol wagty,

Haçan patyşa erbetlikden daş bolar,
Adyllygy ygaldan kän haýyr alar.

Bu dogrusynda şu aşakdaky hekaýaty getiripdirler:

Bähram Gur howanyň yssy wagty bir baglyk ýere barýar. Ol bagbanlyk edip ýören bir ýaşuly adamy görýär we ondan:

– Bu bagda nar barmy? – diýip soraýar.

Ol:

– Hawa – diýip jogap berýär.

Bähram:

– Bir bulgur nar suwuny getir – diýýär.

Ýaşuly baga girip, bir bulgury naryň suwundan dolduryp getirýär. Bähram bulgury alyp içýär. Soňra:

– Eý, ýaşuly, her ýyl bu bagdan näçe gazanýarsyň? – diýip soraýar. Ýaşuly:

– Üç ýüz dinar – diýýär.

Bähram:

– Diwana näçe salgyt töleýärsiň?

Ýaşuly:

– Biziň patyşamyz agaçlardan hiç zat alman, diňe ekinlerden ondan birini salgyt alýar – diýýär.

Soňra Bähram özüçe: «Meniň ýurdumda bag köp we agaçlar sansyz. Eger baglardan hem ondan birini diwana berseler, biraz baýlyk köpeler we adamlara hem zyýan ýetmez. Men mundan beýläk baglardan hem salgyt alyň diýip perman çykaraýyn» diýip, pikir edýär. Soňra bagbana ýüzlenip:

– Ýene-de naryň suwuny getir – diýýär.

Ýaşuly bagban esli wagtdan soň, bir bulgur nar suwuny getirýär. Bähram oňa:

– Eý, ýaşuly! Ilkinji gezek derrew geldiň we bir bulgury dolduryp getirdiň. Bu gezek köp garaşdyrdyň hem-de az suw getirdiň – diýýär.

Ýaşuly kim bilen iş salyşýandygyny bilmän:

– Eý, ýaş ýigit! Bu meniň günäm däl-de, patyşanyň günäsi. Ol şu wagt niýetini üýtgedip, zulum etmek küýüne düşüpdir. Şeýdip, birden miwäniň berekedi gaçdy. Men ilki bir nary sykyp, käsäni doldurypdym. Emma bu gezek on nardan hem şonça suw alyp, bilmedim – diýýär.

Bu söz Bährama täsir edýär we pikirinden dänýär hem-de ýaşula:

– Ýene bir gezek naryň suwundan getir – diýýär. Ýaşuly baga girip, derrew käsäni dos-doly edip, naryň suwundan getirýär we şadyýan halda gülüp, Bährama berýär we oňa:

– Eý, atly ýigit! Geň galaýmaly, patyşamyz öz pälinden dänipdir. Şeýdip, şobada bereket köpeldi. Men bir nary sykyp, şu käsäni doldurdym – diýýär.

Bähram bu waka geň galýar. Soňra Bähram ýaşula ýagdaýy gürrüň berýär, öz niýetini we ony üýtgedendigini düşündirýär. Patyşalaryň bu wakadan ugur alyp, niýetlerini adamlaryň bähbitlerine laýyk ederleri ýaly, ol döwletli patyşanyň bu kyssasy zamananyň sahypasynda baky ýadygär bolup galypdyr.

Her patyşa niýet-pälini gowy eder,
Hudaýdan nä islese şoňa ýeter.

Akyldarlar şeýle diýipdirler:

– Adyllyk iň gowy artykdyr, zalymlyk iň erbet kemlikdir. Adyllygyň netijesi patyşalygyň müdimilik galmagy, ýurduň giňelmegi, hazynanyň köpelmegi, obalaryň we şäherleriň abadanlaşmagydyr. Zulumyň miwesi bolsa, hökmürowanlygyň ýitmegi we ýurtlaryň weýrançylygydyr».

Hüwşeň ibn Syýamegiň öz ogluna eden wesýetlerinde şeýle diýilýär:

«Eý, oglum, sen zulum nyşanalaryny ýok edip, jebir-jepa baýdagyny agdarmalysyň we sütem görenleriň ahy-nala oklaryndan we jepa çeken mahrumlaryň zary-girýanyndan gorkmalysyň.

Sebäbi:

«Bir garry aýalyň säher wagty eden işini,
Ýüz müň peýkamdyr palta edip bilmez»

– diýipdirler. Zulum-sütemiň şumlugyndan we erbet netijesinden gork. Sebäbi jebir-jepa etmek döwletiň agdarylmagyna we nygmatyň ýitmegine elter. Her kimiň aýak asty we her bir pesiň el esgisi bolan baýlyk üçin halk bilen garpyşma. Çünki, bu iş seni şübhesiz heläk eder.

**Beýt**

Şanyň öz raýatyndan alan puly,
Iý düýbün köwüp, üçek bezän ýaly.

Hikmet eýeleri bu babatda bir mysal aýdypdyrlar we kyssaçylar ondan hekaýat ýazypdyrlar:

Soltan Mahmyt özüniň döwlet sütünlerine iň tentek adamy tapyp getirmeklerini buýurýar. Onuň köşgüniň ululary akyldarlardyr nedimleri, danalardyr ökde adamlary ýurduň çar künjüne iberýärler. Olar şeýle adamy tapmaga meşgullanýarlar we nadanlardyr akmaklar barada habar toplamaga girişýärler. Ahyry olar agajyň bir şahasynyň üstüne çykyp, ony çapmak üçin şol şahanyň düýbüne palta urup duran bir adamy görýärler. Ol şahadan kesilse, ol adamyň beýikdäki şaha çapylsa, gaçyp, müň janyndan bir janyny halas edip bilmejegi ikuçsyzdy. Iberilen adamlar onuň dünýäde iň tentek-akmak adamdygyny biragyzdan tassyklap, ony soltanyň ýanyna getirýärler we ýagdaýy oňa beýan edýärler. Soltan:

– Ondan hem akmagrak adam bar – diýýär.

Olar:
– Onda, Hezreti soltan ony görkezäýse – diýýärler. Soltan:
– Iz jebir-jepasy bilen halkyny horlap, soňra özi hem şol zerarly agdarlyp, perişan bolan zalym hökümdar – diýýär.

### Nazm

Raýat köküdir, soltan hem daragt,
Daragt köki bilen berkdir eý perzent.

Şahasynda oturyp sen daragtyň,
Palta urma ahyr köküne onuň,

Haçan oň köküne palta kakylar,
Bir güýçli ýel zerarly ol ýykylar.

Jepadyr süteme kim ýüz urýandyr,
Şübhesiz ol öz köküni gyrýandyr.

Medinäniň hutbaçysy ady bilen meşhur bolan Hoja Ymamyň «Emaly»[1] atly eserinde şeýle waka ýazylypdyr:

Samarkantda Sogd ülkesinde bir zalym bolupdyr. Halk onuň jepasyndan azapdan we gutarnyksyz süteminden güzapda horlanypdyrlar. Haçanda onuň zulum-sütemi barada ady hormatly Ýaradyjynyň dergähinde köp arz edilensoň, bir gije şol zalym öz otagynda düşeginiň üstünde ýatyrka, bir peýkam atylyp gelip, onuň gursagyna çümýär we şobada heläk bolýar. Ertesi peýkamy onuň gursagyndan çykarýarlar. Ol peýkamda şeýle ýazgy bar eken:

«Sen sütem edýärsiň, sütem edijiler üçin bedene iňňeden hem çalt çümýän peýkamlar goýlandyr».

Bir akyldar bu wakany şu aşakdaky goşgy bilen beýan edipdir.

### Kytga

Ägä bol, eý, jepa peýkamyn
zulum ýaýyna salan,
Sen peýkamyň aladasyn et ýürek ýaralaýan.

Eger seniň ol peýkamyň geçse
demirdir polatdan,
Ahy-nala peýkamy geçer demir dagdan,
bar zatdan.

Hekim Hakany bu barada diýseň gowy belläp geçýär:

### Nazm

Her bir ejiziň nalasy güýçlüdir

[1] Düzmeler, ýazgylar.

peýkam zarbyndan,
«Gije bukusynda» zarlap,
ok atan ejizlerden gork.
Süýji ukuda ýatyrkaň gark eder gözüniň sili,
Oýa bolup, gan-ýaş döküýän
mazlumyň nalasyndan gork.

Hudaýa şükür, Allatagalanyň pazly bilen maksadyna ýeten şazadanyň döwletine älem-jahan guwanýar. Merw diýarynyň ýaşaýjylarynyň, galyberse-de, ähli Horasan ilatynyň uly şatlyk bilen başlary belentdir. Sebäbi onuň adyllyk alamatlary we pazylatlylyk ýalkymlary jahanyň çar künjüne ýaýrap, ykbal düşegi mähremlilik we mylaýymlylyk bilen jahany gurşap alypdyr. At-abraýlylar onuň berk ýurduna guwanýarlar we duşmanlar onuň ýalaw deýin gylyjynyň haýbatyndan çekinýärler.

## Kytga

Abu Muhsyn döwlet ýardamçysydyr,
Ol hormat baýdagy köşk şasydyr.

Ol adyl, zemin şadyýan gülleýär.
Ýurt, şalyk şat, halk asuda dem alýar,

Berekella, rowaçlyk düzüpdir,
Ezel ýazgydyna ony ýazypdyr.

Hemişelik bu çarhy pelek galar,
Dünýä tabyn, döwür seniňki bolar.

## ON ALTYNJY BAP

## GEÇIRIMLILIK

Geçirimlilik – güýç-kuwwatyň üstün wagtynda günäkäriň temmisini bermän günäsini geçmekdir. Bu sypat pazylatda ähli sypatlardan ýokary hasaplanýar. Haktagala öz pygamberine şeýle sypatly bolmagy emr edip: «Mähremlik görkez»[1], ýagny geçirimlilik häsiýetine eýe bol we saňa garşy edilen bet işe geçirimlilik etmegi endik et diýýär. Şu sebäpli pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam Mekgäni alan wagty kuraýyş taýpasynyň özüne her hili yza-ezýet beren ýolbaşçylaryny öz erklerine goýberip, «Siz azat» diýipdir we olara «Siz bu gün aýyplanmarsyňyz»[2] diýip, olaryň kalplaryny geçirimlilik buşlugy bilen şatlandyrypdyr.

### Rubagy

Etmiş üçin tapmalyň biz bahana,
Ýagşy iş, ýagşy gylykda geç sana.

Erbetlik eden adamlardan biz daş,
Ýagşylykdan özge etmäliň biz iş.

Akyldarlar aýtmyşlaýyn, günä hernäçe uly bolsa, onuň günäsini geçeniň hem sogaby şonça köp bolar.

Aýtmaklaryna görä, arap patyşalarynyň biriniň ýanyna şol patyşanyň ýakynlaryndan birnäçesini öldüren jenaýatkärleriň biri gelýär. Patyşa oňa:

– Maňa we meniň ýakynlaryma garşy uly jenaýatlar edip, meniň azabymdan çekinmän, ýanyma gelmäge gorkmadyňmy? – diýipdir.

Ol patyşa garap:

– Siziň ýanyňyza gelip, siziň jezalandyrmaňyzdan gorkmazlygymyň sebäbi bar, meniň günäm hernäçe uly bolsa-da, siziň geçirimliligiňiziň ondan hem köpdügini bilýärin – diýipdir.

Onuň bu sözi patyşa ýaraýar we onuň günälerini geçip, oňa sylag-serpaý ýapýar. Patyşanyň ýakynlaryndan biri ondan:

– Şeýle duşmany ele salyp, ondan ar alman, onuň sözüne aldanaýdyňmy? – diýip soranda, patyşa:

– Ýok, özümçe oýlanyp gördüm, eger ondan ar alsam, meniň nebsim şat bolar we aram tapar. Emma eger onuň günäsini geçsem, onuň köňli şat bolup, maňa dünýäde we ahyretde gowy at galar. Men «Geçirimlilikde jezalandyrmakda bolmadyk bir lezzet bar» diýenlerine doly göz ýetirdim – diýip, jogap berýär.

[1] Gurhanyň 7-nji (Syrat) süresiniň 199-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 12-nji (Ýusup) süresiniň 92-nji aýaty.

Halypa Mamun şeýle diýipdir: «Eger adamlar biziň üçin geçirimlilik görkezmekdäki lezzeti we biriniň günäsini geçmekdäki hezilligi bilsediler, biziň huzurymyza diňe günädir jenaýaty peşgeş getirerdiler».

### Kytga

Günäkär bilsedi şeýle adaty,
Bize eziz günä ötmek lezzeti.

Olar bilgeşlän günä ederdiler,
Itünç bilen jürm getirerdiler.

Isgender Arastudan:

– Pylan günäkär barada näme aýtjak? – diýýär.

Hekim oňa:

– Eý, patyşa! Eger günä edilmesedi, onda iň gözel häsiýet bolan geçirimlilik sypaty hem bolmazdy. Şeýlelikde, günä geçirimliligiň aýnasy we günäkär şol sypatyň ýüze çykmagynyň sebäpkäridir.

### Beýt

Günä geçiş ýalkaw aýnasydyr şyh,
Günäkäre har göz bilen bakma hiç.

Isgender:

– Geçirimlilik haçan gowy? – diýýär.

Ol:

– Iz ýeňşiň üçin şükür eder ýaly güýçli duşmandan üstün çykan wagtyň – diýipdir.

Şeýle hekaýat getiripdirler:

Bir patyşa öz duşmanyndan rüstem çykyp, ony tussag edýär we jezalandyrmakçy bolanda ondan:

– Sen nähili ýagdaýy başdan geçirýärsiň? – diýip soranda, ol:

– Hudaýtagala geçirimliligi gowy görýär we sen bolsa ýeňşi gowy görýärdiň. Indi Allatagala seniň gowy görýän zadyň bolan ýeňşi saňa miýesser edensoň, sen hem onuň gowy görýän zady bolan geçirimliligi berjaý et – diýip, jogap berýär.

Patyşa bu sözi halap, ony azat edipdir.

Şeýlelikde, jahana höküm sürüji patyşalar günäkärlere jeza bermekligi terk etmäge endik etmeli we günäkärden ar almak güýjüne eýe bolandygyna şükür edip, şermende bolan günäkäri geçirimlilik buşlugy bilen sylaglamaly. Çünki ýurt bezeýji patyşalaryň we älem eýeleýji soltanlaryň ýol-ýörelgesi hem şudur:

Tä şanyň[1] döwrüne çenli,
älemiň dörän döwründen,
Ulülardan geçirimlilik,
kiçilerden günä bolan.

[1] Bu ýerde ýazar öz döwrüniň patyşasy göz öňünde tutýar.

Gürrüň bermeklerine görä, patyşanyň ýakynlarynyň biri bir günä iş edip, ony jezalandyrmak karar edilipdir. Patyşa özüniň ýörite adamlary bilen şol günäkär barada maslahatlaşypdyr. Ol adam:

– Men patyşa bolan bolsam, ony jezalandyrardym – diýipdir.

Şa:

– Seniň meniň ýerime bolmanlygyň üçin, meniň häsiýetim seniňki bilen birmeňzeş bolmaly däl. Men onuň günäsini geçdim. Eger onuň günä iş etmegi onuň üçin erbet bolsa, meniň geçirimlilik etmegim gowy iş etdigim bolar – diýipdir.

**Beýt**

Eger kiçiler etse, agyr uly günäni,
Ýalkow eder ulular hem bererler penany.

Heran-haçan bir adam özüniň eden etmişi barada oýlanýan bolsa we özüniň Allanyň ýalkawyna mätäçdigine göz ýetirýän bolsa, onda Allanyň hem özi babatda geçirimlilik görkezmegi üçin öz geçirimliligini günäkärden gysganmaly däldir.

**Beýt**

Eger Hudaý ýalkawyn etseň tama,
Geçrim, kerem et günäkär adama.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Patyşa bir adamy iş bilen bir ýere iberipdir. Ol patyşa ýaramajak bir etmiş edipdir. Patyşa ony işinden boşadyp, ony tussag etmeklerini we köşge getirmeklerini buýurýar. Patyşa ony jezalandyrmakçy we käemekçi bolýar. Ol biçäre dillenip:

– Eý, şa, oýlan, sen hem ertirki gün sorag-jogap üçin Perwerdigäriň huzuryna çagyrylarsyň. Sen şonda nämäni islärsiň? – diýýär.

Patyşa:

– Hakyň geçirimliligini – diýýär.

Ol adam:

– Onda Allanyň geçirimliligi patyşanyň geçirimliligine bagly bolandygy üçin meniň hem günämi geç – diýýär.

**Beýt**

Senem, menem Hak öňünde günäkär,
Sen geçseň, Hak seň günäň geçer meger.

Patyşa bu söz ýaraýar we ony tussaglykdan azat edip, sylag-serpaý bilen işine iberýär.

**Nazm**

Geçirimlilik bir oňat adatdyr,
Her kim oňa eýe bolsa döwletdir.

Ýürek geçirimlilikden nur alar,
Täsirinden ýürekler gülşen bolar.

Geçirimliligi Taňry halaýar,
Hakyň halanyna sen hem bolgun ýar.

Geçirimlilik Allanyň buýran jezalarynda dürs däldir. Gaýtam, beýle ýagdaýda gazap we ýowuzlyk gerekdir.

### Nazm

Eger bir günä şerigat jeza goýsa,
Oňa geçirim hiç edilmez eýse.

Şerigat temmisi günä ötmekdir,
Ol temmi belanyň öňün tutmakdyr.

## ON ÝeDINJI BAP

## SABYR-TAKATLYLYK[1]

Ylahy ahlaklaryň biri sabyr-takatlylykdyr. Allatagala şeýle diýýär: «Elbetde, Alla Geçirimli we Takatlydyr»[2]. Pygamberlere we welilere hem şol häsiýetiň kömegi bilen imany ýok ediji şeýtan leşgeriniň öňdebaryjysy bolan gahar-gazapdan üstün çykar ýaly paý berlipdir. Bir hadysda şeýle diýilýär: «Siziň iň güýçlüňiz adamlary ýere ýykyp, olardan üstün çykýan däl-de, eýsem, siziň iň güýçlüňiz gaharlanan wagty gaharyny ýuwdup, öz nebsine gözegçilik edip bilýän adamdyr».

Güýçlini, gaýratlyny
mertlik güman etmegin,
Gaharny basyp bilse, ynsan kämili diýgin.

Injilde şeýle diýilýär: «Patyşalar özlerine ýaramaýan zatlary eşiden mahaly gahar-gazaba münmez ýaly, nebislerini sabyr-takatlylyk bilen terbiýeläp, ony tabyn bolmaga öwrenişdirmelidirler». Sebäbi olar güýç we başarjaňlyk eýeleri. Olaryň golastyndakylar bolsa tabyn adamlar. Eger gahar takatlylygyň golastynda bolmasa, ýa-da gazap sabyrlylyga boýun bolmasa, şeýle-de olar her bir söze ýa-da işe gaharlanyp ýörseler, onda adamlar heläk bolup, patyşalygyň rownagy[3] galmaz. Aşakdaky beýtler ne gözel aýdylypdyr!

### Nazm

Sabyrlylyk akyl hazynasydyr,
Ylymsyzlar bir garakçy nadandyr.
Bilseň eger, takatlylyk döw daňar,
Kanagat ol gazap üçin zyndandyr.

Sabyr-takatly adam, ýolunda duran beýik daglary sarsdyryp bilýän gazap siliniň gozgap bilmeýän we alawundan otly küräni sandyradýan gahar odunyň täsir edip bilmeýän kişisidir. Çydamlylykdan kömeksiz hiç bir soltanyň gazap ataşy sönmez we sabyrlylyk häsiýeti bolmadyk hiç bir häkim adamlaryň ýüküni göterip bilmez. Diýmek, adyl patyşa çydamlylygy öz ýaşaýyş düzgüniniň bezegi edip, şol sypatyň kömegi bilen älemi ýandyryjy gahar binýadyny agdarýan patyşadyr.

[1] Asyl nusgada «helm» – sabyr-takatlylyk, mylaýymlyk, ýumşaklyk; gazaba münmezlik; çydamlylyk.
[2] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 155-nji aýaty.
[3] Rownak – ösüş, şan-şöhrat.

**Nazm**

Çydam geldi, pese düşdi gazap hem,
Sabyrlylyk ýeňendir şol gazaby.
Sabyrdyr sütüni akyldarlygyň
Har zelillik ýeňilkellä galany.

Süleýman Warrak şeýle diýipdir:

«Bir gün Mamunyň huzuryndakam onuň elinde boýy dört barmak, ini hem iki barmak, arassalykda we ýagtylykda şöhle saçýan Gün we ýalpyldaýan Zöhre ýyldyzy ýaly bir ýakut gördüm. Mamun bir zergäri çagyryp, oňa: «Bir ýüzük ýasa we bu ýakuty onuň gaşy et» diýip buýurdy. Zergär ýakuty alyp gitdi. Men ertesi hem halypanyň köşgündedim. Ol şol ýüzügi ýatlap, zergäri çagyrdy. Zergär geldi. Ol güýzki ýaprak deý saralyp titreýärdi. Mamun ondan bu ýagdaýyň sebäbini sorady. Ol:

– Ganymy geçseňiz aýdaýyn – diýdi.

Mamun:

– Sen aman – diýdi.

Zergär dört bölek bolan gaşy görkezip:

– Eý, halypa, ýüzük ýasap, gaşyny ýerinde goýjak bolan wagtym elimden gaçyp, dört para boldy – diýdi.

Mamun ýylgyryp:

– Bar, ondan dört sany ýüzük ýasa, seniň bu işde hiç hili günäň ýok – diýdi.

Mamunyň şu görkezen hereketi aňrybaş mylaýymlyk we sabyr-takatlylykdyr.

**Nazm**

Çydamlylyk kämillige sermaýa,
Ol ezizlik, beýiklik eýesidir.
Çydam – her utanan adama şatlyk,
Her kalby synanyň mumyýasydyr.

Anuşirwan Büzürgmehrden:

– Sabyr-takat näme? – diýip sorapdyr. Ol:

– Sabyr-takatlylyk[1] ahlak suprasynyň duzudyr. Şu sözüň harplaryny tersine öwürseň «milh» (duz) bolýar. Hiç bir naharyň duzsuz tagamynyň bolmaýşy ýaly, hiç ahlagyň hem çydamlylyk sabyr-takatsyz bezegi bolmaz – diýipdir.

Anuşirwan:

– Sabyr-takatly adam nähili bolmaly? – diýipdir.

Büzürgmehr bolsa şeýle jogap beripdir:

– Sabyr-takatly adamyň üç sany alamaty bar. Birinjisi, heran-haçan bir betgylyk, gödek adam ajy sözler bilen gürleşse, onda ol beýle adama şirin sözler bilen jogap berer, eger ol adam öz hereketi bilen ony ynjytsa, onda ol beýle adama ýagşylyk eder.

---

[1] Çydamlylyga arap we pars dillerinde «hilm» diýilýär.

**Kytga**

Iň aňrybaş çydam näme, aýdaýyn,
Kim zäher beräýse, oňa şeker ber.

Jepa bilen dyrmalasa bagryňy,
Sahy känler ýaly sen altyn-zer ber.

Saýa salýan agaçlardan pes bolma,
Kim daş atsa, eçil oňa miweler.

Ikinji alamaty, haçanda gahar ataşy alawlap, gazap haýbaty ýetjek derejesine ýetse, ony ýuwdar. Bu bolsa ýüregiň rahatdygyna we ruhuň aramdygyna delildir. Derwüşler gahar-gazap keseline şu ýol bilen em edipdirler.

Üçünjisi, jezalandyrylmaga haklydygyna garamazdan, gaharyny ýuwdup, ýazyklynyň günäsini geçer.

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün welilik bossanynyň ter miwesi, hidaýat bagystanynyň[1] ýetginjegi we Pygamberimiziň agtygy Hüseýin ibn Aly (goý, Alla olaryň ikisinden hem razy bolsun!) araplaryň at-abraýlylaryndan bolan bir topar myhmanlar bilen saçak başynda otyrka, onuň hyzmatkäri gyzgyn aş alyp, öe girýär. Hyzmatkär aljyrap, aýagy düşege ilişip, aşly käsäni şazada Hüseýiniň kellesinden dökýär. Käsedäki aş onuň mübärek ýaňagyna dökülýär. Ymam Hüseýin edep bermek däl-de, temmi bermek nazary bilen oňa seredýär. Şonda, hyzmatkär dillenip: «We gaharlaryny ýuwudýanlar»[2] diýýär. Hüseýin:

– Gaharymy ýuwutdym – diýýär.

Hyzmatkär:

– «Adamlaryň günälerini geçýänler»[3] – diýýär.

Hüseýin:

– Günäňi geçdim – diýýär.

Soňra hyzmatkär bu aýatyň soňuny hem okap:

– «Alla ýagşylyk edýänleri söýýär»[4] – diýýär.

Hezreti Hüseýin:

– Men seni azat etdim we öz güzeranyňy özüňe tabşyrdym – diýýär.

Ýamanlyk edene ýamanlyk etmek
Dogry ýaly syn kylynsa daşyndan.
Ýagşylyk edipdir ýamanlyk görüp
Manysyna syn edýänler içinden.

Rowaýatlarda getirilmegine görä, hezreti Isa alaýhyssalamdan:

– Iň gaty we elhenç zat näme? – diýip sorapdyrlar.

– Ol:

– Allanyň gahary – diýip, jogap beripdir.

---

[1] Bagystan – bagy-bossan, bag-agaç ekilen ýer.
[2] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 134-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 134-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 134-nji aýaty.

Olar ýene-de:
– Näme bilen Allanyň gaharyndan amanda galyp bolar? – diýipdirler.
– Ol:
– Iz gahar-gazabyňy terk etmek bilen – diýipdir.
Hezreti Möwlana bu gürrüňi özüniň mesnewisinde şeýle beýan edýär.

**Mesnewi**

Isa şeýle diýdi duşup bir dana:
– Bu barlykda iň bir müşgil zat näme?».
Diýdi: – Hak gahary elhençdir çenden,
Dowzah hem şeýlebir gorkýandyr ondan.
Diýdi: – Gutulmaly gazapdan nädip?
Diýdi: – Gahary tiz terk edip, ýuwdup.
Eger-de gahary taşlasaň, zyňsaň,
Pygamberlik ýolundaky adam sen.

Gazaplylyk köp ýerde mylaýymlylykdan hem gowy we gerekliräk bolup biler. Harsydünýälikden we tamakinçilikden ýa-da tekepbirlikden we şahsy bähbitden ýüze çykýan gahar erbet zat. Emma gahar-gazap berk dinimiziň şygarlaryny dikeltmek we şerigatymyzyň düzgün-tertibini saklamak üçin bolsa, onda bu oňaýly we gowy häsiýetdir. Meselem, eger bir adam öz maşgalasynyň hyýanat etmegine sabyr-takat edip, oňa geçirimlilik etse, onda bu iş akyl, şerigat we däp-dessur taýdan erbet işdir, beýle hereket edýän adam mürewwetli kişileriň nazaryndan düşer. Çünki ar-namys gahar-gazapsyz ele gelmez. Adamyň kämilligi haýsy ýerde näme mynasyp bolsa, şony ýerine ýetirer ýaly sabyr-takat etmeli ýeri bilen gahar-gazaba münmeli ýerini aýdyň saýgarmagyndadyr.

Gahar, mähir öz ýerinde gowy eken,
Gül ýerinde gül bol, tikende-tiken.

## ON SEKIZINJI BAP

## HOŞGYLYKLYLYK WE MYLAÝYMLYK

Hoşgylyklylykdan maksat – mähremlikdir, mylaýymlylykdan maksat – ýumşaklykdyr. Hoşgylyklylyk iň gowy nygmat we iň gözel häsiýetdir. Haçanda Haktagala imany ýaradanda, iman oňa: «Eý, Allam, meni kuwwatlandyr» diýipdir. Şonda beýikligi beýgelmiş Alla ony hoşgylyklylyk we sahylyk bilen güýçlendiripdir. Emma haçanda kapyrlygy ýaradan wagty kapyrlyk: «Eý, Hudaý, meni güýçlendir» diýip soranda, Päk Alla ony gödek häsiýetlilik we bahyllyk bilen güýçlendiripdir.

Bir hadysda «Bahyl we betgylyk jennete girmez» diýilýär.

### Beýt

Jahanda çarýany gözläp gatnadym,
Hoşgylykdan gowy hiç zat tapmadym.

Bir gün hezreti Ruhulla[1] alaýhyssalam geçip barýarka, bir akmak onuň öňünden çykyp, hezreti Isadan bir söz sorapdyr. Ol bolsa mähribanlyk we mylaýymlyk bilen jogap beripdir. Ol akmak adam hezreti Isanyň aýdanyny makullaman gygyryp, özüniň akmaklygyny görkezipdir. Ol adam Isa hernäçe käese-de, ol oňa hoş sözler aýdýan eken. Ol hernäçe jedelleşik gapysyndan girse-de, Isa mylaýymlyk we mähremlik ýörelgesini saklapdyr. Bir abraýly adam olaryň ýanyna baryp:

– Eý, Ruhulla! Näme üçin bu näkesiň öňünde özüňi peseldýärsiň we ol hernäçe gaharlansa-da, sen mylaýymlyk görkezýärsiň, ol hernäçe jebir-jepa etse-de, sen mähirli hereket edýärsiň – diýýär.

Isa:

– Eý, dostum, men «Her gapdan onuň içindäki zat syzylyp çykar» diýen gürrüňe eýerýärin – diýipdir.

### Nazm

Içindäki zat çykýandyr küýzeden,
Şeýle etse, men hem edýärin beýle.

Men gahar edemok oňa hiç mahal,
Menden edep alýar ol şeýde-şeýde.

Onuň sözlerinden men-ä nadan däl,

[1] Isa pygamber.

Gylygymdan akyllanýar ol gaýta.

**Nazm**

Gümralyk etmesem eger-de oňa,
Menden edep alar, öwrener tertip.

Bir dem bilen on adama jan berýän,
Hudaý maňa muny şu sebäp berdi.

Mesihiň waspydyr hoşahlaklylyk,
Betahlak tötänden ölüme bardy.

Hekim akyldarlar şeýle diýýärler:

Hoşgylyklylyk alamaty on zatdan ybarat:
Birinjisi, ýagşy işlerde adamlar bilen tersleşmezlik.
Ikinjisi, ynsaply we adalatly bolmak.
Üçünjisi, adamlaryň aýybyny gözlemezlik.
Dördünjisi, birinden erbetlik görseň, onuň öwezini gowulyk bilen gaýtarmak.
Bäşinjisi, günäkär ötünç sorasa, onuň günäsini geçmek.
Altynjysy, mätäçleriň hajatyny bitirmek.
Ýedinjisi, adamlaryň derdini paýlaşmak.
Sekizinjisi, öz aýybyňy görmek.
Dokuzynjysy, halk bilen açyk ýüzli bolmak.
Onunjysy, adamlara hoş söz aýtmak.

**Beýt**

Hoşgylyk bol ynsan ählä,
gara ýagşy päl bilen,
Barylýandyr jennete hemişe şu ýol bilen.

Bu barada aşakdaky beýtde hem ne gözel aýdylypdyr:

**Beýt**

Jahan hoşdur azatlyk,
hoşahlak bilen, bilseň,
Sen şolary ele al, jennet isleýän bolsaň.

Indi mylaýymlyk häsiýeti barada aýtsak, onda ol oňşukly we ylalaşykly bolmagy aňladýar. Hadyslarda aýdylyşyna görä, mylaýymlyk zynat bermejek hiç bir zadyna goşulyşmaz we oňşuksyzlyk bozmajak we dargatmajak işine golaýlaşmaz. Ezizlik eýesi bolan Haktagala özüniň söýgüli bendesi hezreti Muhammet pygamberi wasp edip, şeýle diýýär: «Sen Alla tarapyndan bolan bir merhemet sebäpli adamlara ýumşak sözli bolduň»[1].

[1] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 159-njy aýaty.

Gödek sözler bölünişige, pytraňňylyga sebäpkärdir, emma ýumşaklyk we mylaýymlyk dostlugyň we birleşmegiň serişdesidir.

### Beýt

Hemra et mähremlik hem süýji dili,
Köşeşdirsiň şonda hatda bir pili.

Izüniň akyl-parasaty we hikmet bilen soltanlyk tagtyny bezän Erdeşir Bäbek öz perzendiniň gymmatbaha don geýendigini görüp, oňa:

– Eý, ogul! Soltanlaryň ogullary hiç bir hazynada tapylmaýan hem-de hiç kimiň geýip bilmeýän donuny geýmelidir. Seniň bu geýen donuň hemme ýerde tapylýar we hemmeleriň ony geýmäge ýagdaýlary bar – diýýär.

Ogly kakasyndan:

– Beýle donuň asyl-esasy näme zatdan? – diýýär.

Erdeşir:

– Onuň erşi hoşgylyklylyk we ýagşy işler etmek, argajy bolsa mylaýymlyk we sabyrlylyk – diýýär.

Her kim şu jümle barada oýlansa, onuň ýagşy-haýyr işleriň hemme görnüşini öz içine alýandygyna göz ýetirer.

### Kytga

Ähli patyşalar hem şähriýarlar,
Hökümdarlaň bary hem hojaýynlar.
Ýaşasalar gowy arkalaşykda,
Hemişe, bar ýerde ýagşydyr olar.

Peridundan:

– Hyzmatyňdakylary näme bilen saklap bolar? – diýipdirler.

Ol:

– Hoşamaýlyk we sabyrlylyk bilen – diýipdir.

Ondan:

– Kynçylyklary näme bilen çözseň bolar – diýenlerinde, ol:

– Mylaýymlyk we oňşuklylyk bilen – diýip, jogap beripdir.

Bu babatda şeýle diýipdirler:

Irän kyn hem çylşyrymly bir işi,
Mähir-mylakatly bitirip bolýar.
Bitirmedik işin gylyç, naýzanyň
Söz bilen hem ýerine ýetirip bolýar.

Jemşit öz wezirinden:

– Soltanlaryň nähili sypatlara eýe bolmaklary zerur? – diýip soranda, ol şeýle jogap beripdir:

– Soltanlar hoşgylyklylyk, ýumşaklyk we mylaýymlyk ýaly häsiýetlere eýe bolmaly. Sebäbi adamlar bu sypatlar üçin patyşa haýyr-doga, alkyş ederler we leşgerdäkiler bu häsiýetler sebäpli patyşanyň razylygyny gazanmak islärler.

Soltanlyk adamlaryň alkyş-senasy we goşunyň razylyk islemegi bilen tertipleşýär. Mundan başga-da, günäkäri ýumşaklyk bilen edep bermek, jeza berip terbiýelemekdäkiden has gowy we täsirlidir. Bu barada şeýle getiripdirler.

Izüniň ýumşaklygy we mylaýymlygy bilen meşhur bolan bir patyşa öz aşpezini çagyryp, oňa pylan tüýsli nahary bişirmegi we ony taýýarlamakda ähli başarnygyny görkezmegi buýurýar. Aşpez onuň buýran naharyny taýýarlap, başga dürli-dümen iýmişler bilen patyşanyň öňünde goýýar. Soltan öz aýdan naharyna seredýär. Görse, bir siňek bar eken. Ony aýryp taşlaýar. Soňra birinji lukmany alýar, ýene-de siňek tapýar. Ony hem taşlaýar. Indiki lukmada hem siňek çykan-soň, ol nahardan el çekip, başga nahar iýýär. Suprany ýygnanlaryndan soň, patyşa aşpezi çagyryp, oňa: «Seniň bu taýýarlan naharyň diýseň tagamly eken. Ertir hem ýene-de şu nahardan taýýarla, ýöne, bir şert bilen, içinde siňek köp bolmasyn» diýýär. Oturanlar patyşanyň aşpezi jezalandyrman oňa edep berip, utandyryşyna geň galypdyrlar.

**Beýt**

Görülse – etmişlä mähremlik berlip,
Utansa, utanjy – oňa ýeterlik.

## ON DOKUZYNJY BAP

## MÄHRIBANLYK WE REHIMDARLYK

Ähli adamlara mähribanlyk we tutuş janly-jandara rehimdarlyk nazary bilen bakmak mertebesi belent patyşalara we şan-şöhratly soltanlara zerurdyr. Sebäbi patyşalaryň golastyndakylar Allatagalanyň ygtyýarly we güýç eýelerine olaryň gözegçiligi bilen ejizleriň we derwüşleriň haly rahatlykda we erkinlikde bolar ýaly hem-de ynjan ýürekler üns bermeklik we merhemetlilik hümmeti bilen zalymlaryň we sütemkärleriň bela hüjüminden arkaýyn bolar ýaly beren amanatlarydyr. Şeýlelikde, patyşa «Mähriban bolsaň merhemet edilersiň» diýlişi ýaly, Allanyň merhemetini umyt edip, ejizlere rehimli bolmalydyr hem-de soltanlygyň ýaňagyny «Allanyň bendelerine mähribanlyk et» diýen owadan meň bilen bezemelidir.

### Nazm

Her kim mähribanlyk tugun göterse,
Oňarar özüniň, özgäniň işin,
Mähribanlyk bagtyn göge ýetirse,
Açylar oň üçin döwletli işik.

Ahyret bagty we bu dünýäniň salamaty rehimlilige we mähremlilige baglydyr.

Rowaýat etmeklerine görä, soltan Mahmydyň kakasy Söbüktegin Simjuryň nökeri wagty ilki başda diňe bir atyndan başga hiç bir zady bolmandyr. Onuň güzerany diýseň kyn geçipdir. Ol her gün aw awlamak üçin sähra gider eken hem-de eger awy şowuna bolsa, şonuň bilen güzeranyny dolandyrar eken. Ol bir gün bir keýigiň öz owlagy bilen otlap ýörenini görýär hem-de atyny olara tarap sürýär. Keýik gaçýar, emma onuň owlagy gaty kiçi bolansoň enesi bilen deň gaçyp bilmeýär. Söbüktegin ony tutup, aýaklaryny daňýar hem-de eýeriniň üstünde öňüne kese basyp, şähere tarap ýola düşýär. Ene keýik öz owlagynyň bela duçar bolanyna görüp, yzyna dolanýar hem-de Söbükteginiň yzyndan galman perýat edip, nala edýär. Söbükteginiň oňa rehimi gelip, keýik owlagynyň aýagyny çözüp, sähra goýberýär. Ene keýik gelip, owlagyny ýanyna alýar we asmana seredip, «dilsiz dili» bilen mynajat edýär.

### Mysrag

Bizybanlaryň diline düşünsediň sen!

Söbüktegin eli boş halda şähere dolanýar. Ol gije düýş görýär. Düýşünde pygamberligiň penakäri Muhammet pygamber oňa şeýle diýýär: «Eý, Söbüktegin, sen mähribanlygyň we rehimdarlygyň hem-de şol dilsiz biçärä görkezen

mähremligiň we keremliligiň sebäpli, Haktagalanyň huzurynda uly hormata we ýakynlyga eýe bolduň. Biz senden razy bolduk. Allatagala saňa patyşalyk derejesini bagyş etdi. Sen Allanyň bendeleri üçin hem şeýle mähribanlyk görkez we öz raýatlaryň üçin merhemet ýoluny tut».

Bir akyldar şeýle diýipdir: «Eger bir haýwana eden merhemeti üçin biri pany jahanyň patyşalygyna ýeten bolsa, onda bir adamyň ynsana görkezen rehimliligi üçin bakylyk soltanlygyny tapmagy geň däldir».

### Nazm

Nazaryňda sakla raýatyňy,
Olara hemişe goldawyň gerek.
Bagry paralara etgin rehmet,
Olar keremiňe baglandyr ýürek.

Akyldarlar şeýle diýýärler: «Soltanyň mähribanlyk nyşanalarynyň biri pederiň öz perzendini gowy görşi ýaly, soltanyň hem öz raýatyny gowy görmegidir we özüne rowa görmeýän zadyny olara hem rowa görmezligidir. Eger patyşa şeýle häsiýetli bolsa, onda halk öz mallaryny we janlaryny ondan gaýgyrmazlar, bar zatlaryny oňa pida ederler we ähli üns-aladalaryny onuň ömrüniň uzak bolup, döwletiniň artmagyna gönükdirerler. Patyşanyň halka bolan rehimliligi we mähribanlygy hernäçe köp bolsa, şonça hem oňa Haktagalanyň rehmet nazary düşer. Sen sahylyk etseň, saňa hem sahylyk ederler hem-de gaýypdan saňa «gapy» açarlar. Eger Hakdan merhemetlilik tama edýän bolsaň, sen hem başgalara-da rehim etgin».

Erdeşir Bäbek ogluna şeýle wesýet edipdir: «Eý, ogul! Sen çynlakaý mähribanlyk we kämil merhemetlilik bilen raýaty raýatlyk mertebesinden dostluk mertebesine ýetirmäge çalyş. Şonda ýürekleri ele salarsyň, ähli beýleki zatlar bolsa, ýürege tabyndyr».

Bir akyldar we hekim adamdan:

– Patyşalar üçin iň gowy aw näme? – diýip soranlarynda, ol:

– Adamlaryň ýüreklerini awlamak iň gowy şikardyr. Eger ol adamlaryň ýüregini eýelese, başga ähli zatlar onuň yzy bilen barar. Adamlaryň ýüreginde patyşa bolan söýgi dörese, olar hiç bir zady ondan gaýgyrmazlar – diýip, jogap beripdir.

Ýüregi ele al isleseň şalyk,
Leşgeriň bolmasa, alarsyň baýlyk.

Mähribanlyk häsiýetiniň ýene bir görnüşi başardygyňdan adamlary ekerançylyga we gurluşyga höweslendirmek, kärizlerdir ýaplar gurmakda olara doly goldaw bermekdir.

Aýtmaklaryna görä, Anuşirwan öz emeldaryna: «Eger seniň welaýatyňda birje bölek ýer ekilmän galsa, seni dara çekmeklerini buýraryn» diýip hat ýazypdyr. Bu işiň hikmeti şudur: Patyşa salgytdan peýda alýar. Salgyt ýurduň abadançylygy sebäpli köpelýär. Abadanlyk bolsa diňe ekerançylyk bilen ýüze çykýar. Adamlar bilen mähriban bolup, olara rehimdarlyk görkezilmese, ekerançylyk hem miýesser bolmaz.

## Şygyr

Abadan ýurt isleseň ýurduňy abat hem etgin,
Olary zalymlaryň belasyndan daş etgin.

Soltan Abu Sagyt Hudabendäniň döwründe onuň emirleri adamlara azar berip, zulum bilen olaryň mal-baýlyklaryny ellerinden alar ekenler. Bir gün soltan emirlere garap:

– Men şu güne çenli adamlaryň tarapyny tutýardym. Mundan beýläk olara tarapdarlyk etjek däl. Eger maslahat bilseňiz, geliň, olaryň hemmesini talalyň we olara harytdyr mal-mülkünden hiç zat goýmalyň. Emma bir şert bilen, indi siz hem menden zat soramaň we hak-hukuk dilemäň. Eger mundan beýläk biriňiz menden bir zat sorasaňyz, men sizi jezalandyraryn – diýýär.

Emirler:

– Biz hak-hukuksyz we mal-mülksüz nädip güzeran göreris, hyzmat wezipämizi nähili ýerine ýetireris – diýýärler.

Soltan:

– Biziň hem, siziň hem ähli zerur bolan zatlarymyz adamlaryň zähmetinden, olaryň gurluşyk, ekerançylyk, kesp-kärdir söwda ýaly işlerinden döreýär. Eger biz olary talasak, onda kimden beýle zatlary tama ederis. Siz pikir edip görüň, eger adamlaryň mal-garalaryny we tohumlaryny alyp, olaryň gallalaryny iýseňiz, olar mejburlykdan ekerançylygy terk ederler. Olar ekerançylygy taşlasalar, hasyl bolmasa, siz nädip güzeranyňyzy görersiňiz – diýýär.

Emirler bu sözleri eşidip, raýata mähribanlyk edip, olara hormat goýupdyrlar.

## Mesnewi

Eşitdim ululardan, aýtdy muny kän dana,
Adamlar hazynadan ýagşyrakdyr soltana.

Seniň baýlyk-hazyna sowular-da gutarar,
Emma adamlar täze üstünlikler getirer.

Mähribanlyk sypatynyň ýene bir şudur: Patyşa her gün halky nahara çagyryp, her kimiň patyşa arzyny aýdyp biler ýaly hut özi sütem görenleriň halyndan habar soramalydyr. Hajyplar[1] we gapyçylar özleriniň şahsy bähbitleri we tamakinçilikleri bilen hiç kime höküm edip bilmezleri ýaly patyşanyň hut özi mazlumlaryň hal-ýagdaýlaryndan ägä bolmalydyr.

Şeýle hekaýat edýärler:

Iki keramatly Mekgäniň we Medinäniň at-abraýly kişileri halypa Nasyra: «Saňa halypalyk gelişmeýär we siz soltanlyga mynasyp dälsiňiz. Sebäbi siziň adamlaryňyz we emeldarlaryňyz halka zulum edýärler we her hili jebirdir sütem etmegi rowa görýärler» diýip, hat iberýärler. Ol hatyň jogabynda: «Men siziň bu diýýän zadyňyzdan habarym ýok» diýýär. Olar gaýtadan hat ýollap, oňa: «Seniň bu bahanaň günäkärlikden hem has erbetdir» diýýärler.

Akyldarlar şeýle diýýärler:

Iz jogap bermeli zadyňy başga kişä tabşyrma. Adamlaryň işini öz boýnuňa alan bolsaň, olar barada sowal soraljak wagty oňa jogap bermegiň hötdesinden gelmegi

---

[1] Hajyplar – sakçylar, gapy goragçylary.

başarmalysyň. Bihabarlyk we gapyllyk bu ýere sygmaýar. Seniň bu bahanaňy kim diňlär we haçan kabul ederler?!

Belent mertebeli Faruk[1] şeýle diýipdir: «Maňa degişli haýsydyr bir welaýatda bir köpri zaýalansa we goýun sürüsi onuň üstünden geçip barýarka, bir goýnuň aýagy şondaky deşige gaçyp agyrsa, ertirki kyýamat güni ol barada menden soralar. Şonda maňa özümi goramagyň hötdesinden gelmek gerek bolar. Her kim soltanlyk wezipesini kabul etse we hökümdarlyk aýagyny hökümet tagtynda goýsa, bu wezipäniň hak-hukuklaryny berjaý etmäge girişmelidir hem-de onuň düzgünlerini we çäklerini mähribanlyk, rehimlilik bilen halkyň bähbidini nazara alyp, ýerine ýetirmelidir».

## Kytga

Aňsat däldir hiç mahal şa tagtynda oturmak,
Her äden ädimiňde seresaplyk duýmaly.

Ejir çeken ejizi ýetirmeli maksada,
Hem-de muşakgatlyk gören garyp
gamyn iýmeli.

[1] Ikinji halypa hezreti Omaryň lakamy, ýagny hak bilen batyly aýry-aýry ediji.

## ÝIGRIMINJI BAP

## HAÝYR-YHSANLYLYK

Haýyr-yhsan kadalaryny ýola goýmak we olaryň binýadyny dikeltmek her bir döwlet eýesiniň boýnundaky parzdyr. Sebäbi dünýäden ötensoň hem eýesine sogaby we bereketi ýetip duran zatlaryň biri «akyp duran»[1] sadakalardyr. Meselem, metjit, mekdep-medrese, hanaka, kerwensaraý, köl, köpri we ş.m. zatlary gurmak. Şeýle zatlar, tä weýran bolýança ýa-da ýitip gidýänçä ony guranyň ruhuna sogap baryp durýandyr.

### Beýt

Haýyr işler edene, o dünýä abat bolar,
Ruhuna her zaman haýyr sogaby geler.

Izüniň pikir aýnasyndan toba lowurdadyjysy bilen gapyllyk posuny aýyrýan we bu dünýäniň hem-de ondaky mal-mülküň ýitip, ýok bolup gitjekdigine göz ýetirýän her bir akylly-düşünjeli adam bu pany dünýäde ýaşap geçen we indiki ýaşajak adamlardan diňe bir ýatlamadyr ýadygärlikden başga zadyň galmajagyna doly düşünýändir. Patyşalar, emirler, döwlet sütünleri we ýurt han-begleri tarapyndan gurlan her bir beýik binalar we mübärek ýerler döwür tagtasynda we zamananyň sahypasynda belleniler hem-de olaryň at-abraýy her bir ylymly-düşünjeli adamlaryň ýanynda, hatda uly-kiçiniň aňynda şan-şöhrata eýe bolar:

### Beýt

Binalar baky däldir, ýitip gider jahandan,
Gowy bolar ýagşy at galsa ýadygär senden.

Haýyr-yhsan binýadynyň ýazgysy hiç haçan döwür tagtasyndan öçüp gitmeýär. Irki alymlardan rowaýat edilip gelnen peýdaly binalary gurmak baradaky hadys yzygiderli dilden-dile geçip, soňky alymlara çenli gelip ýetipdir: «Biziň yzlarymyz bizi görkezýär».

### Beýt

Kesra gitdi, emma ondan galdy
kyssasy yşky,
Nugman gitdi, emma onuň gürrüňde

[1] Bu ýerde «akyp duran» diýilmeginiň sebäbi, onuň sogabynyň akyp duran suw ýaly yzy üzülmän ýetip durýanlygy üçindir.

guran köşgi.

Akyldarlar şeýle diýipdirler:

Towpyk[1] we üstünlik humaý guşy «Biziň dergähimizde goşmaça yzzat-ekramlar hem bar»[2] diýen höwürtgeden uçup çykyp, döwletlilik saýasyny hökmürowanlygyň çürdepesine ýetiren we Hudaý tarapyn sylag-serpaýlaryň belentlikinlerde uçýan laçyn hemişelik merhemet asmanyndan ýardam niýeti bilen sagadatlyk bilegine gonan adam özüniň ahwalat sahypasyny «Eger ýagşylyk etseňiz, özüňize ýagşylyk etdigiňizdir»[3] diýen nagyşlar bilen bezemelidir. Izüniň haýyr-yhsanynyň beýany we sahawatlylygynyň alkyşy älem-jahana ýetip, her zaman her zyban oňa senadyr alkyşlar aýdyp oturar ýaly, ahyret saparynyň goşuny umumy ýagşylyk we akyp duran haýyr-ynsanlardan ybarat bolan haýyr işlerdir, ýagşy amallar bilen taýýarlamalydyr.

**Beýt**

Ýazgy zer bilen ýazylypdyr ol gümmezdäki:
«Sahawatly ýagşylyk bilen bakydyr, baky».

Hadyslarda şeýle diýilýär: «Bir adam ahyret menziline gidensoň, onuň üç zatdan başga ähli amallarynyň arasy kesiler»[4]. Olaryň birinjisi akyp duran sadaka, ikinjisi peýdaly ylym, üçünjisi oňa (ýogalana) haýyr-doga edip duran ýagşyzada perzent. Akyp duran sadaka adamlaryň peýdalanýan haýyrly ýerleridir. Meselem: metjit, mekdep-medrese, hanaka, köpri, kerwensaraý, howuz we ş.m. Soltanlyk ülkesiniň häkimlerine we patyşalyk köşgüniň eýelerine özleriniň hümmet mygmarlaryny[5] metjitleri gurmaga gönükdirmek ýaraşar. «Elbetde, Allatagalanyň metjitlerini Alla we kyýamata ynanýan, namazy doly berjaý edýän, zekat berýän we diňe Alladan gorkýanlar abat ederler»[6] diýen aýat hem şu işiň sogaby we pazylaty barada inendir. Hadyslarda aýdylyşyna görä, her kim Hudaý üçin bir metjit gursa, Haktagala onuň üçin jennetde bir bina gurýar. Köne metjitleri abadanlaşdyrmagyň hem sogaby şeýledir. Metjit guransoň, oňa ymam we azançy bellemeli hem-de olaryň öz işleri bilen arkaýyn meşgullanyp, gazanç etmekleri we özleriniň bu möhüm işlerinden galmazlyklary üçin, olaryň ýaşaýyş-güzeran esbaplaryny bermeli. Mundan başga-da beýik-beýik medreseler gurmaly we şerigat ylymlary öwredilip, patyşanyň döwletine olaryň sogaby ýeter ýaly, medreselerde ökde mugallymlary we alymlary oturtmaly. Welilik penalaýjy sap ýürekliler we «Üns beriň, ägä boluň Allanyň welileri, dostlary üçin gorkudyr gaýgy-gam ýokdur»[7] diýen aýatyň saýlantgy sopulary üçin päkize we ajaýyp hanakalar gurmaly. Hakykat gözleýänler we kämillik agtarýan dogruçyllar olaryň mübärek sözleriniň hatyrasyna öz maksat-myratlaryna ýetýärler. Olaryň ahwalatlarynyň

[1] Towpyk – ýardam, kömek, nesip.

[2] Gurhanyň 50-nji (Kaf) süresiniň 35-nji aýaty.

[3] Gurhanyň 17-nji (Gijeki seýr) süresiniň 7-nji aýaty.

[4] Ýagny başga amallarynyň sogaby oňa – onuň dünýäden öteninden soň ýetip durmaz, başgaça aýdanymyzda, şol üç zatdan başga amallaryň sogaby ýetip durmaz, emma ol üç amalyň sogaby ölensoň hem başgalar peýdalanýandygy sebäpli ýetip durar.

[5] Mygmar – gurluşykçy, hünärmen, arhitektor.

[6] Gurhanyň 9-njy (Toba) süresiniň 18-nji aýaty.

[7] Gurhanyň 10-njy (Ýunus) süresiniň 62-nji aýaty.

hem-de sarp edýän wagtlarynyň nurlary daşky we ruhy bagtlylyga sebäp bolýar. Talyplar ylym-bilim öwrenmekden we derwüşler zikir etmekden daş düşmez ýaly, medreseleriň mugallymlarynyň we hanakalaryň eýeleriniň wezipelerini hem-de haklaryny kesgitlemelidir. Şonuň ýaly-da, garyplara we mätäçlere kömek berip, olary gaýgy-gamdan halas etmeli, olaryň ýürekleri aram tapar ýaly duz-çörekden üpjün edilen öýlänlikdir agşamlyk naharyny bermek üçin ýörite ýerler bolmaly. Jan saglyk we rahatlyk üpjün ediler ýaly şypahanalar gurmaly we olary ökde hem mährem lukmanlar we gerek bolan dermanlardyr serişdeler bilen üpjün etmeli. Sütem gören ýolagçylara we mähnet çeken kesekilere pena bolar ýaly, berk kerwensaraýlar we myhmanhanalar gurmagyň hem köp sogaby we oňaýly netijesi bardyr. Ýolagçylara gatnaw işi ýeňil bolar ýaly uly we güýçli derýalaryň üstünde köprüler gurmak hem gaty gowy işdir. Hadyslarda getirilişine görä, kimde-kim musulmanlar gatnar ýaly bir köpri gursa, Allatagala oňa Syrat köprüsinden geçmegi aňsat eder. Mundan başga-da suw ýetmezçiligi bar bolan ýollardyr ýerlerde uly howuzlar gurmak we guýular gazmak hem kyýamat gününiň teşneliginden aman galmaga sebäpdir.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Sahabalaryň biri pygamberimize ýüzlenip:

– Men enemiň ruhuna bir sogap bagyş edesim we sadaka beresim gelýär. Siz bu barada näme diýýärsiňiz? – diýýär.

Pygamberimiz oňa:

– Iň gowy sadaka we haýyr-yhsan suwdur – diýýär.

Ol sahaba bir guýyny satyn alyp, ony musulmanlara bagyş edýär we onuň sogabyny öz ejesiniň ruhuna bagyşlaýar.

Mübärek ýerleri, mazarystanlyklary bejermek hem abadanlaşdyrmak ol mazardakylaryň ruhlarynyň elmydama asuda bolmagyna sebäp bolýar. Umumy haýyr-yhsan işleriniň ýene biri mübärek ýerlerdäki haýyr-sahawat üçin berilýän wakf[1] edilen zatlary ýaramaz, galp iş ediji adamlaryň elinden alyp, ony amanatdar, ynamdar we dindar adama bermek, wakf edijiniň şert edişi ýaly, wakfyň hasylyny mynasyp, gerekli adamlara, wezipeli şahsyýetlere bermek we wakf işine päk, arassa we dindar adamlary bellemekdir. Olara hem ynam etmän, her birnäçe günden şol zatlaryň işine gözegçilik edip durmalydyr. Wakf işlerinde asla hiç hili geleňsizlik we kemçilik etmeli däldir. Çünki bu işiň dogry alnyp barylmagy şerigatyň güýçlenmegine sebäpdir. Her kim wakfy şerigatyň dessury boýunça ýöretse «Haýyr işe gönükdiren adam şol işi eden ýalydyr» diýen höküme görä, wakf ediji bilen sogapda şärik bolarlar.

### Beýt

Ýagşylyk et ýa-da gözükdir oňa,
Tä sogap bolýança şol işden saňa.

Haýyr-yhsan babatynda giňişleýin gürrüň edilenliginiň esasy sebäbi akyp duran ýagşylygyň sogabynyň örän köplügi üçindir.

Şeýle hekaýat edipdirler:

[1] Wakf – Allanyň ýoluna, sogap üçin bir bölek ýeri bagyş etmek.

Dirilik amanatyny ajal wekiline tabşyryp, bu pany ülkeden ebedilik saraýa göç eden bir meşhur adamy bir saýyl düýşde görüp, ondan wepat bolandan soňky ýüze çykan wakalar barada sorapdyrlar. Ol: «Biraz wagt azap ezýetine giriftar bolup, jeza berýän bürgüdiň penjesinde saralyp-soldum. Birden, Allanyň kerem diwanyndan halas ediş perwanasy ýetip geldi we Haktagala meniň günälerimi bagyşlady» diýipdir. Ondan: «Seniň günäleriň geçilmegine näme sebäp bolupdyr we näme arkaly halas bolduň?» diýip soranlarynda, ol: «Men çöl ýerde, belki derwüşler yssy howada gelip, dynç alarlar diýen niýet bilen bir kerwensaraý gurupdym. Bir derwüş ol ýere gelipdir. Ol ýadawlygy aýrylyp, rahatlyk tapansoň, doga-dileg dili bilen Hudaýa ýüzlenip: «Eý, Hudaý! Bu ymaraty guran adamyň günäsini geçewer» diýip, dileg edipdir. Şobada onuň doga-dileg oky kabul ediş nyşanasyna degipdir. Şeýdip, meniň günämi geçip, otly çukurdan çykaryp, nygmatly bagy-bossanlyga eltdiler» diýip, jogap beripdir.

**Beýt**

Her işe üns etsem şu pikir başda,
Barysy biderek ýagşydan başga.

## ÝIGRIMI BIRINJI BAP

## SAHAWATLYLYK WE ÝaGŞYLYK

Sahawatlylyk – ýagşy at gazanmagyň esasydyr. Ýagşylyk – tükeniksiz bagta we ahyrky bagtyýarlyga esasdyr. Adamlarda, hususan hem, olaryň han-begleridir belent mertebelilerinde sahawatlylykdan we jomartlykdan ýagşy sypat ýokdur.

**Beýt**

Abraý sahylykda, sejde kylyp hormata,
Adam bolmasa gowy şu ikisi bolmasa.

Hadyslarda aýdylyşyna görä, sahawatlylyk behiştdäki bir agaç bolup, has dogrusy, Haktagalanyň razylyk ýabynyň kenarynda gögeren we şahasy arşa ýetýän bir nahal bolup, onuň güli ýagşy atlylykdyr we miwesi hormat hem pazylatdyr.

**Beýt**

Sahylyk bir şahasy
jennet-behişt bagynyň,
Imrüň waýdyr şahany sen elden beren günüň!

Bir akyldardan:

– Ähli hünärleriň üstüni örtüp saklaýan kemçilik nämedir? – diýip soranlarynda, ol:

– Bahyllyk – diýip, jogap beripdir. Haçanda ondan:

– Ähli kemçilikleriň üstüni örtýän hünär nämedir? – diýip soranlarynda, ol:

– Sahylyk – diýip, jogap beripdir.

**Beýt**

Çyn hünär sahylykdyr, galany el guraly,
Hatda her bir barmagyň bolsa-da ýüz hünärli.

Maldyr baýlygy gysymyň bendinden azat etmezden, belent mertebelilik we buýsanç jylawunyň ele gelmeýändigi şübhesiz hakykatdyr.

**Mesnewi**

Her hili ýagdaýda tejribä saldym –
Sahylykdan gowy käriň ýokdugyn bildim.

Sahylykdan dirhem elime geldi,
Sahylykdyr dirhem sazlaşyk aldy.

Isgender Arastudan:

– Diniň we dünýäniň bagtyýarlygy nämede? – diýip sorapdyr.

Ol:

– Jomartlykda we eli açyklykda – diýipdir. Diniň bagtyýarlygy şundadyr: Alla-tagala: «Her kim bir ýagşylyk-sogap iş etse, oňa on esse edip gaýtarylar»[1] diýip, buýrupdyr.

**Nazm**

Ýola goş-golamyň taýýarlan adam,
Berýändir onyny birini isläp.
Gazanç bolup bilmez şundan peýdaly,
Peýdasyny görgün köňül höwesläp.

Dünýäniň bagtyýarlygy şundadyr: «Ynsan yhsanyň bendesidir»[2] diýlen hüküme laýyklykda, halkyň göwün guşuny jomartlyk bilen awlap bolýandyr. Sebäbi soltan bolan ýürek biriniň duzagyna düşse, galyp (göwre) hem kalbyň yzy bilen duzaga düşer. Patyşalarda sahawatlylyk we jomartlyk bar bolsa, onuň üçin bagt gapylary açylyp, maksat-myrat serişdeleri häzir we miýesser bolar.

Gürrüň bermeklerine görä, Hysrow Perwiziň leşger çekmekde we duşman gyrmakda at-gazanan, berk pikirliligi, ugur tapyjylygy hem-de garadangaýtmazlygy bilen ýurduň çar künjünde meşhur bolup, waspy edilen bir serkerdesi bolupdyr. Ol soltana ýakyn we ýurduň esasy şahsyýetleriniň biri bolup, Hysrow Perwiz onuň maslahat beren we oňlan işinden ýüzüni sowmandyr.

**Beýt**

Gerdeninden döwlet arkasy berkdi,
Şonuň üçin Hysrow gülşeni görkdi.

Habarçylar patyşa ýüzlenip: «Siziň serkerdäňiz tabynlyk ýolundan sowlup, boýun bolmazlyk we gozgalaň ýörelgesine, topalaň we başbozarlyk ýodasyna eýerjek bolýar. Bu ýagdaý hyýaldan hakykata öwrülmänkä, onuň alajyny etmeli» diýýärler.

**Beýt**

Çözgün sen waka ýüze çykmazyndan owaldan,
Ikünçden peýda ýokdur
gidenden soň iş elden.

Hysrow oý-pikire batýar. Soňra ol: «Eger ol ýurduň bir tarapyna duşmanlyk bilen ýöriş jylawuny çekse, leşgeriň serkerdelerinden we goşunbaşylardan köpüsi

---

[1] Gurhanyň 6-njy (Engam) süresiniň 160-njy aýaty.
[2] Arap dilinde ulanylýan atalar sözi.

onuň bilen ylalaşyk ýoluny tutarlar. Onsoň ähtimal, onuň baş göterendiginiň owazasy patyşalyk sütüninde gowşaklygy ýüze çykarar we onuň gozgalaň edendigi baradaky ýaň soltanlyk binýadynyň kadalaryna zeper ýetirer» diýýär.

### Beýt

Gozgalaňçy başyny götermegi ahmaldyr,
Şonda şalykda gowga ýüze çykjak ahwaldyr.

Şeýlelikde, ol döwletiň akyldarlary we ýurduň maslahatçylary bilen bu barada pikir alyşýar. Olaryň hemmesi ony tussag etmeli diýen karara gelýärler. Hysrow olaryň bu pikirleri üçin olara berekella aýdýar. Ertesi ol şol serkerdäni çagyryp, ony öňki oturýan ýerinden hem ýokarrakda oturdýar, onuň ýagşylyklaryny, ajaýyp häsiýetlerini ýatlap, oňa öz derejesinden hem köpräk hazynadyr gymmatbaha nepis zatlardan sylag-serpaý ýapýar. Onuň tussag edilmegini maslahat beren akyldar maslahatçylar pursat tapyp:

– Patyşamyzyň özüniň mübärek sözünden dänmeginiň sebäbi näme? – diýip soraýarlar.

Şa ýylgyryp, olara şeýle jogap berýär:

– Men siziň pikiriňize garşy gitmedim we öz niýetimden dänmedim. Siz maňa: «Ony tussag etmeli» diýdiňiz. Men ony iň mäkäm ýüp bilen daňmak isledim, emma ýagşylyk tanapyndan mäkäm ýüp tapmadym. Soňra daňylýan agzalaryň dürli-dürli bolýanlygy üçin haýsy agza nähili tanapyň gerekdigi barada oýlandym. Onsoň men ýüregi daňmagy – tussag etmegi ýüregime düwdüm. Çünki ýürek soltandyr, agzalar we el-aýaklar bolsa onuň hyzmatkärleri we nökerleridir. Diýmek, esasy zat tussag edilse, onuň tabynlary bolan ähli agzalar hem tussag ediler. Mundan başga-da her bir agza urup bolýan demir zynjyrlar ige bilen açylýar. Emma ýürege daňylýan jomartlyk we ýagşylyk zynjyry hiç haçan hiç zat bilen açylmaýar we zaýalanmaýar – diýip, jogap beripdir. «Ýyrtyjy guşy duzak bilen, adamy bolsa ýagşylykdyr jomartlyk bilen tussag edip bolar» diýen nakyl hem bardyr.

### Mesnewi

Sahylyk işine meşgullan,
iş salyş ýagşylyk bilen,
Adamy awlap bolýar elaçyklyk
ýa wagşylyk bilen.

Duşmany sylag-serpaý bilen
elmydam duzaga salgyn,
Şeýtseň ol kemendi gylyç bilen
kesip bolmaýar, bilgin.

Duşman ýagşylyk, mähremlik
we jomartlyk görensoň, senden,
Erbetlik, ýaman pikir
orun tapmaýar onuň göwnünden.

Soňra Hysrowa onuň garşylyk ataşynyň patyşalyk yhsanynyň dury çeşmesinden syzyp çykan suwunyň netijesinde öçendigini habar berýärler. Şeýdip, kine nahalynyň köki patyşanyň gursak zemininden soltanlyk kereminiň penjesiniň kuwwaty arkaly gyrylýar. Şondan soň ol beýleki sap niýetli bendeler kimin yhlas bilen pidakärlik guşagyny hyzmat ediş biline mäkäm guşap, galan ömründe tabynlyk ýolundan çykmandyr.

**Beýt**

Sylag-serpaýlary görensoň ondan,
Çykyp bilmeýär ol oň diýeninden.

Bu meselede aşakdaky rubagy gaty ýerlikli aýdylypdyr.

**Rubagy**

Seniňkidir sen kime jomartlyk etseň eger,
Tarypyňy ýetirer, seniň waspyňy eder.
Eger-de duşmanyňa sahylyk edip bilseň,
Şübhesiz, ýaran bolup, saňa başyny eger.

Jomartlygyň artyk taraplarynyň biri-de jomartlaryň eli açyklygyndan özlerine hiç hili peýda ýetmese-de, adamlaryň jomartlary gowy görýänligidir. Meselem, eger Horasanyň ilaty Yrakda bir eli açyk we jomart adamyň bardygyny eşitseler, olaryň hemmesi ony gowy görüp, oňa alkyş aýdýarlar. Bir sahawatly kişini ýatlan wagtlarynda, hatda ol diri bolmasa-da, hemme kişi oňa haýyr-dogadyr alkyş aýdarlar. Hatam Taýyň wepat bolanyndan şu kitabyň ýazylan wagtyna – dokuz ýüz ýedinji ýyla çenli dokuz ýüz kyrk bäş ýyl geçse-de, henize çenli onuň ýatlama bahary alkyş şemaly bilen bezelip, onuň ýagşy adynyň çemeni senadyr berekella zynaty bilen beslenip dur.

**Beýt**

Hatam Taý galmady, galmady baýlyk-zady,
Ýagşylyk bilen meşhurdyr
emma ki beýik ady.

Şeýle gürrüň beripdirler:

Haçanda Hatamyň jomartlyk at-owazasy arap ýarym adasyny, tä Ýemen patyşalygynyň paýtagtyna çenli gurşap alyp, onuň sahylyk şan-şöhraty Şam welaýatyna we Rum patyşalygyna ýetende, Şamyň emiri, Ýemeniň häkimi we Rumuň patyşasy oňa garşy duşman bolýarlar. Sebäbi olaryň her haýsysy sahylyk dawasyny edip, jomartlyk bilen lap urýardylar. Hatam barada gürrüňler zamananyň diline köp düşýärdi we onuň sahylykdyr jomartlygynyň owazasy çar tarapda ýaň salýardy.

Derýadan galýan bulut jomartlykdan aslynda,

Älem baýlygy galypdyr

onuň aýagynyň astynda.

Şeýlelikde, olar onuň bilen iş salyşmakçy bolýarlar. Ilki Şam emiri ony synamak maksady bilen bir adamy onuň ýanyna iberip, ondan gyzyl ýüňli, gara gözli, beýik örküçli ýüz sany düe talap edýär. Beýle düeler arap ülkelerinde gaty seýrek bolupdyr. Olar tapylaýanda-da diýseň gymmat eken. Beýle düeler şol wagt Hatamyň sürüsinde ýokdy. Şam patyşasynyň ilçisi Hatamyň ýanyna gelip, habary ýetirende, Hatam kabul ediş elini gursagynda goýup, oňa: «Eşitdim we boýun boldum» diýip, jogap berýär.

**Beýt**

Her bir zada emr etseňiz,

hoşniýet gul mydam biz,

Her bir zada höküm etseňiz,

hyzmatdaky bendäň biz.

Soňra Hatam ilçä bir gowy ýerden ýer berip, oňa mynasyp myhmansöerlik edýär. Soňra arap taýpalaryň arasynda: «Her kim şeýle düe getirse, men ony ýokary baha bilen satyn aljak. Puluny iki aýdan berjek» diýip çar çekdirýär. Garaz, ol şeýdip ýüz sany düýäni karz alyp, Şam soltanyna iberýär. Şam soltany onuň bu işinden habarly bolansoň, haýran galyş barmagyny geň galyş dişi bilen dişläp: «Biz bu çarwany synaýarys, bu bolsa biz sebäpli özüni bergili etdi» diýýär we şol düelere Şamdyr Müsüriň harytlaryny ýükläp, ýaňky ilçi bilen yzyna gaýtarýar. Düeleri Hatamyň ýanyna getirenlerinde, ol: «Kim maňa düe beren bolsa, ony üstündäki ýüki bilen yzyna alsyn» diýip, jar çekdirýär. Şeýdip, ol ýüz düýäni üstüniň harytlary bilen eýelerine gowşurýar we olardan özüne hiç zat almaýar. Bu habar hem Şam soltanyna ýetende ol: «Munça jomartlyk adamzadyň çäginde bolmaz. Sahawatlylyk Hatama tabyn eken» diýýär.

**Beýt**

Owazy Hatamyň – sahylyk eden,
Dünýäde biderek ýaýramak eken.

Hyrkyl ady bilen meşhur bolan Rum patyşasy hem Hatamyň jomartlygy baradaky gürrüňleri eşidip, onuň ýagdaýlary we häsiýeti bilen gyzyklanyp başlaýar. Oňa Hatamyň peýkam kimin zyňylyp gidýän, gysga ömür ýaly çalt geçýän, jahany aýlanýan ýüwrük atynyň bardygy, onuň ýyndamlykda ýalyn-ot bilen bäsleşýändigi we tizlikde ýel bilen hemralyk edýändigi barada habar ýetirýärler:

**Nazm**

Aşyklaň gözýaşy dek gülgün hem-de owadan,
Jahankeşdelikde ol edil garaňky asman.
Hüjüm eden mahaly, topular ýyldyrym deý,

Bir zat yzarlan wagty gara ýel deý öwüser.

Rum kaýsary wezirine ýüzlenip: «Hatamyň sahylyk habary araplaryň we ajamlaryň arasynda ýaýrap, onuň jomartlyk we eli açyklyk owazy jümle-jahana ýaň saldy. Men onuň şeýle-şeýle atynyň bardygyny eşitdim. Men onuň sahawat zerini ygtybar mähegi bilen barlap, onuň edýän dawasyny many kazyýetinde synap görmegi hem-de şol aty talap etmek üçin taý taýpasyna «bir adam ibermegi ýüregime düwdüm» diýýär.

**Mesnewi**

Aljak men ol Hatamdan arap nesilli aty,
Bagyşlasa, eger-de ol edip sahawaty,

Ol at Aý dek owadan, syn etseňiz keseden,
Kişňese, boş duran taý tebil ýaly ses eder.

Şeýlelikde, Rum kaýsary şol aty almak üçin Hatama laýyk sowgat-serpaýlar bilen bir ilçi iberýär. Biraz wagtdan Rum patyşasynyň çapary taý taýpasyna ýetip, Hatamyň öýüniň töwereginde düşleýär. Tötänlikden ilçiniň gelip ýeten wagty bir bulut peýda bolup, ýagyşdyr gar ýagyp başlapdyr. Hatam myhmana göwünlik berip, ony mynasyp ýerde düşledýär. Onuň tabşyrygy bilen derrew şol öwgüli aty öldürip, onuň etinden nahar taýýarlap, myhmana hödürläpdirler. Nahar iýlensoň, Hatam dynç alar ýaly mümkinçilik döredip, özi çadyrdan çykýar. Ol gije hiç hili gep-gürrüň edilmändir. Ertesi irden Hatam myhmandan «kemçilik goýberen bolaýmaýyn» diýip, ötünç soramaga gelende, ilçi kaýsaryň permanyny, sowgatlar bilen bilelikde Hatama gowşurýar. Hatam hatyň mazmunyny okap, pikirdir alada batýar. Ilçi özüniň parasatlylygy bilen Hatamyň alnynda gaýgy yzlaryny görüp, oňa:

– Eý, ady belli jomart! Eger aty beresiň gelmese, biz aýak diräp durmarys – diýýär.

Hatam oňa:

– Eger mende şeýle atlaryň müňüsi bolsa we bu dünýädäkileriň iň pes derejeli adamy olary menden islese, meniň aňymda hiç hili gaýgyrmaklyk pikiri döremez. Emma häzir belent mertebeli soltan maňa bir at bermegimi buýruk beripdir we bu ýönekeý iş üçin bir beýik ilçini iberipdir. Meniň oý-pikire batmagym haýrana galmagymdandyr. Meniň gama batmagym bolsa, şol aty öldürmezim ýaly näme üçin derrew habar soramadymkam diýip hasrat çekmegimdendir – diýipdir.

**Mesnewi**

**Ýe**l ýaly ýyndam Düldül tizlikdäki ol aty,
Düýn size kebap etdim, borç bilip sahawaty.

Çünki bar ýer garaňky, çümüp galypdy tüme,
Sürä ýoly tapmaklyk başartmandy hiç kime.

Çykalga tapylmandy, ýol ýokdy özge mende,

Ondan başga hödüre zat ýokdy öz öýümde.

Myhman mätäçlik çekip,
ajygyp ýatmaly däl,
Men öz eden işimi hasapladym ýagşy päl.

Ýaýylmady meň adym jümle-jahanda,
Atly at gerek däldi, maňa şeýle mahalda.

Soňra ol Rum soltany arap atlaryny we Hyjaz sowgatlaryny üçin saýlap-seçip, ilçini hem ülkesiniň sowgatlaryndan paýly edip, mynasyp ýagdaýda Ruma ugradýar. Ilçi gelip ýetensoň, kaýsar bolan wakany eşidip, ynsaplylyk sypaty bilen: «Sahawatlylyk ýörelgesi we sahylyk kadasy Hatama tabyndyr» diýipdir.

**Kytga**

Jomartlyk diýarynyň şähriýary bilýäris,
Ondan başga älemde ýok nusga – göreldesi.
Sahylyk, mähribanlyk häsiýeti hemrasy,
Gelişýär oňa mydam ýagşylyk ýörelgesi.

Ýemen häkimi hem jomartlyk we sahylyk sypaty üstün, ýagşylykdyr haýyr-yhsan häsiýeti örän ýokary bir patyşady. Onuň uly-kiçi üçin ýazylan desterhany hemişe açykdy we sahylyk bereketi mätäçlerdir biçärelere ýetip durdy.

**Beýt**

Ol jomartlyk, sahylyk elin açan mahaly,
Halas edýär haýyşdan külli älem-jahany.

Ýemen häkimi hem özüniň sahylyk adynyň dillerde ýatlanyp, diňe özüniň jomartlyk sypatynyň jümle-jahanda meşhur bolmagyny isleýärdi. Şol sebäpli her kim onuň ýanynda Hatamy taryplasa, onuň gazap ataşy tutaşyp, oňa yza-ezýet berip, şeýle diýer eken: «Hatam meniň ülkämiň raýatlaryndan bolan bir çarwa adam. Onuň ne ýurt dolandyryjy derejesidir perman beriji mertebesi bar, ne-de jahan alyjy güýjüdir ýurt basybalyjy goly bar.

**Beýt**

Onda ne hazyna bar, ne tagty-täji,
Oňa hiç kim bermez salgyt, hyrajy.

Onuň näderejede sahawatlylygy bellidir. Ol özünde bar bolan birnäçe atydyr düesi we goýny bilen neneňsi jomartlyk görkezip biler?! Men Hatamyň bir ýylda gazanýan mukdaryny bir günde saýyl kişä berýärin we onuň saçagyndan ýüz esse köp nazy-nygmaty bir öýlänlik naharda myhmanyň öňünde goýýaryn. Onsoň seret, gör, bu ýoluň tapawudy nireden nirädir?!»

Elkyssa, Ýemen patyşasy bir gün uly dabara gurup, patyşalyga mynasyp saçak ýazyp, şol gün ertirden agşama çenli, güneş kimin zer, bulut deý göwher seçmäge meşgul bolupdyr. Tötänlikden şol wagtda:

**Beýt**

Biri Hatamy ýatlap, köňül gapysyn açdy,
Başga birisi öwüp, onuň waspyna geçdi.

Patyşa bu ýagdaýy görüp, gaty ynjaýar we göriplik duýgusy herekete gelip, öz-özüne: «Bu zamananyň adamlarynyň zybany diňe Hatamy ýatlaýar we onuň ýagşylyk hem myhmansöerlik sypaty adamlaryň ýüreginde berk ornaşan. Şeýlelikde, men bir hilegär hem mekir adamyň kömegi bilen onuň ömür gämisini panylyk girdabyna salyp, ugurtapyjy bir kişiniň mededi bilen onuň adyny ýaşaýyş tagtasyndan öçürsem gowy bolar» diýýär.

**Beýt**

Hatam ýatlanýarka meniň döwrümde,
Ýagşylyk bilen ýatlanmaryn ömrümde.

Onuň paýtagtynda bir hilegär adam bar bolup, ol bir dirhem üçin ýüz sany nähak gany dökmäge we ujypsyz peýda üçin köp adamlaryň ýürek çüýşesini jepalyk daşy bilen döwmäge taýýar eken.

**Beýt**

Näzeniniň çeşmi ýaly
ganyň döküp gitmesi bar,
Hoşsyratlyň zülpi kimin
togtatmaýan pitnesi bar.

Elkyssa, Ýemen şasy ony çagyryp, patyşalara laýyk wadalar berip, oňa taý taýpasynyň arasyna barmagy we her hili hile hem-de dürli mekirlik bilen Hatamy ýok etmegi buýurýar. Hilegär Hatamy öldürjekdigine äht edip, taý taýpasyna tarap ýola düşýär. Az salymdan ol ýere ýetip, ululyk nyşanalary maňlaýynda görnüp duran we beýiklik alamaty alnynda peýda bolan bir hoşsyrat hem hoşgylyk juwan bilen duşuşýar. Juwan mähribanlyk we şirin zybanlyk bilen ondan:

– Nireden gelýärsiň we nirä barýarsyň? – diýip soraýar.

Hilegär:

– Ýemenden gelýärin we Şama gitmekçi – diýýär.

Juwan oňa: «Şu gije barja zadymdan siziň mübärek hormatyňyza hödürläp bilerim ýaly, sahawatly gadamyň bilen meniň külbämi mübärekle hem-de öz huzuryň nury bilen bezär ýaly meniň öýümi mübärek etgin» diýip haýyş edýär.

**Mysrag**

Sen meniň öýümi nurlandyr gel-de!

Hilegär onuň hoş gylygyna we süýji diline aşyk bolup, onuň öýüne barýar. Ol juwan myhmansöerlik ýörelgesini we sahawatlylyk keremini şeýle bir derejede berjaý edipdir welin, beýle zatlar hilegäriň oý-pikirinde hem bolmandyr. Iý eýesi her pursat täze-täze zatlar hödürläp, dürli tagamlarydyr içgileri taýýarlapdyr.

**Beýt**

Iýmitleri bir-birlerinden zyýada.
Görersiň saçagna syn eden bada,

Myhman her dem ýüregi bilen ol juwana berekella aýdyp, dili bilen oňa alkyş-sena aýdýardy.

**Beýt**

«Tebärekella»[1] adamlaň hoşgylygyndan,
Geçipdir ýagşyzadalaň ýagşylygyndan.

Şu usulda, garaňky gije ahyra ýetip, nurly daňdan gündogar gözýetiminden çykyp başlaýar. Myhman gözýaş akdyryp, öý eýesi bilen hoşlaşmaly bolýar we doga-dileg bilen bu bagyr erediji hem ýürek ýakyjy beýtiň mazmunyny dilden beýan edýär.

**Beýt**

Ýürek aýralyk odundan ýanýar,
söndürtmez ýalyn,
Käşgi tanyşmadyk bolsamdym
men sen zalym bilen.

Juwan köp haýyş edip: “Ýene bir-iki gün bu ýerde gal» diýýär. Hilegär bolsa ondan ötünçler sorap, bahanalar getirip, şeýle diýýär:

**Beýt**

Men bu ýerde indi galyp bilmerin,
Bir möhüm işim bar sebäbi meniň.

Juwan oňa:

– Maňa mähremlik işini bagyş et we ol möhüm işiňde meni hem şärik et. Sebäbi meniň saňa kömegim ýetmegi mümkin ýa-da seniň bilen hemra bolup bilerin – diýýär. Myhman onuň mähribanlygyny we jomartlygyny görüp, öz-özüne: «Meniň öňümdäki bu uly iş diňe şeýle hemdemiň kömegi we şunuň ýaly medetkäriň ýardamy bilen amala aşar. Bu adam mähriban, elaçyk, hoşamaý hem myhmansöer. Men bu syrymdan perdäni aýryp, bu juwany özüme dost hem syrdaş edip, soňra bu möhüm işimiň ugruna çykmagym gerek» diýýär.

[1] Tebärekella – sözme-söz manysy «Alla haýyr-bereketlidir» diýmegi aňladýar. Emma bu ýerde «berekella» diýdigidir.

**Nazm**

Maksat gülün tirip bolar bossandan,
Bil baglaýyp dostlaryňdan medede.

Dost kömegi ýetse saňa eger-de,
Arkaýynsyň janyň rahat ede.

Şonda seniň ähli işiň düzeler,
Ýetse saňa dost edinmek mertebe.

Şeýdip, hilegär ilki aýtjak syryny hiç haçan paş etmez ýaly oňa ant içirýär we köp tabşyryklardyr nygtamalardan soň, öz syryny aýan edip, oňa: «Men şu sebitde Hatam atly bir adamyň bardygyny hem-de onuň jomartlyk lapyny urup, sahylyk we ýagşylyk dawasyny edýändigini eşitdim. Ýemen şasynyň ýüreginde oňa bolan ýigrenç we köňlünde oňa bolan kine emele gelipdir. Men bir ykmanda hem sergezdan adam. Men ogurlyk hem hilegärlik bilen gazanç edýärin. Ýemen soltany meni çagyryp, köp mal-mülk hem sylag wada berip, menden Hatamy tapmagymy we onuň kellesini kesip, sowgat hökmünde getirmegimi isledi. Men hem güzeranymyň şeýle zatlar bilen aýlanýandygy üçin zerurlykdan bu işi kabul etdim. Ne Hatamy tanaýaryn, ne-de onuň öýüni tapýaryn. Sen myhmansöerligiň hem-de sadalygyň bilen Hatamy görkezip, ony öldürmekde maňa ýardam etseň gowy bolardy. Şonda men beren sözümde durup, seniň kömegiň bilen Ýemen şasynyň wada eden sylaglaryna ýetip bilerdim» diýýär. Juwan bu sözleri eşidip gülýär.

**Beýt**

«Men-ä Hatamdyryn» diýdi ol gülüp,
Diýdi: «Kes kellämi gylyjyň bilen».

Soňra juwan oňa:

– Eý, myhman, tur, meniň adamlarym bilmänkä, Ýemen şasynyň maksady hasyl we seniň islegiň berjaý bolar ýaly, meniň kellämi al we bu ýerden git – diýýär.

Başyn egdi Hatam, hilegär için
Ýakyp-ýandyrypdy ot bilen ýalyn.

Hilegär şobada Hatamyň öňünde dyzyna çöküp, onuň ellerini-aýaklaryny ogşap, şeýle diýýär:

**Nazm**

Eger saňa zyýan etsem sähelçe,
Onda meni hormatlama mert sanyp.
Gujaklady, gözlerinden ogşady,
Soňra ýola düşdi Ýemene sary.

Hatam onuň ýol goşlarydyr esbaplaryny taýýarlap ugradýar. Hilegär ýol aşyp, patyşanyň huzuryna gelensoň, bolan ýagdaýy oňa gürrüň berýär. Şondan soň Ýemen patyşasy ynsaplylyk bilen sahylyk we jomartlyk dawasyny etmekden el üzüpdir. Sebäbi beýle derejede sahylyk älemdäkileriň hiç birinde bolup bilmez we beýle jomartlyk adamlaryň hiç haýsysyna başartmaz.

**Beýt**

Jomartlykdyr berseň dirhemden ýüz müň,
Iş jana ýetäýse, şonda bar gürrüň.

«Ýolbaşçylaryň göwherleri» atly kitapda şeýle diýilýär: «Hatam dünýäden ötensoň, ony jaýladylar. Onuň gubry sil akymynyň ugruna gabat gelipdir. Bir gün güýçli ýagyş ýagýar we elhenç sil gelýär hem-de Hatamyň gubry weýran bolmaga ýakynlaşýar. Şol sebäpli Hatamyň ogly onuň jesedini apatdan aman galjak ýere eltmegi ýüregine düwýär. Haçanda onuň gubruny açanlarynda, onuň diňe sag elinden başga ähli beden agzalary çüýrän eken. Adamlar bu ýagdaýa geň galyp, beýle zada haýran bolupdyrlar. Adamlaryň içinden bir sowatly ýaşuly: «Eý, adamlar, Hatamyň sageliniň sag-aman galanyny geň görmäň. Çünki ol bu eli bilen mätäçlere köp haýyr-yhsan edipdi. Şol sebäpli hem onuň eli çüýremändir» diýipdir.

Eger-de bir butparaz kapyryň eli sahylyk sebäpli çüýremekden aman galýan bolsa, onda bir hudaýparaz mömin kişiniň teniniň halka haýyr-yhsandyr ýagşylyk etmegi bilen jähennem odunda ýanmak apatyndan aman galjagy geň zat däldir. Sebäbi ebedi döwletliligiň hasyl bolmagy haýyr-yhsan kadalaryny ýola goýmaklyk bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr.

**Beýt**

Döwletliler bu jahandan gitdiler,
Sahylykdan bakylyga ýetdiler.

Dara bir akyldar adamdan:

– Soltanlygyň bezegi näme? – diýip sorapdyr.

Akyldar:

– Yzzat-hormatly ýaşamakda – diýipdir.

Dara:

– Yzzat-hormata nädip eýe bolmaly? – diýipdir.

Ol:

– Zeri har saklamak bilen yzzata ýetilýär. Kim zeri har tutsa, şol adamy hemmeler eziz görer. Kim zeri eziz tutsa, hemmeler ony har-zelil görerler – diýipdir.

**Kytga**

Mal-mülküň peýdaly ýeri –
Janyňa galkan bolmakdyr.

Imri mala pida etseň,
Howpy-hatara salmakdyr.

Baýlygyny gysganmasa,
Bu – eziz görnüp bilmekdir.

Hudaýa şükür, sahylyk, jomartlyk ýörelgesiniň we ýagşylyk hem haýyr-yhsan kadalarynyň ähli̇si mähremlik hem keremlilik nurunyň gözbaşy, soltanlyk we ýurt dolandyryjylyk çarhynyň güneşi, haýbat we jahanalyjylyk köşgüniň şasy, jahan bezeýji we duşman baglaýjy güýjüň eýesi bolan älem şazadasy hezretlerinde jemlenendir.

**Kytga**

Sahy-jomartlygy Abulmuhsynyň,
Älemi täzelär bahar buldy dek.
Döwlete ýardamçyň mähremliginden,
Ýoluny ýitirdi, gitdi mätäçlik.

Ol Hatam Taýyň jomartlyk ýörelgesinden bir eýýäm geçip, Magn ibn Zaýydanyň[1] sahylyk depderine atanak çekendir.

**Kytga**

Döwrüň Periduny, zamana – Hysrow,
Adyllyk şähriýary, sahylyk şasy.
Kanagatyň patyşalyk daýanjy,
Eli açyklygyň Hakdan penasy.

Päk hem Beýik Haktagala patyşanyň haýyr-yhsan sahypasyny «Haýyr-yhsan edijiniň sogaby Perwerdigäriň huzuryndadyr»[2] diýen bezeg bilen bezäp, kämil sylag-serpaý nyşanyny «Şeýdip haýyr-yhsan edijileri sylaglaýarys»[3] diýen tugra bilen zynat bersin!

---

[1] Magn ibn Zaýyda – bu şahs hem Hatam Taý ýaly araplaryň arasynda sahylykda hem jomartlykda meşhur bolan kişidir.

[2] Gurhanyň 2-nji (Sygyr) süresiniň 112-nji aýaty.

[3] Gurhanyň 6-njy (Engam) süresiniň 84-nji aýaty.

## ÝIGRIMI IKINJI BAP

## PESPÄLLIK WE HORMAT-SARPA

Pespällik belentlige ýetmegiň sebäpkäridir. Hadysda: «Her kim Allanyň haky üçin pespällik etse, Alla onuň mertebesini beýgelder» diýilýär.

**Beýt**

Pespälligiň gadyr-gymmat getirer,
Abraý-yzzat hem-de beýiklik berer.

Samanly patyşalaryndan Nasr ibn Ahmet öz ogluna nesihat berip, şeýle diýipdir: «Eý, eziz perzendim! Eger biziň köp muşakgatlar bilen gazanan bu döwletimiziň we ony ýola goýmak üçin köp eziz janlar-ömürler pida bolan bu patyşalygymyzyň ýyllarboýy öz ygtyrýaňda galmagyny isleseň, onda hazyna bil baglamagyn, çünki ol ýitip gidiş girdabyndadyr. Leşgere-de ynam etmegin, çünki olar üýtgäp durýan haldadyrlar. Patyşalygyň dowamatlylygy we hökümdarlygyň berk bolmagy ugrunda keremlilige daýan we päliňi pes tutgun, çünki keremlilik we pespällik adamlaryň ýüregini awlaýan iki sany duzakdyr. Her kim şu iki duzagyň birine düşse, ondan halas bolmak ýoly ýokdur. Bu babatda älemleriň serweriniň: «Adamlaryň serweri-hojasy olaryň hyzmatkäridir» diýen sözüniň manysy hem şundadyr. Eger sen bir adamyň öňünde hormat üçin pespällik görkezseň, onuň ýüregini awlarsyň hem-de ol seniň mähremlik duzagyňa düşer. Şeýlelikde, ol saňa tabyn, sen onuň hojaýyny bolarsyň. Ol seniň awuň, sen onuň serweri bolarsyň.

**Nazm**

Pespälligiň nurly ýagtysy bilen,
Dost-ýar bolar biganeleň köpüsi.
Başy belent bolar pespäliň mydam,
Açykdyr öňüňde ykbal gapysy.

Pespällik – özüňi hemmelerden pes saýyp, öz yzzat-hormatyňy ýatdan çykaryp, başgalary yzzatly we hormatly hasaplamakdyr. Bu häsiýetden diňe yzzaty hem beýikligi nädürs bolan adam boýun towlap biler. Emma bir adam, hakykatdan hem hormatly we belent mertebeli bolsa, ol pespällikden gorkmaz. Çünki pespällik onuň beýikliginden we mertebesinden hiç zat kemeltmeýändir, tersine, eýsem onuň derejesi hem abraýy Halygyň[1] we halaýygyň gaşynda artýandyr.

[1] Halyk – Ýaradyjy, Allatagalanyň sypaty.

## Beýt

Mertebeli adama has ýaraşar pespällik,
Gedaý pespällik etse, ol oňa mahsus gylyk.

Şu ýerden tekepbirligiň hem ulumsylygyň aýyply we pes adamlaryň häsiýetleridigi we olaryň niýetiniň diňe öz aýyplaryny ýaşyrmaklykdygy mälim bolýar. Emma hakykatda olar öz gabahatlaryny we aýyplaryny görkezýärler. Sebäbi tekepbirlik adamy har hem bihormat edýändir.

## Nazm

Tekepbir gylyga ulaşma zynhar,
Adam peýda tapmaz tekepbirlikden.
Tekepbirlik etmeseň sen eger-de,
Dergähinde orun alarsyň Hakdan.

Pespällik ähli adamlary gözelleşdirýär. Döwlet eýelerini has hem gözelleşdirýär, bezeýär. Sebäbi pespällik uly bezegdir.

Rowaýat etmeklerine görä, Ibn Semmak Harun Reşidiň mejlisine gelýär. Halypa ýerinden turup, oňa hormat goýýar. Ibn Semmak:

– Eý, halypa! Seniň patyşalykdaky pespälligiň seniň patyşalygyňdan uly – diýipdir.

Halypa:

– Gowy söz aýtdyň, ýene-de aýt – diýipdir.

Ibn Semmak:

– Haktagala her kime mal, jemal we ululyk berse, ol adam hem şol baýlyk bilen Allanyň bendelerine haýyr-yhsan we öz jemaly bilen takwalyk hem-de ululygy bilen pespällik etse, onda ol adamy Allatagala özüniň ýakyn bendeleriniň biri saýar – diýipdir.

Harun Reşit galam-syýa getirmeklerini isleýär we öz eli bilen bu sözleri belleýär. Onuň bu sözleri öz eli bilen ýazmagy hem onuň pespälliginden nyşandyr.

## Mesnewi

Akyldarlar köp synag görüp,
olar bilipdir aýan,
Häzire çenli pespällikden
hiç kim görmändir zyýan.

Pespällik bilen adyň arşa galýandyr,
Pespällik bilen hemişe
eňşe ýetip bolýandyr.

Pespäl adam beýikdir,
ol döwrüň şöhrat-şanydyr,
Hem beýik Perwerdigäriň
bir mährem nyşanydyr.

Beýik seýitler, uly alymlar we hormatly şyhlar ýaly uly şahsyýetler hakynda pespällik we sylag-hormat etmek ygtybarly hem gerekli häsiýetdir. Pespällik döwlet baýdagynyň beýgelmeginiň esasydyr. Ymam Muhammet ibn Hasan Şeýbany (goý, Alla oňa rehmet etsin) Reşidiň ýanyna gelýär. Reşit oňa uly hormat goýup, ýerinden turýar we ony öz ýerinde oturdýar. Gitjek mahaly hem ýerinden turup, birnäçe ädime çenli ony ugradýar. Halypanyň ýörite adamlaryndan biri:

– Halypanyň görkezen bu pespälligi bilen halypalygyň haýbaty galmaz – diýipdir.

Şonda halypa:

– Pespällik bilen ýok bolýan haýbatyň bolmazlygy gowy. Ululary hormatlamak bilen kemelýän derejäniň ýok bolmagy oňat – diýýär.

**Beýt**

Izgä hormat arkaly kemelýän dereje bilen,
Mertlik hem-de merdanalyk näwagt,
haçan bezeler.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Horasanyň patyşasy Ysmaýyl Samany örän tertip-düzgünli soltan eken. Bir gün bir alym bir iş bilen onuň huzuryna gelipdir. Patyşa oňa uly hormat goýupdyr hem-de gaýtjak wagty ony ýedi ädim ugradypdyr. Şol gije ol şerigat penakäri Muhammet pygamberi düýşünde görüpdir. Pygamberimiz oňa: «Eý, Ysmaýyl! Sen meniň ymmatymyň ulamalarynyň birini ezizlediň. Men Allatagaladan seni iki dünýäde-de eziz görmegini diledim. Sen ony ýedi ädim ugratdyň. Men Alladan seniň nesliňden ýedi kişiniň hökümdar bolmagyny diledim» diýipdir. Pygamberimiziň bu iki dilegi hem kabul boldy.

Pespälligiň alamatlarynyň biri-de özüni halka hudaýlykly we hakyky pirler ýaly edip görkezýän we pany dünýäniň ownuk-uşak zatlaryna hantama bolup, hak sözleri ýalan-ýaşryk sözler bilen bezeýän adamlaryň däl-de, şerigat alymlarynyň, ýagşyzadalaryň we hakyky derwüşleriň söhbetine maýyl bolmakdyr. Şeýle-de halaýygyň söhbetine mynasyp bolan kişiniň söhbetine gitmek gerek hem-de hiç kimiň özüne ynanmagyny islemeýän kişä ynam etmek gerek.

Aýtmaklaryna görä, Abdylla Tahyr Horasan ülkesine hökümdarlyk etmäge gelip, Nyşapurda düşlän wagty han-begler we meşhur kişiler onuň bilen salamlaşyp, hal-ahwal soraşmaga gelipdirler. Bir hepdeden soň Abdylla Tahyr:

– Bu şäherde meniň bilen salamlaşmaga hem hal-ahwal soraşmaga gelmedik adam galdymy? – diýip soraýar. Olar:

– Bu şäherde terkidünýä, bu zatlary görmekden gaça durýan hem-de halkyň goh-gowgasyndan daş bolup, Hakyň zikrine meşgul bolan iki sany derwüşden başga her bir adam siziň huzuryňyza geldiler – diýdiler.

## Mesnewi

Alla dergähinde ygtykafçylar[1] –
Ýüreginiň kirlerinden açylar.

Gözsüz iki ýeri görüp bilýärler,
Pulsuz iki dünýäni-de alýarlar.

Hökümdarsyz, öňündedir şanyň-da,
Tagt gurupdyr şanyň köşk-eýwanynda.

Abdylla:

– Olar kimler? – diýýär.

– Şonda wezir-wekiller:

– Olar hudaýlykly alymlar bolan Ahmet Arap we Muhammet Eslem Tusydyrlar. Olar soltanlardyr emirleriň huzuryna gelmeýärler – diýip, jogap berýärler.

Ol:

– Eger olar biziň salamymyza gelmeseler, biz olaryň salamyna bararys – diýip, atlanýar we Ahmet Arabyň ýanyna barýar.

Bir adam ylgap, Ahmet Araba Abdylla Tahyryň gelýändigini aýdýar. Ahmediň gaçara mümkinçilik galmaýar. Abdylla Tahyr onuň öýüne girýär. Ahmet ýerinden turup, biraz wagtlap başyny aşak salyp durýar. Abdylla hem aýak üstünde durdy. Ahmet kellesini galdyryp: «Eý, Tahyryň ogly! Men seniň nurana ýüzli hem berdaşlydygyňy eşidipdim. Indi seni görenimden soň, eşidişimden hem owadanlygyňa göz ýetirdim. Sen bu owadan ýüzüňi Allanyň permanlaryna garşy çykmak bilen tozana basdyrma we beýle ýaňagyň dowzah odunyň oduny bolmagyna ýol berme» diýýär we kybla tarapa öwrülip, namaza durýar. Abdylla zaryn-zaryn aglap, öýden çykýar we Muhammet Eslemiň ýanyna barýar. Muhammet oňa girmäge rugsat bermeýär. Ol hernäçe tagalla etse-de, peýda bermeýär. Oňa «Tä Anna gününe çenli sabyr etmeli. Şol gün ol öýünden çykyp, namaza gidýär. Belki, şol wagt onuň bilen duşuşyp bolar» diýýärler.

Abdylla Anna güni gelip, köçäniň ugrunda oňa garaşyp durýar. Şyh namaza gitmek üçin daşary çykýar. Görse, atlylar dur. Ol şol ýerde durýar. Abdylla atyndan düşüp, onuň ýanyna barýar we oňa salam berýär. Ol:

– Sen kim we menlik näme işiň bar? – diýýär.

Abdylla:

– Men Abdylla Tahyr, seniň zyýaratyňa geldim – diýýär.

Şyh oňa:

– Hudaý saklasyn! Seniň menlik ne işiň bar? Meniň saňa aýdara zadym ýok – diýip, ýüzüni diwara öwrüp, oňa seretmeýär.

Abdylla onuň ýanyna gelip, onuň aýagyna ýykylyp, şeýle mynajat edýär: «Eý, Alla! Bu adam Seniň razylygyň üçin meniň ýaly erbet adamy duşman saýýar. Men bolsa Seniň razylygyň üçin munuň ýaly ýagşyzada adamy gowy görýärin. Seniň üçin edilýän şol duşmançylygyň we bu gowy görmäniň hormatyna bu erbet adamy

[1] Ygtykaf – metjitlerde diňe Allany ybadat etmek üçin oturmak. Ygtykafda oturan adam diňe zerur işler sebäpli metjitden çykyp bilýär.

ol ýagşyzadanyň hataryna goş». Soňra: «Başyňy galdyr, seniň günäňi onuň tagat-ybadaty arkaly geçdim» diýip, owaz gelipdir.

### Nazm

Döwrüň erbet adamlary bolsak-da,
Söýüp ýagşylary durýarys ýakyn.
Magşar güni erbetleriň günäsi,
Olaň kereminden geçiler mümkin.

Rowaýat etmeklerine görä, patyşalaryň biri bir derwüşi görmäge onuň ýanyna barýar. Derwüş şobada başyny sejdä goýup, doga okaýar. Şanyň weziri ondan:

– Bu nämäniň sejdesi? – diýip soraýar.

Derwüş:

– Şükür sejdesi – diýip jogap berýär.

Ol ýene-de:

– Näme üçin şükür etdiň? – diýýär.

Derwüş:

– Allatagala soltany meniň ýanyma getirenine we meni onuň ýanyna eltmänligine şükür etdim. Sebäbi şalaryň derwüşleriň ýanyna gelmekleri ybadat, emma derwüşleriň şalaryň ýanyna barmaklary günädir. Soltanyň sogap iş etmegi we meniň günä iş etmezligim şükür etmäge mynasypdyr – diýipdir.

### Mesnewi

Derwüşiň halyn soramak
endik bolsa saňa eger,
Beýiklikden ýaňa Arşyň
üstüne gadamyň deger.

Her kim derwüşden kömek-dileg sorasa,
bolmaz asgyn,
Peridun bilen tutluşsa-da,
ol ondan çykar üstün.

## ÝIGRIMI ÜÇÜNJI BAP

## AMANATDARLYK[1] WE TAKWALYK

Şerigat alymlary we hakyky pirler şeýle diýýärler: «Amanatdarlyk ajaýyp häsiýetleriň uly sütüni, takwalyk bolsa gözel ahlaklaryň mäkäm esasydyr. «Amanatdarlygy bolmadygyň imany ýokdur» diýlişi ýaly, imanyň binýady amanatdarlyk bilen kämilleşýär we şerigatyň kada-kanunlary takwalyk ýörelgeleriniň saklanmagy bilen düzgün-tertibe girýär».

### Mesnewi

Şerigat ol takwalygyň
has berk binýadyn gurandyr,
Kadalary amanatdarlyga bagly
edip durandyr.

Amanatdarlyga meýil bar bolsa
ýürekde eger-de,
Dowzah odundan amansyň
onuň saňa haýry deger-de.

Her bir işe ýa-da söze seretseň hem-de her bir görünýändir eşidilýän zatlar barada oýlansaň, olaryň her haýsynda amanatdarlygyň we hyýanat etmekligiň çägi bardyr. Her kim ol zatlarda amanatdarlyk görkezmese, hyýanat etdigi bolar. Allatagalanyň bendesine beren her bir zady amanat bolup, oňa hyýanat etmek rowa däldir. Meselem, göz Allanyň gudratynyň nyşanalaryna seretmek üçin berlen amanatdyr, gulak Hakyň sözlerini diňlemek üçin berlen amanatdyr, dil Allany ýatlap durmak üçin berlen amanatdyr, el Allanyň bendelerine peýda getirmek üçin berlen amanatdyr we ş.m. Şuňa laýyklykda, her kim gözi bilen haram zatlara seretse, gulagy bilen erbet gürrüňleri eşitse, dili bilen ýalan sözläp, töhmet atsa we eli bilen musalmanlara yza-ezýet berse, ol adamyň Allanyň amanatyna hyýanat etdigidir hem-de Allatagalanyň: «Eý, iman getiren bendeler, Alla hyýanat etmäň»[2] diýen gadagan etmesini eşitmedigidir.

### Mesnewi

Eý, imandan aýrylan,
amanatdarlykdan boş adam,
Seniň dini ýöredişiň

---

[1] Amanatdarlyk – hyýanat etmezlik, ikilik etmezlik.
[2] Gurhanyň 8-nji (Oljalar) süresiniň 27-nji aýaty

ol takwalykdan daş adam.

Sen munda panydygyňy
gorkaňokmy ýada salyp,
Ol Hudanyň bardygyndan
sen şerim-haýaly bolup?

Soltanlara ýokarda agzalan amanatlary saklamaklykdan başga-da ýene bir amanaty saklamak gerek. Ol bolsa Ýaradyjynyň amanatlary bolan halkyň hal-ýagdaýyna seretmekdir. Eger-de olaryň ýagdaýyna seretmekde kemlik edilse, amanatdarlyk sütünlerinde peslik-nogsan emele geler. Akyldarlaryň aýtmaklaryna görä, eger bir patyşa zalym emeldary wezipä bellese we halkyň işini bir sütemhora tabşyrsa, halk babatda hyýanat etdigidir. Çünki, bir sütemhory ejiz hem gowşak bendelere ýolbaşçy etmek süriniň çopançylygyny bir möjege tabşyran ýalydyr.

### Nazm

Doly ygtyýarly möjek – sütemkär,
Halk ýatladyp süriň ejiz goýnuny.
Tabşyrylsa ol goýunlar möjege,
Bolar uly betbagtlyga goýdugy.

Mundan başga-da, takwalygy saklamak zerurdyr. Takwalyk Hudaý bilen bendesiniň arasyndaky amanaty saklamakdyr. Onuň özi äşgär bolýança hiç kim ony bilmeli däldir[1]. Takwalyk kanunynyň saklanmagy iki dünýäde bagtly bolmaga, belki Allanyň razylygyny gazanmaga esasdyr:

Dindar bol, şonda din dünýä
ýagty saçar bolup gündiziň,
Dünýäsi hem, dini hem
islege görä bolmaz dinsiziň.

Dindar adamlar elmydama hormatlanýandyrlar hem-de hemmeleriň ýanynda ezizdir we sylag-hormatlydyr.

Şeýle hekaýat edýärler:

Anuşirwan ilkibaşlarda heniz adalatlylyk baýdagyny parlatmanka we aýş-u eşrete meşgul bolup, halkyň işlerini ýatdan çykaran wagty, onuň kerem-sahawatlylykda meşhur we myhmanlara hezzet-hormat etmekde şöhratlanan we agza-dile düşen bir goňşusy bar eken.

### Beýt

Onuň sahylygyndan garyp bende şat –
Bolupdyr mätäçlik bendinden azat.

Ol hemişe sahawat saçagyny ýazyp, uly-kiçini myhmançylyga çagyrardy. Onuň at-owazasy dünýä ýüzüne ýaýrap, sahylyk şan-şöhraty dillere düşüpdi. Anuşirwan ony synamak üçin söwdagärleriň eşiginde onuň öýüne barýar. Iý eýesi ony

[1] Bu ýerde aýdyljak bolýan zat Hudaý bilen bendesiniň arasyndaky işlerde ryýa (il görsün) bolmaly däldir.

tanamasa-da, öz adatyna görä, oňa hezzet-hormat edip, sahylyk we myhmansöerlik ýörelgelerini doly ýerine ýetirip, ony penjiresinden ter, bişen üzümler görnüp duran bir otagda ýerleşdirýär. Iý eýesi oňa şeýle bir hezzet-hormat edipdir welin, Anuşirwan oňa haýran galypdyr. Anuşirwan turjak mahaly öý eýesine ýüzlenip:

– Eý, goja, men bir bezirgen adam, seniň sahylygyň we jomartlygyň baradaky at-owazaňy eşidip, seni synap gördüm. Seniň sahylygyň, sylag-hormatyň eşiden gürrüňlerimden has ýokary ekeni. Indi men gidýärin, sen aýt, saňa näme sowgat ibereýin – diýýär.

Iý eýesi:

– Eý, goja, seniň döwletiň-bereketiň bilen ähli zadym bar – diýýär.

Emma haçanda çekinmek-sylamak perdesi aradan aýrylyp, myhmana hezzet-hormat däbi gutaransoň, öý eýesi:

– Meniň terje üzüm iýesim gelýär. Eger siziň ýoluňyz bag-bakjaly ýere düşse ýa-da size sowgat hökmünde üzüm getirseler, maňa-da şondan biraz iberiň – diýýär.

Anuşirwan:

– Men seniň bagyňda köp üzüm gördüm, näme üçin olardan iýmeýärsiň – diýýär.

Ol:

– Eý, goja! Biziň patyşamyz zalym hem gapyl adam, halkyň aladasyny etmeýär. Adamlaryň üzümleri bişipdir. Emma ol üzümlerden döwletiň hakyny almak üçin hiç kimi ibermeýär. Adamlar muňa üns bermän üzümlerini iýýärler. Men bolsa bu nygmatdan mahrum. Sebäbi üzümde döwletiň hem haky bar. Eger men üzüm iýsem hyýanat etdigim bolar. Meniň mezhebimde hyýanat we takwasyzlyk haramdyr. Patyşa üşr[1] alýança, men üzümlerim düwüp başlandan bagymyň gapysyny ýapyp, möhürläp, hiç bir adamyň we janly-jandaryň olardan iýmeklerine ýol bermeýärin. Patyşa üşr alansoň üzümlerimden iýip başlaryn – diýýär.

Anuşirwan bu gürrüňleri eşidip, aglaýar we:

– Şol zalym hem gapyl patyşa men. Seniň takwalygyň sebäpli gaflat ukusyndan oýandym – diýipdir.

Soňra ol adyllyk ýoluna düşüpdir hem-de ol adama sylag-serpaý ýapypdyr.

**Beýt**

Iş düzgün-tertibe gelýär dindarlyk bilen,
Amanatdarlyk – kämilligiň döwresi.
Kynçylyk ýok bir halka takwalyk üçin,
Hasyl bolýar iki dünýäniň döwleti.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Balh emiriniň ogly bir gün gezelenje çykýar. Onuň ýoly bir baýyrlyga düşýär. Ol şol ýerde biline zünnar[2] dakyp, eli pilli agaç oturdyp ýören bir ýaşulyny görýär. Emiriň ogly oňa:

– Eý, ýaşuly, miwesinden iýip bilmejek agajyňy näme üçin oturdýarsyň? – diýýär.

Ýaşuly:

---

[1] Üşr – ondan biri. Ekinlerden ýa-da miwelerden alynýan salgyt (ýagny olaryň ondan biri).

[2] Zünnar – otparazlaryň biline guşaýan guşaklary.

– Izgeler ekdiler, biz iýýäris, indi başgalar iýer ýaly biz ekýäris. Belki bize hem iýmek miýesser eder – diýýär.

Emiriň ogly bir gögele hem-de özdiýenli ýigit bolansoň:

– Sen bu agaçlaryň miwelerinden iýip bilmersiň. Eger iýip bilseň aýalym talak bolsun! – diýip, ant içýär we geçip gidýär. Ýaşuly onuň kimdigini soranda: «Balh emiriniň ogly» diýip jogap berýärler. Birnäçe wagt geçensoň, emirzada nökerleri bilen gezelenje çykýar. Olar diýseň ýürek açyjy baga we hoş howaly bossanlyga ýetýärler.

## Nazm

Dim-dik ösendirler ähli daragtlar,
Ýetişen miweler ýakymly bakýar.
Arşa ýeten agaçlaryň üstünde,
Hoş owazly guşlar nagmalar kakýar.

Emiriň ogly jylawuny çekip, atyndan düşýär we baga girýär. Ol şol bagda gezip ýören bir ýaşulyny görýär. Olar biri-birlerini tanamaýarlar. Ýaşuly gowy miwelerden bir tabak ýygyp, oňa hödürleýär. Emiriň ogly miwelerden iýip başlaýar. Ol miwe iýip otyrka, ýaşula-da berip:

– Izüň hem iý we biziň bilen şärik bol – diýýär. Ýaşuly miweleri onuň nökerleriniň birine berýär we:

– Maňa bu miwelerden iýmek bolanok – diýýär.

Emiriň ogly sebäbini soranda, ýaşuly:

– Men bu agaçlary oturdyp ýörkäm, Balh emiriniň ogly bu ýere geldi we maňa: «Ep-esli ömür sürüpsiň, görüň gyrasynda otyrsyň. Bu ýaşda agaç oturdyp, ne uzak arzuwlaryň bar eken. Onuň miweleri ýene ençeme ýyldan ýetişer» diýip, meniň işimi makullamady. Men oňa öz jogabymy berdim. Ol bolsa: «Sen bu bagyň miwelerinden iýip ýetişmersiň. Eger ýetişseň, aýalym talak bolsun!» diýip, ant içdi. Men: «Takwalygyň hötdesinden geleýin. Birden şazada diri we öýlenen bolup, oňa talak düşäýmesin» diýip, şu zatlaryň hormatyna bu bagyň miwesinden iýmeýärin – diýip, jogap berýär.

Juwan:

– Eý, ýaşuly! Şol emiriň ogly men, şol anty men içipdim. Seniň bu takwalygyň üçin saňa wezirlik işini tabşyrýaryn. Men seniň bilen maslahatlaşman hiç bir işe girişmerin – diýýär.

Ýaşuly biraz wagt başyny aşak egip, oý-pikire batýar. Soňra başyny göterip:

– Men bu işi kabul etdim, emma musulman patyşa bilen jöhit wezir gelişmez – diýip, zünnaryny kesýär we kelemesini aýdyp, takwalygy sebäpli musulmanlyk bagtyýarlygyna ýetýär.

## Beýt

Belent mertebe isleseň,
dindarlyk bilen bolýandyr,
Muny men aýtdym,
gowusyny Alla bilýändir.

# ÝIGRIMI DIRDÜNJI BAP

## WEPADARLYK

Wepadarlyk kämil we sahawatly kişileriň käridir, sarpasy beýik ulularyň ajaýyp häsiýetleriniň biri lebzine ygrarlykdyr. Ähdi-peýmanynyň güler ýüzi wepadarlyk haly bilen bezelen kişiniň söýgi duzagynyň ýüzünden hiç bir kişiniň köňül guşy boýun towlamaz. Haktagala: «Eý, möminler, ähdiňize wepaly boluň»[1] diýdi. Allatagala Gurhany Kerimiň ýene bir ýerinde: «Men hem siziň öňüňizdäki ähdime wepaly bolar ýaly, siz hem meniň bilen baglaşan ähdiňize wepaly boluň. Men şu şert bilen haýyr sogap bererin»[2] diýýär. Pygamberimiziň bir hadysynda: «Ähdine ygrary bolmadygyň dini ýokdur» diýilýär. Ähdini sypdyran adamda kämil din bolmaz.

### Beýt

Ynsanlardan akylly – paýhaslylar ähline,
Iň ýokary hyzmatdyr – wepalylyk ähdine.

Bir gün hezreti Ysmaýyl pygamber (oňa we biziň Pygamberimize salam bolsun) bir dosty bilen ýola düşýär. Onuň dosty öýüniň ýanyna ýetende, hezreti Ysmaýyla: «Men seniň bilen hemra bolmagy diýseň gowy görýärin. Men öe gidip, derrew işimi bitirip, gaýdyp gelýänçäm şu ýerde oturyp, maňa garaşjakdygyňa wada ber» diýýär. Ysmaýyl oňa wada berýär we şol ýerde oturýar. Ol adam öýüne baranda, onuň möhüm işi çykýar we öz wadasyny hem-de Ysmaýyly unudyp, öz işiniň çözgüdi bilen meşgul bolýar. Onuň öýüniň beýleki tarapynda-da gapy bar eken. Ol şol gapydan çykyp gidýär. Ol adam üç günden soň ýene-de şol ýere gelýär. Ol garaşyp oturan hezreti Ysmaýyly görüp:

– Eý, dostluk daragtynyň miwesi, milletiň atasynyň perzendi! Bu ýerde näme üçin otyrsyň? – diýýär.

Ysmaýyl:

– Menden wada alyp, şu ýerde oturdanyň bäri garaşyp, ýoluňa göz dikip otyryn – diýýär.

Ol:

– Meniň gaýdyp gelmänimden soň näme üçin gidibermediň? – diýýär.

Ysmaýyl:

– Men wada beripdim, wadamda durmazlygy rowa görmedim. Eger sen uzak wagtlap gelmeseň-de, men bu ýerde oturardym we bu ýerden gitmezdim – diýýär.

---

[1] Gurhanyň 2-nji (Sygyr) süresiniň 40-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 2-nji (Sygyr) süresiniň 40-njy aýaty.

Şeýdibem Haktagala öz Kelamynda ony şeýle wasp edýär: «Ol wadasynda durýan hem ähdine wepaly pygamberdi»[1].

**Beýt**

Eger dursa adam eden ähtinde,
Çakyňdan hem belent, duýarsyň şonda.
Bakma işin ökde alyp barşyna,
Bak adamyň öz ähtinde durşuna.

Adamlar bilen edilen ähtlere wepalylyk ajaýyp iş bolýan bolsa, onda Hakyň öňündäki ähtimize wepaly bolmaklyk has hem gowy işdir.

«Ýagşyzadalaryň hekaýaty» atly kitapda şeýle diýilýär:

Bir hojanyň takwa we berhizkär bir guly bardy. Bir gün hoja syrkawlaýar. Ol Allanyň öňünde şu dertden gutulsa, şol guly azat etjekdigine äht edýär. Allatagala oňa şypa bagyş edýär. Hoja bu gula ynam edensoň, ony azat etmeýär. Hoja ýene-de syrkawlaýar. Ol öz guluna:

– Bar, maňa bejergi berer ýaly lukman çagyr – diýýär.

Gul daşary çykyp, yzyna gelýär. Hoja oňa:

– Lukman nirede? – diýýär.

Ol:

– Lukman: «Hoja lebzine ygrarly däl we ähtine wepaly däl. Men ony bejerip biljek däl» diýdi – diýýär.

Hoja derrew düşünip:

– Eý, gulam! Bar, lukmana aýt, men ygrarsyzlygy terk etdim we ähdimi bozmakdan toba etdim. Indi kellämden geçmeli bolsa-da, ähdimden geçmerin – diýýär.

Gulam ýene-de oňa:

– Eý, hoja! Lukman: «Eger sen wepalylyk sypatyna eýe bolan bolsaň, men hem şypalyk şerbetini içireýin» diýdi – diýýär.

Hoja guly azat edýär we şypa tapýar.

**Beýt**

Haka wepaly bolsaň, sen söýgi ähtiň bilen,
Ol hem mähremlik edip, saňa wepaly bolar.

Şeýle hekaýat edýärler:

Bir patyşa agyr ýagdaýa düşýär. Ol: «Eger Alla meniň şu işimi islegime görä çözse, hazynamdaky ähli pulumy garyp-misginlere paýlaryn» diýip äht edýär. Haktagala onuň işini derrew islegine görä çözýär. Patyşa öz ähdine wepaly bolmak isleýär. Ol hazynaçyny çagyryp, hazynadaky pullary sanamagy buýurýar. Hazynanyň pullarynyň hasaby çykarylýar. Emirlerdir döwlet sütünleri:

– Eý, patyşamyz! Munça puly derwüşlere bermek bolmaz. Sebäbi leşger ýarag-esbapsyz we mümkinçiliksiz galar – diýýärler.

Patyşa:

---

[1] Gurhanyň 19-njy (Merýem) süresiniň 54-nji aýaty.

– Men bu pullaryň ählisini berilmeli adamlara berjekdigim barada äht etdim – diýýär.

Döwlet sütünleri:

– Alymlaryň aýtmaklaryna görä, patyşanyň adamlary hem «we olary ýygnaýanlar»[1] diýen hüküme görä, oňa mynasyp adamlardyr – diýýärler.

Patyşa çykgynsyz hala düşýär. Ol öz otagynda otyrka bir derwüşiň geçip barýanyny görüp, bu barada onuň bilen maslahatlaşmak üçin çagyrmaklaryny buýurýar. Derwüşi çagyrýarlar. Patyşa oňa:

– Eý, derwüş! Men: «Eger meniň şu işim şowuna bolsa, ähli baýlygymy Allanyň ýolunda paýlajak» diýip, Onuň öňünde äht etdim. Meniň ol işim şowuna boldy. Pul, baýlyk köp. Emirler olary bermeklik bilen razylaşmaýarlar. Alymlar bolsa leşgerdäkileriň hem baýlygy almaga haklydyklaryny öňe sürýärler. Sen näme diýersiň – diýýär.

Derwüş oňa:

– Eý, patyşa! Sen baýlygyňy derwüşlere berjekdigiň barada äht eden wagtyň leşgerdäkileri hem göz öňüne tutduňmy? – diýýär.

Patyşa:

– Ýok, diňe garyplary we mätäçleri göz öňüne tutdum – diýýär.

Derwüş:

– Onda şol göz öňüne tutan adamlaryňa ber – diýýär. Emirleriň biri:

– Eý, derwüş! Baýlyk sansyz, leşger bolsa üpjün däl – diýýär.

Derwüş ol emirden ýüzüni sowup:

– Eý, patyşa! Sen şol ähtleşen adamyňa ýene-de işiň düşse, onda ähdiňe wepaly bol, eger-de oňa işiň düşmejek bolsa we oňa mätäç bolmasaň, onda islän zadyňy et – diýýär.

Patyşa aglap, ähli baýlyklary garyp-misginlere paýlamaklygy buýurýar.

**Nazm**

Mätäç boljak bolsaň oňa ir-u-giç,
Ýüz öwürme onda wepadarlykdan.

Permany ýörgünleň mertebeleri,
Iz ähdine wepa berip durmakdan.

Wepadarlyk – şahynşalyk ýörelge,
Akyldarlyk – ähte wepa bermekden.

Lebze ygrarlylyk we wepalylyk soltanlar üçin has mynasyp we zerurdyr. Sebäbi soltanlaryň sözlerini hemmeler eşidýärler we olaryň gylyk-häsiýetleri ähli mejlislerde gürrüň edilýär. Ähli halk onuň ähdi-peýmanyndan habarly bolýar. Eger soltan öz beren ähdine wepaly bolmasa, onuň dostlary hem, duşmanlary hem ony hasaba almazlar.

[1] Bu jümle Gurhany Kerimiň 9-njy (Toba) süresiniň 60-njy aýatyndan alnan. Bu aýatda zekat alyp bilýän sekiz dürli adamlar sanalýar. Olaryň biri-de hökümet tarapyndan zekat ýygnamak üçin bellenilen adamlar.

Hüwşeňiň nesihatlarynda şeýle diýilýär: «Eý, perzent, ähdiňi bozmakdan we wadaňy ýerine ýetirmezlikden saklan, çünki, bu işiň erbet netijesi derrew seniň yzyňdan ýeter».

**Beýt**

Berk ýapyş äht guşagyna
wepalylyk eli bilen,
Ähdini bozanlardan
bolmazlygyňy gorap biler.

Patyşalaryň patyşalyk ähdiniň hötdesinden gelmegi lazymdyr.

Şeýle gürrüň beripdirler:

Afrasyýap zalymlaryň ahwallaryndan habardar bolmakda we ejizleriň hallaryndan habar almakda köp tagalla edip, bu ugurda köp azaplar çekýän eken. Onuň nedimlerinden bir topary bir gün oňa:

– Bu babatda köp azara galyp, şady-horramlykdan mahrum bolýarsyň – diýýärler.

Afrasyýap:

– Iz wadama garşy çykyp bilmerin – diýýär. Olar:

– Biz seniň bir zat wada bereniňi eşitmändik – diýýärler. Ol:

– Patyşalygyň özi wada bermekdir. Patyşa bu wada wepaly bolmaklyk hökmanydyr. Wepalylyk bolsa ejiziň hakyny zalymdan alyp bermekdir. Her kim şu ýola eýermese, wadasyna garşy çykdygydyr – diýipdir.

**Mysrag**

Durmazlyk gelişmez wadada
dindara hem ýagşyzada.

Bir patyşa akyldar adamdan:

– Adamy haýsy häsiýet sylag-hormata eýe edýär? – diýip soranda, ol:

– Wadaňa wepaly bolmak – diýip jogap beripdir.

Wepadarlygyň ýene bir artykmaç tarapy şudur, ýagny jahanyň bakylygy onuň bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Çünki älem-jahan söesi soltanlykdadyr, soltanlygyň diregi leşger bilendir. Älem şalary öz hazynalaryny nökerlerine we leşgerine olar uruş-söweş wagty wepalylyk görkezerler diýen umyt bilen sarp edýärler. Eger wepalylyk ýörelgesi taşlansa, onda goşundakylaryň hiç birine ynam edilmez we patyşalyk sütünlerine nogsanlyk ýeter. Mundan başga-da aluw-satuwlarda, iş salyşmalarda we söwdadadyr ekerançylykda äht-peýmanlar we wada bermeler köp ýüze çykýar, eger bu işlerde wepalylyk edilmese jahanyň düzgün-tertibi aradan ýiter. Diýmek, wepalylyk ýolundan ýüz öwürmeli däldir hem-de wepaly adamlaryň söhbetine howlukmalydyr.

**Mesnewi**

Saňa wepaly bolan adama söýüp bakyň,
Nyşany bolan kişä saňa atylan okuň.

Jandan jan berýäne alkyş edip müň kerem,

Janyň okdan gaýgyrma
beýle dost üçin senem.

Jahanda jan berýän
kän dil ähti dünýä sygmaz,
Ol wepaly bolmasa, bir şaýa – teňňä degmez.

Älem-jahan agtaryp, tapyp bolar dost-ýar,
Ýöne olaň içinde ähte wepaly barmy?

Diňlegin sen dogruçyl adamyň söhbetin,
Ol adam wepalydyr, sypdyrmagyn sen ony.

«Horasan welaýatynyň taryhynda» şeýle setirler bar:

Ýakup Leýs Nyşapura baryp ýeten wagtynda, Nyşapuryň häkimi Muhammet Tahyr Ýakuba garşy durýar. Ýakup şäheri gabawa alýar. Muhammet Tahyryň döwlet sütünleri gizlinlikde Ýakuba hatlar ýazyp, oňa bolan yhlaslaryny we tarapdarlyklaryny bildirýärler. Olaryň içinden diňe Ybraýym Hajyp Ýakuba hiç hat ýazmaýar we hiç kimi hem ibermeýär. Ýakup Nyşapury basyp alyp, ol ýeriň halkyny hem goşunyny öz ygtyýaryna geçirensoň, Ybraýym Hajyby ýanyna çagyryp, oňa:

– Seniň ýaranlaryň maňa hatlar iberdiler, emma sen olara eýermediň, sebäbi näme? – diýip soraýar.

Ol:

– Eý, patyşa! Men seniň bilen ähtleşer ýaly öňden tanyşlygym ýokdy we Muhammet Tahyra garşy bolar ýaly, ondan şikaýatym we ynjan ýerim ýokdy. Şu sebäpli men onuň beren duz-çörek we ýolbaşçylyk hakyny äht-peýmanymy bozmak bilen depelemek islemedim – diýip jogap berýär.

**Beýt**

Taşlamaryn hiç haçan mukaddes wepa ýoly,
Bölek-bölek bölseler-de
bolaryn men wepaly.

Ýakup:

– Sen sylag-hormat edilmegine mynasyp we möhümiň bitirilmegine laýyk adam ekeniň – diýýär.

**Mysrag**

«Wepalylara münde bir berekella!»

Şeýdip, Ýakup ony beýlekileriň içinden saýlap, özüniň ýörite adamlarynyň hataryna goşýar we dönüklikdir ikiýüzlülik bilen öz eýeleriniň duz hakyny depelänleri her hili gynamadyr azaplar bilen heläkçilige uçradýar.

**Beýt**

Hakyňy depeläne hiç wagt umyt baglama,

Hiç mahal tirkeşmegin wepasyz adam bilen.

Ähtde wepaly bolup, sen jahanda tug bolsaň,
Beýiklik tuguň bilen
arşdan aşanyň bilner.

## ÝIGRIMI BÄŞINJI BAP

## DOGRUÇYLLYK

Dogruçyllyk we dogry sözli bolmaklyk sag-amanlygyň we azapdan gutulmagyň esasydyr.

**Beýt**

Dogruçyllar halas hasap gününde,
Şolardan bolmaga çalyşgyn sen hem.
Ýalançy dünýäde dogruçyl bol-da,
O dünýäde derde tapyngyn melhem.

Akyldarlaryň aýtmaklaryna görä, gürrüň meýdany gepleýjiniň dogruçyllyk gülüniň gep-gürrüň çemeninde hoşboý ys bereri ýaly beýan ediş aýagyny ýalançylyk daşynda büdretmeginden has giňdir we arassadyr. Akylly adama ýalançylygyň tiken dessesini göterip ýörmek ýaraşmaz.

**Beýt**

Doga sanamaly arassa diliň,
Harlama ýalanyň haltasy bilen.

Bolsaň dogrulykda parha beletden,
Belentsiň ýaý ýaly çarhypelekden.

Beýik ulamalaryň biri şeýle diýipdir: «Ýalan sözlemekde azap howpy, dogruçyllykda sogap umydy bolmadyk ýagdaýynda hem akylly adam ýalançylykdan daşlaşyp, dogruçyllyga meýil etmelidir. Sebäbi ýalançylyk adamyň har we bigadyr edýändir».

**Beýt**

Ýalançy özüni nogsanda synar,
Dogruçyl gaýgydan-gussadan dynar.

Şeýle gürrüň berýärler:

Halypa Müsterşit öz ogluna ýazan wesýetnamasynda şeýle diýipdir: «Eger adamlaryň senden çekinmeklerini isleýän bolsaň, hiç wagt ýalan sözleme. Sebäbi ýalançy adam ýanynda müň gylyçly goragçy bar hem bolsa güýçsüzdir. Eger bir kişiniň döwlet kerweninde müň ýalaňaç gylyçly goragçysy bar bolsa, emma dil

«gylyjynda» dogruçyllyk göwheri bolmasa, adamlaryň ýanynda onuň hiç hili haýbatdyr azamaty bolmaz.

**Nazm**

Işiňde dogruçyl bolsaň elmydam,
Ýeňiş gazanarsyň, beýik bilerler.

Ýalançylar näçe horram bolsa-da
Ahyr dogruçylyň guly bolarlar.

Ýaý hernäçe gaty-berk bolsa-da,
Ok öňünde baş egmäge bil, geler.

Aýtmaklaryna görä, zalym Hajjaj birtopar adama jeza berip ýörkä, nobat olaryň birine ýetýär. Ol adam Hajjaja:

– Eý, emir! Meni öldürme, seniň boýnuňda meniň hak-hukugym bar – diýýär.

Hajjaj:

– O nähili hak-hukuk? – diýýär.

Ol:

– Seniň duşmanyň pylany saňa sögünip, sen barada erbet gepleri aýdýardy. Men ony bu işden gaýtardym we onuň saňa ýaramaz sözleri aýtmagyna ýol bermedim – diýýär.

Hajjaj:

– Seniň şaýadyň barmy? – diýýär.

Ol başga bir ýesiri görkezip, onuň şol ýerde bolandygyny aýdýar. Şaýat ýesir:

– Hawa, dogry aýdýar. Bu adamyň ol kişini seniň gybatyňy etmekligiň günäligi barada düşündirip, ony bu işi etmekden saklaýandygyny gördüm – diýýär.

Hajjaj şaýat bolan ýesire garap:

– Sen näme üçin onuň bilen şärik bolmadyň we meniň duşmanymy beýle işden saklamaklykda oňa ýardam etmediň? – diýýär.

Ol:

– Men seni ýigrenýärdim. Şonuň üçin seniň tarapyňy tutmaklygy zerur görmedim – diýýär.

Hajjaj olaryň birini ýagşylygy, beýlekisini bolsa dogruçyllygy üçin azat etmeklerini buýurýar. Şondan soň araplaryň arasynda: «Eger aldaw adamy halas edýän bolsa, onda dogruçyllyk has gowy halas edijidir» diýen nakyl emele gelipdir.

**Nazm**

Dogruçyllyk nirede tuguny dikse,
Hak özüniň ýardamyny berýändir.
Hiç kim gizlemändir dogruçyllygy,
Hak sözden hiç kim zyýan görmändir.

Azapdan gutulmak üçin çyn sözle,
Çyn söze Hudaýdan üstünlik geler.
Dogryňy sözleseň her bir söhbetde,
Hudaý ol sözüňe penakär bolar.

Ýalançylygyň abraýy peseldişi ýaly, degişmeler, boş gürrüňler we bihuda sözler adamyň ygtybaryny peseldýär. Ylaýtada, ygtyýarly kişilerdir döwlet eýeleriniň degişmekleri bilen onuň nökerleridir emeldarlary arkaýynlaşýarlar we olarda döwlet eýesine bolan gorkudyr çekinme ýitýär. Mundan başga-da, patyşalaryň olar bilen degişmekleri sebäpli, olar öýkeläp, wagtyň geçmegi bilen ar almagyň pikirine düşmekleri, şeýdip köp pitneleriň gopmaklygy mümkindir.

**Nazm**

Şa bilen degişme ýalan sözleme,
Aýagyňa zynhar uraýma palta.
Şalar üçin biabraý degişmek,
Balyk bolsaň seni çöllüge elter.

Güýç-gudrat eýeleriniň gybat etmekleri gelşiksizdir. Sebäbi olar islän adamlaryna hernäme diýesleri gelse, aýdyp bilýärler. Şeýlelikde, patyşalar özlerini gybat edýänleriň hataryna goşmaly däldir we öz egindeşleridir emeldarlaryny hem bu işden saklamalydyrlar. Sebäbi gybatyň şumlugy köp we onuň dünýäde hem ahyretde zyýany sansyzdyr.

**Nazm**

Hiç wagt gybat etme başardygyňdan,
Şeýle etseň abraýyň peseler.
Şärik bolmaz ýaly gulak asmagyn,
Eger gybatçylar gybat etseler.

## ÝIGRIMI ALTYNJY BAP

## HAJATLARY BITIRMEK

Her kim öz hajatlarynyň Alla tarapyndan bitirilmegini isleýän bolsa, onda onuň özi hem başardygyndan halkyň hajatyny bitirmelidir. Pygamberimiziň bir hadysynda şeýle diýilýär: «Haktagala halka kömek edip ýören bendesine ýardam edýär».

### Beýt

Allanyň eçilmegini isleseň eger,
Mätäçlere sahy bolup kerem ber.

Hadyslarda getirilişine görä, her kime Alla tarapyn nygmatlar ýetip, Päk Allanyň bereket gapylary onuň üstüne açylsa, oňa mätäçleriň hajatlaryny bitirmek we garyplaryň hak-hukuklaryny doly eda etmek[1] wajypdyr. Sebäbi Allanyň bolçulyk nygmatyna eýe bolanlaryň mätäçleriň hajat-dileglerini özlerine ýeten nygmatlaryň mukdaryna laýyklykda bitirmekleri zerurdyr. Ygtyýar we güýç-kuwwat eýeleriniň nygmatdyr bereketleri artdygyça, garyplary maksat-myratlaryna ýetirmek we ejizleriň hajatyny bitirmek işlerini has artdyrmalydyr. Diýmek, soltanlyk döwleti bagyş edilen we jahandarlyk hem-de hökmürowanlyk meýdanynda haýbatdyr beýiklik baýdagy dikilen her bir bagt eýesi halkyň mätäçliklerini gerdeninde çekip, güýç-gudrata eýe wagty mätäçleriň hajatlaryny bitirmegi özlerine ganymat bilmelidir. Olaryň kömege mätäç hiç bir kişiniň maksat ýüzüni we myrat keşbini haýal-ýagallyk we näumytlyk perdesi bilen örtmekleri rowa däldir. Her kim özüniň ykbal gülüni döwlet bagynda açylan halda, maksat-myrat gülüni ýurt çemeniniň haýbat şahasynda görse, ol adam biçäre adamlaryň isleglerini bitirmekligi özüne uly ganymat bilip, mahrumlardyr mätäçleriň hajatlaryny rowa etmegi özüne belent dereje bilmelidir.

### Kytga

Halky umyda elt keremiň bilen,
Sen hem umytdasyň, mälim her daýym.
Ýetirseň mätäji maksat-myrada,
Maksada ýetirer seni Hudaýym.

Hadyslarda: «Möminleriň ýüregini şatlandyrmak ähli yns-u jynsyň ýagşy amallaryndan hem sogaplyrakdyr» diýip bellenilýär. Diýmek, soltanlygyň şerti soltanyň beýle köp hem uly sogaby elden bermez ýaly, elmydama mätäçleriň hajatlaryny bitirip, olaryň kalplarynyň hajatlaryny rowa etmek bilen şatlandyrmakdyr.

[1] Eda etmek – berjaý etmek, ýerine ýetirmek.

Isgender Zülkarneýn bir gün tä agşama çenli hökümet mejlisinde oturýar. Emma hiç kim dileg-haýyş bilen onuň ýanyna gelmeýär. Ol turjak wagty öz nedimlerine:

– Men bu güni ömrümiň hasabyna goşmaýaryn – diýýär.

Nedimler:

– Gündiz saglykda we gulak dynçlykda geçdi. Salamatlyk bilen gijä ýetdik. Işler islegimize görä bolup, parahatlyk höküm sürýär. Hazyna abat, leşger üpjün. Eger patyşamyz bu güni öz ömründen hasap etmese, onda haýsy güni öz ömründen hasap ederkä? – diýýärler.

Isgender:

– Patyşadan bir mazluma rahatlyk ýetmedik we bir mätäjiň hajaty bitirilmedik güni nädip ömürden hasaplap bolar – diýýär.

**Beýt**

Bende bähbidine iş etmän eger,
Imür sürmek ýagşylykdan däl meger.

Haý-höwes, nebisde geçen ömürden,
Saňa bähbit-peýda bolarka nirden?!

Şeýle hekaýat edipdirler:

Çyn patyşasy Isgenderden:

– Soltanlyk lezzetini näme zatlarda gördüň? – diýip soranda, Isgender:

– Üç pursatda, birinjisi duşmanlary ýeňip, olary derbi-dagyn eden wagtym. Ikinjisi, dost-ýarlarymy we tarapdarlarymy buýsandyran wagtym. Üçünjisi, mätäçleriň hajatyny bitirip, olary ezizlän wagtym. Mundan başga bar bolan ähli lezzetleriň ygtybary ýokdur – diýip, jogap beripdir.

**Nazm**

Şalyga hem hökmirowanlyga ýagty,
Ülkäni duşmanlardan saplamak bagty.

Ikinjisi begendirmek dost-ýarlary,
Raýatlaryňa goldaw bolary ýaly.

Üçünjisi mätäç işini bitirmek,
Boş gaýtarman, begençli hala ýetirmek.

Bu ýalançy dünýäden, pany dünýäden,
Geçipdir örän köp güýçli şalar dünýä deň.

Halkyň rahatlygynda bolup gidenler,
Mundan döwlet güýüni alyp gidenler.

## ÝIGRIMI ÝeDINJI BAP

## ALŇASAMAZLYK WE OÝLANMAKLYK

«Alňasamazlyk Rahmandandyr, gyssanmaklyk şeýtandandyr»[1] diýen hadysa görä, gyssanmazlyk we işlere oýlanyşykly çemeleşmek Rehimdar Allanyň sypatlaryndandyr, howlukmaklyk hem-de oýlanmazlyk şeýtanyň häsiýetlerindendir. Oýlanyşykly hem-de alňasamazlyk ähli işleri bezeýär. Emma howlukmaklyk bilen köp işler şowsuz we zyýanly gutarýar. Oýlanyşykly we howlukmazlyk bilen düýbi tutulan iş köplenç islegiňe görä gutarýar. Emma gyzmalyk we oýlanylman başlanan iş köplenç diňe bir arzuwyňa görä bolman, eýsem kyýamatda azaba duçar bolmaga we bu dünýäde biabraý bolmaklyga sebäp bolýar.

### Nazm

Bu dünýäde iş bitirgin gyssanman,
Iş etseň gyssanmak däldir peýdaňa.

Gyssanmaç ýanmasa eger-de şem hem,
Ne özi ýanardy, ne-de perwana.

Bendelere çykalgadyr kanagat,
Duşmarsyň sabyrdan zyýan görýäne.

Şeýle getiripdirler: Perwiz öz ogluna şeýle nesihat beripdir: «Seniň halka häkim bolşuň ýaly, akyl hem saňa häkimdir. Sen raýatyňy özüňe tabynlyga çagyryşyň ýaly, sen hem akylyň permanlaryndan çykma. Ähli işlerde, hususan-da, adamlaryň janlaryna zeper we mal-mülklerine ýitgi ýetäýjek işlerde gowy oýlan we häkim bolan akylyň bilen maslahatlaşgyn».

### Nazm

Her halda oýlanyp girişgin işe,
Aljyraňlyk ýoluň kynlygna bakman.
Her kimse işini oýlanyp etse,
Ýürek arzuwyna ýeter ol hökman.

Hüwşeňiň wesýetlerinde şeýle getirilipdir:

---

[1] Ýwmek şeýtandan, sabyr Rahmandan.

Syýasy işleri ýöretmekde «Adalatlylykda howlukmaçlyk bolmaz» diýen ýörelgä eýerip, hiç bir işde howlukmaly däldir. Gahar-gazabyň hüjüm eden mahaly ygtyýar jylawuny nebsiň eline bermeli däldir. Oýlanyp, işiň soňy barada pikirlenmelidir, ýogsa birden eden işiňize ökünmeli bolsaňyz, ol wagt puşman peýda bermez.

### Nazm

Hiç mahal howlukma syýasy işde,
Saklamagyn oýlanmagyň badyny.
Bir demde döküp bor ýüz adam ganyn,
Direldip bolmaýar ölen adamy.

Geleňsizlik edil ok ýalydyr, ýaýdan sypansoň, yzyna alyp bolmaýar, emma alňasamazlyk eliňdäki gylyç ýalydyr, islän wagtyň işe girişer, ýogsa hiç hili zyýan ýetirmez. Hiç haçan hökümdarlar gahar-gazaba münen wagty gyssanmaçlyga erkini bermeli däldir. Diýmek, gahar-gazaba münen wagty onda höküm etmek jylawuny çekip, ol işiň soňuny pikir aýnasynda synlap görmek zerurdyr.

Şeýle hekaýat edipdirler: Döwrüniň beýik soltanlaryndan we hökmürowan patyşalardan bolan Erdeşir Bäbek üç sany tagta üç sany jümle ýazdyryp, ony özüniň ýakyn gulamlaryndan birine beripdir hem-de oňa:

– Höküm çykaryş mejlisinde meniň maňlaýymda keşbimiň üýtgeýşini, ýüzümde-gözümde gahar-gazap alamatlaryny görseň, höküm çykarmazymdan öň maňa bir tagtany görkez. Eger gazap ataşy ýatyşmasa, derrew ikinjini birinjä medet hökmünde iber. Eger gerek bolsa üçünji tagtany hem görkez – diýipdir.

Birinji tagtanyň mazmuny şeýledi: «Oýlan, isleg jylawuny erkiňi syndyryjy nebsiň eline berme. Sen bir ejiz bendesiň. Seni ýokdan bar eden gudratly Hudaý bardyr». Ikinji tagtadaky ýazgynyň manysy şeýledi: «Gyssanma, Allatagalanyň amanatlary bolan ygtyýaryňdaky raýatlar bilen howlugyp iş salyşma. Izüňden ejizlere rehim et. Şonda senden rüstem bolan Alla saňa rehim eder». Üçünji tagtada: «Sen bu berjek bolýan hökümiňde şerigatyň çäklerinden çykma we ynsap ýolundan sowulma» diýip ýazylgydy.

### Mesnewi

Gyzmalyk etmegin çeniňden çykyp,
Bilmersiň ygtyýar jylawun çekip.

Izüňe höküm et bilip çakyňy,
Gabat gelsin oňa Hakyň hökümi.

Taryhy çeşmelerde şeýle hekaýat getirilipdir:

Ahmet Samany wepat bolanda, onuň ogly Nasr sekiz ýaşynda eken. Samanly döwletiniň sütünleri ony tagta geçiripdirler. Hem-de özleri adyllyk bilen höküm sürüp ugrapdyrlar. Ol oglan ulalyp, kämil çykansoň permandyr buýruk berip başlaýar we kakasynyň ýurduny öz ygtyýaryna geçirýär. Onuň ajaýyp häsiýetleri köpdi. Emma ýaşynyň kemliginden, tejribesiniň azlygyndan we soltanlyk erkiniň

ýoklugyndan derrew gaharlanyp, oýlanmazdan hököm çykarar eken we azajyk günä üçin köp jeza berer eken.

Nasr bir gün öz wezirine:

– Mende, heý, aýb-u kemçilik görýärsiňmi? Eger kemçiligim bar bolsa, ony düzetmäge girişjek – diýýär.

Wezir:

– Hudaýa şükür! Alyjenabyň tutuş durky ululyk sypatlary bilen bezelen. Eý, şazada, siziň keremiňiz bilen uly-kiçi üçin giňden saçak ýazylyp, sahawatyňyz bilen sylag-serpaýlar ýapyldy, süýji tagamlar we datly nazy-nygmatlar eçildi. Emma saçagyň başynda duz kemlik edýär. Duzsuz bolsa hiç bir naharyň tagamy ýok – diýýär. Nasr:

– Bu desterhanyň duzy näme? – diýip soraýar.

Wezir:

– Hökümdarlyk desterhanynyň duzy oýlanyşykly hereket etmek we sabyrly bolmakdyr. Bu desterhany talaýan zat bolsa gaharjaňlyk we ýeňilkellelikdir – diýýär.

Emir Nasr:

– Bildim, meniň özüm hem şeýle aýybymyň bardygyny bilýärdim. Emma bu häsiýet maňa siňipdir we meniň tebigatym oňa öwrenişipdir. Muňa nähili çäre tapmaly? – diýýär.

Wezir:

– Sen hököm çykarýan wagtyň oýlanyp, özüňe erk etmeli we howlukmaly däl. Seniň gaharlanan wagtyň günäkärler üçin ýalkaw dilärleri ýaly huzuryňda gözel ahlakly akyldarlar bolmaly – diýýär.

Emir nedimlik wezipesine mynasyp şahsyýetleri çagyryp, olary öz huzuryna almak bilen ezizläpdirler. Ol: «Men her kime ölüm buýran bolsam, ony üç günläp saklaň we üç gezek ony maňa görkeziň. Her kime jeza buýran bolsam, oňa ýüz gamçydan az uruň»[1] diýip perman berýär. Soňra ýene-de nedimlere garap:

– Siz günäsi geçilmäge mynasyp günäkärler üçin adalatly şepagatçy boluň – diýýär.

Patyşalyk işi şeýle görnüşde dowam etdirilensoň, az wagtda onuň adalatlylyk at-owazy we hökmirowanlyk şan-şöhraty älem-jahana ýetipdir.

### Mesnewi

Şasyň sen laçyn hüjümine etmegin höwes,
Ýolbars ýaly bol-da, ýuwaşja towus.

Pikir atdyr jylawy çekip gezgin elmydam,
Bu ýoluň tokaýynda
howp-hatar köp-bol mydam.

Gamlanyp duran işiň il bilmänkä düzlegin,
Ýuwaşlyk bilen edip, gijä goýman çözlegin.

[1] Bu ýerde «Men nähili jeza buýran bolsam, şonuň iň az mukdaryny ýerine ýetiriň» diýdigidir.

# ÝIGRIMI SEKIZINJI BAP

## MASLAHATLAŞMAK WE UGURTAPYJYLYK

Haktagala özüniň söýgüli Pygamberi Muhammet alaýhyssalama ýüzlenip: «Her bir işde sahabalaryň bilen maslahatlaş»[1] diýýär. Alymlaryň aýtmaklaryna görä, Allatagala Muhammet pygamberimiziň özge adamlardan akylly we Allanyň inderen hökümlerini hemmelerden gowy bilýänligine garamazdan, ondan soňkulara-da ýörelge-däp bolar ýaly oňa maslahatlaşmagy buýurýar. Çünki maslahatlaşmakda köp peýda bardyr. Mysal üçin maslahatlaşyp, amala aşyrylan iş dogruçyllyga has ýakyndyr. Bir adam hiç kime sala salman bir iş etse we ol iş şowuna bolmasa, oňa käýinç dilini uzadarlar. Emma eger maslahatlaşyp, eden işinden peýdadyr netije tapmasa, onda ony bigünä saýarlar. Mundan başga-da bir adamyň akyly işiň ähli tarapyny seljerip bilmeýär. Emma topar bolup pikir alşylsa, her kimiň kellesine bir pikir geler we dogry ugry saýlap bolar. Hökümdarlar «Maslahatsyz dürs ýol bolmaz» diýen jümlä eýerip, her bir işi akylly-parasatlylar bilen maslahatlaşman başlamaly däldirler. Olar maslahatlaşmagy kynçylyklary çözmekde adyl we dürs seljeriji häkim hökmünde saýmalydyrlar we birnäçe akylyň gelen netijesiniň bir akylyň oňlan zadyndan has dogrudygyny we peýdalydygyny bilmelidirler.

### Kytga

Maslahat gapysyn näme üçin ýapdyň,
Ýa paýhas ýolundan düşdüňmi yrak?
Akyldarlar aýdyp geçipdir ahyr,
«Iki pikir bir pikirden ýagşyrak».

Ýüze çykýan wakalarda we hadysalarda maslahatlaşmakdan başga çäre ýokdugy üçin maslahaty hikmetdir tejribe eýeleri, öňdengörüji adamlar we işiň netijesi barada oýlanýan ýaşulular bilen etmelidirler. Sebäbi beýle adamlaryň pikirleridir çözgütleri dogry we dürsdür. Dürs çözgütleri berýänleri agtarmak hem hökmanydyr.

Bähram Gur ogluna nesihat berip, şeýle diýipdir: «Sen patyşalyk işlerinde akyldarlar bilen maslahatlaş. Çünki dogry çäre aw ýaly bolup, ony bir adam tutup bilmez. Emma birnäçe bolansoň, ol eliňden sypyp bilmez. Her bir kyn we çylşyrymly işi çäre we akyl-parasat bilen çözüp bolýandyr. Başga zada meýil etme, çünki çäre bilen miýesser bolýan zat gylyçdyr peýkam bilen miýesser bolýan däldir».

[1] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 159-njy aýaty.

### Beýt

Akylly iş etse, deň-taýy bolmaz,
Hatda ýüz leşger hem başaryp bilmez.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Rum soltany bilen Müsür patyşasynyň arasynda gapma-garşylyklar döräpdir. Olar leşger çekip, biri-birleri bilen söweşmekçi bolýarlar. Rum leşgeriniň içinde ähli bolýan zatlary Müsür patyşasyna ýetirip duran bir kişi bar eken. Ol adamyň ähli beren habarlarynyň dogrudygy mälim bolansoň, Müsür patyşasy oňa ynanýan eken. Bu ýagdaýy Rum kaýsaryna ýetirýärler. Kaýsar bu işe asla üns bermeýär we ol adama hiç zat diýmeýär. Söweşe girişmeli wagt gelip ýetende, kaýsar ony çagyryp, bir iş bilen ony öz ýanynda saklaýar. Soňra öz serkerdelerini we goşunbaşlaryny çagyryp: «Müsür patyşasynyň emirleri we onuň köşgüniň ýakyn emeldarlary maňa hat ýazyp, ant içip, uruş başlanan badyna patyşalarynyň el-aýagyny daňyp, meniň ýanyma getirjekdiklerini aýtdylar. Siz arkaýynlyk bilen güýjüňizi toplap söweşe girişiň» diýýär. Ol habarçy bu sözleri eşidip, haýran galýar hem-de ol ýerden çykan badyna, derrew bu gürrüňleri hata ýazyp, Müsür patyşasyna iberýär. Müsür patyşasy bu zatlary eşidip gorkýar we uruşdan saklanýar. Ol uruşmazdan gaçyp başlaýar. Kaýsar onuň yzyndan leşger iberýär we onuň baýlyklaryny ele salýar. Ol şu ugurtapyjylygy bilen bir goşuny dargadýar.

### Kytga

Ugur tapman iş eden şalygy elden berer,
Ugur tapyjy bolgun eger şalyk isleseň.
Ýurt basyp almak üçin
leşgerdir goşun gerek,
Ugur tapmakdan gowy däldir bulaň ählisem.

Patyşalaryň biri bir akyldardan:

– Işiň soňuny saýmaklyk gowumy ýa-da batyrgaýlyk – diýip soranda, akyldar şeýle jogap beripdir: «Batyrgaýlyk gylyç ýalydyr, soňuny saýmaklyk bolsa, oňa hüküm edýän güýçli gol ýalydyr. El gylyçsyz hem bolsa, iş bitirip biler, emma el bolmasa gylyçdan peýda ýokdur». Beýik akyldarlar bu barada: «Çäre agtarmaklyk batyrlaryň batyrgaýlyklaryndan ýokardadyr» diýipdirler. Bir eziz kişiden: «Iň gowy pikir we iň dürs çäre haýsy?» diýip soranlarynda, ol: «Pitnäni ýatyrýany» diýip, jogap beripdir. Patyşalar pitneleri ýatyrmakda elde baryny etmek lazymdyr. Haýatyla[1] patyşasynyň başyna düşen waka muňa ýerlikli mysaldyr.

Horasandan bir güýçli duşman Haýatyla patyşasynyň üstüne ýöriş edýär. Haýatyla patyşasy hem leşger toplap, ony dep etmäge çykýar. Haýatyla patyşasynyň döwlet sütünleri bu ýagdaýyň soňy barada oýlanyp, geljekki işleri göz öňüne tutup, duşmana hat ýazýarlar we oňa bolan içginliklerini we yhlaslaryny bildirýärler. Duşmana olaryň bu hereketleri ýaraýar. Ol hatlary bir sandyga salyp, möhür basýar we ony hazynada goýýar. Takdyryň ýazgydy bilen söweşde

---

[1] Eftallylar (abdallylar).

Haýatyla patyşasy üstün çykýar we duşman goşuny gaçyp ugraýar. Olaryň hazynadyr ýarag-esbaplary patyşanyň eline düşýär. Haýatyla patyşasynyň döwlet sütünleriniň duşmana ýazan hatlaryny öz içinde jemlän şol sandyk hem ele salynýar. Patyşa ol sandykda nämeleriň bardygyny bilip, olary açmaýar we şol möhürlenen halda goýup, öz-özüne: «Eger men bu hatlary okasam, hökman döwlet sütünlerini ýigrenerin. Olar hem bu haly bilseler, menden gorkarlar we özlerine ýüz beräýjek zyýany dep etmegiň ugruna çykarlar. Şeýdip, pitne ody tutaşar we ony öçürmek ýeňil düşmez» diýip, derhal öz köşgüniň ýakyn emeldarlaryny we nedimlerini çagyrýar. Ol sandygy olara görkezip: «Biziň leşgerimiziň serkerdeleridir ululary wakanyň soňy barada oýlanyp ýazan hatlaryny duşman şu sandykda ýygnap, möhürläpdir. Men bu hatlary açyp, kimiň näme ýazandygyny bilen bolsam, Hudaý üçin pyýada haja gitjekdigime ant içýän» diýip, ot ýakmaklaryny we ol sandygy otlamaklaryny buýurýar. Döwlet sütünleri onuň bu ýagşylygyny we mähremligini görüp, öňki wezipelerinde berk ornaşyp, oňa tabyn bolmakda agzybirlik bilen jan çekipdirler. Ol özüniň bu ýerlikli çäresi bilen hemmeleri özüne tabyn we minnetdar edipdir.

## Mesnewi

Köp iş bitirip bolýar ugurtapyjy bolsaň,
Ony başaryp bolmaz
gylyç-naýzaly, bilseň.

Bil baglama goşuna, hazyna hem mülke sen,
Akyldardan akyl al, ugrun sora ilki sen.

Şeýle diýipdirler: Ynamdar we emin bolan her bir uly-kiçi döwlet sütünleri bilen maslahatlaşmaly. Sebäbi kiçiler hem ulularyň akylyna gelmejek pikirleri aýdyp bilerler. Hiç kim maslahatlaşmakda zyýan gören däldir.

## Hekaýat

Merw ulamalaryndan biriniň örän owadan bir gyzy bar eken. Şäheriň ähli tanymallary ony dileýän ekenler. Ol alym gyzyny olaryň haýsy birine berjegini bilmän, azara galypdyr. Onuň bir jöhit goňşusy bar eken. Alym ony çagyryp:

– Meniň bir gyzym bar. Köp adamlar ony dileýärler. Men gyzymy olaryň haýsysyna berjegimi bilemok. Sen bu barada näme diýersiň? – diýýär.

Jöhit oňa:

– Men yslam dininden daş adam. Siz bu meseläni menden soraýaňyz welin, men saňa maslahat bermäge mynasypmy? – diýýär.

Alym ondan:

– Sen yslam dininden daş bolsaň-da, ynamdar adam. Ulular ynamdar adamlar bilen maslahatlaşmagy ýokary saýypdyrlar. Hadysda-da «Maslahatlaşylýan adam ynamdardyr» diýilýär. Sen näme diýseň, men şoňa eýererin – diýýär.

Jöhit:

– Durmuş gurmakda we nikalaşmakda deňlik hökmanydyr. Deňlik musulmanlarda dinde, biziň dinimizde aslynda we gelip çykyşynda, häzirki döwrüň adamlarynyň pikiriçe bolsa baýlykda we derejesinde bolmaly. Indi oýlan,

eger öz diniňe eýerseň, dindary saýla, eger biziň ata-babalarymyzyň ýörelgesine eýerseň, asyllyny agtar, eger döwrüň adatyna eýerseň, baý hem uly wezipelini gözle – diýýär.

Alyma bu sözler diýseň ýaraýar. Alym: «Din bularyň ählisinden ýokarydyr» diýýär. Alymyň gaty dindar we ylymly Mübärek atly bir gulamy bar eken. Alym: «Men hiç kimi ondan dindarrak bilmeýärin» diýip, gyzyny oňa berýär. Biraz wagt geçensoň, Allatagala olara yslam ähliniň ymamy, zamananyň zahydy deňsiz-taýsyz aryp Abdylla Mübärek atly perzendi bagyş edýär.

**Beýt**

Maslahatdan ýüz öwürme, akyldarlar uýýarlar,
Ony döwlet eýeleriniň ýörelgesi diýýärler.

Diýmek, soltanlara ýüze çykan her bir düwüni çäre barmagy bilen çözmek we döwür hadysalaryndan emele gelen her bir kemçilikleriň öwezini maslahatlaşmagyň kömegi we dürs çäräniň ýardamy bilen doldurmak lazymdyr.

**Nazm**

Ugrun tapyp bir leşgeri
agdaryp bolar atdan,
Gylyç bilen ýüzüsin bilersiňem öldürip.

Aldanmagyn akylyňa hem
ylmyňa bil baglap,
Ugur tapyjy bolgun, ýörelgesin galdyryp.

Ägä akyldarlardan medet isle hemişe,
Maksada ýol tapylar nirdeligi bildirip.

Bu mowzukda şeýle beýtleri hem aýdypdyrlar:

Maslahatsyz iş etmegin hiç haçan,
Maslahatly işde peýda köp, aýan.
Eger bimaslahat başlasaň işe,
Ir-u-giç sen ondan görersiň zyýan.

## ÝIGRIMI DOKUZYNJY BAP

## IŇDENGIRÜJILIK

Iňdengörüjilik – nämälim hem-de hyýaldaky amallaryň soňy barada oýlanmakdyr we mümkingadar kemçiliklerden we säwliklerden daşda bolmakdyr. Bu häsiýet hökümdarlar we patyşalar üçin iň gowy häsiýetdir. Afrasyýap şeýle diýipdir: «Her kim öňdengörüjilik sowudyny geýse, duşmanyň mekirlik okundan aman galar».

Iňdengörüjilik hakyky oýlanyşmak we öňünden saýgarmakdyr. Akylly adam erbetligiň we bozuklygyň alamatyny aňan badyna, derrew onuň çäresini tapmaga meşgul bolar. Emma nadan adam, tä betbagtçylyk çukuryna gaçýança ony aňmaz. Mysal üçin, eger bir akylly, parasatly kişi bir adamyň daş bilen demri biri-birine urýandygyny görse, ot ýanjakdygyny aňyp, onuň çäresini tapmagyň ugruna çykar. Emma nadan kişi, tä, oduň içine düşýänçä onuň ýanýandygyna göz ýetirmez.

### Mysrag

Aladaňy et özüň waka ýüze çykmanka.

Bir akyldardan: «Iňdengörüjilik näme?» diýip soranlarynda, ol: «Iňdengörüjilik her bir zada şübhelilik gözi bilen garamakdyr» diýen hadysa görä, aslynda öňdengörüjilik her bir zada seresaply çemeleşmekdir, soňuny saýmakdyr» diýip jogap beripdir.

Bir akyldar bolsa şeýle diýipdir:

Betnebis bolmagyn, ätiýaçly bolgun,
Pitnedir hileden sen aman bolgun.

Möwlananyň mesnewilerinde şeýle diýilýär:

Iňdengörüjilik – soňun saýmakdyr,
Şeýdip, betbagtlykdan sen amanlykda.

Bu häsiýete eýe bolan adam hadysalardan aman galmak üçin betbagtçylyklaryň hüjüm etmezinden öň dürs garaýyş bilen mäkäm bent baglar, apatyň geljek ýollaryny wakalar ýüze çykmazdan öň anyk pikirler bilen baglar. Ol döwür oglanlarynyň dostluklaryna bil baglamaz, zamananyň adamlarynyň ylalaşygyna, ýoldaşlygyna doly ynam bildirmez we içki syryny hiç kime aýtmaz. Ine, şeýle ýagdaýda ömür sürse, betpälleriň we göripleriň şerinden aman galar.

**Beýt**

Iz din-u dünýäsine salamatlyk isleýän,
Menziline ýetýändir ony öňden aň ede.
Iňdengörüjilikli pikir aýnasyn süpür,
Görende maksat-myradyň saňa şonda aýnada.

Ybraýym ymam Abu Müslimi birinji gezek Horasana iberende onuň iň soňky nesihaty şudy: «Eger öz çagyrýan ýoluň rowaçlanyp, işiň göwnüňdäki ýaly bolmagyny isleseň, kim barada kalbyňda şek-şübhe ornasa, ony aradan aýyrmaga çalyş. Sebäbi soltanlaryň öňdengörüjilikli häsiýetleriniň biri – olaryň betgüman bolan adamlaryny aradan aýyrmaklarydyr. Bu barada şeýle diýipdirler:

Eger suw içmese birinden göwün,
Arkaýyn aradan aýyrgyn şo gün.

«Salamynyň taryhynda» şeýle hekaýat getirilipdir:

Esfar ibn Şiruýe Reýi basyp almak niýeti bilen Semnanda düşleýär. Oňa Abu Japar Semnany öldürmekligi ündeýärler. Abu Japar bu ýagdaýy eşidip, gorkýar we özüniň mäkäm galasynda penalanýar. Esfar Reý welaýatyny basyp alansoň, Deýlemini sansyz goşun bilen ol galany basyp almak üçin iberýär. Deýlemi goşuny bilen ol galany almak üçin hernäçe dalaş etse-de, peýda bermeýär. Ahyry Deýlemi Abu Japar bilen ylalaşmak üçin bir adamy araçy tutunýar. Ylalaşyk berk bolar ýaly, Abu Japar Deýlemini gala myhmançylyga çagyrmagy maslahat bilýär. Abu Japar taýýarlyk görüp, Deýlemini çagyrýar. Deýlemi goşunynyň serkerdeleri we leşgeriniň edermenleri bilen gala girenlerinde, ählisi bileleşip Abu Japary öldürmekligi karar edýärler. Deýlemi galanyň derwezesine ýetende, Abu Japar «Deýleminiň ýeke özi gala girsin» diýýär.

Deýleminiň ýeke özi gala girýär we onuň adamlary galanyň daşynda galýarlar. Abu Japaryň aýagynda bogun çişme keseli bar eken. Onuň hereket etmäge mejaly bolmansoň, penjiresinden daşary görnüp duran bir otagda oturan eken. Ol Deýlemini şol ýere çagyrýar. Olar ilki dürli zatlar barada gürrüň edýärler. Deýlemi Abu Japara: «Ikiçäk oturaly, men saňa ýurduň syrlaryndan käbir zatlary aýdaýyn» diýýär. Abu Japaryň buýrugy bilen olara hyzmat edýän kiçi ýaşly bir gulamdan başga ähli hyzmatkärlerdir nökerler daşary çykýarlar. Olar çykansoň, Deýlemi otagyň gapysyny gulplap, hanjaryny çykarýar we Abu Japary öldürýär. Gulam gorkudan ýaňa bitap bolup, dem alyp bilmändir. Deýlemi ädiginde gizlän inçe ýüpüni çykaryp, otagyň bir mäkäm ýerine baglaýar we penjireden çykyp, leşgergähine ýetýär. Eger Abu Japar öňdengörüjilik edip, duşman bilen ikiçäk galmadyk bolsady, duşmana mümkinçilik berip, özüni heläkçilik meýdanyna salmazdy.

Kitaplarda we taryhda öňdengörüjilik häsiýetini unudyp, öz başlaryny berbat eden we pitne gapylaryny özüne garşy açan şahsyýetler barada hekaýatlar köp. Akylly-düşünjeli adam oýlanyp görse, öňdengörüjilik we ätiýaçlyk galasyndan berk galanyň ýokdugyna, gapyllyk we ýeňilkellelik gorpundan gorkuly zadyň ýokdugyna göz ýetirer.

## Kytga

Howp-hatarly ýoludyr, ägä bolgun bu ýerden,
Seresaply gadam goý,
doly mekanydyr şerden.

Ýagyş ýagyp başlasa, asmanda ýüzüp bulut,
Pikir etgin:
«Iýümi alar – diýip – sil bolup».

Bolgun öňdengörüji, gapyl bolma her zaman,
Iňdengörüji bolmak – galmak beladan aman.

Iňdengörüji hem-de çuňňur pikirli adam,
Habarlydyr özünden, seresapdyr ol mydam.

Ine, şeýle ynsanyň döwletiniň nahaly
Myrat miwesin berer oňa islän mahaly.

## OTUZYNJY BAP

## BATYRLYK

Batyrlyk ýagşy häsiýetleriň iň esasylarynyň biridir. Ol gorky bilen gyzmaçlygyň arasyndaky orta güýçdür. «Allatagala batyr-edermen adamy gowy görýär» diýen jümlä görä, Haktagala batyr adamlary gowy görýär. Hadyslaryň birinde şeýle diýilýär: «Batyr adamlaryň haýyr-dogalaryny araçy tutunyň. Sebäbi olar öz Perwerdigärleri barada gowy pikir edýärler. Gorkak adamlar söweş meýdanyndan gaçmak bilen bolýarlar. Emma batyr adamlar söweş wagty ähli minnetleriň eýesi bolan Alla daýanýarlar». Pygamberimiz hezreti Muhammet özüniň nepis hem mübärek durkunyň batyrgaýlygyna yşarat edip: «Meniň rysgalym naýzamyň saýasynyň astynda» diýýär. Onuň bu sözünde söweş wagty uruş esbaplaryny ulanmaklyk we söweşmeklik ündelýär:

Dünýä alyp bolar batyrlyk bilen,
Gorkak kişiň näme geler elinden?!

Her kimse işinde batyrlyk etse,
Mertebesin has galdyrar belende.

Yslam leşgerinde garadangaýtmaz batyrlyk hem aşa ýüreklilik bilen tanalan Halyt Welit bu älemden göç etmeli wagty gözlerinden hasrat ýaşyny akdyryp: «Wah, ençeme söweş meýdanlarynda edermenlik görkezdim, birnäçe urgularyň, ýaralaryň agyrysyna çydadym, emma garry aýallar ýaly düşegimiň üstünde ölýärin. Ajaldan gutulma ýok, ýogsa men janymy ýagşy at üçin berip, şehitlik derejesine ýetmäge çalşardym» diýipdir.

Şu jümleler hem onuň aýdanlaryndandyr: «Gorkak adamyň janyny gutarmaklyk üçin gaçmagy nädogry hyýaldyr, batyl pikirdir. Adamyň agzybirlik kuwwaty we batyrlyk haýbaty duşmanlaryň tamakinçilik dişlerini goparýar. Edermen-batyr kişi duşmanlarda gowşaklygyň, gorkynyň, ejizligiň we howp-hataryň emele gelmegine sebäp bolýar. Şoňa görä-de, gorkak adamlar köplenç gylyjyň ýalawyndan ot deýin geçýärler, edermen we batyr kişiler heläkçilik howpundan halas bolýarlar».

### Nazm

Her kimse söweşde gorkaklyk etse,
Jany bikarardyr, gowşadar badyn.
Söweşde bol batyrlaryň ýanynda,
Mertler arasynda tutular adyň.

Soltanlaryň biri söweş meýdanynda nagra tartyp, emirlerine ýüzlenip: «Bu gün synag günüdir we söweş meýdany söweşijileriň otly küresi bolup, diňe arassa hem hakyky altyn çykýandyr. Her kim batyr, mert kişi bolmasa, küräniň içinden sag-aman çykmaz» diýip, gygyrar eken.

### Beýt

Synag mahaly orta mähek gelse, hoş bolar,
Şonda çynyn etmedik abraýdan daş bolar.

Batyr adam özüniň edermenlik şöhratynyň jümle-jahanda ýaýrap, haýbat hem azamat at-owazasynyň dünýäniň çar künjünde nakyl ýaly ýörgünli bolmagy üçin özüni beýik hem şöhratly işleri etmäge höweslendirmelidir, ýüregini uly hem abraýly derejelere ýetirmek üçin kynçylyklardyr dertlere çydamaga öwrenişdirmelidir.

### Mesnewi

Belentde bolmagyny isleýärin adymyň,
Abraýy bolýandyr belent atda adamyň.

Abraýsyz adamyň ady dünýä ýaýylmaz,
Ýagşy adyň bar bolsa,
hiç kime «jan» diýilmez.

Afrasyýap öz leşgerlerine: «Köp ýaşajak bolsaňyz, ölüme höwesli boluň, döwletlilige we yzzat-hormata ýetjek bolsaňyz hem ölmäge taýýar boluň. Sebäbi ululyk iki zatdadyr, birinjisi, ýagşy at bilen ölmek, ikinjisi, arzuwyňa görä ýaşamak» diýer eken.

### Nazm

Ilüm her kimiň gözünde har görünse,
Batyrlykda belent derejä ýeter.
Janyny eý görse eger-de her kim,
Dünýä eýeçilik elinden gider.

Aly Murtaza (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) söweş wagty özüni kapyrlaryň hataryna urup, duşmanyň köp ýerine okdurylyp, mertlerçe söweşer eken. Ol öz janynyň pikirini etmeýän eken. Bir adam ondan:

– Eý, emir! Seniň bu ýürekliligiňe haýran galýaryn, sen öz aladaňy etmeýärsiň – diýipdir.

Hezreti Aly bolsa:

– Men ajalymyň ýeten wagty ätiýaç etmegiň peýdasynyň ýokdugyny, ölüm permanynyň ýazgyt-takdyr diwanyndan iberilmedik wagty batyrlygyň hem ýürekliligiň zyýan bermeýändigini anyk bilýärin – diýip, jogap beripdir.

Bu babatda aşakdaky goşgyny ýazypdyrlar:

Biri ýazylan, ýazylmadyk birisi –
Iki günden gorkmak ýorulmaz gowa.
Ilüm ýazylan güni – dalaş bipeýda,
Ýazylmadyk gün ýok ölüme rowa.

Hakykatda, bir kişi, tä öz janyndan geçmese, söweş meýdanynda ondan ýeňşi tama edip bolmaýar.

**Beýt**

Saklasaň ýüregi-janyň,
jany-teniň bendinde,
Maksat-myrada ýetip, üstün bolarsyň sen-de.

Şeýle rowaýat getiripdirler:

Hebeş leşgeri Ýemen ülkesini basyp alanda, Seýf Zi Ýezen bialaç öz ýurdundan gaçyp, Anuşirwana penalanyp gelýär we ondan medet soraýar. Anuşirwanyň buýrugy bilen zyndanlardaky ogry, hilegär we pitneçi adamlaryň bir toparyna ýarag-esbap berip, Seýfe tabşyrýarlar. Olaryň sany bir müň sekiz ýüze ýetipdir. Seýf Zi Ýezen ol adamlar bilen gämä münýär. Olar deňziň kenaryna ýetip, gämiden düşenlerinde Seýfiň buýrugy bilen ähli gämileri döwýärler we azyklary dökýärler. Soňra Seýf olara: «Eý, dostlar! Ýemen ülkesine geldik. Biz duşmana garşy söweşmeli. Häzir siziň iki çykalgaňyz bar. Birinjisi ýeňiş gazanmak, ikinjisi öldürilmek» diýýär. Olar mejburlykdan janlaryndan el üzüp, mertlerçe söweşe girýärler we azlyk bolsalar-da, Hebeşiň köp sanly goşunyndan üstün çykýarlar.

Diýmek, söweş adamsy gorka ýol bermeli däldir. Rüstem ibn Dessan şeýle diýipdir: «Men garry aýallar ýaly ýarawsyzlyk düşeginde ölenimden, uruşda müň ýerimden ýaraly bolup ölenimi gowy görýärin».

**Beýt**

Ildürilsem rowadyr ýagşy at bilen eger,
Maňa gerek şöhrat-şan,
ajala – janym gerek.

Soltanlardan haýsy biri batyr we gaýratly bolup, kynçylyklara döz gelen bolsa, şol hem çalt maksat-myradyna ýetip, islegine laýyklykda arzuw ýüzüni niýet aýnasynda görüp bilendir.

Şeýle gürrüň berýärler:

Ýakup Leýsiň işi rowaçlyk tapyp, Horasany öz ygtyýaryna we golastyna geçirmek isläp, bir gün söweşe taýýarlanýar. Leşgeriň emirleri köşge ýygnanýarlar we Ýakup kämil ýaraglanyp, üçegiň üstüne çykýar. Müneçjimler pal atyp: «Häzir şum täleýli wagt, häzirlikçe atlanmaň. Ýene-de sekiz sagatdan soň täleý islegimize görä bolar» diýýärler. Ýakup şol kämil ýaraglanan halda, tomus paslynda, günüň aşagynda sekiz sagat durupdyr. Döwlet sütünleri onuň çydamlylygyna haýran galypdyrlar. Sekiz sagat geçip, ýagşy täleýiň wagty bolansoň, ol üçekden düşüp atlanýar. Adamlaryň käbiri:

– Emiriň günüň aşagynda durmagynyň sebäbi nämekä?! – diýip soranlarynda, ol:

– Meniň öňümde uly işler dur. Meniň bu başlan işimde susluk we näziklik maksat-myradyma ýetmeklikde uly kemlikdir we zyýanlydyr. Men özümi günüň aşagynda agyr ýaraglar bilen durup bilýärinmi ýa-da bilemokmy, synap gördüm. Görsem, durup bilýän ekenim. Biliň, biz maksadymyza ýeteris – diýipdir.

Ýakup döwlete eýe bolmakda şeýle tagallalar edensoň, uly derejelere ýetdi.

**Kytga**

Edip taýsyz tagalla gujaklar gylyç hanjar,
Patyşa bolup biler diňe şeýle adamdan.

Kim lezzeti taşlasa,
daş dursa naz-nygmatdan,
Serwer-serdarlyk berler ol Ýaradandan.

Güle şalyk berilse nämüçin çemenlikde,
Näzikligne bakmazdan
baş çykarýar tikenden.

Ýakup Leýs barada şu hekaýaty hem getiripdirler:

Sistan ülkesiniň ýaş oglanlarynyň birtopary oturyp, inçelikler we täsin zatlar barada gürrüň edip ýören wagtlary olaryň arasynda heniz patyşalygy almagyň ugruna çykmadyk we mertlik-merdanalyk baýdagyny dikmedik Ýakup Leýs hem oturan eken. Oglanlaryň biri:

– Iň näzik mata Hytaýdaky ýüpek matadyr – diýýär.

Ýene biri:

– Iň gowy täç rumlularyňkydyr – diýýär.

Ýene biri:

– Iň gowy menzil güllerdir reýhanlara bürenen bagy-bossanlykdyr – diýýär.

Ýene biri:

– Içgileriň içinde arassa şerap ýakymlydyr – diýýär.

Ýene biri:

– Kölegelerden söwüt agajynyň kölegesi ýagşydyr – diýipdir.

Ýene biri:

– Nagmalardan uduň[1] sazy mylaýymdyr – diýipdir.

Ýene biri:

– Oturyşmak üçin berdaşly, ýagşyzada oglanlaryň mejlisi laýyk – diýipdir.

Nobat Ýakuba ýetende:

– Sen hem bir zat aýt – diýipdirler. Ol:

– Iň gowy lybas sowut, iň gowy täç jyga, iň göwnejaý menzil söweş meýdany, iň ýakymly şerap duşmanlaryň gany, iň gowy kölege naýzanyň kölegesi, iň ýakymly owaz söweş atlarynyň kişňemesi, iň gowy ýoldaş söweşjeň uruş adamlary – diýipdir.

Möminleriň emiri hezreti Alynyň goşgularynda şeýle setirler bar:

---

[1] Ud – 1) aloýe agajy; 2) üflenip çalynýan saz guraly.

Gylyçdyr hanjar biziň
gülümiz-reýhanymyz,
Nerkes-u-as[1] bermeýär derdimize melhemi.
Duşmanlaryň ganydyr biziň içýän içgimiz,
Erbediň kelleçanagy içýän jamymyz ony.

Şeýlelikde, patyşalygy talap edijiniň jan alyjy naýzasynyň ujy jan göwheriniň ogrusy kimin duşmanyň gursak hazynasyndan ýol gazmalydyr we zäherli gylyjy ruh merjeniniň kastyna çykan hilegär ogry ýaly duşmanyň bedeninden jany sogrup almalydyr. Patyşa batyr bolsa leşgeriň edermenlikleri artar. Gorkak patyşa älemi baglaýjy döwlet miýesser etmez.

«Patyşalara nesihat» atly kitapda şeýle setirler ýazylypdyr:

«Akyl-parasaty ýok garry – gözbaşy kör çeşme ýalydyr, edebi bolmadyk juwan – güli bolmadyk bossan ýalydyr, ylmy bolmadyk derwüş – nury bolmadyk göz ýalydyr, takwalygy bolmadyk alym – jylawsyz at ýalydyr, jomartlygy bolmadyk baý – miwesiz agaç ýalydyr, utanç-haýasy bolmadyk gözel görkli – duzsuz tagam ýalydyr, adyllygy bolmadyk soltan – ýagyşsyz bulut ýalydyr, batyrlygy bolmadyk patyşa – maýasy bolmadyk bezirgen ýalydyr».

Şeýle hekaýat edipdirler:

Arap soltanlarynyň biri bir gün bir duşman bilen söweşmegi karar edýär. Iki tarapyň hem leşgeri hatara düzülensoň, döwlet emirleri arap patyşasyna ýüzlenip:

– Eý, patyşa! Uruş-söweş işi iki ýagdaýdan başga zat bilen soňlanmaýar, ýa ýeňiş, ýa-da ýeňliş. Eger Allanyň takdyry we ýazgydy bilen biz birden ýeňlişe sezewar bolsak, sizi nireden gözläli? – diýýärler.

Patyşa:

– Eger gaçaýsam, kimde-kim meni gözlese, onda ol Allanyň penasyndan mahrum galsyn! Eger duşman üstün çykaýsa, meni söweş meýdanynda, atlaryň toýnaklarynyň astyndan agtaryň, ýagny ýa ýeňiş gazanaryn ýa-da ölerin – diýýär.

**Beýt**

Ýa bolaryn aýlanýan çarhypelek üstünde,
Bilýärin men, galaryn ýa-da aýak astynda.

Aýtmaklaryna görä, ol patyşa şol söweşde gylyç syryp, duşmanyň leşgerine yzly-yzyna hüjüm edýän eken. Gün öýlä sapanda söweşijilere günüň howpy täsir edip, dodaklar suwsuzlykdan guraýar, söweş çaň-tozanlary ýaňaklara siňýär. Arap soltanynyň ýörite gulamlarynyň biri bir gap suw alyp, onuň ýanyna barýar we oňa:

– Eý, patyşa! Ýadadyň, biraz dynç alyň we azajyk suw içiň – diýýär.

Patyşa bolsa:

– Meniň ýalaw bolan gylyjym menden hem teşnedir. Alla kasam bolsun, gylyjym tä ol duşmanlaryň ganlaryndan ganmasa, men öz suwsuzlygymy gandyrmaryn – diýýär.

Onuň şeýle dürs niýeti, ýürekliligi we kämil batyrlygy sebäpli Allatagala ony duşmanyndan üstün çykarypdy.

---

[1] As – ýapraklary gök hem hoşboý, gülleri ak hem atyr ysly nar agajyna meňzeş ösümlik.

Bolsa kime Alla ýar,
Oňa kömekçi bolýar.

Isgender Zülkarneýinden:
– Batyr patyşanyň nyşany näme? – diýip soranlarynda, ol şeýle diýipdir:
– Duşman näçe diýip soraman, duşman nirede diýip soraýan adam hakyky batyr serkerdedir.

**Nazm**

Hindi gylyjyny alar eline,
Derbi-dagyn eder duşman hataryn.
Agyr gürzi, ýiti gylyjy bilen,
Janlary jähennem ýola ataryp.

Anuşirwan Büzürgmehrden:
– Batyrlyk näme? – diýip sorapdyr.
Ol:
– Kuwwatly ýürek – diýip jogap beripdir.
Anuşirwan:
– Näme üçin kuwwatly gol diýmediň? – diýipdir. Ol:
– Eger ýürek güýçli bolmasa, golda güýç galmaz. Men bu barada şeýle wakany eşidipdim. Arap söweşijileriniň biri garrapdyr. Ýöne garrap, bedeni gowşasa-da, kuwwatly ýüregi bar eken. Bir gün ol atyna münjek bolanda iki adam onuň golundan tutup mündüripdir. Bir biýedep adam oňa tagna urup: «Bu kişiň elinden indi näme gelýär?! Ony ata mündürmek üçin indi oňa iki adam gerek. Indi onuň batyrlygy näme edip biler?» diýipdir. Ýaşuly onuň aýdanyny eşidip: «Meni ata mündürmäge iki adam gerek, emma atdan düşürmäge, müň adam gerek bolar» diýipdir.
Anuşirwan akyldar Büzürgmehriň sözüni kabul edip:
– Rast aýtdyň, goluň güýji, ýüregiň kuwwatyna baglydyr – diýipdir.

**Beýt**

Ýürekdendir beden güýji adamyň,
Güýçli bolar ýürekliniň bedenem.

Isgender älem yklymlaryny eýelemegi ýüregine düwüp, atlanan wagty Arastuny çagyryp:
– Eý, akyldar! Meniň bu gadam goýan meýdanymda we bu başlan işimde dostlarym hem, duşmanlarym hem bolar. Men olar bilen nähili gatnaşykda bolmaly? – diýýär. Arastu:
– Eý, patyşa! Asyl zat şudur, ýagny mümkin boldugyndan duşmançylyk etmeli dälsiň we dostlaryňa peslikdir harlygy rowa görmeli dälsiň. Birden, bir duşman ýüze çykaýsa, dost bolary ýaly oňa mähremlik we mylaýymlyk görkezip, göwnüni awlamalysyň. Dostlar hem dostlukdan ýüz öwürmez ýaly olara aýratyn hormat edip, has-da ezizlemelidir – diýýär.

Isgender:
– Ýene-de aýt, üstüni ýetir – diýýär.
Arastu:
– Duşman hernäçe az bolsa-da, olardan gapyl bolma, leşger hernäçe köp bolsa-da, olara bil baglama. Bir iş ýumşaklyk we hoş sözler bilen düzelýän bolsa, asla gödek sözleri ulanma. Bir iş gamçy bilen düzelýän bolsa, onda gylyjyňy gynyndan çykarma – diýýär.
Isgender:
– Meniň işim söweşe ýetse, oňa nähili girişmeli we nähili işleri amala aşyrmaly? – diýýär.
Arastu onuň bu soragyna şeýle jogap berýär:
– Söweş iki hili bolýar, ýa sen birine garşy söweşe gidýärsiň, ýa-da biri saňa garşy söweşe gelýär. Eger sen birine garşy söweşe çykýan bolsaň, onda şu on şerti berjaý etmeli.
Birinji: söweş etmegiň maksady diňe haýyr iş, hak dini talap etmek we zulumdyr erbetligi dep etmek bolmaly.
Ikinji: Allatagala ýüzlenip, ondan ýardam soramaly, doga-dileg edip, sadakalar bermeli we takwa-dindar adamlardan haýyr-doga etmeklerini soramaly.
Üçünji: Ätiýaçlyk we ägälik şertlerini berjaý etmeli, habarçylary we aňtawçylar belläp, duşmanyň leşgeri, olaryň hal-ýagdaýlary we adamlarynyň sany barada maglumat toplamaly.
Dördünji: Ählisi bir jan, bir ten bolar ýaly leşgeriňe gaty üns bermeli. Çünki goşunyň patyşa bilen bir (agzybir) bolmagy üstünlige sebäpkär we ýeňişe esasdyr. Bu barada şeýle diýipdirler:

Ýeňiş üstüne ýeňiş gazanylar hemişe,
Leşgerleri edermen hem agzybir bolanda.
Ýeňişler ýar bolýandyr beýle goşuna mydam,
Agzybir ýaranlykda galýandyr belende.

Bu babatda at-abraýly beýik şahsyýetleriň, hususan-da ýakynlaryň goldawy we ylalaşygy zerurdyr.
Bäşinji: leşgere gowy wadalar we uly sylag-serpaýlar bilen goltgy bermeli, şol wadalary ýerine ýetirmekligi niýetiňe berk düwmeli.
Altynjy: başardygyňça özüň söweşe girişmeli däl, bolmasa, eger ýeňlişe duçar bolaýsaň, onuň çäresini tapyp bilmersiň.
Ýedinji: leşger çekijilik we serkerdelik işine şu üç sypat bilen bezelen adamy saýlamaly: birinjisi, duşmanyň ýüreginde gorky we howatyrlanma emele geler ýaly batyr, ýürekli, hem-de edermenlikde tanalan we at-owazasy ýaýran kişi bolmaly; ikinjisi, dürs pikirli, ugurtapyjy, söweşiň iniş-çykyşyny we tärlerini doly bilýän kişi bolmaly. Sebäbi dürs pikiriň we ugurtapyjylygyň batyrlykdan artykmaç ýeri hem köp bolýar. Ol her hili hileleri we dürli aldawlary ulanmagy başarýan kişi bolmaly. Hilegärlik söweşde günä bolman, eýsem, gowy iş hasaplanýar.
Hadyslarda: «Söweş hilegärlikdir» diýlip bellenilýär.
Üçünjisi, uruş tärlerini gowy bilýän hem-de bu ugurda tejribesi ýetik adam bolmaly, tejribäniň peýdaly şertleri örän köpdür.

Sekizinji: söweş wagty edermenlikde we batyrlykda öz deň-duşlaryndan saýlananlaryň sylag-serpaýyny artdyryp, olary öwgülemeli. Hem-de başgalarda hem edermenlige we ýeňiş üçin jandan geçmäge höwes dörär ýaly sylag-serpaý we dereje bermekde elde baryny etmeli.

Dokuzynjy: söweş wagty gaflatdan daşlaşyp, ünssüzlikden saplanmaly. Sebäbi ýeňiş gazanylyp barýarka, bir pursat uruşdan gapyl bolnup, ýagdaýyň başgaça bolan mahallary köp bolupdyr.

Onunjy: duşmanyň goşuny ýeňilse, derrew olaryň yzyndan kowmaly däl we adam ibermeli däl. Sebäbi gaçan leşgeriň yzyna dolanyp, iberilenleri hem öldürip, ýiten güýçlerini gaýdyp alyp, üstün çykan leşgeri derbi-dagyn eden mahallary köp bolupdyr.

Eger bir adam saňa garşy söweşe gelýän bolsa, sen hem ony dep etmekçi bolýan bolsaň, onda ýagdaý iki hili bolýar. Birinjisi, seniň onuň garşysynda durmaga takatyň bar, ikinjisi, oňa garşy durmaga kuwwatyň ýok. Birinji ýagdaýda mümkin boldugyndan dürli çäreler arkaly ony duşmançylyk menzilinden aýryp, ylalaşmaly. Eger bu iş başartmasa, ýokarda aýdylan söweş şertlerini berjaý edip, söweşe girişmeli. Eger olara garşy durmaga takatyň ýok bolsa, onda jansyzlardyr aňtawçylar ibermeli we ýollary, geçelgeleri saklamakda hem-de galalary berkitmekde we ätiýaçlyk azyklary toplamakda hiç hili säwlige ýol bermeli däl. Şeýle-de ylalaşyk gazanmak ugrunda sylag-serpaý bagyş etmek hem-de dürli hileleri ulanmak zerurdyr. Eger duşman ylalaşyk islese, onda asla ylalaşykdan ýüz öwürmeli däl, söweş we uruş etmeli däl. Çünki uruş ýaman zatdyr. Ylalaşyk isleýän ahyrynda üstünlik hem ýeňiş gazanyjydyr.

**Nazm**

Jedelleşme hiç mahal, çünki jedeliň ýeli,
Isse, ynsap bagynyň sowrulýandyr ter güli.

Jedelleşseň şeýle pes derejä ýetersiň,
Ähli öý-öwzary ýykyp, weýran edersiň.

Isgender bu gürrüňleri özüne ýörelge edinip, uruş we ylalaşyk esaslaryny şoňa görä esaslandyrypdyr.

Batyrlyk häsiýetiniň döwlet eýeleri üçin iň oňat sypat bolanlygy üçin bu hakdaky gürrüň uzaga çekdi.

Hudaýa şükür, öwgüli şazada juwan bagtlydyr, ugurtapyjydyr:

Abulmuhsyn şeýle bir şa,
duýgusynda göz eglendi,
Şol sebäpli köne dünýä
geçdi gitdi, täzelendi.

Ol jahany eýeleýji şa bolup,
söweş pursaty,
Ýykylar haýbatyndan Kap dagy,
dünýe görsedi.

Syrsa ýiti gylyjyny
söweş meýdanynda eger,
Hüjüm edip daglary-da owran-owran eder.

Onuň berdaşly golunyň goldawy we oýa bagtynyň ýardamy bilen onuň ýeňiş alamatly baýdagy haýsy tarapa ýüzlense, ýeňiş hem üstünlik iki aty bilen onuň mübärek leşgerini garşylamaga çykýarlar. Onuň belent hümmetli maksady we mübärek hem bereketli nazary haýsy tarapa gönükdirilse, ykbal hem bagt dessine bu beýik şahsyýeti garşylamaga we onuň bilen hemra bolmaga çykýarlar.

Şol ýerde ýeňiş hem-de üstünlik
jylaw berer.
Jahan almak niýet nirde çekse üzeňňi.
Naýza – döwlet düzgüni
şalyk – halkyna pena,
Ýeňiş gylyjy bilen goragda diniň süňňi.

Onuň ýeňiş nyşanly esgerleri söweş meýdanynda ýalaw ot kimin hüjüm edip, uruş mahaly Elbrus dagy ýaly berk hem mäkämdir.

**Mesnewi**

Ýar nerkesi ýalydyr gylyç syrsa her biri,
Böwsüp gider ählisi – dildar zülpüniň.

Söýgüliler jemaly deý
täsin dostluk tapdylar,
Bäsleşleriň jebri deý
tozan baryn gopdurar.

Hemmesi jan köýdüren yşkyň ody ýalydyr,
Bagyr ýakyjy dilberiň gamzasy mysalydyr.

Ýaryň pitneçi gözi hemmesi-de olaryň,
Aýralykdan heläkläp, seniň ganyň alardan.

Päk hem Beýik Alla alyjenabyň mähremlik saýasyny ýagşyzadalaryň hem yhlasly bendeleriniň hatyrasyna nökerlerdir emeldarlaryň başyndan kemeltmän, ony müdimilik etsin!

## OTUZ BIRINJI BAP

## GAÝRATLYLYK[1]

Gaýratlylyk ynsanyň aýap saklamagy hökman bolan zadyna esewan bolmagydyr. Işleri dolandyrmakda we syýasaty ýöretmekde soltanlara zerur bolan bu sypat hem halkyň işlerinde hem-de ýurduň çärelerinde hökmanydyr. Gaýrat iki hilidir: dine bolan gaýrat, dünýä bolan gaýrat. Bularyň ikisini hem saklamak zerurdyr. Dine bolan gaýratlylyk şeýledir: ýagşylyga ündemek we erbetliklerden saklamak işini ýola goýmakda tagalla etmek, öz emeldarlaryny-egindeşlerini hem-de ilatyny tagat etmäge çagyryp, günädir erbet işlerden saklamak. Hadysda şeýle diýilýär: «Sizden biri bir erbet işiň edilýändigini, ýagny şerigata garşy edilýän bir işi görse, şerigata laýyklykda oňa eli bilen, ýagny gamçy ýa-da gylyç bilen ol işiň öňüni almaly. Bu ygtyýarly we güýç eýelerine degişlidir. Eger-de eli bilen ol işiň öňüni alyp bilmese, onda dili bilen oňa böwet bolmaly. Ilki nesihatdyr wagyz bilen, eger boýun bolmasa, onda berklik bilen aýtmaly. Bu ylymly, takwa kişilere degişlidir. Eger-de dili bilen hem oňa böwet bolup bilmese, ýüregi bilen şol işi ýigrensin. Bu bolsa garamaýak halkyň ejizlerine degişlidir. Käbir ulamalar bu hadysyň soňuny şeýle jemleýärler: «Kimde-kim beýle işi eli ýa-da dili bilen böwet bolup bilmekden ejiz bolsa, ýürekden hem ony ýigrenmese, oňa musulmançylykdan paý ýokdur».

### Kytga

Erbet işe owal-başda
el bilen böwet bolmaly,
Eger bu iş başartmasa,
dil bilen böwet bolmaly.

Başartmasa şonda-da, bolsa bary biderek.
Ony çendan ýigrenip, inkär etmeli ýürek.

Şerigatyň kada-kanunlaryny ýöretmekde we diniň hökümlerini ýola goýmakda dalaş edýän soltan Hakyň ýerdäki orunbasary we Allanyň rehmet saýasydyr. Patyşalyk işiniň köplügi we kyndygy üçin onuň bu işlere gözegçilik eder ýaly ýurtda muhtasyplary[2] bellemekligi hökmandyr. Muhtasyp yslam dininde berk, dini ýöretmek gaýraty nebsinden üstün çykan, päklik, takwalyk, amanatdarlyk, dogruçyllyk, tamakin bolmazlyk ýaly sypatlar bilen bezelen, her näme etse diňe

[1] Bu sözüň namysjaňlyk diýen manysy hem bar.
[2] Muhtasyp – dini kada-kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän häkim ýa-da patyşa tarapyndan bellenilen gözegçi, emeldar.

dine kuwwat bermek üçin işleýän, şahsy bähbitlerden we ryýadan daş bolan hem-de nebsiniň isleglerine we haý-höweslerine tabyn däl adam bolmaly. Diňe şeýle häsiýetli adamyň sözleri ýüreklere täsir eder.

### Beýt

Izüňe bähbitden sap, daşdaky söz tamadan,
Eger daşa aýdylsa täsirli adama-da.

Şeýle hekaýat getiripdirler:

Ýatan ýeri ýagty bolmuş, şyh Abulhasan Nurynyň şeýle bir adaty bolupdyr. Heran-haçan ol bir ýaramaz işi görende, jany howp astyna düşýän bolsa-da, şol işe böwet bolar eken. Bir gün ol Dejläniň kenaryna täret almaga gidýär. Şonda ol otuz sany agzy möhürlenen we her haýsysyna «Latyf»[1] diýlip ýazylan hum ýüklenen gämini görýär. Şyh söwdada we aluw-satuwda «latyf» diýilýän harydy eşitmänligi üçin geň galyp, gämiçiden:

– Bu humlarda näme bar? – diýip soraýar. Gämiçi:

– Sen bir derwüş adam. Bu zatlar bilen seniň ne işiň bar, öz işiň bilen bol-da – diýýär.

Şondan soň şyhyň olaryň nämedigini bilmek höwesi has hem güýçlenýär. Şyh gämiçä:

– Meniň bu humlarda näme bardygyny bilesim gelýär, bular nähili haryt? – diýýär.

Gämiçi:

– Eý, başgaň işine burnuny sokýan şyh! Bu humlaryň içinde şerap bar, halypa Mugtazyt üçin getiripdirler – diýýär.

Şyh gäminiň içinde bir degerli taýagyň bardygyny görýär we gämiçä:

– Şol taýagy maňa ber – diýýär.

Gämiçi gaharlanyp, öz kömekçisine:

– Şol taýagy oňa ber, göreli, näme edip bilerkä? – diýýär.

Kömekçi taýagy Şyha berýär. Şyh taýagy mübärek eline alyp, bir-birden humlary döwýär. Gämiçi gorkup, perýat edipdir. Bagdat köprüsiniň gözegçisi Ýunus Efleç gelip, şyhy tutýar we ony halypanyň ýanyna eltip, ýagdaýy gürrüň berýär. Mugtazyt diýseň zalym we gaharjaň bolup, ol köplenç gylyjy bilen syýasat ýöredýän eken. Bagdadyň halky şyhy Mugtazydyň ýanyna eltýändiklerini görüp, gam-gussa batýarlar we halypanyň derrew şyhy şehit etjekdigi barada birjigem şübhelenmeýärler. Şyhy köşge getirenlerinde, Mugtazyt demir kürsüde oturyp, demir gürzüni eline alyp hem-de gyzyl don[2] geýip oturan eken. Bu bolsa onuň gahar-gazabynyň we jeza berýänliginiň nyşany bolupdyr. Ol şyha:

– Sen beýle biýedeplik eder ýaly kimmişiň? – diýip gygyrýar.

Şyh oňa:

– Men muhtasyp – diýýär.

Halypa:

– Kimiň buýrugy bilen muhtasyplyk edýärsiň? – diýýär.

---

[1] Latyf – näzik, enaýy.

[2] Gyzyl don – patyşalar gazaba münüp, birine erbet jeza berjek bolsalar, esasan gyzyl don, ýagny gazap donuny geýipdirler.

Şyh:
– Allanyň we onuň Resulynyň emri bilen – diýýär.
Ol:
– Kim seni muhtasyp edip belledi? – diýýär.
Şyh:
– Şol saňa patyşalyk beren – diýýär.
Mugtazyt biraz başyny aşak salýar, soňra kellesini galdyryp:
– Seniň şol humlary döwmegiňe näme sebäp boldy? – diýýär.
Şyh:
– Saňa we seniň raýatyňa bolan mähribanlygym – diýýär.
Halypa:
– Maňa bolan mähribanlygyňy düşündir – diýýär.
Şyh:
– Seniň ýok etmekde gowşaklyk görkezýän ýaramaz işiňe men böwet boldum we seni kyýamat günündäki jezadan halas etdim – diýýär.
Halypa:
– Meniň halkyma nähili mähribanlyk etdiň? – diýýär.
Ol:
– Seniň haram işleri etmegiň bilen adamlar günä işleri etmäge öwrenişýärler. Sen haram işden saklansaň, başgalar milt edip bilmezler. Çünki, garamaýak halk gowulykda bolsun, erbetlikde bolsun, patyşa eýerýärler. Eger olaryň patyşasy sogap işleri edýän bolsa, olar hem dogry-sogap işleri edip başlarlar. Şeýdip, olaryň ählisiniň gazanan sogaby patyşanyň amal depderine ýazylar. Emma eger olaryň patyşasy günä işleri edýän bolsa, olar hem pyssy-pyjurlyk etmäge çalşarlar. Şeýdip, olaryň hem günäleri patyşa ýeter. Diýmek, men hem saňa we hem seniň halkyňa ýagşylyk etdim. Men bu işde şahsy bähbidim bolman, diňe Haktagalanyň razylygyny isledim – diýýär.
Mugtazyt aglap:
– Bu iş saňa gelişýär. Indiden beýläk hem her bir günä-erbet işi görseň, onuň öňüni al. Men hiç kimiň saňa böwet bolmazlygyny buýurýaryn – diýýär.
Bu hekaýatdan belli bolşy ýaly, Hak muhtasybyna hiç bir apat ýetmeýär.

**Mesnewi**

Diýdi biri öz pirine:
«Mydam erbetden, şerden –
Halky saklajak bolýan men ýaramaz işlerden.

Emma göriplerden hem edýärin men howatyr,
Olardan durmuşyma birden bir apat ýeter».

Pir diýdi: «Bu işi edýän bolsaň Hak üçin,
Iki dünýäň belasyndan aman
galjagyň-a çyn».

Dünýä bolan gaýratlylyk üç hili bolýar:
Birinji, egindeşler we emeldarlar bilen baglanyşykly gaýratlylyk.

Ikinji, ýakynlar bilen baglynyşykly gaýratlylyk.
Üçünji, ähli halk bilen baglanyşykly gaýratlylyk.

Egindeşler we özüň ýalylar bilen baglanyşykly gaýratlylyk – şudur, ýagny patyşa olaryň ýetip bilmejek derejeleri arkaly olardan üstün çykmaly. Ol dereje, haýbat, mertebe, ululyk, güýç we ygtyýarlylyk taýdan olardan has rüstem bolmalydyr. Bu gaýratlylygyň emele gelmegi we namysjaňlygyň zyýada bolmagy bilen uly işler bitiriler we maksadalaýyk tutumly işler amala aşyrylar. Bu hümmetli kişileriň häsiýetlerindendir. Hümmet hernäçe beýik bolsa, gaýratlylyk şonça-da ýokary bolýar.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Soltanlaryň biriniň ogly bir akyldardan:

– Meniň öz dogan-garyndaşlarymdan we egindeşlerimden rüstem bolasym we ygtyýar meýdanynda döwlet güýüni[1] güýç çöwgeni[2] bilen oýnasym gelýär. Men bu işiň serişdeleri hökmünde nämäni gazanmaly? – diýýär.

Akyldar:

– Eý, şazada! Döwleti ele salmakda hümmetlilikden we gaýratlylykdan gowy zat ýokdur – diýipdir.

**Nazm**

Peýkam atan adam gaýratda
görkezip güýjüni,
Bulutlardan geçirer öz peýkamynyň ujuny.

Gaýratlylyk bilen ady belende-beýge galar,
Gaýratlylyk bilen onuň arzuwy hasyl bolar.

Ol bagtyýar hem akyldar ýaşuly şeýle diýdi:
«Hak oňa gaýraty üçin täj-u-tagt bagt goýdy».

Ýakynlary bilen baglanyşykly gaýratlylyk – özüňe degişli aýal-gyrnaklary nämähremiň[3] gözünden saklap, olaryň päkizeligini we namyslaryny gorap saklamakda yhlas we tagalla etmekdir. Olary şerigatyň hem-de urp-adatyň zerur hasaplaýan zatlaryna endik etdirip öwrenişdirmelidir. Şonda, onuň bu işiniň bereketi bilen raýatyň maşgalasy hem gowulykda meşhur bolup, bozuklykdan daş bolarlar.

Bir beýik akyldar maşgalasyna wesýet edip, şeýle diýipdir.

Belent aýallara mynasyp örän –
Ärlerinden özgä görünmek haram.

Her ýüze seretmek halallykdan däl,
Her ýere gadam hem däldir ýagşy päl.

---

[1] Güý – at üstünde taýak bilen oýnalýan oýunda ulanylýan top.
[2] Çöwgen – at üstünde oýnalýan oýunda ulanylýan taýak.
[3] Nämährem – ýat adamlar, kesekiler.

Ýetýär apatlaryň bary bedene,
Şondan – zülpleriňe her seredene.

Göz ýum, sadapdaky dürligiň bil-de,
Bela peýkamyna nyşana bolma.

Halalyňdan özgä aýlama gözüň,
Baryndaş bolsa-da, görkezme ýüzüň.

Halk bilen baglanyşykly gaýratlylyk – patyşanyň öz maşgalasyna bolan gaýratlylygyny ähli musulmanlaryň maşgalasynda hem berjaý etmegidir. Ol älem penalaýjy dergähiniň emeldarlarynyň ar-namysly adamlaryň maşgalalaryny betnam etmeklerine ýol bermeli däldir, musulmanlaryň aýyplaryny açmaga çalyşmaly däldir. Iz ýurdunyň halklarynyň kemçiliklerini mümkingadar gizlin saklamalydyr. Çünki, hadysda: «Her kim bir musulmanyň aýybyny gizlese, Allatagala onuň aýyplaryny gizlär» diýip bellenilýär. Ýene bir rowaýatda «Alla onuň bu dünýäde we ahyretde günälerini ýaşyrar» diýilýän bir tymsal hem bar. «Aýyplary gizle, Alla seniň aýyplaryňy gizlär» diýilýär. Hiç kimiň perdesini ýyrtma, şonda hiç kim seniň perdäňi ýyrtmaz.

Ar-namyslylyk – gaýratlylykdyr. Gaýratlylygyň kämil nusgasy penalanan adama aman berip, oňa özüniň hemaýat galasyndan orun bermekdir. Ol mümkin boldugyndan özüniň aman beren kişisiniň harap bolmagyna ýol bermeli däldir. Häzirki wagtda hem Hyjaz welaýatynda saklanyp galyşy ýaly, araplarda şeýle bir däp bolup, olaryň jaýynyň diwarynyň ýa-da çadyrynyň saýasyna gelen adama kömek soramadyk bolsa-da, oňa pena berer ekenler. Olar özlerine penalanan adamy hiç bir ýagdaýda başganyň eline bermeýärler. Olar hatda köp mal-baýlyk sarp edip, gan dökmeli hem bolsalar, bu işden el çekmeýärler. Olar çadyrlarynyň töweregine ýa-da otluk meýdanlaryna gelen haýwanlary hem goraýarlar.

Şeýle rowaýat edýärler: Bähram Gur arap ülkelerinde Nugman Münziriň ýanynda bolan wagty hem-de Nugmanyň ony kakasy Ýezdigerdiň buýrugy bilen terbiýeleýän wagty, ol awda bir keýigi tutmakçy bolýar. Keýik gaçyp, çar tarapa gaçýar. Bähram hem onuň yzyndan kowýar. Howa yssy bolanlygy üçin keýik suwsuzlykdan ýaňa tapdan gaçyp, bir taýpanyň ornaşan ýerine ýetýär. Ol Kabysa atly bir arabyň çadyrynda penalanýar. Çarwa arap ony tutup, bir ýüpe daňyp goýýar. Onuň yzysüre Bähram hem çadyryň ýanyna gelip, peýkamyny ýaýyna goýup:

– Eý, öý eýesi! Meniň awym şu ýere geldi, ony çykar – diýip, nagra tartýar.

Kabysa onuň kimdigini bilmän:

– Eý, hoşsyrat ýigit! Bu çadyra gelip, penalanan bir haýwany öldürjek bolup duran bir adama bermegim mertlikden daş işdir – diýýär.

Bähram gödek sözler aýdyp başlaýar. Kabysa:

– Gepiňi köpeltme, ýaýyňdaky okuňy meniň synama urup, meni öldüräýmeseň, bu keýige hiç kimiň eýeçilik eli degmez. Eger meni öldürseň, onda taýpamyň adamlary-da keýigi äkitmegiňe ýol bermezler. Iz janyňa rehim et we bu keýikden geç. Eger sen oňa mätäçlik çekýän bolsaň, şol ýerde daňylan arap aty altyn çaýylan eýeridir üzeňňisi bilen al we öz atyňy hem alyp, öýüňe gaýt – diýýär.

Bährama onuň bu sözleri we hereketi ýaraýar. Ol Kabysanyň atyna üns bermän, jylawuny çekýär we öz mesgenine barýar. Bähramyň hümmetlilik depesinde soltanlyk täjini goýup, ajam halky onuň perman tanabyny öz boýunlaryna salan gününde ol Kabysany çagyryp, oňa sylag-serpaý ýapýar. Araplar oňa: «Mujirul gyzlan», ýagny «Keýikleriň penakäri we olaryň hemaýatçysy» diýip lakam beripdirler.

**Nazm**

Iz penaňa alan adamyň hakda,
Iz çägiňi hem-de derejäňi tut.
Kesme hemaýaty, mertligi ondan,
Mertlik bilen huzuryňa kabul et.

Bir damja bir deňze penalanýandyr,
Orny sadapdadyr mynasyp saýyp.
Ony örän synlap, meşhur edýär ol,
Göwhere öwürýär şalara laýyk.

## OTUZ IKINJI BAP

## SYÝaSAT

Syýasat – ýurdy elde saklamak we ony düzgün-tertibe salmakdyr. Syýasat iki hili bolýar. Biri öz nebsiňe syýasat-gözegçilik etmek, beýlekisi özüňden başgalara syýasat-gözegçilik etmek. Iz nebsiňe syýasat-gözegçilik etmek erbet gylyk-häsiýetleri ýok edip, ajaýyp sypatlary kesp etmekden ybaratdyr. Izüňden başgalara syýasat-gözegçilik etmek iki hili bolýar. Birinjisi, köşkdäki adamlara syýasat-gözegçilik etmek hem-de olary tertibe salmak. Ikinjisi, tutuş raýatlara gözegçilik etmek. Başgalara gözegçilik etmegiň birinji görnüşi barada kyrkynjy bapda gürrüň ediler. Emma ikinji görnüşi barada aýtsak, onda soltanlar ýaramaz we betpygyl adamlary hemişe gorkuda we howpda saklamaly, ýagşy kişileri we ýagşyzadalary umytly we sarpaly tutmaly. Büzürgmehrden:

– Nähili patyşa has belent mertebelidir? – diýip sorapdyrlar.

Ol:

– Bigünäler ondan arkaýyn hem amanda bolup, günäkärler ondan gorkuda bolsa, ýyldyrym nyşanly gylyjynyň gülküsi zalym sütemkärleriň agysy bilen hemdem bolsa, bereket getiriji nesiminiň buludy mynasyp derwüşlere sylag ýapmak ýagşy bilen hemra bolsa, patyşa belent mertebelidir – diýip, jogap beripdir.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Hüwşeň patyşa: «Men ýagşyzadalar üçin Hudaýyň rehmeti we ýamanpäller üçin Allanyň gahar-gazabydyryn. Gahar suwum mähribanlyk şerbeti bilen garyşandyr haýbat zäherim mähremlik bilen ysnyşandyr» diýipdir.

### Beýt

Hazynamda zäherem bar, bar onda derman,
Zäheri-duşmana, dosta-dermany berýän.

Akyldarlar şeýle diýipdirler:

Älem goşunynyň dolanyşy syýasata bagly. Syýasata bu ýalan hem pany jahana häkimlik etmek tabşyrylandyr. Eger syýasatyň gözegçiligi bolmasa, älem-jahan işi düzgün-tertibe girmez. Eger-de temmi we edep kanuny bolmasady, işler bulam-bujar bolardy.

### Kytga

Syýasat bilen şalyk tertip
hem düzgün tapar,
Bolmasa syýasaty oňa nogsanlyk ýeter.

Älem işlerin eger tertibe saljak bolsaň,
Hökman syýasat gerek,
onsuz hiç bolmaz bilseň.

«Patyşalyk adyllyk bolmasa bolmaz» gelni näçe ýakymly bolsa-da, oňa «Syýasat bolmasa adalat bolmaz»[1] bezegi hökmanydyr. «Hökümdarlygyň apaty – syýasatyň gowşaklygy» diýen pähimden bihabar patyşanyň döwletiniň sütünleri derrew sarsar we soltanlyk binýady çagşar. Sebäbi mülküň we halkyň bezegi, diniň we döwletiň bähbidi syýasatdadyr.

### Kytga

Syýasat gyljyndan şalyk ýaňagy,
Ýalpyldaýar güneş nury mysaly.
Syýasy mygmardan ýetmese medet,
Jahanda jepadyr sütemiň sili.

Şerigatyň kadalary ýitse, hiç bir hak zat öz ýerinde bolmaz, şerigatyň we diniň işleri-de syýasatyň kanunlary bolmasa tertipleşmez. Diýmek, patyşalaryň syýasaty şerigaty kuwwatlandyrýar, şerigatyň hökümleri bolsa patyşalygy rowaçlandyrýar.

### Kytga

Bagt nahaly gögermez zamananyň bagynda,
Şerigatyň çeşmesi eger dury bolmasa.
Dini çeşmäň durusy
bolýan däldir hiç mahal –
Bagtly şa syýasaty oňa saýa bolmasa.

Şol bir wagtyň özünde adamlaryň asudalygy we ýurduň berkararlygy syýasata baglydyr.

### Beýt

Syýasatyň gylyjy bolmasa şa elinde,
Ýakymly suw içilmez bu toprak äleminde.

Hadyslarda «Eger patyşa ýok bolsa, adamlar biri-birilerini iýerdiler, heläk ederdiler» diýilýär. Diýmek, ýurdy syýasatsyz ýöredip bolmaz. Pitneleri syýasatsyz ýatyryp bolmaz.

Şeýle rowaýat edýärler:

Halypalaryň biri münbere çykyp, bir eline Gurhany Kerimi, beýleki eline bolsa gylyjyny alyp, hutba okap durşuna: «Eý, ýagşyzada adamlar! Siziň üçin şu ýeterlikdir» diýip, Gurhany Kerimi görkezipdir. Soňra «Siziň erbet-betpygyllylaryňyz şu bolmasa dürs ýola düşmezler we düzelmezler» diýip, gylyjyny görkezipdir.

---

[1] Bu iki jümle araplarda ulanylýan atalar sözi bolup, olaryň birinjisi gelne we ikinjisi bolsa bezege meňzedilipdir.

### Kytga

Syýasat bir ýanar ot, lowlap duran ataşdyr,
Pygyllary ýamana taýýardyr oň alawy.
Olar şonsuz hemişe ýakýar zulum oduny,
Şonuň üçin olaryň özleri ýansa gowy.

Tamgaç han bir beýik patyşa bolup, ol özüniň syýasat mygmary bilen tutuş ýurduny abadanlaşdyrypdyr, haýbat gylyjy adalatsyzlyk we sütem binýadyny şäherlerdir welaýatlardan güm edipdir.

### Kytga

Haýbatyndan gorkdy onuň şu pille,
Düşüp ýoluk äleme, onda nyşansyz ýitdi.
Onuň syýasatynyň şöhlesi sypyrdy-da,
Ikiýüzli jahanyň ýüzünden posy gitdi.

Bir gün ykmandalardan we kezzaplardan bolan bir kişi Tamgaç hana bir desse gül getirýär. Tamgaç han ony alyp:
– Bulary nireden getirdiň? – diýýär.
Ol:
– Bir gülzarlykdan aldym – diýýär.
Tamgaç han:
– Ol gülzarlyk saňa degişlimidi? – diýýär.
Ol:
– Ýok – diýýär.
Tamgaç han:
– Eýesinden satyn aldyňmy? – diýýär.
Ykmanda:
– Ýok, bu şäherde gül satyn almaýarlar, onuň bahasy örän pes – diýýär.
Soltan Tamgaç biraz oýlanyp:
– Her kim eýesinden rugsatsyz we dessursyz onuň bagyna girip, gülüni alsa, ondan rugsatsyz ol ýerdäki miweleri hem alyp biler, bu amallardan her hili başga ýagdaýlar hem ýüze çykyp biler – diýip, onuň elini kesmeklerini buýurýar. Ulularyň şepagat dilemekleri bilen onuň bir barmagyny kesýärler.

Tamgaç han mydama ykmandalary[1] we günäkärleri jezalandyrar eken. Bir gün olar şäher derwezesine: «Biz hernäçe çapsaň, şonça-da ýene-de köpelýän otlardyrys» diýip ýazypdyrlar. Bu habar soltana baryp ýetende ol, olaryň ýazgylarynyň yzynda: «Biz hem bagbandyrys, hernäçe baş göterse, şonça-da ormaga taýýar bolup durandyrys» diýip, ýazmagy buýrupdyr.

### Beýt

Şalygyň gülşeninde gögeren her tikeniň –

[1] Bu ýerde öz ugruna gezip ýören biçäreler däl-de, her hili ownuk-uşak bozgaklyklar ýa-da talaňçylyklar bilen meşgullanýan bozgaklar göz öňünde tutulýar.

Ele tygyňy al-da, kellesini kak onuň.

Aýtmaklaryna görä, Hurmuz ibn Anuşirwan elmydama öz adyllygyny syýasat bilen hemra edip, öz mähremligini gahary bilen garypdyr, ýagşyzadalara sylag-sowgat berip, ýamanpällileri ryswa eder eken.

**Beýt**

Syýasaty sütemiň kerwenini talady,
Adalat saçagynda bezedi ol älemi.

Bir gün onuň jylawdary bir baga girip, bagbandan rugsatsyz bir hoşa üzüm alýar. Bagban onuň atynyň jylawuny tutup: «Meni razy et, ýogsa şa Hurmuzyň ýanyna baryp, senden şikaýat ederin» diýýär. Jylawdar gulam oňa bir zatlar berýär. Emma bagban razy bolmaýar. Ahyry ol Hurmuzyň syýasatyndan gorkup, bagbana müň dinar beripdir.

Akyldarlar şeýle diýipdirler: «Soltanlyk bir nahal, syýasat bolsa suwdur. Diýmek, soltanlyk daragtynyň köküni syýasat suwy bilen suwaryp, ter-täze saklamaly. Şonda ol daragt salamatlyk we amanlyk miwelerini berip başlar».

**Nazm**

Ylym hem syýasat kitaby hakda,
Oýlanýar şähriýar, hoşbagtdyr güni!
Terlense suwundan syýasatynyň –
Tygynyň ujundan şalyk gülşeni.

Ýerlikli syýasat – syýasat edilmegine we temmi berilmegine mynasyp kişilere edilen syýasatdyr. Ol kişiler bolsa, bet pişe we bet endişe[1] kişilerdir. Olar ýylandyr içýan ýaly ula-kiçä, aza-köpe hemişe öz zyýanlaryny ýetirip durýandyrlar.

Soltanlaryň biri bir akyldardan:

– Adam ogullarynyň arasynda syýasat edilmegine hakly kişiler kimler? – diýip soraýar.

Akyldar:

– Adam ogullarynyň arasynda syýasat edilmegine hakly kişi ýokdur. Syýasat wagşylara, ýagny ýyrtyjylara we zyýan berijilere degişlidir – diýip, jogap berýär.

Patyşa:

– Bu sözüňi düşündir – diýýär.

Ol:

– Eý, patyşa! Ýaradylan janly-jandarlaryň içinde käbirleri durky bilen ýagşylykdyr. Olardan hemmelere ýagşylyk we nep ýeter, şer-zyýan ýetmez. Olar perişdeler ýalydyr. Käbirleri bolsa edil möjekdir peleň we ýylandyr içýan ýalydyr, durşy bilen şerdir. Olardan hemmelere zyýan ýeter, nep ýetmez. Diýmek, adamlaryň arasynda kimde-kim perişdeleriň hüý-häsiýetleri ýaly häsiýetde bolsa, ol ynsanlaryň iň haýyrlysydyr. Emma kim ýyrtyjylaryň hüý-häsiýetlerini alan

[1] Bet endişe – bet pikir, bet garaýyşly.

bolsa, olar ýyrtyjylardyr, ýyrtyjylaryň hem iň erbedidir. Diýmek, syýasat edilmegine haklylar ýyrtyjylardyr, adamlar däldir – diýip, jogap beripdir.

**Mesnewi**

Jeza bermek gowy iş, adalata bir ýoldur,
Emma ol hemmelere berlip ýörmeli däldir.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Anuşirwanyň döwründe bir zalym adam bir ejiz kişiniň ýüzüne şarpyk urýar. Ol bolsa Anuşirwanyň ýanyna gelip, arz-şikaýat edýär. Anuşirwan zalymy syýasat-jeza meýdanyna getirip, kellesini almaklaryny buýurýar. Onuň kellesini alýarlar. Patyşanyň ýakyn egindeşleriniň biri:

– Şahymyzyň şeýle kiçijik jenaýaty üçin bir adamy jansyz goýanyna haýran galýaryn – diýýär.

Anuşirwan:

– Ýalňyş pikir edýärsiň, men adam öldürmedim. Men iti we möjegi öldürdim, ýylany we içýany heläk etdim – diýýär.

**Beýt**

Adamlara azar bermek kesp-kär edinen adam,
Hakykatda erbetdir ýylandan hem içýandan.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Hysrow Perwiz bir akyldardan:

– Adamlaryň haýsy görnüşi syýasat edilmegine haklydyr? – diýip sorapdyr.

Ol:

– Eý, şa! Adamlar bäş hili bolýar. Birinjisi, aslynda päk, ýagşyzada adamlar. Bulardan halka diňe ýagşylyk ýetýär. Olara hekaýat etmeli we olar bilen köp oturyşmaly. Ikinjisi, öz-özüne ýagşy adamlar, emma olardan halka ýagşylyk ýetmeýär. Olara hem hormat goýmaly we haýyr işlere ündemeli. Üçünjisi, ortatap adamlar, olardan halka haýyr hem, şer hem ýetmeýär, ýagny olaryň asyl durkunda ne haýyr bar, ne-de şer. Olara haýyr ýollaryny görkezip, şer işlerden gaça durmagy ündemeli. Dördünjisi, özleri ýaman, emma hiç kime erbetlik etmeýärler. Olary erbetlikleri terk eder ýaly har-zelil we pes saklamaly. Bäşinjisi, hem özleri erbet, hem adamlara şerleri ýetýän adamlardyr. Olary ilki gorkuzyp ýa-da wadalar berip, syýasat etmeli, soňra dürre, şallak buýurmaly, düzelmese tussag etmeli, onda-da düzelmese ölüm jezasyna höküm etmeli.

**Beýt**

Halk oda ýanýarmy – bu pursat ajy,
Içürmekden başga ýokdur alajy.

Syýasatyň we jeza bermegiň peýdaly taraplarynyň biri pitneleri ýatyrmagydyr. Çünki pitneçi we gozgalaňçy adamlar syýasat ataşynyň ýitidigini görseler, uzak

ýerlere gaçarlar. Eger-de syýasat işinde çala gowşaklyk duýulsa, müňlerçe pitneler tutar we her tarapdan gozgalaň ediler.

**Nazm**

Syýasaty doly ýöretmese şa,
Her näkes soltanlyk lapynda bolar.

Ne-hä bir din galar, ne-de bir döwlet.
Ýer ýüzüni pitne, betbagtlyk alar,

Berk syýasaty görmeseler adamlar,
Pitneden başga zat görmezler olar.

Bu barada ýene-de şeýle diýipdirler:

Soltanda bolmasa haýbat gylyjy,
Gozgalaňlar ýurdy eýelär şol dem,
Müň pitne turuzar maý bolsa,
Sag elinden solun tanamaz adam,

## OTUZ ÜÇÜNJI BAP

## HÜŞGÄRLILIK WE HABARDARLYK

Hüşgärlilik – ýurt işlerinde hemişe oýa bolmakdyr, habardarlyk – raýatyň hal-ýagdaýlaryndan ägä-habarly bolmakdyr. Adyl patyşalara ýurduň we adamlaryň hal-ýagdaýlary barada habar-maglumat toplap, özüne ýetirer ýaly gizlinlikde bu işe ynamdar habarçylary bellemek adatdyr, ýörelgedir. Habar tapanlaryndan soň adalat binýadynda ýüze çykan her bir nogsany we kemçiligi alaçsyzlyk elini çäresizlik synyna urmazyndan öň düzetmäge we öňüni almaga yhlasly çalyşmalydyr.

**Beýt**

Ilki kemi düzetmegiň wagty bar,
Gitmezinden ozal elden ygtyýar.

Soltanlaryň gijelerine özlerini tanatman, özge lybas geýip ýurduna aýlanyp, raýatlaryň we ýurdunyň ýagdaýyny barlaýan pursatlary köp bolupdyr. Sebäbi käbir wakalardyr habarlary soltanlyk dergähiniň emeldarlarynyň eşitmezlikleri mümkin ýa-da eşidäýselerem öz bähbitleri ýa-da pursat gözleýändikleri sebäpli patyşa aýtmazlyklary ýa-da aýdyp bilmezlikleri mümkin.

Hezreti Dawut pygamber gijelerine patyşalyk eşigini çalşyp, şäherde we bazarlarda gezer eken. Ol adaty adamlar ýaly bolup, halaýygyň ýagdaýyny sorap: «Dawut sizi nähili saklaýar we onuň emeldarlary hem nökerleri siziň bilen nähili gatnaşýar?» diýer eken. Eger-de nogsanlyk we kemçilik bar ýerini bilse, derrew düzetmäge girişer eken.

Soltan Mahmydyň hem şeýle häsiýetiniň bolandygy aýdylýar. Ol gijelerine adamlaryň hal-ýagdaýlaryny soramak üçin ýurduna aýlanar eken. Patyşanyň ýeke özüniň daşary çykmagynyň howply bolandygy üçin akyldarlar we ulular şeýle ýörelge goýupdyrlar, ýagny soltan ynamdar, döwleti goraýjy, şahsy bähbitlere üns bermeýän, päk ygtykatly, belent hümmetli, özüni tanatmaýan, işine ökde, tanalan ýagdaýynda hem özüni altyn-zere satmaýan habarçy bellemeli. Bu habarçy ähli zatlara gözegçilik eder ýaly, onuň islän wagty islän ýerine gitmäge hukugy bolmaly. Ýagdaý şeýle tertipleşensoň, soltan ähli işlerden we ýagdaýlardan habarly bolar, soňra döwlet sütünleri we emeldarlar hem soltanyň ähli zatlardan özleriniň her biriniň ahwallaryndan habarlydygyny bilerler. Şonda olaryň ýaşaýyşlary we gatnaşyklary şek-şübhesiz bolmalysy ýaly bolar. Olardan ýaramaz işler ýüze çykmaz.

**Mesnewi**

Iň gözel baýlykdyr habarly bolmak,
Sahawatly bu dünýäden paý almk.

Her kim öz işinde hüşgär bolanda,
Älem içre galar başy belende.

Şeýle hekaýat edýärler:

Horezmde Allanyň hökümlerine tagzym etmek nagşyny köňlüne çeken we Allanyň bendelerine mähriban bolmak tuguny mähremlik meýdanynda diken bir adyl patyşa bolupdyr.

**Kytga**

Onuň adalatyndan taýdyr ak bürgüt durna,
Howpsuzlyk ýoly bilen şir şagala hemra.

Al howada dosty ak bürgüt durnaň,
Ýerde şir penjäni şagala urman.

Onuň döwründe äşgärlikde ýaramaz işlerdir pyssy-pujurlyklar etmäge hiç kim milt edip bilmeýärdi. Diňe döwlet sütünlerinden we emirlerinden bolan bir kişi bardy. Onuň patyşanyň huzurynda gadymy we müdimi hyzmat hukuklary bar bolup, köşkde onuň ýaly ygtyýarly kişi bolmandyr. Ol özüni soltana ýagşyzada kişi hökmünde görkezip, gizlinlikde şerap içmekdir humar oýnamak ýaly dürli bozuk işler bilen meşgullanypdyr. Hiç kimiň hem ondan şikaýat etmäge gaýraty çatmandyr. Soltan onuň bu işlerinden habarly bolýar. Ýöne bu barada oňa aç-açan hiç zat diýmek islemeýär. Çünki, beýle zatlary aýan etmek beýik adamlaryň ýüzüniň perdesini aýyrýar. Ol soltanlyk haýbaty üçin zyýanly zatdyr. Onsoň soltan bir gün şol emiri ýanyna çagyryp:

– Maňa çüňki gyzyl, ganatlarynyň ujy gara we galan ýeri ak bolan towuk gerek. Beýle towugy senden başga kişi tapyp bilmez – diýýär.

Emir:

– Häziriň özünde bu işe girişip, her hili ýagdaý bolsa-da, başardygymdan siziň tabşyrygyňyzy ýerine ýetirerin. Ýöne maňa üç gün möhlet beriň – diýýär.

Soltan oňa möhlet berýär. Emir towugyň gözlegine çykýar. Şäherde we daş-töwereklerde beýle towuk tapylmaýar. Emir üç günden soň patyşanyň gaşyna gelip, ötünç sorap:

– Eý, patyşahym! Başardygymdan jan etdim we siziň aýdan towugyňyzy tapmaga çalyşdym, emma tapylmady. Siziň alyhezretiňiz! Bu mümkin bolmadyk zadyň öwezine näme isleseňiz şony-da huzuryňyza getireýin – diýýär.

Soltan:

– Maňa diňe şeýle towuk gerek. Men saňa şäheriň, ýurduň ygtyýaryny berdim, emma sen şeýle kiçijik we ýönekeýje zady getirmekden hem ejiz geldiň. Bar, saňa ýene üç gün möhlet berýärin. Bu gezek beýle towugy tapman, meniň ýanyma gelme – diýýär.

Emir ýene-de gözlege gidýär we gidip, üç günden soň ýene-de eli boş halda gaýdyp gelýär. Soltan:

– Seniň şäherden habardar bolşuň şumy?! Bir öýde şeýle şekilli towuklaryň dördüsi bar, emma sen tapyp bilmeýärsiň. Şähere çyk, gündogarda ýerleşýän bazardan geç, pylan metjidiň golaýyna ýetersiň welin, sag tarapyňda bir mähelle

(oturymly ýer) bardyr. Şol ýerde şeýle belgili köçe bardyr. Şol köçäniň ugrunda gapysy günbatara bakyp duran bir jaý bardyr. Şol jaýa gir, jaýyň dälizine gireniňde çep tarapyňda bir öý bardyr. Şol öýüň içinde bir kiçijik otag bardyr. Şol otaga girseň, üstüne sary keçe örtülen bir kapasa bardyr. Şol kapasanyň içinde meniň isleýän towuklarymyň dördüsi bar. Şolary getir – diýýär. Emir haýran galyp, soltanyň huzuryndan çykýar. Ol soltanyň aýdan salgysy boýunça gidip, towukly kapasany getirýär. Soltan:

– Hökümet eýeleri şäherlerdir welaýatlardan hut meniň habarly bolşum ýaly habarly bolmalydyr – diýýär.

Bu sözleri eşiden emir oýlanyp görýär we öz-özüne: «Şäheriň köçelerinden, bazarlaryndan we öýlerinden şeýle derejede habarly patyşa meniň gizlin işlerimden hem habarly bolup biler. Mundan beýläk öz ýaşaýşymy üýtgetmeli» diýip, günä işlerinden toba edýär we dogry ýola düşýär. Şu hekaýatdan mälim bolşy ýaly soltanlaryň adamlaryň ahwallaryndan habarly bolmaklarynyň köp peýdasy bardyr.

**Mesnewi**

Dilewar kyssaçy gürrüňe ökde,
Aýdypdyr Eýranyň şalary hakda.

Ýagny, Hurmuz öler wagty bolan çak,
Hysrowa ýüzlenip, diýýär: “Ýetginjek,

Tutuş dünýä barlygyňa baglydyr,
Tabyn – hökümdarlygyňa baglydyr.

Oýan gaflat ukusynda bolmagyn,
Dünýä ahwalyndan habar algynyň.

Älem eliňdedir aýtsam bir kelam,
Iz işiňden gapyl galma, wessalam».

Her bir welaýatyň ahwalyndan habarly bolup durar ýaly habarçylar bellemek gapyllygy dep etmekdir. Mansur halypa aýdypdyr: «Men üç adama mätäçdirin. Birinjisi, raýatyň mal-mülküni nähak ýerden maňa getirmeýän we meniň baýlygymy halka pytratmaýan emeldar. Ikinjisi, ejiziň hakyny zalymdan alyp berip, hiç zada tamakin bolman we bähbit araman dürs höküm edýän häkim. Soňra ah çekip:

– Käşgä, üçünji adam hem bolaýsa – diýýär.

Ýanyndakylar:

– Üçünji nähili adam? – diýip soraýarlar.

Ol:

– Ýaňky aýdanlarymyň ýagdaýlaryny bolşy-bolşy ýaly maňa aýdýan adam. Patyşa şeýle adamlary tapyp bilse, adamlar asudalykda ýaşarlar – diýýär.

Aýtmaklaryna görä, Erdeşir Bäbek öz bellän adamlarynyň we emeldarlarynyň işleri barada şeýle bir derejede gyzyklanyp, olary yzarlapdyr welin, o her gün emirlere, wezirlere, emeldarlara we beýleki adamlaryna olaryň düýnki iýen

zatlaryny, ýatan ýerlerini we kim bilen gürleşip, näme diýendigine çenli ähli zatlaryny aýdyp berer eken. Adamlar haýran galyp: «Oňa perişdeler habar berýär» diýer ekenler. Ýöne ol beýle bolman, bu habarlar ynamdar gullukçylaryň üsti bilen ýetirilýärdi.

### Rubagy

Habarçylar şalaryna ynamdar,
Jahany penalan diýme «günäm bar».
Olar sütemkärleň bagryn paralar,
Hem mazlumlar ýarasyna melhem bar.

Ynamdar habarçydan gelip ýetmedik bir gürrüň patyşa gelip ýetse, onuň hakykatlygyna göz ýetirmän, derrew höküm çykarmakdan saklanmaly. Çünki, şeýle diýipdirler: «Patyşanyň hökümi takdyrdyr ýazgyt ýalydyr. Ol erada äleminden beşeriýet[1] älemine ýetip gelse, ony ret etmek ýa-da onuň öňüni almak asla miýesser bolmaz, ondan ýüz öwürmek we boýun gaçyrmak asla mümkin bolmaz.

### Beýt

Kaza takdyr ýaýynda atylsa bir ok,
Çäresini tapyp hiç gaýtaran ýok.

Diýmek, soltanlyk welaýatynyň häkimleri we patyşalyk ülkesiniň goragçylary halk bähbitli işlerde anyk esassyz, röwşen delilsiz, äşgär görkezmesiz we aç-açan subutnamasyz hiç hili höküm çykarmaly däldirler. Oýlanman, pikirlenmän we anygyna ýetmän perman çykarmakdan saklanmalydyr. Sebäbi akyldarlar şeýle diýýärler.

**G**abat gelmez şerigata, akyla,
Bir delilsiz höküm etmegi şanyň.
Sebäbi, hökümi ýazgyt ýalydyr,
Käte-hä jan berer, kä alar janyň.

Patyşalygyň ýene bir şerti, şeýledir: olar diňe bir güman we şübhe etmek bilen bigünä adamlary zyýana we howp-hatara salmaly däldirler. Sebäbi köp gümanlar we şübheler adamy günä eltýändir. Haktagala Gurhany Kerimde şeýle diýýär: «Elbetde, güman etmeleriň köpüsi günädir»[2]. Eger bir adam diňe güman we şübhe etmek bilen, işi derňemän we anygyna ýetmän höküm çykarsa, onuň bu hökümi hem ýerine düşmese, Alla saklasyn, onda ol özüni Hudaýyň gahar-gazabyna duçar etdigi bolar.

### Kytga

Güman bilen batyl etme adamy,

---

[1] Beşeriýet – ynsan, adamlar.
[2] Gurhanyň 49-njy (Hüjreler) süresiniň 12-nji aýaty.

Soňy puşmanlyga barmasyn birden.
Şübheli iş anygyna ýetilse,
Hiç bir peýda bolmaz puşman ederden.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Şähriýar Kubadyň döwründe bir adam harabaçylykdan geçip barýarka, ýykylyp ýatan bir adamy görýär. Gowy seretse, ol adamyň başyny alyp, gursagyna pyçak sanjyp goýan ekenler. Ol adam haýran galyp, gorkudan ýaňa doňup galypdyr.

**Mysrag**

«Durarada, giderede ýagdaýy galmady!».

Edil şol wagt şol ülkäniň häkiminiň emeldarlarynyň biri gelýär we bu ýagdaýy görüp, onuň elini-aýagyny daňýar. Gana boýalan pyçagy onuň boýnundan asyp, häkimiň ýanyna eltýär we ýagdaýy gürrüň berýär. Häkim ol adama:

– Muny näme üçin öldürdiň? – diýip gygyrýar.

Ol:

– Eý, häkim! Men şol harabalykdan geçip barýarkam, ony öldürilen halda görüp, haýran galdym. Şol wagt hem bu emeldar meni tutup, siziň ýanyňyza getirdi. Men ne öldürilenden habarym bar, ne-de jenaýatkärden – diýýär.

Häkim:

– Men ony sen öldürensiň, sen bu sözler bilen meniň elimden sypjak bolýansyň diýip güman edýärin – diýýär.

Ol biçäre adam:

– Men hakda öz edýän şek-şübhäň bilen iş görme. (Çünki Allatagala «Elbetde, güman hak zadyň ornuny tutup bilmez»[1] diýýär). Gümana ynam edip bolmaz – diýse-de, häkim onuň sözlerine gulak salman, dara çekmeklerini buýurýar.

Boýnuna tanap salyp, ony asjak bolan wagtlarynda: «Ol pylan harabalykda bir adamy öldüripdir» diýip gygyrýarlar. Adamlaryň içinden bir juwan öňe gelip: «Eý, jellat! Men häkimiň ýanyna baryp, ýagdaýy oňa beýan edýänçäm sabyr et. Howlukma, bu adam bigünä, bigünäniň ganyny dökmek ýaramaz işdir» diýýär. Jellat durýar. Ony häkimiň ýanyna äkidýärler. Ol juwan:

– Eý, häkim! Ol harabaçylykdaky ganhorlugy men etdim. Ol adam meniň duşmanymdy, men pursat tapyp, ony öldürdim. Siziň bu jezalandyrjak bolýan adamyňyz bu zatlardan bihabardyr – diýýär.

Häkim oý-pikire batýar we mundan beýläk güman edip, höküm çykarmajakdygana Allanyň öňünde wada edýär. Soňra ol juwany tussag edýärler we bolan wakany patyşa Kubada ýetirýärler. Kubat döwrüň ulamalaryndan bu meseläni soraýar. Olar: «Bu oglany öldürmeli däl. Sebäbi ol bir adamy öldürse-de, başga biriniň diri galmagyna sebäpkär bolupdyr» diýýärler. Soňra Kubat ol oglany çagyryp, bolan wakany ondan soraýar we oňa halat-serpaý ýapyp, azat edýär. Kubat öz wesýetlerinde: «Patyşalar adamlaryň ganyny diňe gümandyr çaklama bilen dökmeli däldir» diýip, ýazmaklaryny buýrupdyr.

[1] Gurhanyň 53-nji (Ýyldyza kasam) süresiniň 28-nji aýaty.

### Kytga

Güman bilen jeza bermek

adyllyk ýoly däldir,

Anyk bolýança hiç kimiň

ganyny döküp bolmaz.

Gümana arka diräp, höküm edilýän ýurtdan,
Gaçyp gutulanyň ýagşy,

derdini çekip bolmaz.

Şeýle rowaýat edýärler:

Patyşalaryň biri myhmançylyk saçagyny giňden ýazyp, han-begleri we beýigi-pesi çagyrypdyr. Uly-kiçi onuň mübärek didaryna howlugypdyrlar we gözlerini onuň täjiniň göwheri we jygasynyň şöhlesi bilen nurlandyrypdyrlar.

### Mysrag

«Soltanlaryň ýüzüni görmek gözleriňi nurlandyrýar!».

Adamlaryň arasyndan bir ýaşuly geplemäge başlap:

– Her kime patyşalar bilen duşuşmak bagty miýesser etse, nepis sowgat we mynasyp sylag bilen gelýär. Meniň altyn-kümüş sylag-sowgat bermäge gurbum ýetenok, emma hikmet göwherlerinden şahymyza mynasyp dürüm bar. Men şu mejlisde şony seçesim gelýär – diýýär.

Patyşa:

– Mähremlik we sahawatlylyk bazarynda söz sowgady ähli sowgatlardan ýagşyrakdyr. Getir, nämäň bar bolsa – diýýär.

Ýaşuly söz dürlerini seçip başlaýar:

– Eý, patyşa, şek bilen anyklygyň arasynda diňe dört barmak ýer bar. Göz bilen görülen zat hakdyr. Ýöne gulak bilen eşidilen zadyň hakykatlygynda ýa-da nädürslüginde şübhedir güman bardyr. Gulak bilen eşidilen zadyň ýalan bolmagy mümkin. «Eşiden deň bolmaz gören göz bilen» diýipdirler. Patyşa näme buýruk berse, onuň hökümi ýörgünlidir. Şonuň üçin ol permanlaryny şübhe we güman bilen däl, eýsem, anyk delil arkaly bermelidir. Sebäbi eger ýaňky güman aradan aýrylyp, anyk deliller arkaly hakykat başgaça görnüşde peýda bolaýsa, onda ol onuň bu dünýäde betnam, ahyretde bolsa günäkär bolmagyna sebäp bolar.

Patyşa oňa berekella aýdyp, onuň bu pikirlerini doly kabul edýär.

### Mesnewi

Çykarylan bolsa höküm anyk bilinip günä,
Patyşalyk bezegi, dine zynat görünýä.

Höküm güman esasda bolsa, netije aýan,
Ýürege perişanlyk hem-de ol örän zyýan.

Bir akyldardan:

– Käbir patyşalaryň gaflatda galmaklarynyň sebäbi näme? – diýip soranlarynda, akyldar şeýle jogap beripdir:

– Üç zat patyşany ýurtdan hem halkdan bihabar edýär. Birinjisi, şöhwetiň[1] we nebsiň haý-höwesiniň yzyna düşmek. Sebäbi her kim nebis duzagyna düşüp, onuň arzuwlaryny bitirmek bilen bolsa, hiç kimiň we hiç zadyň aladasyny etmez.

**Beýt**

Nebsiniň ugrunda serhoşluk eden,
Işin berbatlyga uçradar birden.

Bu mesele barada şu rowaýat hem gaty meşhurdyr:

Bir adam Isgendere:

– Sen bir patyşa we diýseň beýik adam, seniň perzentleriň köpelip, senden ýadygär galar ýaly köp aýal al – diýýär.

Isgender:

– Menden ýadygär, galjak zat adalatlylyk we ýagşy atdyr. Bir adamyň ähli kişilerden üssün bolup, ahyrsoňunda aýallaryň elinde har-zelil bolmagy gelşiksizdir – diýýär.

**Beýt**

Bir dem şöhwet-zyna edeniň
gum sowrulsyn başyndan,
Zenan üçin har bolmak
däl mertleriň işinden.

– Ikinjisi, baýlyk toplamak we hazynany doldurmak üçin hars urmak. Patyşalar üçin mal-baýlyk jemlemek üçin hars urmakdan ýaramaz häsiýet ýokdur. Çünki, baýlyk üçin hars urýan adam diňe bir halala-harama seretmän, halkyň hem ýurduň gamyny iýmezlikden başga-da, ol özünden başga hiç kimiň baýlyga we döwletlilige eýe bolmagyny hem islemez, hemme zady özüne alar, şonuň bilen hem doýmaz.

Harsydünýäler gözi «doýdum»
diýmedi bir hem,
Sadap sabyr-kanagat bilen dolandyr dürden.

Aýtmaklaryna görä, bir takwa adam bir soltana nesihat berip: «Eý, patyşa! Häzir seniň halkyň baý we sen baýlaryň patyşasy. Emma sen halkdan pul-mal alsaň, olar garyp-mätäç bolarlar we sen garyplaryň patyşasy bolarsyň» diýipdir. Hekim Ferdöwsi şeýle diýýär.

**P**atyşa baýlyk ýygsa, sen soňuna garagyn,
Agyrdýandyr şeýle şa adamlaryň ýüregin.

[1] Şöhwet – jynsy hyjuw.

Tabşyrmaly bolar ol

şeýdip ýurdy duşmana,

Halk ýüregin agyrdyp,

goýmaly däl puşmana.

Bir patyşa: «Adamlardan baýlyk topla we hazynaňda goý» diýipdirler. Ol bolsa: «Hazyna halkymdan gowy däldir. Heran-haçan islän wagtym ol hazynadan öz baýlygymy alaryn» diýipdir.

Üçünjisi, şerap içmek we bihuda hem günä oturlyşyklara meýil etmekdir. Patyşa serhoş bolmakdan gaça durmalydyr. Eger ol serhoş bolsa, halkdan we ýurtdan bihabar galar we emeldarlar onuň gapyllygyndan peýdalanyp, islän zatlaryny ederler.

### Beýt

Zat dadyp, «akylsyz» adyny alan –
Adam akylsyzdan akylsyz bolan.

Serhoşlukda her hili ýagdaýlar ýüze çykar we her hili nogsanlyklar peýda bolar, emma welin olary huşuňa geleniňden soň dolduryp, düzedip bolmaz.

### Kytga

Şalyk eýesine serhoşluk däpdir,
Şonuň üçin hüşgärlik ýeg şalykda.
Şa gözegçi – uky ýaraşýan däldir,
Bolmalydyr mydam ol oýalykda.

Tobalary kabul ediji – Alla şükür edýäris. Mertebesi belent Abulmuhsyn ýurt bezeýji Daranyň üstünligine eýe bolan, Peridun bagtly, Isgender tagtly, Güneş kimin sahawatly we Jemşit haýbatly şazadadyr:

Dünýä meşhur Hysrow Abulmuhsyn,
Hak oňa serwerlik baýlygyn berdi.
Ol adalatlylykda ikinji Sanjar,
Hak oňa Sanjaryň şalygyn berdi.

Ykrar edilmegi hökmany bolan «Allatagala yhlas bilen toba ediň»[1] diýen aýata görä, toba älemine gadam goýup, ýalkaw dileme gapysyny «Günäleriň üçin ýalkaw dile»[2] diýen açar bilen açyp, «Iz Perwerdigäriňize tarap gaýdyň»[3] diýen mazmuny ak ýürekden kabul edip, suwdan ganan läle kimin şerap bulguryny daşa urup, erkin bägül ýaly on dil bilen «Estagfirulla»[4] aýdyp, mübärek, röwşen ýüzli takwalaryň owadan syratlaryna meňzäp, «Perwerdigär olara päk şerbet-içgi içirer»[5] diýen

[1] Gurhanyň 66-njy (Tahrym) süresiniň 8-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 47-nji (Muhammet) süresiniň 19-njy aýaty.
[3] Gurhanyň 39-njy (Zümer) süresiniň 54-nji aýaty.
[4] «Estagfirulla» – Alladan ýalkaw soraýaryn ýa-da «Eý, Alla günämi geç» diýmek.
[5] Gurhanyň 76-njy (Ynsan) süresiniň 21-nji aýaty. Päk şerbet-içgi diýmek jennetdäkilere beriljek süýji içgidir.

wada görä, şazada hakykatda meslik salgymy bolan şerap içmeklik günäsinden ýüz öwürdi[1]. Häzir mübärek mejlisde meý içijileriň gykylyklarynyň ýerine dindarlaryň doga-dileg sesleri, serhoşlaryň arlamalarynyň deregine hudaýparazlaryň tekbir we tesbih owazlary ýaňlanýar.

**Beýt**

Naý nagmasynyň ýerine karylaryň hoş sesi,
Meý bulgurnyň deregine
dosta hoşwagt badasy.

Haktagala özüniň pygamberiniň we onuň ýagşyzada maşgalalarynyň hormatyna alyhezretiň[2] toba we puşmanlyk bereketini ähli adamlara ýetirsin we bu ýagşy amalyň haýry bilen onuň mübärek döwleti amanda galsyn!

---

[1] Bu ýerde şazada Abulmuhsynyň ilki arak-şerap içmeklik häsiýeti bolup, soňra bu häsiýeti we adaty terk edendigi aýdylýar.
[2] Bu ýerde «alyhezret» diýip şazada Muhsyn göz öňünde tutulýar.

## OTUZ DIRDÜNJI BAP

## PARASATLYLYK

Parasatlylyk – hökümdarlyk etmekde umumy bir şertdir. Ygtyýar eýeleriniň[1] her bir wakany ähli jähetden derňew gözi bilen seljermekleri hökmanydyr. Eger ýüze çykan waka röwşen hem aýan bolsa, şerigatyň we adalatlylygyň talabyna görä höküm etmeli. Eger bir wakanyň syry gowy äşgär bolmasa, onda patyşa parasatlylyk nury bilen onuň anygyna ýetmeli we wakany gürrüň berenleriň sözüne ynanmaly däl. Beýik akyldarlar: «Patyşanyň bezegi parasatlylyk zynatyndadyr» diýipdirler.

Hekaýatlarda getirilişine görä, iki sany aýal Süleýman pygamberiň (goý, oňa we pygamberimize Allanyň salamy bolsun!) köşgüne gelip, bir oglanjygyň üstünde dawa edýärler. Olaryň her haýsysy oglany özleriniňki diýipdirler. Emma ikisem muny subut etmekden ejiz gelipdirler. Süleýman oglanjygy gylyç bilen ikä bölüp, her bölegini bir aýala bermeklerini buýurýar. Haçanda jellatlar gylyjy gynyndan çykaranlarynda ol aýallaryň biri bikarar bolup hem aglap:

– Oglany öldürmäň, men öz hakymdan geçdim – diýýär.

Emma beýleki aýalda hiç hili hereket-alamat ýüze çykmaýar. Süleýman oglany şol bikarar bolup, aglan aýala bermeklerini buýurýar. Sebäbi parasatlylyk ol aýalyň çagasyna görkezen mähribanlygy üçin oglanyň oňa degişlidigini subut edýär. «Mömin adamyň akyl-parasatyndan çekiniň, sebäbi beýle adam [her bir zada] Allanyň nury bilen seredýär» diýen hadysa görä, parasatlylyk Haktagalanyň mömin bendesine peşgeş beren bir nurydyr. Şonuň üçin hiç bir zat ondan örtügli galmaýar. Gurhany Kerime düşündiriş ýazan tefsirçiler «Bu zatda, ýagny öňki kowumlary Allanyň buýruklaryna garşy çykandyklary üçin azaba duçar bolmakda düşünjeli adamlar üçin ybratlanma – nyşana bardyr»[2] – diýen aýatdaky «düşünjeliler» diýen sözi parasatlylar diýip düşündirýärler. Parasat iki hili bolýar. Şerigat parsatlylygy we höküm çykarma parasatlylygy. Şerigat parsatlylygy – nebsiňi päklemek we ýüregiňi tämizlemek arkaly gaflat perdesini köňül gözüňden syrmakdyr. Şonda, mömin bende her bir hakykat zady nury bilen görer. Ol gören adamsynyň ýagdaýyna we ahwalyna hakyky parasatlylyk bilen göz ýetirýär.

Daşdan eşidäýseler eger onuň adyny,
Getirerler göz öňne onuň bar ahwalyny.

Rowaýat etmeklerine görä, Ymam Şapygy we ymam Muhammet (goý, Alla olaryň ikisine-de rehmet etsin!) Käbäniň töwereginde otyrkalar, bir adam metjide

[1] Ygtyýar eýeleri – patyşalar, soltanlar, häkimler ýaly hökmürowanlar.
[2] Gurhanyň 15-nji (Hijr) süresiniň 75-nji aýaty.

girýär. Ymam Şapygy: «Bu adam neçjar bolmaly» diýýär. Ymam Muhammet bolsa «Ol demir ussasyna meňzeýär» diýýär. Olar ol adamy çagyryp, onuň käri barada soraýarlar. Ol: «Men öň demir ussasydym, emma häzir neçjarlyk bilen meşgullanýaryn» diýipdir. Şu ýerde, ol iki akyldaryň parasaty mälim bolup, aýdan sözleri hakykata eýe bolupdyr.

### Kytga

Hak nazary düşen nurana ýürek,
Kämil parasatdan nyşandyr mydam.
Diý: «Haka birleşip kalp aýnaň päkle.
Paýhas jemalyny küýseýän adam».

Rowaýat etmeklerine görä, beýik şyh, ýagşyzadalaryň serweri hoja Abdylhalyk Gijdiwany (goý, onuň ýatan ýeri ýagty bolsun!) bir gün Allany tanamaklygyň ýollary barada wagyz edip otyrka, onuň mübärek mejlisine takwalaryň keşbine hyrka geýen we egnine namazlyk alan bir ýaş ýigit girip, bir gyrada oturýar. Biraz wagt geçensoň ýerinden turup:

– Hezreti Muhammet (s.a.w.) «Mömin kişiniň akyl-parasatyndan çekiniň, çünki ol her bir zada Allanyň nury bilen seredýändir» diýipdir. Bu hadysyň syry näme? – diýip soraýar.

Hoja oňa:

– Bu hadysyň syry seniň zünnaryňy kesip, iman getirmegiňde – diýýär.

Ýaş oglan:

– Zünnar dakynmakdan Alla saklasyn! – diýýär.

Hojanyň yşaraty bilen bir hyzmatkär ol ýigidiň üstündäki hyrkany çekip aýyrýar welin, onuň aşagynda zünnar görünýär.

### Beýt

Hapadan sap ýürege Hakyň nazary düşýär,
Ähli zat gaýybana bolýandyr oňa äşgär.

Ol ýigit dessine zünnaryny kesip, iman getirýär. Hoja hezretleri oturanlara ýüzlenip:

– Eý, dostlar! Bu daşky zünnaryny kesip, täze dine giren ýigidiň içki zünnaryny hem üýşüp keseliň – diýýär.

Şol wagt adamlaryň arasyndan ahy-nala sesleri eşidilýär. Olar hojanyň aýagyna ýykylyp, ýaňadan toba edýärler.

### Mesnewi

Iz eden işiň toba-puşmanda bolmak,
Hak dergähine täze musulman bolup gelmek.

Ýaramaz işden toba edýär garamaýaklar,
Ýagşyzadalar baksa, toba etmän bakmaýar.

Bu ýolda şyh serweriň –

bir piriň sözi dilde:

«Hakdan özgä ýüz tutsaň

toba kylgyn şo pille».

Parasatlylygyň ikinji görnüşi bolan höküm çykarma parasatlylygy şeýledir, ýagny ony akyldarlar tejribe bilen öwrenipdirler we delillerini onuň daşky şekilinden we keşbinden görüp bilipdirler. Olaryň bu parasatlylyklary köplenç dogry bolup çykypdyr.

Anuşirwanyň döwrüniň akyldar alymlary oňa niýetläp, parasatly-ündewli kitap ýazypdyrlar. Anuşirwan ol kitaby yzygiderli okap, parasatlylyk bilen höküm çykarar eken. Aýtmaklaryna görä, bir gün gysga boýly bir kişi Anuşirwanyň şikaýat diňleýji mejlisine gelip:

– Men bir sütem ýeten adamdyryn – diýip, şikaýat edýär.

Anuşirwan oňa:

– Ýalan aýdarsyň, çünki parasatlylyk ylmynda[1] bellenilişi ýaly, boýy gysga adam ýüzi galyň, hilegär we sütemkärdir. Şeýle adam sütem gören bolman, tersine sütemkärdir – diýýär.

Soňra derňew edip görseler, patyşanyň aýdyşy ýaly, ol kişi sütemkär bolup çykypdyr.

Eger paýhasly bolsaň ýüregiň gözi açyk,
Her bir ýagdaýy-haly görkezip durýar anyk.

Taryh kitaplarynda bellenilişine görä, soňra ýene bir gysga boýly adam Anuşirwanyň öňünde şikaýat edip:

– Bir kişi maňa sütem etdi – diýýär.

Anuşirwan:

– Hiç kim gysga boýla sütem edip bilmez, gaýtam, ol başgalara sütem eder. Sen gysga boýly – diýýär.

Onda ol adam:

– Eý, şa! Maňa sütem eden adam menden hem gysgarak – diýýär. Anuşirwan ýylgyryp, onuň hakyny alyp berýär.

Beýik şyh emir Seýit Aly Hemedany (goý, ýatan ýeri ýagty bolsun!) «Patyşalaryň genji» atly eserinde akyldar we hikmet eýeleriniň parasat-danalyk barada aýdan sözlerinden bir bap ýazypdyr. Bu ejiz bende soltanlar üçin ýörelge bolsun we bu kitap hem Hudaý tarapyn ymamyň we ikinji Alynyň[2] bereketi bilen bezeg-zynat tapsyn diýip, ol baby dolulygyna bu waraklara geçirmegi makul bildi.

**Beýt**

Isümlik hemişe güllän mahaly,
Görk goşulyp, artýar onuň bahasy.

Bilgin, akyldar alymlar öz ýazgylarynda şeýle diýipdirler:

---

[1] Parasatlylyk ylmy – daşky keşbe ýa-da bolan wakalara görä parasatlylyk bilen çözgüt tapmak.

[2] Bu ýerde Seýit Aly Hemedanyny ikinji Hezreti Aly diýip, mertebelendirýär.

Ýüzüň aşa aklygy bilen gözleriň göm-göklügi we ýaşyllygy ýüzigalyňlyga, bihaýalyga, dönüklige, ýaramazlyga, kemakyllyga we pikiriň nädürsligine delildir. Emma bu alamatlar üssesine-de süýri hem inçe eňekli, köse, ýiti gözli, ýasy maňlaý we gür saçly bolsa, onda akyldarlaryň aýtmaklaryna görä, beýle adamlar kepjebaşlardan hem howpludyr, olardan seresap bolmalydyr.

Saçyň alamatlary. Akyldarlaryň aýtmaklaryna görä, gyzylymtyl gaty saç batyrgaýlygy we beýniniň sagdynlygyny aňladýar. Ýumşak saç gorkaklygy, beýniniň sagdyn dälligini we kem düşünjeliligi aňladýar. Eginlerde we gulaklarda köp tüýleriň bolmagy batyrlygy we tentekligi aňladýar. Gursakda we garynda köp tüýleriň bolmagy gorkak tebigatlylygyň, kütek zehinliligiň we jebri-jepa meýilliligiň alamatydyr. Sary saç akmaklygy, gaýduwsyzlygy we gaty gaharjaňlygy aňladýar. Gara saç akylly-düşünjeliligi we danalygy aňladýar. Gyzyl we gara reňkleriň aralygyndaky saç aram sypatlydygyny aňladýar.

Maňlaý alamatlary. Akyldarlaryň aýtmaklaryna görä, ýygyrt we gasyny bolmadyk ýasy maňlaý uruş-dawany gowy görmekligi, kemakyllygy, pöwheligi we lap urmaklygy aňladýar. Kiçi we dar maňlaý pesligi, gysgançlygy we ejizligi aňladýar. Ýygyrtly ortaça maňlaý dogruçyllygy, muhabbetliligi, pähimliligi, ylymlylygy, üşükliligi we ugurtapyjylygy aňladýar.

Gulak alamatlary. Uly gulak nadanlygy aňladýar, ýöne beýle gulakly adam ýatkeş, emma käwagtlar gaharjaň kişi bolýar. Kiçi gulak akmaklygy we ogrulygy aňladýar. Gulagyň ortaçalygy kadaly häsiýeti aňladýar.

Gaş alamatlary. Uly we gür gaş sözleriniň gödekligini aňladýar. Gulaga golaý uzap gidýän uzyn gaş tekepbirligi we lap urmagy, ne uzyn, ne-de gysga gara gaş pähimliligi we dindarlygy aňladýar.

Göz alamatlary. Iň erbet göz gök gözdür. Uly we ýiti göz göripligi, dönükligi, bihaýalygy we ýaltalygy, kiçi, ýumuk we oýnap duran göz nadanlygy we düşünjesizliligi, köp hereketli we ýiti seredýän göz hilegärligi, mekirligi we ogurlygy, gözüň gyzyl bolmagy batyrlygy we gaýduwsyzlygy aňladýar. Mundan başga-da gabagyň gyralaryndaky sary nokatlar pitneçilligi aňladýar. Eger göz ne uly, ne-de kiçi, ne gara, ne-de gyzyl bolsa düşünjeliligi, hüşgärligi, dogruçyllygy we dindarlygy aňladýar.

Burun alamatlary. Inçe burun oňşuklygy we mylaýymlygy görkezýär. Egri burun edermenligi, ýasy burun şöhwetliligi we söýmekligi, burun deşiginiň ululygy gaharjaňlygy, burnuň tutuşlygyna ýogynlygy ýaňralygy we ýalançylygy aňladýar. Ortaça burun pähimliligi we akyllylygy aňladýar.

Dodak we agyz alamatlary. Uly agyz dürs pikirliligi we edermenligi aňladýar. Uly dodak akmaklygy, dodagyň gyzyl we ortaça ýagdaýda bolmagy dürs pikirliligi aňladýar.

Diş alamatlary. Egri we gyşyk dişler mekirligi we dönükligi aňladýar. Düz we aralary açyk diş amanatdarlygy, adalatlylygy we parasatlygy aňladýar.

Ýüz alamatlary. Etlek we çişip duran ýüz nadanlygy we gödek häsiýetliligi, etsiz sary ýüz, eger kesel sebäpli bolmasa, ol adamyň içiniň erbetdigini we pikiriniň ýaramazdygyny aňladýar. Bu keşpleriň ortaçasy aramlygy aňladýar.

Ses alamatlary. Belent we ýogyn ses edermenligi, inçe ses betgümanlygy we şübheliligi, aram ses akyl-parasatlylygy we üşükliligi aňladýar. Burnuna salyp gürlemek akmaklygy, tekepbirligi we düşünjesizligi aňladýar.

Gepleýiş alamatlary. Agras geplemek gowulygyň alamaty. Geplän wagty ellerini gymyldatmak akyllylygy we ugurtapyjylygy aňladýar.

Boýun alamatlary. Gysga boýun mekirligi we hapysalygy (bozuklygy) aňladýar. Uzyn we inçe boýun gorkaklygy we akmaklygy aňladýar. Ýogyn boýun nadanlygy hem köp iýermenligi, ortaça boýun dogruçyllygy, adalatlylygy we akyllylygy aňladýar.

Gursak we garyn alamatlary. Uly garyn nadanlygy, gysgançlygy, akmaklygy, gorkaklygy we pitneçiligi aňladýar. Ortaça garyn we gursak pähimliligi we akyl taýdan saplygy aňladýar.

Egin we arka alamatlary. Egniň we arkanyň giňligi-ýasylygy gaýduwsyzlygy we akyl taýdan kemligi aňladýar. Kiçi we hor eginlilik içki pikirleriniň ýaramazlygyny we dinsizligini aňladýar.

El we barmak alamatlary. Eliň we barmaklaryň uzynlygy her bir işde hüşgärligi we düşünjeliligi aňladýar.

Baldyr alamatlary. Ýogyn baldyr nadanlygy we ýüzigalyňlygy aňladýar. Onuň ortaça bolmagy ortaça häsiýetliligi aňladýar.

Akylly dana kişä adamlaryň häsiýetlerine baha bermek üçin şu aýdylan alamatlar ýeterlikdir.

Şu ýere çenli «Patyşalaryň genji» atly kitabyň ýazarynyň gürrüňlerini ýazdyk. Bular babatda ýene-de bellemeli zat şudur. Akyldarlar tarapyndan ýokarda aýdylan alamatlar boýunça bellenip geçilen ýaramaz häsiýetlerini gowulyga üýtgetmek ugrunda çalyşmadyklar we haýwanlykdyr wagşylyk sypatlaryndan geçmedik we ynsanlyk mertebesine ýetmedik kişiler üçindir. Emma bir adam öz ahlagyny we häsiýetlerini takwalyk, pirleriň öwüt-ündewleri, alymlaryň tälim-terbiýeleri bilen ýa-da özünden öňki ulamalaryň rowaýatlaryny we nesihatlaryny öwrenip düzeden bolsa, onda olaryň keşbinde ýaramaz alamatlar bolsa-da, onuň erbet adamdygyna höküm etmeli däldir. Ýunanlylaryň rowaýatlarynda şeýle diýilýär:

Eflatun bir dagyň üstünde mesgen tutupdyr. Ol daga diňe bir ýol bilen baryp bolýan eken. Eflatun şol ýoluň ugrunda bir suratkeşi goýup, oňa: «Haçanda bir kişi meniň ýanyma gelmekçi bolsa, men onuň keşbinden hal-ýagdaýyny aňarym ýaly onuň suratyny çekip, meniň ýanyma ibergin. Eger ol meniň bilen duşuşmaga mynasyp adam bolsa çagyraryn, ýogsa ähmiýet bermerin» diýýär. Şeýdip, her kim Eflatun bilen duşuşmakçy bolsa, suratkeş onuň suratyny çekip, akyldaryň ýanyna iberer eken. Eflatun hem şol surat arkaly onuň häsiýetini bilip, ony çagyrar eken ýa-da yzyna gaýtarar eken. Bir gün belent mertebelileriň biri gelýär. Onuň suratyny çekip, Eflatuna görkezýärler. Eflatun ol adamyň özi bilen duşuşmaga mynasyp däldigini aýdypdyr. Onuň bu sözi şol myhmana ýetende, ol: «Siziň meniň ahlagym we häsiýetim barada parasatlylyk bilen gelen netijäňiz öňler dogrudy. Emma men takwalyk bilen olaryň hemmesine em etdim we häsiýetlerimi düzetdim» diýip, habar ýollaýar. Eflatun ony çagyryp, ony özi bilen ikiçäk duşuşmak hormatyna eýe edipdir. Garaz, ähli işleri hemmetaraplaýyn parasatlylyk alamatlarynyň üsti bilen amala aşyrman, öz akylyň we kelläň bilen hem oýlanmaly. «Döwlet eýelerine ylham geler» diýlişi ýaly, Alla tarapyn berilýän ylham bereketine eýe bolmaga çalyşmalydyr.

## Kytga

Döwlet eýelerniň päk ýüregine,
Hudaý tarapyndan ýetýändir ylham.

Hak ýolunda ýalňyşmazlar hiç mahal,
Allanyň nury bilen nurlansa ýol hem.

## OTUZ BÄŞINJI BAP

## SYRLARY GIZLIN SAKLAMAK

Patyşalyk däpleriniň ýene biri syrlary gizlin saklamakdyr. Patyşalyk syrlaryny paş etmekde köp howp-hatarlar bardyr. Hadyslarda getirilişine görä, pygamberimiz Muhammet özüniň käbir saparlarynda gitjek ugurlaryny düşnüksiz edip, ýagny syrly görnüşde aýdypdyr. Ol göwher seçiji dili bilen bir sözi aýdardy welin, eşidenler bir tarapy göz öňüne getirer ekenler. Emma ol sözlerinde çylşyrymly edip aýdan tarapyna däl-de, başga tarapa gider eken. Geçmişdäki uly-uly şahsyýetler hem söweşe gidilende esasan şeýle ýollary ulanypdyrlar.

### Mesnewi

Şeýle ýola goýmaly, sen öz ýörelgäňi, bil,
Seniň bu syrlaryňy hiç kişi aňmaly däl.

Isgender gündogarda bolanda söweşmekçi,
Çadyrlarda öýtdüler: «Günbatara gitmekçi».

Seniň tutan işiňde
hiç kim bolmasyn şärik,
Senden başga saňa syrdaş ýok
özüňe, gelgin bärik.

Seň pikriňi bilseler,
senden başga – özgeler,
Onda ol pikir üçin aglap ötmeli bolar.

Meşhur öwüt-ündewli bir jümle bar: «Ýoluňy, diniňi we gyzylyňy gizle». Üç zadyňy gizlin sakla. Birinjisi, ýoluňy, öz gitjek ýeriň barada hiç kimi habarly etme, çünki, duşmanlar elmydama hereketde. Ikinji, diniň we ynanjyň barada hiç kim bilen söhbetdeş bolma, çünki, göripler we şugullar köpdür. Üçünji, baýlygyňy gizlin saklagyn, çünki, oňa tamakinler hem sansyzdyr. Garaz, ähli syrlaryňy gizlin saklamak ýagşydyr, sebäbi bu jahanda syryňy saklaýanlar we syrdaşlar örän azdyr.

### Mesnewi

Iz syryň hiç kime etmegin aýan,
Tapmarsyň sen jahandan syr saklagan.
Köp seýran etsem-de jümle-jahana,
Başartmady maňa syrdaş tapmagam.

Akyldarlar şeýle diýipdirler:

Adamyň içinde saklaýan zatlary iki hilidir. Biri nygmat nyşany, beýlekisi mähnet beýany. Bularyň ikisi hem gizlin saklanmalydyr. Eger diňe baýlyklar we şatlyklar bar bolsa, onda göripleriň gözünden hem tamakinleriň apatyndan aman galmagyň üçin olary gizlin saklagyn. Eger kynçylykdyr mähnet bar bolsa, dostlar alada düşüp, duşmanlar begenmez ýaly, ýene-de gizlin saklagyn. Bu barada şeýle diýipdirler:

Syr aýtma hiç kime başardygyňdan,
Syr ýa şatlyk, ýa-da gynanç getirer.

Gam bolsa gynançdadyr ýüregiň,
Şatlyk bolsa, belki oňa göz deger.

Şonuň üçin syr saklaýan öýüňe,
Gowusy, hiç kimi salmazlyk, meger.

Bir adam bir akyldardan:

– Eger bir syr meniň köňlüme ynjalyk bermese, men ol syry kime aýtsam ony gizlin saklap, hiç kime paş etmez – diýip soraýar.

Akyldar:

– Eger sen özüňe gerek syry özüň saklap bilmän, aýan etseň we başga bir kişä aýtsaň, ol özüne gerek däl bolan syryňy saklar öýdýärmiň?! – diýipdir.

**Beýt**

Eger başaryp bilmeseň,
sen öz ýüküňi göterip,
Dostuň hem göterip bilmese,
durma ondan gaty görüp.

Rowaýat etmeklerine görä, Isgender öz syrlaryndan bir syry bir adama aýan edip, ony paş etmezligi berk tabşyrýar. Emma ol adam Isgenderiň syryny paş edipdir. Onuň bu işi Isgendere hem ýetipdir. Isgender akyldar Belinasa:

– Biriniň syryny paş eden adamyň jezasy nämedir? – diýýär.

Belinas:

– Aýdyňrak aýdyň – diýýär.

Isgender:

– Men pylan adama öz syrymy aýan etdim, ol bolsa paş edipdir. Men ondan ynjadym. Onuň etmişine görä, jeza beresim gelýär – diýýär.

Akyldar:

– Eý, patyşa! Ondan gaty görme, oňa jeza bermegin. Sebäbi sen öz syryňy özüň açypsyň. Çünki, sen öz syryň özüň üçin gaty möhümdigine garamazdan, ol ýüki göterip bilmänsiň we syryňy saklap bilmänsiň. Indi başga bir adam seniň ol agyr ýüküňe çydam edip bilmän, syryňy paş eýlese geň görmäň – diýipdir.

**Kytga**

Izüň sakla syryň, syryň saklaýanyň ýok,
Iz syrdaşyň özüň bol, syryň saklaýanyň ýok.
Hakyky dost soradym
bir akyldar pirden men,
Diýdi: «Geçiber mundan,
munda çaklaýanyň ýok».

## OTUZ ALTYNJY BAP

## WAGTYŇ GADYRYNY BILMEK WE ÝaGŞY AT GALDYRMAK

Akyl we parasat eýeleriniň güneş kimin nurly aňlaryna eziz ömrümiziň ýyldyrym ýaly geçip gidýändigi we durmuş pursatlarynyň deňizleriň tolkuny ýaly hemişelik däldigi äşgär hem aýandyr. Geçýän her bir pursat tapylmajak göwherdir. Onuň gadyryny bilmegimiz gerek. Her bir geçýän wagt öwezini dolup bolmajak genji-hazynadyr, ony elden bermeli däldir.

**Beýt**

Her bir geçýän wagtyňdan
nyşan gözlemeli däldir,
Çünki ömür ilçisi
nyşansyz geçip geçýändir.

Durmuşyňdaky geçen zatlary yzyna gaýdyp almak mümkin däl, indiki geljek zatlar hem gaýyplyk perdesinde gizlin ýatandyr. Geçen zaman bilen geljek zamanyň arasynda häzirki zaman diýen bir wagt bardyr. Iz ömrüňde şol häzirki zamany elden bermän, işleriňi şol zamanda ýerine ýetirmelidir.

**Kytga**

Ganymat  bil pursaty,
sen wagty ganymat bil,
Pursatlar elden gider, olary ömür tutmaz.
Zamana bil baglarmy heý-de akylly adam,
Imrüň gadryny bilen jahana ynam etmez.

Şeýlelikde, bu pany döwürde we hemişelik däl zamanada hakyky döwlet we ýurt eýesi ýagşylyk nyşanalaryny dikip, mähremlik derýalaryny akdyrmak bilen ýagşy at we gowy ýatlama galdyrýan kişidir. Sebäbi, ikinji ýaşaýyş yzyňda galan ýagşy atdan ybaratdyr.

**Kytga**

Imre dowamat-dowam – eý, bakylyk islegli,
Bakylykdyr ynsana ýatlansa öwgi bilen.

Mertebe, haýbat, mal-mülk,
wezipe – bary gider.

Adamyň soňy pany – muny oýlanan biler.

Näçe oýlanyp gördüm, pany jahandan diňe
Adam gerek zady – ýagşy at bilen alyp bolar.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Patyşanyň mejlisinde bir beýik şahsyýet barada köp gürrüňler edilip, onuň çeper dilliligini, artykmaç taraplaryny we beýik işlerini şeýle bir taryp edipdirler welin, patyşanyň oňa bolan muhabbeti diňlemegiň çäginden geçip, şol akyldary çagyrmaga perman berýär. Ol akyldar patyşanyň mejlisine gelýär we salam berensoň:

– Patyşa müň ýyl ýaşasyn! – diýýär.

Patyşa:

– Söze başlanyňdan mümkin däl zady aýdyp başladyň. Bu gep seniň bu derejäňe we mertebäňe seredeniňde geň zatdyr. Sen ýalylardan bu sözleri eşitmek gelişmeýär – diýýär.

Akyldar:

– Adamlaryň ýaşaýşy diňe beden ýaşaýşy däldir. Hemmeler adamlaryň müň ýyl ýaşamaýandygyny bilýärler. Emma ýagşy adyň adam wepat bolandan soň hem bir täze ýaşaýyş hasaplanýandygy üçin, siz alyjenabyň ýagşy adyňyzyň müň ýyllap döwürleriň sahypasynda ýazylyp galmagyny arzuw etdim – diýýär.

### Kytga

Bir meşhur bolany ýagşy at bilen,
Ilenden soň direltdiler ulular.
Başga bir betpygyl-betnam adamy
Dirikä hem öli saýdylar olar.

Aşakdaky beýt hem şu mesele barada:

### Beýt

Eý, Sagdy, hiç ölmez ýagşy at alan,
Ili – ýatlanmaýan ýagşylyk bilen.

Alymlaryň biri öz ýazgylarynda şeýle hekaýat getiripdir: Anuşirwanyň eýwany we «Taky Kesra» atly ymaraty diýseň belent bolup, onuň at-owazasy jümle-jahana ýaýrapdyr. Emma meşhurlyk ne onuň küňreleriniň beýikliginde, ne-de onuň otaglarydyr penjireleriniň owadanlygyndadyr. Sebäbi birnäçe kerpiji örmek we birnäçe gapylary gurmak şeýle bir uly hünär däl. Akyl gözegçisini özüne çekýän zat şanyň eýwanynyň gapdalynda bir künçde ýerleşen garry aýalyň kiçi hem dar külbesidir. Onuň hekaýaty şeýledir:

Anuşirwanyň bu eýwany, ýagny Taky Kesra gurlup tamamlanandan we köşgüň ymaratlary doly bina edilendensoň, Anuşirwan nedimleriniň we akyldarlarynyň birtoparyna:

– Baryň, eýwana aýlanyp görüň, eger bu ymaratda kemlikdir nogsan bar bolsa, ony düzetmäge emr edeýin – diýýär.

Olar ymarata we onuň töweregine nazar salyp:

– Eý, patyşa! Bu ymaratyň belentlik goly Ekizler ýyldyzyna[1] ýetýär, beýiklik binasy mertebelilik aýagyny Ülker ýyldyzynyň eýwanyna basýar:

[1] Ekizler ýyldyzlar topary.

Beýle binany pelek hiç wagt görmändir,
Jahan ýada salmaýar bu ymarat işini.
Gapysyny açanda ykbal ilkinji gezek,
Älem-jahandakylara behişt açdy işigi.

– Bu eýwanyň sütünlerinde hiç kemlik we onuň töwereklerinde hiç aýyp ýok. Ýöne eýwanyň bir burçunda kiçijik we pessejik külbe bar. Ol külbeden tüsse çykýar we eýwanyň diwaryny garaldýar. Eger bu mesele hem çözülse oňat boljak. Beýle eýwandan bu kemçiligi aýyrmak hökmany iş – diýýärler.

Anuşirwan:

– Bu külbe ömrüni ötüren we ýaşaýyş güni batyş serhedine ýeten bir garry aýalyň mülki. Men bu eýwanyň düýbüni tutanymda we mygmarlar onuň çyzgysyny çekenlerinde bu öý eýwanyň çäklerine düşüp, onuň öň tarapynyň düz bolmagyna päsgel berdi. Men ol garry aýalyň ýanyna adam iberip, «Bu külbäni islän bahaňa maňa sat, saňa altyn-zer bereýin ýa-da seniň üçin mundan has gowy bir öý häzirläp bereýin» diýdim. Ol maňa: «Eý, patyşa, men bu külbede doguldym we oňa öwrenişipdirin. Tutuş älem-jahanyň seniň mülküňdigine gözigidijilik etmän bilýän, indi sen bu pessejik höwürtgäni we bu kiçijik harabalygy şu binowa gedaýa dözüp bileňokmy?» diýip habar iberdi. Bu sözler maňa güýçli täsir etdi. Men şondan soň oňa hiç zat diýmedim. Şeýdip eýwan guruldy. Ol garry aýalyň öýüniň tüýnüginden tüsse çykanda eýwanyň diwarlaryny garaldýardy we burunlary doldurýardy. Men oňa: «Bu tüsseleri näme üçin edýärsiň?» diýip habar ýolladym. Ol bolsa: «Izüm üçin bir zatlar bişirýärin» diýdi. Men oňa hiç zat diýmän, gowrulan towukly bezelen taýýar desserhany iberip: «Eý, ene! Men her agşam saňa dürli-dümen tagamlar ibererin. Sen bu dar külbede ot ýakma, çünki, tüssesinden ýaňa biziň eýwanymyz garalýar» diýdim. Ol bolsa: «Dünýäde gözleri ýaşly, ýürekleri dagly birtopar açlar we gedaýlar bar. Meniň [olar barada bilibem] gowrulan towuk iýmegim, neneňsi rowa bolar. Men ýetmiş ýaşyma çenli diňe halal arpa çörek iýip, gatyk içip gelip, indi mundan soň, zähmetim siňmedik we meniň üçin haram bolan towukdyr halwa iýmäge Alladan gorkýaryn. Seniň adalat eýwanyň bezegi bolan bu külbäme degme. Emirler seniň kämil adalatlylykdan ýaňa meniň bu garaňky külbämi öz ugruna goýup, oňa degmeýşiňi görüp, halkyň emlägine gol uzatmazlar. Mundan başga-da seniň eýwanyň uzak ýyllap saklanyp galmaz. Emma meniň öýümiň kyssasy ençeme wagtlap döwürleriň sahypalarynda ýazylar» diýip, jogap iberdi. Maňa onuň bu sözleri ýarady. Şeýdip, onuň bilen goňşuçylykda ýaşamaga razy boldum – diýipdir.

Aýtmaklaryna görä, ol garry aýalyň bir hor sygry bolup, ol sygryny her gün irden çöle äkidip, agşam getirer eken. Sygyr her günde iki gezek eýwanyň öňünde ýazylan owadan we reňkli düşekleriň üstünden geçermiş. Bir gün patyşanyň nedimleriniň biri:

– Eý, garry! Sen bu işi etme, patyşalyk namysyny döwüp, soltanlyk haýbatynyň binýadyny weýran edýärsiň – diýipdir.

Garry aýal oňa:

– Patyşalyk namysy adalatlylyk bilen däl-de, zulum bilen döwler. Soltanlyk haýbatynyň binýady hem akyl bilen däl-de, nadanlyk bilen weýran bolar. Men

näme edýän bolsam patyşanyň ýagşy adynyň baky galmagy üçin edýärin we onuň akybetiniň gowy bolmagynyň gamyny iýýärin – diýipdir.

Ol hakykatdan hem rast aýdypdyr. Sebäbi bu wakadan müň ýyl geçse-de, garry aýalyň külbesiniň we Anuşirwanyň eýwanynyň hekaýaty depderlerde ýazylýar we dillerde ýaňlanýar.

**Beýt**

Ýagşy amal täsirin gör ki sen,
ol dur heniz –
Döwür Kesra eýwanyny
weýran etmändir hergiz.

Menuçehr şeýle diýipdir: «Dünýä bil baglamak bolmaz. Akylly adam bu amanat ykbala köňül bermez. Hudaý her kime patyşalyk berse, oňa bu nygmatyň hakyny eda etmek parz bolar. Bu nygmatyň hakyny eda etmek bolsa dünýäde ýagşy at gazanyp, ahyretde bagtyýar bolar ýaly bu dünýäniň we kyýamatyň işlerini deň berjaý edip, mertlik we keremlilik ýollaryndan çykmazlykdyr».

**Beýt**

Mertler bilen oturyp,
keremli bilen ýar bol,
Täç-tagtyňy eýe çyk – sen doly ygtyýar al.

Hekaýat etmeklerine görä, Keýkubat ýurduny röwşen hem berk pikirleriniň güýji bilen dolandyryp, gowy düzgünleri ýadygär goýupdyr. Onuň oňat häsiýetleriniň biri hem ol şahyrlary we taryhçylary gowy görer eken. Bu barada ol: «Ýagşy at iki zat bilen baky galar, biri taryplamalar, beýlekisi bolsa ymaratlar gurmak bilen» diýer eken.

**Kytga**

Ferdöwsiniň şygry bolmasa,
Keýkowusyň meýlisi,
Bilinmezdi hem Rüstem,
Ispendiýar söweşleri.
Nyzamynyň nazmy bilen
beýikdir Bähram ady,
Enweriniň şygry bilen
baky Sanjar ýaşlary.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Soltan Mahmyt jennet bakjasy ýaly ýakymly, Firdöws[1] kimin göwnejaý bag-bakjaly seýilgäh gurdurýar. Ol bag-bakjalyk behişt bossany ýaly göwün açyjy, ýakymlylykda we göwnejaýlykda Erem gülüstany kimin ajaýyp bolupdyr.

[1] Firdöws – jennet, behişt.

### Mesnewi

Baksaň bagyň daşyndaky güllere,
Olar nur saçýarlar, misli bir çyra.

Ýaplaň ýakasynda reýhanlar ösen,
Säher-saba saçyp müşk-anbar ysyn.

Agaçlar jenneti – göwnüňi açar,
Otlary ýakymly ysyny saçar.

Soltan Mahmyt öz kakasy Nasyreddin Söbüktegini ol baga çagyrypdyr. Soltan kakasy üçin bagda pelek bezmçisiniň gözi ilmedik we zamananyň gulagy eşitmedik, ajaýyp bezelen supra ýazyp, myhmansöerlik görkezýär. Ol behişt tagamlaryny ýadyňa salýan tagamly naharlar taýýarlap, jennetdäki arassa şerbetleri göz öňüne getirýän lezzetli içgileri getirdýär.

### Mesnewi

Behişt nygmatlaryndan berip dur habar.
Saçakda towuklar hatarma-hatar.

Göwüne jaý bolup, üýşdi periler,
Süýjülikden gaplaň boýny burulan.

Nahar iýlenden soň, ogly kakasyndan:

– Siziň nurana pikiriňizçe bu niçiksi bag? – diýip soraýar.

Nasyreddin oňa:

– Jan oglum, bu bag diýseň owadan we göwün açyjy. Emma biziň döwlet sütünlerimizden we han-beglerimizden islän adam beýle bagy gurup biler. Patyşalar başgalaryň gurup bilmejek we miweleriniň özge baglarda tapylmajak bag-bossanyny gurmaly – diýýär. Soltan:

– Ol nähili bag? – diýýär.

Nasyreddin:

– Ýygan miweleriňe gyşyň sowugy we tomsuň yssysy hiç hili täsir etmez ýaly mähremlik we ýagşylyk nahalyny ýagşyzadalaryň, akyldarlaryň we şahyrlaryň bossanynda oturtmak gerek – diýýär.

Bu barada Nyzamy şeýle diýýär.

### Kytga

Mahmyt gurdy uly ymaratlary,
Hersi asman bilen bäsleşýän bir jaý.
Ýeke bijaý kerpiç ýokdur olarda,
Diňe Unsurynyň[1] öwgüsi berjaý.

Aşakdaky kytga hem bu mowzuga degişli:

---

[1] Unsury – soltan Mahmydyň köşgündäki şahyr.

## Kytga

Anuşirwan bir bag ekmek isledi,
Büzürgmehr aýtdy: «Mertebeli şa,

Ýurduň suwy-ýeri seniň eliňde,
Ýaplaň ýakasynda ek sen ile bag.

Döwlet baky miwe bersin, kök oturt,
Imür bagy käwagt bahar, kä gyşly çag».

## OTUZ ÝeDINJI BAP

## HAK-HUKUKLARY WE BORÇLARY ÝeRINE ÝeTIRMEK

Hak-hukuklary we borçlary ýerine ýetirmek ähli adamlar üçin umumy görnüşde, döwlet we güýç eýeleri üçin bolsa, aýratyn görnüşde hökmandyr. Bu iş adamyň kalbynyň päkligini, häsiýetleriniň gözelligini, beýik şahsyýetliligini we mertebeli adamdygyny aňladýar. Allatagalanyň nygmat hakyny berjaý edenden soň, her kim ata-enesiniň öňündäki mähremlik borçlaryny ýerine ýetirmelidir. Çünki, Allatagala öz razylygyny olaryň razy bolmaklaryna bagly edipdir. Kudsy hadyslaryň[1] birinde: «Her kimiň ata-enesi ondan razy bolsa, men hem ondan razydyryn» diýilýär. Mundan başga-da Allatagala ata-enä ýagşylyk etmegi, Izüne gulluk etmek bilen bir hatarda getiripdir. Allatagala Gurhany Kerimde şeýle diýýär: «Perwerdigäriňiz ýalňyz Onuň Izüne ybadat etmegiňizi we ata-eneňize ýagşylyk etmegiňizi emr etdi»[2]. Belli bolşy ýaly, ata-enäniň razylygy dünýäde döwletlilige sebäpdir, ahyretde bagtyýarlyga we azapdan halas bolmaga esasdyr.

### Mesnewi

Hurmuzyň Perwizden göwni-hä batdy,
Döwletlilik etdi, köp haýbat atdy.

Şiruýe Hysrowa hormat etmedi,
Şondan oňa betbagtlygyň ýetmegi.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Mälik Dinar (goý, Alla oňa rehmet etsin!) bir ýyl haja gidýär. Adamlar agşam Arafa düzlüginden gaýdyp gelensoňlar, Mälik düýşünde iki perişdäniň asmandan inip gelýändigini görýär. Olaryň biri beýlekisinden: «Şu ýyl kimiň hajy kabul edildi?» diýýär. Ol: «Ep-esli ýoly söküp gelen we köp ýol kynçylygyny başdan geçiren Ahmet ibn Muhammet Balhynyň hajyndan başga hemmeleriňki kabul edildi. Emma ol adam hajy kabul edilmekden mahrum galdy» diýýär.

[1] Kudsy hadys – Gurhanda gelmeýän, emma pygamberimiz tarapyndan aýdylan Allanyň sözleri.
[2] Gurhanyň 17-nji (Gijeki seýr) süresiniň 23-nji aýaty.

**Mysrag**

«Seniň öýüňden mahrum galan

neneň biçäredir!»

Mälik bu düýşi görensoň oýanýar we bu barada oýlanyp, ertire çenli gözüne uky gelmeýär. Ertesi aýlanyp, Horasandan gelýän kerweni tapýar. Ol kerweniň arasynda aýlanyp, Ahmet Balhyny soraýar. Birden, bir uly çadyra ýetýär. Görse, çadyryň etekleri goýberlen we içinde bir berdaşly owadan ýigit egnine gödeksi ýüň eşik geýip, aýagyna bent, boýnuna zynjyr atyp otyr. Ol ýigidiň gözi Mälige düşen badyna, oňa salam berýär we:

– Şol düýşüňde hajy kabul edilmänligi aýdylan ýigit men bolaryn. Bu ýüň eşik we zynjyr meniň mahrumlygymyň alamaty – diýýär.

Mälik geň galyp:

– Allahu ekber[1], sen şeýle röwşen göwnüň we päk kalbyň bilen näme üçin mahrum edildiň? – diýýär.

Ýigit:

– Sebäbi kakam menden razy däl – diýýär.

Mälik:

– Kakaň nirede? – diýýär.

Ol:

– Şu kerwende – diýýär.

Mälik:

– Kakaň ýanyna barmak üçin meniň ýanyma bir adam goş. Belki, araçy bolup kakaňy senden razy etmek maňa başardar – diýýär.

Ol Mäligiň ýany bilen goşup bir adam iberýär. Mälik şeýle diýýär: «Onuň kakasynyň ýanyna bardyk. Görsem, saýawan dikilen, patyşalara mynasyp halylar düşelen. Bir alçak ýaşuly kürsüde otyr eken. Birtopar adamlar hem onuň daşyna üýşüp sap gurap otyrlar. Iňe gidip salam berdim. Ol salamymy aldy. Men oňa: «Eý, ýaşuly, seniň ogluň barmy?» diýdim. Ol: «Hawa, erbet oglum bar, men ondan razy däldirin» diýdi.

Men oňa: «Eý, hormatly ýaşuly! Bilýäňmi, bu wagt biriniň azar-ezýetini ýatda saklamaly gün däl. Bu gün zulum-sütemleri bagyşlap, duşmanlaryň günälerini geçmeli gün. Saňa öz perzendiňi azaba duçar etmek gelişmez. Men Mälik Dinar. Düýn şeýle-şeýle düýş gördüm. Men senden Allany we onuň Resulyny orta goýup, onuň günäsini geçmegiňi we ony bu beladan halas etmegiňi soraýaryn» diýdim.

Ýaşuly bu sözlerimi eşidensoň, ýerinden turup: «Men hergiz ondan razy boljak däldim. Emma sen ýaly mertebeli adam gelipdir we Allany hem-de onuň Resulyny orta atýarsyň. Kabul etdim, onuň günäsini geçýärin, men ondan razy» diýdi. Men ýaşula «Taňryýalkasyn» aýdyp, ýigide buşlamak üçin onuň çadyryna bardym. Görsem, ol boýnundan zynjyry, aýagyndan daňylary we egninden ýüň eşigi çykaryp, päk eşikleri geýip, daşary çykan eken. Onuň gözi maňa düşende, ol: «Alla seniň bu eden ýagşylygyň üçin saňa ýagşy muzt bersin. Sen meni kakam bilen ýaraşdyrdyň. Kakamyň razylygy sebäpli, meniň hajym kabul edildi» diýdi.

**Mesnewi**

[1] Allahu ekber – «Alla uludyr» diýmek, geň galnanda aýdylýar.

Teniň oň janyndan bölek – bir parça,
Hem dirilik çeşmesinden bir damja.

Ulalmagyň üçin oňa hyzmat et,
Syla ony, şeýdip derejä hem ýet.

Enäniň haýyr-dogasy, dilegi we razylygy kakaňkydan hem köpräk netije berýär we derrew täsir edýär. Hadyslarda: «Behişt eneleriň aýaklarynyň aşagyndadyr» diýilýär. Her kim olara hyzmat etse we olaryň mähribanlyklarynyň öňündäki borçlaryny berjaý etse, jennete girer.

**Beýt**

Arzuwymyz bolan jennet aslynda,
Ejeleriň aýaklarnyň astynda.

Mundan başga-da, garyndaşlaryňa degişli hak-hukuklary we borçlary berjaý edip, olar bilen ýagşy gatnaşyk we haýyr-yhsan etmeli. Bu zatlar etmek yslam dininde wajyp zatlar bolup, ol ömrüň artmagyna we rysgal-bereketiň köpelmegine sebäp bolýandyr. Kudsy hadyslaryň birinde Allatagala şeýle buýurýar: «Men Rahmandyryn. Rehim sözi meniň adymdan gelip çykýandyr. Her kim garyndaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýsa, men oňa mähriban bolaryn we ony öz rehmetime wasyl ederin. Her kim ol gatnaşygy kesse, men hem ony öz rehmetimden keserin».

Rowaýat edilişine görä, Haktagala Musa pygambere (Pygamberimize we oňa Allanyň salamy bolsun!): «Iz garyndaşlaryňa we ýakynlaryňa ýagşylyk et» diýip tabşyrýar. Musa alaýhyssalam: «Eý, Allam, men seniň razylygyňy gazanar ýaly näme edeýin» diýýär. Allatagaladan oňa: «Eger garyndaşlaryň wepat bolan bolsa, olara salam ibermekdir doga-dileg etmek bilen, eger diri bolsalar garyplaryna sahylykdyr haýyr-yhsan etmek bilen, baýlaryna bolsa görme-görşe barmakdyr sena aýtmak bilen ýagşylyk et» diýen seda gelýär.

**Beýt**

Garyndaşa görme-görşe özüň gapy açaňda,
Bolarsyň belent kişi hem-de olardan öňde.

Mundan başga-da, mugallymyň we halypanyň hakyny berjaý etmelidir. Her kim mugallymynyň we halypasynyň hak-hukuklaryny saklap, olara hormat goýsa, bu dünýäde hem, ahyretde hem üstünlige ýeter. Aýtmaklaryna görä, mugallymyňy sylamak öwtadlaryň[1] ýörelgesidir. Iwtadlar bolsa öwlüýäleriň (welileriň) bir topary bolup, älem-jahanyň düzgün-nyzamy olaryň barlygynyň bereketi bilen baglydyr.

**Nazm**

Ylym halypanyň hakyny hiç unutma,
Ylym binýady onuň tutulýar hümmetinden.

Eger-de ýüregiňde oňa mähir bolmasa,
Eliňde boş ýel galar umydyň gymmatyndan.

Halypasyn hormatlan Hakdan serpaýyn alar,
Sähel salym geçmänkä uly hojaýyn bolar.

Mundan başga-da, goňşuçylykda ýaşaýanlaryň hak-hukugy, ýagny öýleri köşgüň, bag-bossanyň töwereginde ýaşaýan adamlaryň öňündäki borçlar bardyr. Hadysda: «Her kim Alla we kyýamat gününe ynanýan bolsa, goňşusyny sylasyn» diýilýär. Goňşyny sylamak – mümkin boldugyndan oňa peýda ýetirip, zyýan ýetirmezlik we başganyň zyýanyny hem ondan dep etmekdir. Eger goňşyň derwüş ýa-da garyp bolsa onuň hal-ýagdaýyny soramaly.

Şeýle hekaýat edýärler:

Bir derwüş bir baý adamyň goňşusy bolup ýaşaýan eken. Bir gün baýyň ogly derwüşiň öýüne barýar. Görse, derwüş öz aýaly we çagalary bilen nahar iýip oturan eken. Ol oglan bir salym garaşyp durýar, emma oňa nahar hödür etmeýärler. Ol oglan aglap öz öýlerine barýar. Oglanjygyň ata-enesi onuň aglanyny görüp, onuň sebäbini soraýarlar. Ol: «Goňşymyzyň öýüne bardym, olar nahar iýip oturan ekenler. Emma maňa bermediler» diýýär. Kakasy oňa dürli-dürli naharlar getirdýär. Emma ol gylyksyz çagalar ýaly aglap: «Maňa şol goňşularyň öýünde taýýarlanan nahar gerek» diýýär. Kakasy näme etjegini bilmän, goňşusynyň öýüne barýar we ony daşary çagyryp:

– Eý, derwüş! Näme üçin senden bize azap-renç ýetmeli?! – diýýär.

Derwüş:

– Menden size azar ýetmeginden Hudaýyň özi saklasyn – diýýär. Baý oňa:

– Mundan beter nähili zyýan bolup biler?! Meniň oglum seniň öýüňe barypdyr. Siz bolsa nahar iýip oturan ekeniňiz. Oňa nahar bermäniňiz üçin aglap geldi. Indi hiç zat bilen köşeşenok, siziň naharyňyzdan isleýär – diýýär.

Derwüş biraz başyny aşak salyp:

[1] Sopuçylyk düşünjesine görä «öwtadlar» dünýäniň dört künjünde duran we öz bereketleridir doga-dilegleri bilen älem-jahany saklaýan dört erenlerdir. Olar kutbdan (iň ýokary derejedäki ýeke-täk eren) soň ikinji derejede durýarlar. «Iwtad» sözüniň manysy gazyklar, çüýler diýmekdir.

– Eý, hoja! Munuň syrly sebäbi bardyr, ony menden sorama, bolmasa meniň perdäm ýyrtylar – diýýär.

Eý, ýüwrük hem güýçli ata münen, dur,
Bu ýolda hor-homsy tapsyz eşek dur.
Derwüş goňşyň öýünden isleme ot,
Üçeginden çykýan kalbyndaky düýt.

Şonda-da baý goňşusy «onuň syryny aýt» diýip, aýak diräp durýar. Derwüş:

– Biziň iýen naharymyz biziň üçin halaldy, emma siziň ogluňyz üçin haram. Biz oňa haram nahar bermek islemedik – diýýär.

Baý oňa:

– Subhanalla[1], şerigatda birine halal, başga birine bolsa, haram nahar hem barmy? – diýýär.

Derwüş:

– Sen Gurhany Kerimdäki «Elbetde, kimde-kim açlykda günä tarapa agmadyk halynda haram zatlary iýmäge mejbur bolsa, onda Alla geçirimli we mähribandyr»[2], ýagny her kim biçärelik we açlyk bilen halys bolsa, oňa haram ölen jandaryň etini ölmez mukdarda iýmek halal we başgalara haram diýen aýaty eşitmediňmi? Üç günden bäri aýalym, çagalarym bilen iýmäge hiç zat tapmadyk. Bu kynçylyga hiç çäre bolmady. Şu gün men şol pylan harabaçylykda ölüp ýatan bir eşek gördüm. Şol eşegiň etinden biraz kesip getirdim we ondan nahar bişirdik. Biz şol bişiren naharymyzy iýip otyrkak, siziň ogluňyz geldi. Ýagdaý, ine, şeýleräkdi – diýýär.

**Beýt**

Saz-söhbete utgaşdyrýaň
agşamyň eşret-aýşyny,
Nädip geçirýändigimizi
bilmeýärsiň şol agşamy.

Baý adam bu sözleri eşidip, köp aglaýar we:

– Waý, meniň günüme, eger Allatagala kyýamat güni maňa käýäp: «Seniň goňşyň şeýle halda ýaşaýardy, sen bolsa onuň halyndan bihabardyň» diýse näme ederin? – diýip, derwüşiň elinden tutup, öýüne eltýär we ähli mal-mülküniň we baýlygynyň ýaryny oňa berýär.

Şol gije baý goja düýşünde pygamberimiz Muhammet alaýhyssalamy görýär. Pygamberimiz oňa: «Eý, goja! Seniň öz goňşyňa eden ýagşylygyň üçin ähli günäleriň geçildi. Seniň mal-baýlygyň berekedi artar, kyýamat güni meniň bilen hemdem bolarsyň» diýipdir.

**Beýt**

---

[1] Subhanalla – Alla Päkdir diýmek. Geň galnan ýagdaýda aýdylýar.

[2] Gurhanyň 5-nji (Supra) süresiniň 3-nji aýaty. Bu aýatyň başynda haram edilen zatlar sanalyp, şeýle diýilýär: «Size haram ölen jandar, gan, doňuz eti, Alladan başganyň ýoluna soýlan mal, boglup ölen, urlup öldürilen, belent ýerden ýykylyp ölen, süsüşip ölen we ýyrtyjy haýwan dişläp ölen jandarlar haram edildi». Aýatyň soňunda bolsa açlykdan ýaňa ölüm ýassygynda ýatanlara ölmez derejede şol haram zatlary iýmegiň halaldygy bellenilýär.

Derwüş goňşa kömek edip,

onuň alkyşyn alar,

Behiştde oturan saýar özün Pygamber bilen.

Soltanlyk tagtynyň patyşanyň öýi hasaplanýandygy üçin onuň ýerleşýän şäherindäki her bir mätäç we garyp kişiniň goňşulyk hak-hukugy bardyr. Soltan üçin olaryň hal-ýagdaýlaryndan habarly bolmak hökmanydyr. Bu barada aşakdaky rowaýat meşhurdyr:

Hezreti Ýusup pygamber (Pygamberimize we oňa Allanyň salamy bolsun!) Müsürde patyşa wagty, gahatçylyk ýyllarynda gün-günden horlanar eken. Ondan munuň sebäbini sorapdyrlar. Ol jogap bermändir. Emma köp haýyş edip, ýalbaransoňlar ol:

– Meniň bir gizlin keselim bar – diýýär.

Lukmanlar:

– Keseliňizi aýdyň, bejermegiň ugruna çykalyň – diýýärler.

Ol:

– Ýedi ýyldan bäri patyşalyk tagtynda otyryn. Müsür raýatynyň ygtyýar jylawy maňa berildi. Şu geçen ýedi ýylyň içinde meniň nebsim (köňlüm) özüni arpa uny bilen doýurmagymy isleýär. Emma men bu işi etmedim – diýýär.

Ýanyndakylar:

– Näme üçin munça muşakgat-renç çekýärsiň? – diýýärler.

Ol:

– Mätäçleriň we açlaryň derdine goşulmak üçin. Men bir gije Müsür ülkesinde bir adamyň aç bolup, meniň hem garnym dok ýatmagymdan we ahyretde azaba giriftar bolmagymdan gorkýaryn – diýýär.

Şyhyl-älem «Buharadaky gahatçylyk» atly eserinde şeýle ýazýar.

Dürli tagam iýen wagtyň datly sen,
Biaram aç bendeleri ýatla sen.
Sen gijeler rahat, olar – nalada –
Yslamda rowa däl, sakla ýatda sen.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Şam patyşalaryndan bolan Mälik Salyh gijelerine bir gulamy bilen köşkden daşary çykyp, metjitlerde, gabrystanlyklarda we harabaçylyklarda gezip, her kimiň halyndan habar sorar eken. Ol bir gije gyş paslynda bir metjidiň ýanyna barýar. Görse, bir derwüş geýmäge zat tapman sowukdan ýaňa titräp: «Eý, Alla, dünýädäki patyşalar seniň nygmatyňy nebis keýpleri we haý-höwesleri üçin maýa etdiler. Olar mätäçleriň hem ejizleriň hal-ýagdaýlaryndan gapyl. Eger olar erteki gün, kyýamatda jennete girjek bolsalar, seniň yzzatyňdan we beýikligiňden kasam bolsun, jennetiň içine bir ädim hem ätmerin» diýýän eken. Mälik Salyh onuň bu sözlerini eşidip, metjide girýär. Ol derwüşe lybas hem-de bir halta pul berýär we aglap: «Men derwüşleriň jennetiň patyşalary boljakdyklaryny eşitdim. Siz erteki gün patyşa bolanyňyzda bize garşy duşmanlyk gapysyny açmazlygyňyz we bizden hemaýat nazaryňyzy aýyrmazlygyňyz üçin biz – bu günki patyşalar siziň bilen oňuşmaly we ylalaşmalydyrys» diýýär.

### Mesnewi

Bu gün açdym ylalaşyk gapysyn,
Ertir gelip ony hergiz ýapma sen.

Bolsa-da leşgerim, hazynalarym,
Hiç wagt biçäreden ýüz öwürmedim.

Erbet pikirleri çykargyn ýatdan,
Diňe oňşup orun alnar jennetden.

Myhmanlaryň hak-hukuklaryny berjaý etmek hem parzdyr. Sebäbi myhman Alla tarapyndan iberilen sowgatdyr. Hadysda: «Her kim Alla we kyýamat gününe ynansa, myhmana sylag-hormat etsin» diýilýär. Myhmany sylamaklyk – ony eziz görmek we abraýy beýgeler ýaly onuň bilen ýagşy gatnaşyk etmek hem-de başardygyňdan hezzet-hormat etmekdir.

### Kytga

Myhmana hyzmat etmek bagtyna ýetseň eger,
Bar zadyňy pida et eger eliňden gelse.
Göwünleri awlaýjy merdanalyk ýol bilen
Islegini berjaý et, näme islän bolsa.

Akyldarlar: «Myhmanyň kimdigine seretme, öz keremiň neneňsidigine seret» diýipdirler.

Talha Tuhatyň başyndan geçiren bir wakasy örän meşhurdyr. Talha ýeke özi bir gün beni kaýs taýpasynyň arasynda düşleýär. Taýpanyň serdary Mälik ibn Awf oňa tanaman, onuň ululygyny we belent mertebelidigini bilmän, ony myhman almakda we hezzet-hormatda kemlik görkezýär. Talha bu zelilligiň zäher jamyny içip, ol agyr ýüki özüniň keremliliginiň, mertebeliliginiň we asylzadalygynyň güýji bilen göterýär. Ol myhmançylykdan gidensoň, Mälik onuň kimdigini bilip, diýseň şermende bolýar. Itünç sorap hat ýazyp, Talhanyň yzyndan iberýär. Ol hatyň mazmuny şeýledi: «Sizi tanamandyryn we hyzmatkärler ýaly sizi myhmançylyga almakda elde baryny etmändirin. Indi bu işimden ýüregim gam-gussaly we özüm şermende.

Utanýan, baş galmaz, bakmaryn ýüze,
Mynasyp hyzmaty etmedim size.

Men sizden bu bendäniň kemçiligini bagyşlarsyňyz diýip tama edýärin, seniň keremli sypatyň ötünç soraýanlaryň ötünjini kabul edýändigi üçin meniň günämi geçersiňiz diýip umyt edýärin».

**Beýt**

Bolsam-da hyzmatda kemlik goýberen,
Bil baglaýan seniň keremiňe men.

Talha onuň hatyna jogap berip şeýle ýazypdyr: «Itünjiňizi kabul etmek üçin eden haýyşyňyzdan arkaýyn bol. Çünki, meniň sahawatlylygym munuň ýaly müň günäniň hem bir ötünç bilen geçilmelidigini talap edýär:

Gözýetimden ötünç saňa ýüz tutdy,
Ähli günäleriň saýasy ýitdi.

Emma «Sizi tanamandyryn» diýen sözüňiz mynasyp gürrüň däl, ol keremlilikden daşda. Çünki, myhman almakda diňe han-beglere we ululara köp hezzet-hormat etmek adamkärçilik ýörelgelerine we mertlik däplerine gabat gelmeýär. Myhman almak şertlerinde günüň ähli adamlara deň düşüp, ýagşyň ähli ýerlere deň ýagşy ýaly bolmaly. Eger myhman uly adam bolsa, onuň ululyk haky berjaý edilmeli, eger garamaýak bolsa öz sahawatyňy we haýyr-yhsanyňy mälim etmeli. Çünki ululara hyzmat etmekde kemçilik goýbermek puşmanlyga getirýän sebäp we utanmaga serişdedir. Emma hakly däl adama artyk hyzmat etmek betnamlyga we puşmanlyga eltmez. Bu barada şeýle diýýärler.

Mertlik bilen edip adamkärçilik,
Myhmany ezizläp, sarpalap bilgin.

Ol uly hyzmata mynasyp bolsa,
Borjuňy berjaý kyl, alkyşlar algyn.

Eger-de pes, derejesiz bolsa-da,
Diýilmez: «Näme üçin keremli bolduň?».

Ençeme uly we beýik şahsyýetler duşmanlaryny hem myhman alyp hezzetläpdirler. Bu barada taryh kitaplarynda şeýle hekaýata gabat gelse bolýar:

Kermanda şalyk süren patyşalaryň biri diýseň sahy we myhmasöer bolupdyr. Onuň myhman öýüniň gapysy elmydama açyk bolup, ýagşylyk desterhany uly-kiçi hemmeler üçin hemişe ýazylar eken. Ol şähere gelen her bir adam onuň kerem suprasyndan nan iýip, şäherde näçe wagtlap galsa-da, öýlänlik we agşamlyk naharlaryny onuň öýünde iýer ekenler. Haçanda Azudeddöwle leşger çekip, onuň welaýatyny basyp almak islände, Kerman patyşasynyň onuň öňünde durmaga güýji bolmansoň, galada penalanýar. Her gün Azudeddöwläniň leşgeri gala hüjüm edip,

gazaply söweşler alyp barýardy. Emma muňa garamazdan, Kerman patyşasy her gije Azudeddöwläniň leşgerine ýeter ýaly nahar iberýärdi. Azudeddöwle oňa: «Gündizine söweşmegiň, gijesine bolsa nan bermegiň nähili manysy bar?» diýip, habar ýollaýar. Ol: «Söweşmek mertligiňi görkezmekdir duz-tagam hödür etmek bolsa adamkärçiligiň wezipesidir. Olar duşman bolsalar-da, meniň welaýatymda we şäherimde nätanyş, keseki bolansoňlar meniň öýümde olaryň öz naharlaryny iýmekleri biz tarapdan sahawatlylyk bolmaz» diýip, jogap iberýär. Azudeddöwle aglap:

– Şeýle sahawatly adama garşy söweşmek merdanalykdan däl – diýip, leşgeri yzyna gaýtarýar we oňa zat diýmeýär.

**Beýt**

Dosta, duşmana hem bol hoş gylykdan,
Zyýan çeken ýokdur adamkärçilikden.

Myhmançylyga almagyň ýene bir şerti, eger myhman bir günä iş etse ýa-da öň bir ýalňyşlyk goýberen bolsa, yhsan suprasyndan duz-tagam iýen bolsa onuň günäsini geçmeli. Bu barada şeýle hekaýat getiripdirler:

Magn ibn Zaýydanyň duşmanlaryndan üç ýüz ýesiri onuň gaşyna getirýärler. Magn olary öldürmäge hököm berjek bolýar. Olaryň arasyndan bir oglan turup:

– Eý, emir! Alla üçin maňa suw ber we meni teşne halda öldürme – diýýär.

Magn oňa bir jam suw bermeklerini buýurýar. Ol oglan ýene-de:

– Eý, emir! Meniň kowumym hem teşne. Men suw içsem, emma olar içmeseler, adamkärçilikden daşda bolar. Eger suw içmesek, teşne galarys. Ahyry bizi öldürjek bolsaň hemmämize suw beräý – diýýär.

Magnyň yşaraty bilen olaryň hemmesine suw berýärler. Olaryň ählisi suw içensoň, ol oglanjyk ýerinden turup:

– Eý, emir! Biziň hemmämiz seniň myhmanyň bolduk. Myhmany sylamak wajyp işdir. Myhmany öldürmek keremli kişileriň işi däldir – diýýär.

Magn ol oglanjygyň dilewardygyna geň galyp, ýesirleriň ählisini azat edýär.

Bu barada şeýle hekaýat hem getiripdirler:

Emirleriň biriniň bir adamda uly möçberli algysy bar eken. Ol adam karzyny üzmegi wagtyndan ep-esli gijikdiripdir. Emir ondan algysyny almak üçin ony salgyt ýygnaýja tabşyrýar. Salgyt ýygnaýjy onuň öýüne baryp, gyssap başlaýar. Ol adam salgyt ýygnaýja ýalbaryp: «Meni emiriň ýanyna alyp git, oňa hökman aýtmaly zadym bar» diýip ýalbarýar. Salgyt ýygnaýjynyň oňa rehimi inip, ony emiriň öýüne eltýär. Şol wagt onuň öýünde myhman saçagy ýazylan eken. Salgyt ýygnaýjy saçagyň başynda oturýar we ol adamy hem özi bilen oturdýar. Nahar iýlensoň, emir ol bergili adamy görüp, salgyt ýygnaýja: «Bu adam biziň myhmanymyz boldy we biziň saçagymyzdan duz-tagam iýdi. Şonuň üçin oňa azap bermek gowy däl. Men oňa beren pulumdan geçdim, arkaýyn gidibersin» diýipdir.

**Beýt**

Myhman almak däbine,
Hormat bilen bakmaly.
Hormatlap ýap boýunda,

Kerem bagyn ekmeli.

Dilegçileriň hakyny berjaý etmek hem, goý, olar ýaňzydyp aýtsyn ýa-da açaçan atsyn, hökmanydyr. Olary mahrum etmek «Dilegçi gedaýy kowmak»[1] diýen aýata görä gadagandyr. Bir hadysda «Dilegçi gedaý atyň üstünde gelse-de, onuň siziň boýnuňyzda haky bardyr» diýilýär. Bu barada şeýle berk tabşyrylyp, ýanjalmagy olaryň soran (dilän) hukugynyň depgilenmezligi üçindir. Hezreti Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kimde-kim bir dilegçini näumyt gaýtarsa, rehmet perişdeleri bir hepdä çenli onuň öýüne gelmezler». Ýatan ýeri ýagty bolmuş Ybraýym Edhem özüniň soltanlyk süren döwründe şeýle diýer eken: «Biziň gapymyza gelýän bu dilegçiler iň gowy dostlardyr. Hakykatda olar «Sizden alyp, ahyret älemine eltip, ol ýerde olary size on esse artyk edip berer ýaly nämäňiz bar» diýip gelýärler».

**Kytga**

Gerek bolsa iki dünýäň şatlygy,
Şat et dilegçini ýagşylyk bilen.
Bir garyby gam bendinden azat et,
Beladan amansyň ýagtylyk bilen.

Mundan başga-da araçylaryň we töwellaçylaryň hakyny berjaý etmek gerek. Töwella etmek – ýalbaryş dili bilen dileg etmekdir. Elbetde töwellaçy beýik kişileriň ýa-da han-begleriň biri bolar. Diýmek, beýle görnüşdäki adamlaryň sözlerine hormat goýmak we olaryň günäkärleriň günälerini geçmek baradaky haýyşlaryny yhlas bilen diňlemek bagtly kişileriň adatydyr.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Bir hormatlanýan adam bir günäkäriň günäsini geçmek barada töwella edip, halypa Mugtazydyň ýanyna barýar. Mugtazyt oňa:

– Bu adamyň günäsi uly – diýýär.

Hormatlanýan adam:

– Men hem senden uly günäni geçmegiňi haýyş edýärin. Sebäbi kiçi günäleri töwellasyz hem geçip bolar – diýýär.

Bu söz halypa ýaraýar we onuň haýyşyny kabul edip, günäkäriň günäsini geçýär hem-de «Töwella ediji adam, ine, şeýle haýyş etmelidir» diýýär.

Şeýle şepagatçy bar bolsa kimde,
Ähli ýerde orun uludyr onda.

«Nigäristan»[2] atly kitapda şeýle jümleler ýazylan: «Güýç-ygtyýar eýeleri bolan patyşalaryň golastyndakylaryň günälerini geçmekleri olaryň belent mertebeliligini we hümmetliligini aňladýar. Töwellaçylaryň haýyşlarydyr sözleri olaryň mähremlik görkezmekleri üçin bir bahanadyr».

---

[1] Gurhanyň 93-nji (Çäş) süresiniň 10-njy aýaty.

[2] Bu kitap taryhy eser bolup, ony Kazy Ahmet Gaffary Gazwyny XV asyrda ýazypdyr. Bu kitapda üç ýüz otuz sany taryhy hekaýatlar ýerleşdirilen.

Aýtmaklaryna görä, bir adamy günäkär saýyp, onuň kyssasyna welaýat häkiminiň gulagyna ýetirýärler. Häkim ony tussag etmekligi buýurýar. Köp wagt geçip, ol tussag edileniň ýatlamasy kalp sahypalaryndan öçüp gidýär. Hiç kim ony ýatlamandyr. Şol wagtlar tussag edilen kişi bilen dostlukly gatnaşykda bolan hem-de edilen ýagşylygy gaýtarýan we wepadarlykdyr ýagşylyk bilen tanalýan bir hormatly adam häkime şeýle mazmunda hat ýazýar: «Günäkärleriň günälerini we ýalňyşlyklaryny geçmek ygtyýarly adamlaryň mähremlik wezipelerinden we güýç-gudrat eýeleriniň mähriban häsiýetlerindendir. Şol tussag edilen bende çykgynsyz ýagdaýda mähnete duçar bolupdyr we ölüm ýassygynda ýatyr. Günäkärleri azat etmekde alyjenabyň kämil kereminiň bir bahanany gözleýändigini aňýaryn. Eger ol zyndandakynyň päklik etegi (syny) bu jezanyň kirinden päk bolan bolsa, onda ony halas we azat etmek üçin beýik yşaratyňyz bilen ýalkamagyňyz gerek. Eger-de günä tozany onuň päklik jübüsine siňen bolsa, onda ony geçirimlilik we keremlilik suwy bilen ýuwmagyňyz gerek. Eger şu iki ýagdaýdan başga zat bolsa, onda töwellaçylar üçin onuň günäsini geçmegiňiz gerek».

### Kytga

Doly sahylyk hem ýagşylyk göýä,
Ýagyşda – bereket, pazylat – günde.

Otda goýma bigünäniň pikirin,
Günäkäriň günäsin geç, ýuw sen-de.

Eger başga ýagdaý gelse emele,
Dost-ýar haýyşyny kabul et onda.

Bu hat häkime ýetende, ol bu hatyň çeper beýan we ýerlikli töwella edilişini görüp, şeýle jogap ýazýar:

### Beýt

Mähir bilen haýyş eden adamyň,
Düzedersiň işin – sogap idegiň.

Sözleriniň bossanyndan mähir we wepa yslary kokaýan ýazgylarynyň äleminden dogruçyllyk we sapalyk çyralary ýalpyldaýan şu mähriban eziz kişiniň we dogruçyl dostuň töwellasy we haýyşy bilen onuň eden we etmedik günäsini geçdim we jeza beriş jylawuny onuň günä we jenaýat ýolundan sowup, ony heläkçilikden azat etdim».

### Beýt

Seniň permanyň bilen
geçilýär ahyr jandan,
Heý geçip bolmazmyka biriniň günäsinden.

Belli bolşy ýaly, şerigatyň çäklendirmelerinde töwella etmek dürs däldir. Hatda beýle ýagdaýda töwella we haýyş etmek iman-amanat ähline we din-diýanat eýelerine gelişmez. Gurhany Kerimde «Allanyň bu hökümi (zynakärleri gamçylamak) sizde olara rehim-şepagat duýgusyny döretmesin»[1] diýilýär. Allanyň çäklendiren zatlarynda mähribanlyk we rehim-şepagat etmeli däldir.

«Tamgaç hanyň syýasaty» atly eserde şeýle waka beýan edilipdir:

Bir ýaş oglany ogurlyk edendigi üçin tutup, Tamgaç hanyň ýanyna getirýärler. Ol oglan diýseň owadan we syratly bolup, keşbi mähremlik meňidir haly bilen bezelipdir. Perwerdigäriň gudraty onuň ýüz-keşp aýnasyny «Sizi ýaratdy-suratlandyrdy we owadan şekil berdi»[2] diýen lowurdama bilen nurlandyrypdyr we Allanyň ýaradyş sungaty onuň ýüz sahypasynda owadan galam bilen «Hakykatdan hem biz ynsany iň gözel şekilde ýaratdyk»[3] diýen jümläni ýazypdyr.

### Şygyr

Hyýal suratkeşiniň pikrindäki şekilden,
Seniň bu keşbiň, gözel çekilipdir ezelden.

Patyşa şäheriň ortasynda onuň elini kesmeklerini buýurýar. Döwlet sütünleri birden ahu-pygan edipdirler. Han-begleriň ählisi sellelerini çykaryp:

– Eý, patyşa! Bu juwanyň günäsini geç we köne egindeşleriň rehim-şepagatyna laýyklykda oňa jeza bermekligi rowa görme – diýýärler.

Tamgaç han:

– Meniň bu işe dahyllygym ýok. Hudaýtagala ogrynyň elini kesmekligi buýrupdyr – diýýär.

Olar:

– Eý, şa! Onuň ýaly gözel eli kesmeklik haýpdyr. Biziň ol ele we ogra rehimimiz gelýär – diýýärler.

Ol:

– Size ogrynyň näzik eli üçin aglamak gerek däl. Size köňlüňizdäki gam-gussanyň aňsat ýitip gideri ýaly, zadyny ogurladanyň gandan doly ýüregine nazar salmagyňyz gerek – diýýär.

Şeýle-de, çala tanyşlygy bar bolan ýa-da bir gün kiçijik hyzmatyňy bitiren adamyň hakyny hem berjaý etmek gerek. Bu örän kiçijik serişde bolýan bolsa-da, kerem nazary ony ulaldyp görkezýändir we şojagaz ýönekeýje zat bilen bir garybyň göwnüni awlap bilýändir.

---

[1] Gurhanyň 24-nji (Nur) süresiniň 2-nji aýaty. Bu aýatyň doly terjimesi şeýledir: «Zynakär aýalyň we zynakär erkegiň her birine ýüz dürre uruň. Eger siz Alla we ahyret gününe iman getirýän bolsaňyz, Allanyň (bu) hökümi (ýagny zynakärleri dürrelemek) sizde olara rehim-şepagat duýgusyny oýarmasyn! Olaryň jyzalandyrylyşyna möminleriň bir topary güwä bolsun.

[2] Gurhanyň 64-nji (Tagabun) süresiniň 3-nji aýaty.

[3] Gurhanyň 95-nji (Injir) süresiniň 4-nji aýaty.

Aýtmaklaryna görä, bir adam bir kişiniň öýüni kireýine alyp, şol ýerde birnäçe gün galýar. Soňra birden ol öýden gidýär. Ol şäherden çykyp, başga welaýata barýar hem-de ol ýerde wezirlige ýetýär. Oňa öýüni kireýine beren garyp şatlanyp, täze weziri görmäge gidýär. Ol weziriň şäherine baryp, onuň köşgüne girmekçi bolýar. Köşk sakçysy oňa:

– Sen kim, bu köşge ne sebäp bilen geldiň? – diýýär.

Ol:

– Men weziriň tanşy, onuň bilen tanyşlygym meniň şeýle ýüzigalyňlyk etmegime rugsat berýär – diýýär.

Sakçy:

– Onuň bilen nähili tanyşlygyň bar? – diýýär. Ol:

– Men bir wagt oňa kireýine oturmaga öý beripdim. Indi ol meniň ýagdaýyma seredip, meni peslik-garyplykdan yzzata we hormat-sylaga ýetirer diýip ýanyna geldim – diýýär.

Sakçy gülüp:

– Eý, biçäre! Sen tentek adam ekeniň, oňa öýümi kireýine beripdimden hem bir bahana bolarmy? Sen ol işiň bilen onuň boýnunda hakyň bardyr öýdüp, onuň seniň islegiňi berjaý etmegini isleýärmiň? Bar, öz ýoluň bilen bol we başga iş tap – diýýär.

Wezir perdäniň aňyrsynda olaryň gürrüňlerini eşidip duran eken. Ol sakçyny çagyryp:

– Kim bilen gürleşýärdiň? – diýýär.

Ol:

– Bir adam: «Men weziriň tanşy, bir gün oňa öýümi kireýine beripdim» diýýär. Men bolsa oňa: «Bu sözleri aýtma, beýle kiçijik bahana bilen weziriň huzuryna barjak bolma we sylag-serpaý tamasyny üz» diýip, oňa käedim – diýýär.

Wezir:

– Ýalňyşypsyň, bar ony getir, ol meniň köne tanşym, onuň hyzmat görkezendigi üçin boýnumda borjum bardyr – diýýär.

Sakçy baryp, ony getirýär. Wezir oňa hormat goýup, göwnüni awlap, aýalynyň we çagalarynyň hal-ýagdaýlaryny sorap, olaryň her haýsysyna uly sowgat-serpaýlar ýapýar we ony maksat-myradyna ýetirip, öýüne gaýtarýar.

## Mesnewi

Mähir-wepa nurundan nurlandyr sen gursagy,
Ýatla köne tanyşlygy ömrüň
her bir pursaty.

Dostlaryňdan ýüz öwürme,
baryn hemişe görgün,
Olaryň hyzmatlaryn mydama ýatlap durgun.

Aýtmaklaryna görä, Abdylla Tahyr bir gün giňden saçak ýazypdyr. Mätäçler isleglerini arz edip, islän arzuwlaryna we maksat-myratlaryna ýetip, yzlaryna dolanar ekenler. Bir adam gelip:

– Eý, emir! Meniň seniň boýnuňda hem ýagşylyk hakym, hem-de hyzmat hakym bar. Men senden ol iki haky hem doly berjaý edip, meni nätanyşlykdan kabul edişlik bagtyna ýetirersiň diýip tama edýärin – diýýär.

Abdylla Tahyr:

–Seniň ýagşylyk hakyň haýsy? – diýýär.

Ol:

– Pylan güni kerweniň we tagtyrowanyň bilen Bagdatda meniň öýümiň ýanyndan geçdiň. Men öýümiň töweregine seniň eşigiň tozan bolmasyn diýip suw sepipdim. Şol suw sepenligimiň hakyny senden isleýän – diýýär.

**Beýt**

Birine bir suw üçin hukuk bar bolsa sende,
Hiç wagt ýatdan çykarma sen ol kişini onda.

Soňra Abdylla:

– Hyzmat hakyň haýsy? – diýýär.

Ol:

– Şol ýerde atyňa münjek wagtyň men ylgap baryp, saňa ata münmäge kömekleşipdim – diýýär.

Emir:

– Ras aýdarsyň. Seniň bu iki hakyň hem subut edildi – diýip, oňa köp sylag-serpaý berýär.

**Nazm**

Ygtyýar eýeleri bolsa eger ulular,
Garypsöerdir olar, Haka ederler eda.

Mertebe jamy bilen bihuş bolmak gowy däl,
Ýaranlary unutmak – adyňy etmek pida.

Düýp esasy keremiň hak-hukugy bermekdir,
Tanamazlyk – namartlyk
janyňdan bolmak jyda.

Hümmetli we mertebeli adamlar üçin özleriniň keremlilik häsiýetleriniň hakyny eda etmek hem zerurdyr. Meselem, eger bir adam haky bolmadyk ýerde özüni hakly görkezip, jezadan gutulmak islese, jeza beriji onuň nähakdygyny bilip, ony utandyrman keremlilik hakyny saklap, onuň aldawyny we hilesini bilmediksirän bolmalydyr. Bu keremliligiň aňrybaşy we ýagşylygyň çür depesidir.

Şeýle gürrüň berýärler:

Bir adamy Zyýat Basrynyň ýanyna getirýärler. Zyýat ony öldürmeklerini buýurýar. Jellat gylyjyny syryp, ony öldürjek wagty, ol biçäre tolkun atyp duran betbagtçylyk deňzini we agzyny açyp duran läheňi görüp, zaryn-zaryn aglaýar, emma peýda bermeýär. Toba edip, ýalbaryp başlaýar, netije bermeýär. Ahyry ol:

– Eý, emir! Ikimiziň aramyzda goňşuçylyk haky bar. Goňşuçylygyň bolsa sahawatlylyk şerigatynda[1] we ynsanperwerlik mezhebinde[2] köp ygtybary bardyr. Eger maňa hemaýat etmeseň, aýyp gözleýjiler: «Emir goňşuçylyk hakyny berjaý etmedi we goňşularyny jebir-jepa bilen depeletdi» diýip, saňa tagna urarlar. Emir, oýlanyp görüň, meniň ýaly ejiziň ganyny dökmek we özüňi käýinç okunyň nyşanasy etmek, siziň ýaly ahlak gülşeninde tiken ösmedik we wasp etegine sütem tozany siňmedik adamdan geň hem daşdyr – diýýär.

### Kytga

Janymdan el üzmek aňsatdyr maňa,
Ne gam bar men ýalyň ýüzüsi ölse,
Igenjeň tankytça näme diýersiň,
Ýeň gana boýalyp, boljagy bolsa.

Zyýat uzak hem çuň pikire çümýär. Endişe çaparyny daş-töwerege iberýär, emma onuň tanyşlyk mesgeninden hiç hili yz-sor tapyp bilmeýär. Onsoň oňa:

– Aýt bakaly, nirde seniň bilen goňşy boldum we haýsy mähellede goňşuçylyk haky galdy? – diýýär.

Ol:

– Meniň kakamyň Basradaky öýi emiriň öýi bilen goňşudy. Kakam köp wagtyny emiriň nökerleri we han-begleri bilen geçirerdi – diýýär.

Zyýat:

– Kakaň ady näme? – diýýär.

Ol:

– Eý, emir! Janymdan gorkup, kakamyň ady beýlede dursun, öz adymy hem unudypdyryn – diýýär.

Emir gülüp, ol biçäräniň günäsini geçýär.

### Beýt

Zerre günäni müň ötünç bilen
bedasyllarda geçilmez,
Ýagşyzada müň günä hem degişme
bilen geçirer.

Başga-da, halkyň hak-hukugyny adalatlylyk we ýagşylyk bilen berjaý etmek hem-de perzentleriň, emirleriň, nökerleriň, goşundakylaryň we hyzmatkärleriň hak-hukuklaryny eda etmek hem wajypdyr. Olar barada, enşalla, soňky bapda gürrüň ediler.

---

[1] Şerigat – ýörelge, ýol diýen manyda.
[2] Mezhep – usul, ýörelge.

## OTUZ SEKIZINJI BAP

## ÝaGŞYZADALAR BILEN SIHBETDEŞLIK

Ýagşyzadalar bilen söhbetdeş bolmak we akyldarlar bilen oturyşmak hemişelik bagtyň sebäpkäri hem ebedi döwletiň ýol görkezijisidir.

### Mesnewi

Päk adamlar mährini goýgun mydam janyňda,
Olar bilen ysnyşyp, bolsaň gowy ýanynda.

Açylan bagyň gülün mysalyňa görk eder,
Mertler bilen tirkeşmek
saňa mertlik getirer.

Hatda gara daşlary geň görmegin öwseler,
Päk ýüreklä ýetende, döner lagly-göwhere.

Pars patyşalarynyň arasynda şeýle däp bar eken. Olar elmydama akyldarlardyr ulamalar bilen söhbetdeş bolup, hiç bir hökümi-permany olardan maslahatsyz ýerine ýetirmez ekenler. Olar soltanlyk binýadyny adalatlylyk we dogruçyllyk bilen guransoňlar, olaryň hökümdarlygy dört müň ýyldan gowrak dowam edipdir. Soltan Sanjar (goý, Alla oňa rehmet etsin!) akyldar Omar Haýýamy özi bilen tagtda oturdypdyr, Apbasly halypalary bolsa özleriniň ylymlydyklaryna garamazdan, ähli baglaşylmaly we çözülmeli işleri takwa hem ylymly adamlaryň ündewlerine esaslanyp, amala aşyrypdyrlar. Ilähiniň «Hylafatnama» atly eserinde: «Patyşa – haýbatly we hökümleri hikmet bilen gabat gelýän adamdyr» diýilýär. Diýmek, uly we kämil güýje eýe bolanlar ajaýyp hikmetler bilen bezelmelidir. Bu bolsa bu jahanda nähili pikirlenmelidigini we hökümdarlygy nädip ýöretmelidigini öwrenmek we öwrenen zatlaryňy amal etmek arkaly amala aşýar. Diýmek, patyşalar alymlar, akyldarlar, hikmet eýeleri we takwalar bilen oturşyp, olar bilen söhbetdeş bolmalydyrlar, nadanlardan, gapyllardan we ýaramaz adamlardan daşda durmalydyrlar.

### Nazm

Mähriban hem kämil bilen oturşaň,
Ruhuňa rahatlyk, kalbyňa – aram.

Imrüňi ölçeýän mizan terezi,
Nadan hem-de hoş gylykly bir adam.

Ýunanlylaryň däplerine görä, olaryň patyşasy ylymda we hikmetde döwrüniň ähli alymlaryndan we ulamalaryndan ýokary bolmaly bolupdyr, ýa-da häkim kişi söhbetiniň täsirinden daş-töweregine bilim nurlary seçiler ýaly dana we parasatly alymlar bilen oturyşmaly bolupdyr. Çünki, söhbetiň gaty uly täsiri bardyr.

Hadyslaryň käbirinde şeýle diýilýär: «Ýagşy söhbetdeş atyr satyjy ýalydyr. Ol öz atyryndan saňa hiç zat bermese-de, onuň atyrlarynyň hoşboý ysyndan lezzet alarsyň. Emma ýaramaz söhbetdeş demirçiniň küresi ýalydyr, ondan ot zerarly bir ýeriň ýanmasa-da, saňa ysy we tüssesi ýaramaz täsir eder».

**Mesnewi**

Ýüz tutup baraýsaň demirçi ussa,
Küresinden gözüň garylar tüssä.

Ýanyna bargynyň atyr sataryň,
Üstünden hoş ysy geler atyryň.

Patyşalara gerek bolan ylymly akyldarlaryň biri şerigatyň hökümlerini gowy bilýän we uly-kiçi meselelerden oňat baş çykarýan alym we dindar fykhçylardyr[1]. Olar pursat tapan wagtlary mübärek mejlisde halal we haram, dini meselelerdir hökümler barada gürrüň berip, namaz okamagyň, oraza tutmagyň, gusul almagyň we täret kylmagyň usullary, parz we sünnet amallary barada patyşa aýdyň jümleler bilen söhbet etmelidir. Şeýlelikde, fykh we pitwa meseleleri bilen soltanyň döwletine bereket iner.

**Şygyr**

Söhbet edilmese fykh-pitwadan,
Şerigaty aýrar dünýäden adam.

Mundan başga-da, patyşanyň huzurynda ahyreti ýatladyp duran, dini nesihatlary gaýgyrmaýan, düşnükli jümleler we kämil ündewler bilen ony ýaramaz we günä işlerden hem erbet gürrüňlerden gaýtarýan, gadagan edilen haram zatlara duçar bolmakdan saklaýan ygtybarly nesihatçy we takwa ýol görkeziji bolmalydyr. Nesihatçy öwüt-ündewlerinde we ýol görkezmelerinde mährem we mylaýym bolmalydyr. Mejlisde we üýşmeleňde nesihat bermän, eýsem, ýekelikde we pursaty gelen wagtynda söz täsirli bolar ýaly mylaýymlyk bilen söz sözlemelidir. Häzirki döwürde zamananyň talabyna görä ýumşak we mylaýym bolmalydyr. Iňki halypalardyr patyşalar alymlardan we pirlerden ajy-agyr sözler eşitseler-de, yhlas bilen olary kabul edipdirler. Muňa aşakdaky hekaýat mysaldyr:

Harun Reşit Şakyk Balha (ýatan ýeri ýagty bolsun!):

– Maňa öwüt-nesihat ber – diýýär. Şakyk Balhy:

[1] Fykh – diniň kada-kanunlary we hökümleri barada gürrüň edýän ylym.

– Eý, halypa! Allatagalanyň dowzah diýen bir jaýy bardyr. Ol seni şol saraýyň sakçysy edipdir we halky şol dowzaha düşmekden saklamak üçin saňa üç zat: mal, gylyç we gamçy beripdir. Sen mal-pul bilen garyplary mätäçlikden haram we günä işe uçramaz ýaly garyplykdan halas etmelisiň. Gylyjyň bilen zalymlary musulmanlar olaryň şerinden aman galar ýaly gyrmaly we gamçyň bilen bozuk we ýaramaz adamlar günä işlerden daşda durar ýaly olara edep bermeli. Eger şeýtseň, hem özüň halas bolarsyň hem-de halkyňy halas edersiň. Eger başgaça ömür sürseň, ilki özüň dowzaha girersiň, soňra yzyňdan halkyň girer – diýýär.

Harun aglap, Şakykyň elinden ogşapdyr.

### Kytga

Eşitse ýürekden aýdylan pendi,
Her kim kabul eder doga mysaly.
Takwanyň gürrüňi bolansoň janly,
Ýüreklerde orun tapýar jan ýaly.

Mundan başga-da, bejergi kanunlaryny doly bilýän, ökde lukmanlaryň tejribelerini jemlän, keselleri bejermekde we syrkawlyklara em etmekde ussat hem-de «Isa demlerini»[1] urmakda, «Musanyň ak eli»[2] ýaly ussatlyk görkezip bilýän ökde we mähriban lukmanyň hem köşkde bolmagy zerurdyr.

### Beýt

Onuň demi düşende syrkaw täze jan tapar,
Gelmegi ruh-rowana, şöhrat tapar, şan tapar.

Lukman patyşanyň hal-ýagdaýyny görüp, saglygy goraýyş kadalaryny doly berjaý etmelidir. Eger onuň mübärek tebigatynda kesel alamatlary görünse (goý, Alla olardan gorasyn!), derrew em etmäge girişmelidir.

Mundan başga-da, patyşanyň ýanynda ýyldyzlaryň aýlawyndan, olaryň hereketlerinden doly baş çykarýan, müneçjimlik we täleýşynaslyk ylmynyň[3] genjiniň açaryny ele salan, howply-ýaramaz täleýleri derňäp, olary tapmakda uly derejä ýeten ökde we ussat müneçjim bolmalydyr.

### Beýt

Gün älemniň daşyny,
ýyldyz nagşyn pelegiň,
Surat çekýär hasapçy bek işledip galamyn.

Ol soltanyň mübärek täleýine seredip, ýyldyzlaryň dogşuny we müneçjimlik usullaryny doly peýdalanyp, ýyldyzlaryň her biriniň bagtly ýa-da erbet täleýdigini bilmelidir. Döwletlilik hem-de mertebelilik alamatlary görnen ýagdaýda soltany

---

[1] Isa pygamber dem urup, çüfläp syrkawy sagaldypdyr we kä wagtlar ölini direldipdir. Bu ýerde şol göz öňünde tutulýar.

[2] Musa pygamber mugjyza hökmünde elini goltugyna salyp çykaranda kümüş deý ak bolup lowurdapdyr. «Musanyň ak eli» diýen jümle öz işine ussat-ökde adamlar barada aýdylypdyr.

[3] Täleýşynaslyk ylmy – ýyldyzlara seredip pal atmak ylmy.

şükür etmäge çagyrmalydyr. Şeýdip, soltanyň şükür etmegi bilen «Şükür etmeklik bilen nygmat-bereket dowam tapýar»[1] diýlişi ýaly, onuň döwletdir bereketi dowamat dowam bolar. Şeýle-de müneçjim howp-hatardyr ýaramaz alamatlary görende, soltany doga-dileg etmeklige, sadakadyr haýyr-yhsan etmeklige höweslendirmelidir. Şeýdip, soltanyň ýagşylygy bilen «Sadaka bermek we haýyr-yhsan etmek belany dep edýär we ömrüňi uzaldýar» diýen hadysa görä, ol beladyr mähnet sowlar.

### Mesnewi

Beladan başyňy gutarjak bolsaň,
Allaga ýürekden ýalbaryp bil sen.

Soňra haýyr-yhsan bilen eliň aç,
Gam-gussanyň perdesini böwsüp geç.

Mundan başga-da, soltanyň ýanynda onuň ajaýyp häsiýetleriniň göwher monjuklaryny goşgy ýüpüne düzüp, ony at-owaza we şan-şöhrat bazaryna çykaryp biler ýaly we şygyrlary bilen soltanyň adyny döwürleriň sahypasynda ýadygär goýar ýaly çeper sözlülikde kyssaçylaryň kyssa meýdanyndan söz çöwgeni bilen şygyr güýüni kakan we söz ussatlygynda döwrüň dili çeperlerinden ozan şirin dilli hem süýji beýan ediji şahyr bolmalydyr.

### Beýt

Çeper dil bazarlarynda
nazmy bilen meşguldyr,
Dilewarlyk gülzary şygry
bilen meşhurdyr.

* * *

Eziz görmeli şahyrlar mydam,
Olar bilen adyň galýar hemişe.
Şa Uweýs bakydyr şygyrlarynda,
Sen Selmany okap, edinseň pişe,

Mundan başga-da, köşkde gyzykly hem gowy şorta sözler bilen mejlisi bezeýji we şirin degişmeleri bilen adamlaryň ýüzüne şatlyk berýän degişgen-wäşi adam bolmalydyr.

### Beýt

Adamyň tebigaty öz oýnunyň elinde,
Ruhuň degişmelerden göterler has belende.

Iň gowy söhbetdeş we iň ýakymly syrdaş beýik şahsyýetleriň kitaplary we görnükli ulamalaryň galdyran miraslarydyr. «Her zamanda iň gowy oturdaş we

[1] Akyldarlaryň aýdan sözi.

syrdaş kitapdyr»[1]. Hiç bir okyjynyň we diňleýjiniň ýüregi «Rugsatsyz we bijaý gürleýär ýa-da näz-kereşmesiz gödek oturýar» diýip kitapdan ynjamaz.

[1] Atalar sözi.

## Mesnewi

Kitapdan özge bir syrdaş gözleme,
Kitap bijaý hem ýerliksiz gürlemez.

Janyňa şypasy mähriň çuňundan,
Iz islän zadyňy taparsyň ondan.

Hiç kim bilmez, beýle syrdaş nirde bar –
Ne özi gynanýar, ne gynandyrýar.

Beýik akyldarlar şeýle diýipdirler:

Ähli adamlar akyla mätäç, akylly-düşünjeli bolmak üçin bolsa tejribe gerek. Sebäbi, aýdyşlaryna görä, tejribe peýdaly we bähbitli işleri şöhlelendirýän aýnadyr. Tejribe toplamak üçin köp eýýamlar, uzak-uzak ömür we köp wagt gerek. Akyldar alymlar bu amanat ömrüň doly tejribe gazanmaga ýeterlik däldigini görüp, bu kemçiligi doldurar ýaly hem-de kem-kemden doly tejribeleriň doly kesp edilmegi üçin mähribanlyk bilen akylly-paýhasy özünde saklaýan kitaby tapypdyrlar. Şeýlelikde, döwlet we haýbat eýeleri kitap okamagy ýörelge edinip, her haýsysy öz başardygyna we hümmetine görä okamalydyrlar. «Bagtly adam başgalaryň öwüt-ündewlerinden peýdalanýan kişidir» diýlişi ýaly, başgalaryň tejribelerinden peýda tapyp, olaryň pent-nesihatlaryndan pentlener ýaly akyldarlar patyşalardyr soltanlaryň başdan geçirmelerini, emirlerdir wezirleriň ahwalatlaryny, ulamalardyr akyldarlaryň sözlerini kitaplara ýazyp, öten-geçenleriň taryhyny we kyssalaryny geljekki nesillere ýadygär bolsun diýip ýazga geçiripdirler.

## Nazm

Okaň siz şalardan ahwally dessan,
Danadan diňläň siz söhbeti kyssaň,

Ýüregedir didä nuruny salar,
Ylymdar tejribe saňa duş bolar.

Olar her mowzukda söz açypdyrlar,
Derňew göwherinde dür saçypdyrlar.

Döwürlerde ençe tejribe toplap,
Her işde köp rençler çekipdirler.

Gowsy, pentlerine eýerip olaň,
Sözlerine mydam asalyň gulak.

Olaň öz döwründe eken daragty,
Süýji miwe berdi – eçildi bagty.

Geliň bizem şol baglara baraly,
Miwesinden dadyp, iýip göreli.

## OTUZ DOKUZYNJY BAP

## ÝaRAMAZLARY DEP ETMEKLIK

Ýagşyzadalar bilen söhbetdeş bolmagyň wajyp bolşy ýaly, ýaramaz we bozuk adamlaryň oturlyşygyndan gaça durmak hem hökmanydyr. Çünki söhbet söhbetdeşiň häsiýetine laýyklykda täsirli bolýandyr. Ýagşyzadalar bilen oturyşmakda köp peýdalaryň bar bolşy ýaly, ýaramaz we bedasyl adamlar bilen tirkeşmek hem oturyşmak nälaýyk netijeleri berýär. Ýagşylar bilen söhbetdeş bolmak döwletiň artmagyna sebäpdir, emma ýaramaz adamlar bilen oturyşmak ökünje we puşmanlyga eltýändir.

### Nazm

Döwletliler bilen otur, sebäbi,
Tiken hem gül bilen ýaza görk beren.

Oturma hiç mahal nälaýyk bilen,
Agzy süýjän bolan däldir sirkeden.

Ýaramaz adamlar iki hili bolýar. Birinjisi, hökmany ýok edilmeliler, ikinjisi, hökmany dep edilmeliler. Hökmany ýok edilmelileri heläk etmekde musulmanlara peýda we umumy bähbit bardyr. Olar üç topardyr. Birinji topar: ogrular. Olary ýok etmek patyşalaryň boýnunda duran hökmany borçdur. Hüwşeňiň öz ogluna eden wesýetleriniň üçünjisi şudur: «Eý, oglum, bozgaklara temmi bergin, ýaramaz we şer gözleýji adamlary derbi-dagyn et, talaňçy we şer dörediji ogrulary ýolagçylaryň ýollaryndan ýok etgin. Şonda, täjirler daş-töwerekden seniň ülkäňe gelerler, dürli harytlardyr egin-eşikler getirlip, aluw-satuw ediler. Bu bolsa halkyň asudalygyna we bolçulygyna esasdyr».

### Kytga

Adalat ýoluny ýöredip bilseň,
Bolup bilersiň sen soltanlykdan şat.
Sen ýollary ogrulardan halas et,
Eger ýurt isleseň abatdan-abat.

«Emirligiň göwheri» atly kitapda möminleriň emiri hezreti Omardan (goý, Alla ondan razy bolsun) şeýle gürrüňi rowaýat edilipdir:

Hezreti Omar bir gezek şeýle diýipdir: Men jahylyýet[1] döwründe kyrk sany Ýemen donuny alyp, Medaýyna tarap söwda giden mahalym, Medaýynyň golaýyna ýetenimde, talaňçy ogrular ýolda meniň üstüme çozup, meni taladylar we donlarymy aldylar. Men zordan Medaýyna geldim we hakymy talap edip, Anuşirwanyň köşgüne bardym. Anuşirwan meniň başyma düşen wakany eşidip, ýagdaýyma doly düşünensoň, meni bir hajyby bilen bir ýere iberdi. Hajyp meniň elimden tutup, bir öe eltdi we: «Tä ogrulary tutup, donlaryňy gaýdyp berýänçäler şu ýerde bol» diýdi. Men şol öýde boluberdim. Her gün şanyň ýörite aşhanasyndan patyşalara mynasyp nahar, desterhan getirip, öňümde goýýardylar. Men hem her gün Anuşirwanyň köşgüne gidip, ýurt dolandyrmak we halka ýolbaşçylyk etmek işlerine seredýärdim. Kyrk gün geçensoň, men öz bolýan öýüme gelen wagtym donlarymy, kesilen eli, bir kagyz we kyrk sany altyn teňňe gördüm. Ol kagyzda: «Ogrulary tapyp, seniň donlaryňy gaýdyp berýänçäk, kyrk gün geçdi. Bu kyrk teňňe seni kyrk gün garaşdyranymyz üçin. Iz ýurduňa gideniňde bizden şikaýat etmegin» diýip ýazylan eken.

Şu hekaýatdan belent mertebeli patyşalaryň talaňçylarydyr ogrulary ýok etmäge uly üns berendikleri mälim bolýar.

Şeýlelikde, adyl şa musulmanlaryň gatnaw ýollaryny özüniň syýasatynyň haýbaty bilen ogrulardan we talaňçylardan saplamalydyr, kim ýolda bir musulmana azar-ezýet berse, başgalara-da sapak-görelde bolar ýaly oňa jeza bermelidir.

**Mesnewi**

Talaňçynyň – serini, kes ogrynyň elini,
Erkege-aýal-da howpsuz etgin ýollaryn.

Ýollar howpsuz-hatarsyz bolsun
mydam kerwene,
Çar ýana söwda üçin olar bolsun rowana.

Halka köp peýda gelip, yhlas edip işlärler,
Adamlar höwes bilen söwda edip başlarlar.

Obadyr şäherleriň gülläp öser hemmesi,
Ýürek aýnasyndan hem aýrylar gamyň posy.

Ýaramaz adamlaryň ikinji topary ganhor galtamanlar we pitneçi kellekeserlerdir. Olar obalardadyr şäherlerde eden-etdilik we garadangaýtmazlyk bilen adamlaryň baýlygyna we çagalaryna el uzadýarlar. Diňe güýçli soltandan başga hiç kim janyndan gorkusyna, olara degip bilmez. Şonuň üçin soltanyň olary ýok etmegi zerurdyr.

Şeýle hekaýat edýärler:

Halap şäherinde galtamanlar we kellekeserler köpelipdir. Adamlar olardan ýaňa halys bolup, Müsür soltanynyň ýanyna baryp, şikaýat edip, adalatlyk isleýärler. Müsür soltany olary gyrmak we ýok etmek üçin Muslyh atly bir häkimi iberýär.

[1] Îahylyýet – nadanlyk. Araplaryň yslamdan öňki durmuşy.

Muslyh gelip, olaryň birtoparyny gyrýar. Emma olar şonda-da dargaman, galtamançylykdan gaýtmaýarlar. Iş şeýle derejä we ýagdaý şeýle çäge baryp ýetipdir welin, bir gün Muslyh juma metjidinde namaz okan wagty onuň mährabyna: «Eý, Muslyh, özüňi beýle horlap ýörme. Biziň birimizi öldürseň on bolup çykarys. Biz ölümi özümiz üçin buýsanç hasaplap, ondan çekinmeýäris.

**Nazm**

Biz – aşyk, aşyklara öldürilmek dereje,
Gubrumyzyň daşyndan yşkyň
gyljy ýitidir.
Bize namys-ar bolar yşkdan ýarasyz çykmak,
Jeňden ýarasyz çykmak bize ardyr, beterdir.

Sen bizi öldürmekden ýaňa bizar bolup, ýadamagyň mümkin. Emma biz öldürilmekden bizar bolmarys» diýlip ýazypdyrlar. Muslyh bu ýazgyny okap, olary diňe mekir-hile bilen ýok edip boljakdygyna düşünýär. Şeýdip, ol şol ýazgyň aşagyna: «Biz siziň edermenligiňizi we merdanadygyňyzy bildik hem-de siziň biri-biriňiz bilen agzybirdigiňize göz ýetirdik.

**Beýt**

Jan berip, baş goýmakda ýokdur hiç
kim siz kimin,
Şeýle agzybir hem mert ýigitlere aperin.

Biz eden işlerimizden puşmanda. Sizden ötünç sorap, sizi sylaglamaga we güýçlendirmäge başlarys. «Wessalam» diýip ýazdyrýar.

Adamlar Muslyhyň bu işine haýran galýarlar. Ol ähli ýerde galtamanlary öwmek we olary wasp etmek bilen meşgullanýar. Olary jezalandyrmakdan hem tussag etmekden el çekýär. Bir gün şäherdäki at-abraýly kişiler onuň ýanyna gelip, galtamanlar barada söz açmakçy bolýarlar. Muslyh olardan öňürtiläp:

– Hormatly adamlar, biz bu ýaş-juwanlary öldürenimize ökünýäris. Edermen we gaýduwsyz adamlary öldürmek haýp dälmi näme?! Her asyrda beýle ýigitleriň diňe birnäçesi bolýar. Men bu gün olara mätäç. Rum galasynyň ilaty baş göteripdirler. Maňa olary dep etmekde söweşjeň adamlar gerek. Eger siz meniň bilen ylalaşýan bolsaňyz, onda olaryň ýolbaşçylaryny we han-beglerini meniň ýanyma getiriň, men olara sylag-serpaý berip güýçlendireýin – diýýär.

**Nazm**

Görsem söweşmäge mynasyplygyn,
Beýle arlyň hyzmatynda duraýyn.
Onuň belent başyn arşa ýetirip,
At, sowut, jöwşen hem jyga bereýin,

Halabyň ýaşululary:

– Olaryň serdary we ýolbaşçysy dört ogully bir garrydyr. Häzir ol bir ýere gidipdir we siziň syýasatyňyzdan we haýbatyňyzdan ýaňa bir çete çekilipdir – diýýärler.

Muslyhyň buýrugy bilen ony çagyryp getirýärler. Muslyh oňa tagzym edip, köp mähremlik görkezip, dürli halatlar berýär we ony ezizleýär. Birnäçe gün geçip, olar Muslyhdan arkaýyn bolansoňlar, Muslyh:

– Maňa gandöküji ökde söweşijiler gerek. Men olary ezizläp, sylag-serpaý ýapjak. Siz beýle adamlary tanaýarsyňyz. Siz söweşip we edermenlik görkezip bilýän kişilerden kimi getirseňiz, men olara halat ýapaýyn we olary güýçlendireýin – diýýär.

Garry ogullary bilen bilelikde bu sözlere diýseň şat we hoşal bolup, daş-töwerekden üç ýüz sany garadangaýtmaz galtamanlary we gansorujy kellekeserleri üýşürip, Muslyhyň ýanyna getirýärler. Muslyh:

– Olary ertir meniň ýanyma getiriň, şonda halatlar hem taýýar bolar – diýýär.

Şol bir wagtyň özünde Muslyh biçimçi-tikinçilere-de üç ýüz otuz sany dony biçip, tikmeklerini buýurýar. Onuň köşgüniň emeldarlary, şäherdir welaýat hanbegleri we adamlar onuň edýän işine haýran galyp, öz-özlerine: «Müsür soltany ony galtamanlary ýok etmäge iberipdir, emma ol soltanyň tabşyrygyna garşy çykyp, olary güýçlendirýär» diýipdirler.

**Beýt**

Tiken ýerne güli oturdar-eker,
Zäheriň deregine dadyrar şeker.

Muslyh agşam galtamanlar geýim çalşylýan jaýa gelenlerinde, olary öldürer ýaly üç ýüz sany söweşjeň, gaýduwsyz we hüşgär adamy saýlap, ýaraglandyryp, olara geýim çalşylýan jaýda taýýar bolup durmaklaryny buýurýar. Ertesi galtamanlar Muslyhyň huzuryna gelip, oňa tagzym edýärler. Muslyh olary geýim çalşylýan jaýa girip, donlary geýip çykyp, hyzmat sapyny düzmeklerini we gulluk guşagyny howandarlyk biline guşamaklaryny isleýär. Olaryň geýim çalşylýan jaýa giren batlaryna ählisini öldürýärler we garryny hem dört ogly bilen gylyçdan geçirip, ol bipeýan we ganhor toparyň kellelerini naýzalaryň ujuna sanjyp, şähere aýladýar. Şeýdip, ol sebit ýaramaz-bozuk kişileriň şerlerinden päklenýär.

Betpyglyň baş egmesi däldir
hiç wagt edepden,
Goparmaklyk ýagşydyr erbet agajy düýpden.

Olar «Zulum kyýamat gününde garaňkylykdyr»[1] diýen garaňkylykda galyp, musulmanlaryň mal-mülküne el uzadýarlar we «Ägä boluň, zalymlara Allanyň lagnaty siňendir»[2] diýen sözden, Allanyň azabyndan we soltanyň jezasyndan gorkmaýarlar. Zulumyň soňunyň elhenç we zalymyň jezasynyň azaply bolýandygy üçin, zulumyň şumlugy ýurda düşüp, ýaramaz netijesi ýurda erbet täsir etmez ýaly patyşa olary ýok etmelidir.

[1] Pygamberimiziň hadysy.
[2] Pygamberimiziň hadysy.

## Mesnewi

Ýurdy weýran etmekdir sütemkär zalym işi,
Gamdan özüne sygmaz älem-jahan gözýaşy.

Eý, ýaýynda çeken sen, sütem-zulumdan tiri,
Bela-beter gylyçdan galaryn öýtme diri.

Hökmany dep edilmeler barada gürrüň etsek, olar ýaramaz häsiýetleri we erbet gylyklary bilen tanalan adamlardyr. Olaryň döwlet eýeleri bilen duşuşmaklary we gürrüňdeş bolmaklary zyýanlydyr. Beýle adamlaryň biri şyltakçy gep gezdirýänler bolup, olar ýalan gürrüňleri bilen adamlaryň arasynda pitne turzup, dostlary duşman edijilerdir. Hadyslarda şyltakçy gep gezdirýänleriň behişde girmejekdikleri bellenilýär. «Töwrat» kitabynda getirilişine görä, Allatagala hezreti Musa alaýhyssalama: «Eý, Musa! Sen şyltakçy adamy kyýamat güni maňlaýynda «Allanyň rehmetinden näumyt we daş düşen» diýlip ýazylan halda görersiň» diýipdir.

Allatagala Gurhany Kerimde şyltakçyny gep gezdirijini «bozgak, günäkär» diýip atlandyrypdyr. Ol: «Eý, möminler! Size bir bozgak-günäkär adam bir habar getirse, siz bilmezlikden bir kowuma erbetlik edip, soňra puşman etmez ýaly ol habary anyklap-degşirip görüň»[1] diýýär. Akyl we hikmet eýeleri bolan alymlar şeýle diýýärler: «Eger bir adam seniň ýanyňa gelip, «Saňa pylany şeýle diýdi, saňa şeýle zyýan etdi» diýse, sen alty sany işi etmelisiň:

Birinji: ony dogruçyl hasap etme, sebäbi Allatagala oňa bozgak diýipdir. Bozgagyň sözi bolsa dogry däldir.

Ikinji, oňa gep gezdirmegi gadagan et. Çünki gep gezdirmek günädir, günäden gaýtarmak bolsa parzdyr.

Üçünji, Allatagalanyň ony duşman görýändigi üçin sen hem ony duşman saý. Sebäbi hadysy-şeripleriň birinde: «Allatagalanyň ýanynda iň erbet duşman gep gezdirip, dostlaryň arasyny bozýanlardyr» diýilýär.

Dördünji, öz musulman doganyň barada erbet pikir-güman etmeli däldir. Çünki, käbir gümanlar adamy günä elter.

Bäşinji, onuň aýdan habaryny yzarlama, sebäbi dinde aýyp gözlemek gadagyndyr.

Altynjy, gep gezdirýäniň aýdyşy ýaly etme. Aslynda gep gezdirýäni öz ýanyňa getirmeli däldir, onuň sözlerini diňlemek hem dürs däldir.

[1] Gurhanyň 49-njy (Hüjreler) süresiniň 6-njy aýaty.

## Nazm

Iz ýanyňdan orun berme gepçä sen,
Gepinden bir demde ýüz pitne gopar.
Izüňe hiç mahal öwrenişmesin,
Ol sen hakda-da erbet söz tapar.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Yspyhanly baý adamlaryň biri bir gulamy satyn almakçy bolýar. Satyjy oňa:

– Meniň gulamymyň bir aýyby bar, ol gep gezdirýän şyltakçy – diýýär.

Baý oňa:

– Guluň şyltak atmasy we gep gezdirmesi näme täsir edip biler? – diýip, ony satyn alýar.

Birnäçe gün geçensoň gulam baýyň aýalyna:

– Hojaýyn seni gowy görenok, ol başga aýal aljak bolýar – diýýär.

Bu söz baýyň aýalyna täsir edýär. Onuň ýüzi üýtgeýär. Gulam öz sözüniň täsir edendigini we ýaramaz okunyň nyşana degendigini bilip:

– Onuň seni gowy görmegini isleýärmiň? – diýýär.

Ol:

– Hawa, isleýärin – diýýär.

Gulam:

– Men gowy gördürmek üçin tilsim-jadygöýlük bilýän. Sen hojaýyn uklap ýatan mahaly, ýiti päki alyp, eňeginiň aşagyndaky sakgallaryndan bir-iki gyl maňa kesip getir. Men ony jadylap, onuň ýüregine saňa bolan söýgini salaýyn – diýýär.

Baýyň aýaly bu işi etjekdigine söz berip:

– Şu günüň özünde şeýderin – diýýär.

Soňra gulam derrew hojaýynyň ýanyna baryp:

– Eý, hojaýyn! Siziň meniň boýnumda duz-çörek hakyňyz bar. Men siz bihabar galmaz ýaly eşiden habarymy size aýdasym gelýär – diýýär.

Baý:

– Nähili habar? – diýýär.

Gulam:

– Seniň aýalyň başga ýoldaşy bar. Ol seni öldürmekçi bolýar. Eger meniň aýdan sözlerimiň dogrudygyna göz ýetirjek bolsaňyz, onda öe gireniňizde uklan kişi boluň, şonda görersiň – diýýär.

Baý öe barýar we öýlänlik naharyny iýýär. Soňra ýassyga ýaplanyp, uklan kişi bolýar. Aýaly ol ýatandyr öýdüp, päki alyp, onuň ýanyna gelýär we baýyň eňeginiň aşagyndan gyl almak üçin onuň sakgalyny galdyrýar. Baý gözüni açýar. Ol bu ýagdaýy görüp, aýaly özüni öldürmekçi bolýandyr öýdüp, ýerinden turýar. Soňra aýalynyň elini mäkäm tutup, elinden päkini alýar we onuň başyny kesýär. Aýalyň hossarlary bu habary eşidip, baýdan öç alýarlar. Şeýdip, bir şyltakçy gul sebäpli ol eziziň maşgala ojagynyň ody sönýär.

## Nazm

Iki adam arasyna atar uruş oduny,
Gep gezdirýän betbagt oklar oňa oduny.

Mundan başga-da, didary didarlaşanyňa degmeýän we sözleri diňlenilmäge mynasyp bolmaýan kişiler şugul kişilerdir.

**Beýt**

Erbedi görmedim şuguldan beter,
Ol adamy betbagt, bedasyl eder.

Hadyslarda «Şugulçy halalzada däldir» diýilýär.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Ysraýyl ogullarynyň kowumynda guraklyk we gahatlyk peýda bolýar. Hezreti Musa Ysraýyl ogullarynyň abraýly we hormatly adamlary bilen bereket-ýagyş dilemäge sähra çykýarlar. Olar dört gije-gündizläp dileg etseler-de, kabul ediliş alamatlary peýda bolmandyr. Musa nalyş edip:

– Eý, Alla! Dört gije-gündizläp doga-dileg edip durys, şonda-da dilegimiz kabul edilmeýär – diýýär.

Asmandan: «Eger kyrk gije-gündizläp dileg etseňiz hem kabul edilmez. Sebäbi seniň kowumyň arasynda bir şugulçy bar. Şonuň şumlugy bilen doga-dilegleriňiz kabul ediliş nyşanasyna dürs degmeýär» diýen owaz gelýär. Musa pygamber: «Eý, Hudaý! Maňa şol şugulçynyň kimdigini aýt, men oňa toba etdireýin» diýýär. Asmandan: «Men şugulçylary duşman diýip bilýärin. Indi özüm niçik şugulçylyk edeýin?! Sen ähli adamlaryňa şugulçylykdan toba etmeklerini tabşyrgyn, şonda ol hem toba eder» diýip, owaz gelýär. Musa pygamber ähli adamlara toba etmekligi buýurýar. Şondan soň Allatagala ýagyş iberýär. Belent mertebeli soltanlar şugulçynyň sözüne asla gulak asmandyrlar we olary duşman saýypdyrlar.

Şeýle hekaýat edýärler:

Patyşalaryň biri bir adamy terbiýeleýän mahaly: «Eger işleriň gün-günden rowaç alyp, her pursatda mertebäň artyp, meniň ähli emeldarlarymdan maňa has ýakyn bolmagy isleseň, onda üç zady bellegin:

Birinjisi, asla ýalan sözlemegin, ýalançy adam hemmeleriň ýanynda har-zelil we mertebesizdir.

Ikinjisi, meni öz ýanymda öwmegin, çünki, men özümiň nähilidigimi senden gowy bilýärin.

Üçünjisi, şugulçylyk etmegin, gep gezdirmegin we goşunyňdyr raýatlaryň erbetliklerini meniň ýanymda aýtmagyn. Sebäbi, eger men olar barada erbet habar eşitsem, olar bilen aram bozular. Meniň raýatymy we goşuny halamanlygym belli bolsa, olar janlaryndan gorkup, başga kişini penalarlar we başga patyşa islärler. Şeýdip, meniň patyşalygyma uly zyýandyr nogsanlyklar ýeter – diýipdir.

**Mesnewi**

Älem-jahan bulaşar şugulçynyň sözünden,
Nökere zyýan ýeter goşunynyň sapyndan.

Dünýäni hem düňderer şugulçynyň bir gepi,
Ol ýaramaz adamdan tapmarsyň zerre nepi.

Şugulçyny göreňde her döwür, her zamanda,

Jeza tygy bilen kes, söz bolmasyn zybanda.

Şeýle hekaýat getiripdirler:

Bir gün Anuşirwan mejlis gurupdyr. Onuň egindeşleriniň biri bir adamy ýamanlap, şugulçylyk edýär. Anuşirwan oňa:

– Men bu sözi derňäýin. Eger dogry bolsa, seni şugulçylygyň üçin duşman saýaryn. Eger ýalan bolsa, saňa jeza bererin. Eger toba etseň welin, seniň günäňi geçerin – diýýär.

Ol:

– Toba etdim – diýýär.

Anuşirwan bolsa:

– Günäňi geçdim – diýýär.

**Nazm**

Şanyň huzurynda şugullyk eden,
Ryswa bolup gaýdar onuň ýanyndan.
Derdinden jahanyň içi ýanandyr,
Ne Hudaý, ne-de halk razy ondan.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Bir adam şugulçylyk we myjabat atmak niýeti bilen Mugtasym halypa: «Hanbeglerden pylany wepat bolupdyr we ondan örän köp baýlyk galypdyr. Onuň diňe bir ogly bar. Eger perman berseňiz, häzirlikçe onuň baýlygyndan çaga geregini goýup, ýetim çaga ulalansoň oňa gaýtaryp berler ýaly galanyny karz hökmünde hazynada goýsalar» diýip hat ýazýar. Mugtasym onuň hatynyň arkasyna: «Wepat bolanyň Alla günälerini geçsin, onuň malyna we mirasyna bereket bersin, ýetim oglany ýagşyzada edip ýetişdirsin we şugulçy Allanyň lagnatyna giriftar bolsun» diýip ýazypdyr.

**Mesnewi**

Ýanynda şugulçylyk etme şalaryň,
Ah urşundan gorkgun bigünäleriň.

Bigünäleriň ah urmasy agyrdyr,
Köpleri tagtyndan-bagtdan aýyrar.

Hökmany dep edilmeleriň ýene biri betnebis, öz bähbidine kowalaşýan ikiýüzlilerdir. Olaryň aýdýan we edýän zatlary yhlas we ak göwünlilik bilen bolman, haýsydyr bir betnebis maksatlar üçindir. Hüwşeň öz wesýetlerinde şeýle diýipdir: «Betnebis we öz bähbitlerine kowalaşýan ikiýüzlilere eýerip, olar bilen ylalaşmakdan gaça durgun. Sebäbi betnebis bähbitlere kowalaşýanlar bimany dawalar edip, yhlas görkezen bolýarlar, olar gowy göwherleri ýaramaz ýüpe düzýärler we ýagşy hem ýakymly işleri erbet hem ýaramaz suratda görkezýärler».

**Nazm**

Gelmesin ýanyňa betnebis adam,
Betnebis adamdan ýürek bişýändir.
Onda ýalan, hilegärlik jemlenen,
Daşy dost bolsa-da, içi duşmandyr.

Betnebis ikiýüzlileriň her hili aldawlary bilen erbet zady gowy görkezip, gowyny erbet zat edip düşündirýändikleri üçin, olaryň sözüni derňemän kabul edip bolmaz. Olaryň aýdýan zatlarynyň anygyna ýetmek üçin örän seresap we ätiýaçly bolmalydyr.

**Beýt**

Ikiýüzli betnebisler söz aýtsa,
Ýagşyny hem öwrüp bilýär ýamana.
Sözleri tä doly mälim bolýança,
Barma aýdan söznüň töweregine.

Isgender Arastudan:

– Patyşalaryň huzurynda bolmaga nähili kişiler mynasyp? – diýip soraýar.

Arastu oňa şeýle jogap berýär:

– Patyşanyň huzurynda bolmaga hyýanatçy däl-de amanatdar kişiler laýykdyr. Sebäbi amanatdarlyk yzzat-mertebä elter, hyýanatçylyk bolsa, peslige we hormatsyzlyga sebäp bolar. Kanagatsyz bolman, kanagatly bolmalydyr. Çünki, kanagatlylyk uç-gyraksyz hazyna, kanagatsyzlyk bolsa soňsuz azap we rençdir.

### Beýt

Kanagatly adama mertebe berer Jelil,
Kanagatsyz adamyň ömri bolar har zelil.

Mundan başga-da aýyp gözleýji bolman, gowy sözleri sözleýji bolmalydyr. Sebäbi gowy sözleri sözleýjiler ähli ýerde halanýar we goldanýarlar, emma aýyp gözleýjiler hemme ýerde ýigrenilýär. Şeýle-de lap edip gürleýän däl-de, iş başaryjy bolmalydyr, çünki işine belet sylanýandyr, emma lap urup ýörenler mydama günälenýändirler. Mundan başga-da mynapyk[1] bolman, muwapyk[2] bolmalydyr. Sebäbi muwapyklygyň netijesi mähirlilik we wepalylykdyr, emma mynapyklygyň soňy jebri-jepalylykdyr. Başga-da bedgat[3] işlerde bolman, sünnet[4] ýoluna eýeriji bolmalydyr. Çünki, sünnet ýoly adamy jennete eltýär, emma bedgat işler adamy azgynlyk we azap mekanyna getirýär.

Patyşalar aşakdaky ýedi topary öz huzurlaryna ýakyn getirmeli däldirler:

Birinji topar göripler. Göriplik keseli hiç bir derman bilen bejerilmeýär we göribiň azaby-derdi hiç em bilen aýrylmaýar.

### Şygyr

Göripligiň derdinden ataş barha bat alýar,
Jan näme, göriplikden älem-jahan ot alýar.

Göriplik gaty elhenç zatdyr. Çünki, görip adam örän ýaramaz bolýar. Beýle adamlaryň bolmagy nygmat-berekediň ýitmegine uly täsir edýär. Şu sebäpli Allatagala Gurhany Kerimde pygamberimiz Muhammet alaýhyssalama «Göribiň göripliginden saňa pena isleýärin»[5] diýip aýtmagy buýurýar. Pygamberimiziň hadyslarynyň birinde bolsa «Göriplik oduň odunlary ýakyşy ýaly sogaplary iýip, ýakyp gutarýandyr» diýilýär. Mundan başga-da, ol iň pes sypat we iň erbet häsiýet bolup, nadanlygyň netijesi bolan pes hümmetlilikden we gysgançlyk tebigatyndan emele gelýär. Bu häsiýetiň bir adamda jemlenmegi ol adamyň kemakyldygyny pesligini aňladýar. Ol bolsa beýle häsiýetli adamlaryň başgalaryň rahatlykda bolmaklaryndan razy däldikleri üçindir.

---

[1] Mynapyk – ikiýüzli.
[2] Muwapyk – ylalaşdyryjy.
[3] Bedgat – täze döredilen esassyz, delilsiz ýörelgeler.
[4] Sünnet – bu ýerde delilli, esasly öňden gelýän ýol-ýörelge göz öňünde tutulýar.
[5] Gurhanyň 113-nji (Falak-Daň) süresiniň 5-nji aýaty.

### Beýt

Bir adam jan berýär özüne – diýip,
«Näme üçin ol adam rahat?» – diýip.

Şu sebäpli görip adamlar her pursatda müňlerçe zäher şerbetini we gam-gussa suwuny içýärler. Haýsydyr bir adam şatlyk aýagyny bir ýerde goýsa, ol hasrat elini başynda goýýar. Bu barada «Göribiň göripligi oňa ýeterlik dertdir» diýilýän nakyl has meşhur we ýerliklidir.

### Şygyr

Göribiň göripligi ýeterlikdir özüne,
Bu sypat oňa her dem azap bolup ýagýandyr.
Izgeleriň ýüzüne ot syçrasa olardan,
Emma oýlansaň, görseň, öz-özleri ýanýandyr.

Göribiň öz göripligi bilen heläk bolýandygy barada şeýle hekaýaty getiripdirler:

Isgenderiň döwründe bir haýwan peýda bolýar. Ol haýwanyň gözi haýsydyr bir janly-jandara düşse, ony şobada heläk eder eken. Isgender ähli akyldarlary ýygnap, oňa çäre tapmagy talap etse-de, hiç kim oňa çäre tapyp we bu belany dep etmäge çykalga tapyp bilmeýär. Ahyry Arastu köp oýlanyp: «Men bu bela dep bolup, halk bu apatdan gutular ýaly bir çäre tapdym» diýýär. Onuň buýrugy bilen bir adam arkasynda gizlenip biler ýaly bir aýna ýasaýarlar we ony arabanyň üstünde dik goýýarlar. Soňra Arastunyň özi aýnanyň arkasynda, arabanyň üstünde oturyp, arabany şol haýwanyň ýanyna sürýär. Ol elhenç haýwan adamyň ysyny alyp, oňa tarap ugraýar we öz suratyny aýnada görüp, ýere ýykylýar we heläk bolýar. Isgendere bu hoş habary ýetirýärler. Ol haýran galyp, akyldardan:

– Bu işiň hikmeti nämedir? – diýip soraýar.

Ol:

– Eý, patyşa! Bu haýwan birnäçe ýyllap Allanyň gudraty bilen ysly-porsy buglar sebäpli ýeriň aşagynda baglanyp galypdyr. Indi bolsa ýeriň üstüne çykypdyr. Onuň gözünde jan alyjy zäher bar. Her kime sereden badyna ol heläk bolýar. Men ol öz-özüni görüp, zäheri özüne täsir edip, heläk bolar ýaly onuň öňünde aýna goýdum – diýýär.

Isgender bu akyldara berekella aýdýar.

Görip edil şu haýwanyň mysalynda bolup, göripliginiň täsiri we zyýany hemişe onuň özüne ýetip durandyr. Araplarda şeýle nakyl bar: «Ot (alaw) iýer ýaly odun tapmasa, özüni iýer».

Ikinji topar gysgançlar we husytlar. Gysganç adamy halk ýigrenýär we kabul etmeýär. Sahylygyň aýyplary örtüşi ýaly, gysgançlyk adamyň hünärini örtýändir.

### Nazm

Hünär islese-de adam hernäçe,
Gizlener ol gysgançlygyň gatyna.
Daşda bol bedasyl garaýüreklerden,
ÝÝapyş päk ýürekliň sahawatyna.

«Hekaýatlar ýygyndysy»[1] atly eserde şeýle diýilýär: «Soltanlar gysganç adamy özlerine ýoldaş, hyzmatkär edip almaly däldir, bolmasa patyşa olar sebäpli utanmaly bolar».

Bu barada şeýle hekaýat getiripdirler:

Amr Leýsiň bir gysganç wekili bolupdyr. Ir-iýmişleri we miweleri sowuk uran döwründe Amr:

– Nireden miwe tapsaňyz satyn alyp, olary sarp ediň – diýýär.

Bir gün Amr bir mejlis gurap, oturlyşyk edýär. Ol mejlisde daş-töwerekden gelen ähli wekiller hem bar eken. Ähli myhmançylyk esbaplary taýýar we üpjün eken. Ýöne diňe miwe azajyk goýlupdyr. Amr wekiline:

– Miweden köpräk getir – diýýär.

Ol wekil baryp azajyk getirýär. Amr onuň bu herekedine gaharlanyp:

– Bar, ýene miwe getir – diýýär. Ol:

– Miweler zaýalanyp yslanypdyr. Şolary getir diýseň getireýin – diýýär.

Amr şol pursat diýseň utanýar we şonuň üçin wekili işinden boşadýar. Soňsoňlar hem Amr: «Şol gysganç meni şeýle bir utandyrdy welin, henize çenli onuň aşagyndan çykyp bilemok» diýer eken.

### Nazm

Akyldarlaň, danalaryň ýanynda,
Husyt saýylmaýar adam sanynda.

Üçünji topar pes hümmetli we bahyl adamlardyr. Soltanlar belent hümmetli we ruhubelent bolmalydyr. Şonuň üçin olaryň huzurynda gysyk we pes hümmetli kişileriň bolmagy mynasyp däldir.

Akyldarlar şeýle diýýärler: «Bahyl gysgançdan we husytdan hem erbetdir. Sebäbi gysganç başga bermese-de özi iýýär, husyt bolsa, ne özi iýýär, ne-de başga berýär. Emma pes hümmetli bahyllar ne özleri iýýärler, ne özgelere kerem edýärler, üstesine-de başgalaryň keremli bolmaklaryny-da islänoklar».

Şeýle hekaýat edýärler:

Diýseň jomart we örän sahy bir patyşa bar eken. Ol bir gün ýakyn emeldarlarynyň birine:

– Men bir adama müň-müň (million) dirhem beresim gelýär, muňa näme diýersiň? – diýýär.

Ol:

– Bu mukdar gaty köp, ony ýüz adama berseň-de bolar – diýýär.

Patyşa:

– Ýaryny bersem nähili? – diýýär.

Ol:

– Şonda-da köp – diýýär.

Patyşa:

– Üçden birini beräýjek – diýýär.

Ol:

– Henizem köp – diýýär.

[1] Muhammet Awfynyň ýazan taryhy, öwüt-nesihat häsiýetli uly göwrümli kitaby.

Patyşa:

– Dörtden birini bersem näme? – diýýär.

Ol:

– Şonda-da köp ýaly – diýýär.

Garaz, şeýdip, başky aýdylan dirhemiň ondan birine, ýagny ýüz müňe ýetýärler. Emir:

– Bu hem köp, ýöne bir adama bermeli däl – diýýär.

Patyşa oňa:

– Eý, bidöwlet! Men bu puly saňa berjekdim, sen bolsa hem özüňi mahrum etdiň, hem-de meni sahylyk etmäge goýmadyň – diýýär.

Emeldar patyşa ýalbaryp:

– Eý, şahym! Men ýalňyşypdyryn, keremliligiňizden ýüz öwürmäň – diýýär.

Soltan:

– Sen bahyl we pes hümmetli kişi. Sen sylaga däl-de, jeza mynasyp, hem özüňe, hem-de maňa zyýan etdiň. Maňa eden zyýanyň eger men şonça puly saňa bersem, sahylykda meşhur bolup, tä dünýä we ýok bolýança at-owazam sahylyk bilen baky galardy. Izüňe eden zyýanyň bolsa, şunça puldan mahrum bolduň. Häzir bolsa özüň üçin kesgitlän şol ýüz müň dirhemiňi al-da göteril we meniň huzurymda indi beýle peslik etmegin – diýipdir.

**Nazm**

Hatda siňegi-de gondurmaz jama,
Üstünlik islemez bahyl hiç kime.
Bahyl ýüzigara bedasyl kişi,
Olaryň her biri gömülsin guma.

Dördünji topar gybatkeşler. Olar kim barada gürrüň edilse, onuň erbet tarapy barada aýtjak bolýarlar. Eger olaryň aýdany hakykat hem bolsa ol gybatdyr. Eger hakykat bolmasa, onda olaryň hem töhmet, hem gybat etdikleri bolar. Hadyslarda «Gybatkeşe beriljek azap zynakäriňkiden hem ýamandyr» diýilýär.

Allatagala hem Gurhany Kerimde: «Biri-birleriňiziň gybatyny etmäň! Eýsem, sizden bir kişi öz merhum doganynyň etini iýmegi gowy görermi?!»[1] diýip, şeýle derejede ýazgarylýar. Şu ýerden gybatkeşleriň maslyk iýijiler, läşhorlar[2] ýalydygy mälim bolýar. Ynsanlyk nam-nyşany bar adam myrdardan[3] gaçýandyr.

**Beýt**

Sen gybatkeş adamdan daşda dur, daşda,
Adamlardan aýp agtarýan adamdan gaç-da.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Kitap iberilmedik pygamberleriň biri düýşünde her hili zatlar görüp, üýtgeşik sesleri eşider eken. Ol bir gün düýşünde: «Ir säher ukudan oýanan wagtyň pylan sähra git. Ilkinji öňüňden çykan zady iý. Ikinji gören zadyňy gizle. Üçünji tapan

---

[1] Gurhanyň 49-njy (Hüjreler) süresiniň 12-nji aýaty.

[2] Läşhor – dazzarkel guş, maslyk iýiji.

[3] Myrdar – maslyk.

zadyňy gora. Dördünjini näumyt etme. Bäşinji gören zadyňdan bolsa gaçgyn» diýen owaz eşidýär. Ertesi ol pygamber ukudan turup, şol aýdylan sähra tarap ugraýar. Ilki onuň öňünden uly, äpet we gara dag çykýar. Ol bu muny nädip iýip bolarka diýip haýran galýar. Emma Allanyň hökümi bolansoň, dagy iýmek üçin oňa tarap ugraýar. Ol daga ýakynlaşan badyna ol uly dag bir lukma ýaly bolýar. Pygamber ol lukmany alyp iýýär. Lukma baldan süýji we müşkden hem hoşboý eken. Pygamber Allatagala şükür edip, ol ýerden ýola düşýär. Ýolda altyn legen duş gelýär. Pygamber «Maňa ony gizlemek höküm edildi» diýip, çukur gazýar we ony şol ýerde gömüp, üstüne gum üýşürýär. Ol ýerden bir-iki ädim ätmänkä, legen ýeriň üstüne çykýar. Ol ýene gelip, has çuňrak çukur gazyp, ony gömýär. Heniz ol ýerden daşlaşmanka, ýene-de şol legeni ýeriň ýüzünde görýär. Pygamber üçünji gezek hem ony gizlemek üçin elde baryny etse-de, peýda bermeýär. Ol öz-özüne: «Maňa ony gizle diýildi, men hem gizledim we aýdylan zady ýerine ýetirdim» diýip, ýoluny dowam edýär. Bir kepderi laçyndan gorkup, gaçyp gelýän eken. Ol:

– Eý, Allanyň pygamberi, meni gora, duşman meni yzarlaýar – diýýär.

Pygamber ony goltugynda gizleýär. Emma aç hem gaharjaň laçyn:

– Eý, Allanyň pygamberi, günuzyn şu awuň yzynda gezdim. Meniň awum seni penalapdyr. Men diýseň aç, meni rysgalymdan kesme – diýýär.

Pygamber öz-özüne: «Maňa gora we ony näumyt etme diýip buýruk berildi, indi nätsemkäm?!» diýip, pyçagyny çykarýar we budundan bir bölek et kesip, laçyna tarap oklaýar. Laçyn bölek eti alyp gidýär. Pygamber ýoluny dowam edýär. Ýolda porsap ýatan maslygy görýär we ondan gaçýar.

Şol gije pygamber Allatagala mynajat edip:

– Eý, Alla seniň buýran zatlaryňy berjaý etdim, indi olaryň hikmetini mälim et! – diýýär.

Oňa şeýle owaz gelýär: «Seniň gören we iýen şol bir lukma öwrülen uly dagyň gaharyňdyr. Ol ilki uly bolup görünýär, emma ony ýuwdansoň şeýle şirin bolýar. Seniň hernäçe gizleseň-de, ýene-de äşgär bolýan şol altyn legeniň eden ýagşy işleriňdir. Adam eden ýagşylyklaryny hernäçe gizlejek bolsa-da, ýene ýüze çykýar. Üçünjiniň hikmeti, kim seni penalasa ony goramaly we kim saňa ynam etse, ynamyna hyýanat etmeli däl. Dördünjiniň manysy, senden biri bir zat haýyş etse, onuň haýyşyny bitirmekde elde baryňy etmeli. Seniň gören porsap ýatan myrdaryň bolsa gybatdyr. Ägä bol, gybatdan gaç, çünki, gybat ähli sogap işleriňi berbat eder».

**Beýt**

Hiç kimiň gybatyn etme hiç mahal,
Gybat gepden zyýan çekýändir sogap.
Gybat bilen kemelýändir sogabyň,
Işler perişanmy – gybatlar sebäp.

Patyşalaryň mejlisi gybatçylaryň we töhmetçileriň hapalaryndan päk bolmalydyr. Gybat etmegiň haram bolşy ýaly, gybat sözleri diňlemek hem rowa däldir. Çünki, gybat sözleri diňleýäne beriljek azap ony aýdanlaryňky bilen des-deňdir.

**Beýt**

Gulak gybat eşidip, bolmasyn ol sözläniň,
Gulakdyr dil sap bolsun
gybatyndan özgäniň.

Bäşinji topar gadyrbilmez we biwepa kişilerdir. Olar duz-çörek eýeleriniň gadyryny bilmän, nygmat eýesine şükür etmegiň ýerine, gadyrbilmezlik edýärler. Olar elmydama aýakasty bolarlar we depelenerler, tanyşdyr-nätanyşlaryň kalplaryndan daş düşerler. Olaryň ne bagty oýanar, ne-de döwletleri berkär.

**Kytga**

Ýatdan çykarýany duzuň hakyny
Ýatdan çykarmak has gowudyr ony.

Gaça durgun mydam gadyr bilmezden,
Onuň bilen bolmak – kalba azapdan.

Aýtmaklaryna görä, halypa Mugtazyt şeýle diýipdir: «Şükür etmekde kütek bolan her bir dil gylyjyny ýiti gylyç bilen kesmek rowadyr».

**Nazm**

Äsgermezlik duz-çöregiň hakyny,
El-aýagyn maýyp eder adamyň.

Nygmat eýesine goýmasaň gadryn,
Güýjüni ýitirer pelek dadynyň.

Gadyr bilmek beýik eder adamy,
Eýesi bolar ol islän zadynyň.

Altynjy topar ýalançylar. Ýalançylygy hiç bir adam halanok. Ýalançy adamlar soltanlaryň ýanynda biabraý bolarlar. «Rükniniň ahlagy» atly kitapda şeýle hekaýat getirlipdir: Wezir Fazlyň mejlisinde onuň Nasyr we Sakyp atly iki sany nediminiň[1] arasynda düşnüşmezlik ýüze çykýar. Olar degişme gadamyny göwnedegişlik düşeginde goýýarlar. Söhbetler näletlemä, degişmeler ýumruklaşma

[1] Nedim – egindeş, ýakyn adam.

baryp ýetýär. Nasyryň urgusy bilen Sakybyň başyndan sellesi gaçýar. Sakybyň gözüne gan iýnip, onuň ýüzünde gahar-gazap alamatlary peýda bolýar. Wezir oňa:

– Näme üçin gaharlanýarsyň, nedimleriň arasynda beýle zatlar köp bolýandyr – diýýär.

Sakyp:

– Men nädip gaharlanmaýyn, seniň ýaly adamyň mejlisinde meniň abraýym döküldi – diýýär.

Fazl oňa:

– Giň bol, bu wakany ýüregiňe salyp durmagyl. Seniň abraýyň meniň ýanymda «Gatyrym meni bir gijede Merwden Nyşapura eltdi» diýen günüň dökülipdi – diýýär.

### Nazm

Hiç wagt ýalançylyk çyrasyn ýakma,
Ýagty saçmaz ýalançylyk çyrasy.
Hormata garaşma kezzaplyk bilen,
Ýiter abraýyň örtäp ýarasy.

Ýedinji topar ugur-utgasyz gürleýän ýaňralar hem hyzmata laýyk däldir. Köp gürleýän ýaňra adamyň gadyr-gymmaty bolmaz. Hadyslarda getirilişine görä, köp gürlemekde ýalňyşlyklar we nädürslikler köp bolýandyr. Büzürgmehr: «Eger bir adam köp gürlemäge höwesli bolsa, onuň dälidigine şübhelenmäň, anyk biliň, ol däli-diwanadyr» diýipdir. Nakyllaryň birinde: «Köp gürlemek bihuda gürlemekdir» diýilýär.

Rowaýat etmeklerine görä, hawarylar[1] hezreti Isa alaýhyssalama:

– Biziň behişde girmegimize sebäp bolar ýaly bize pendi-nesihat ber – diýýärler.

Ol:

– Hiç haçan gürlemäň – diýýär.

Olar:

– Ol mümkin däl – diýýärler.

Ol:

– Onda eger gürleseňiz hem diňe haýyrly sözleri sözläň, köp gürlemek ýürekleri garaldýar – diýýär.

### Mesnewi

Akmak – tygşytlasaň eger-de zeri,
Tygşytlajak bolsaň, tygşytla sözi.

Dirhemi saklamak çekmek renji,
Sözüni saklamak – adamyň genji.

[1] Hawarylar – Isa pygamberiň ýaranlary we ony görüp, onuň yzyna eýerenler.

Bihuda gürlänler – haýasyz, bilse,
Pygamber sypatdan – gürlemek kelte.

Her sözi gürläňde ýerinde goýuň,
Gürlemekden gowy dymmagy onuň.

Bilýän zadyň aýtmak gowy däl saňa,
Gowudyr mynasyp sözlense diňe.

Şeýle hekaýat edýärler:

Üç patyşa Anuşirwanyň mejlisinde häzir bolýar: Rum kaýsary, Çyn hakany we Hint rajasy. Anuşirwan:

– Beýle jemlenşigiň emele gelmegine köp asyrlar gerek. Geliň, herimiz söz sözläliň. Çünki, şalaryň sözleri sözleriň şalarydyr. Bu üýşmeleň dargap, bizden döwürleriň sahypasynda hiç hili yzyň galmazlygy haýpdyr – diýýär.

**Beýt**

Sen hem bu köne saraýda hoş
sözlere endik et,
Şondan gowy ýadygärlik
bolmaz – şony goýup git.

Olar ilki Anuşirwana söz berýärler. Anuşirwan pikir magdanynyň käninden şalara mynasyp düri we aýna deý arassa göwheri beýan ediş tabagynda goýup:

– Aýtmadyk sözlerimden hergiz ökünmedim, emma käbir aýdan sözlerim sebäpli köp puşman etdim – diýýär.

Rum kaýsary hyýal hazynasyna ser salyp, arassa nagt zeri şähriýaryň mejlisine seçip:

– Aýtmadyk zadymy aýdyp bildim, emma aýdan zatlaryma ygtyýar edip bilmedim, ýagny beýan ediş ýaýyndan atylmadyk söz okumy islän wagtym nyşana urup bilýärin. Emma beýan etme ýaýyndan sypansoň, ony gaýtaryp bolmaýar – diýýär.

Çyn hakany hem beýan «göbeginiň»[1] möhürini açyp, onuň hoşboý ysy bilen soltanlyk mejlisinde ýygnananlara lezzet berip:

– Heniz sözlemänkäm aýtjak zadym meniň golastymda we men ondan rüstem. Emma ol aýdylansoň, men onuň elinde, ol menden rüstem. Şondan soň men hiç haçan oňa erk edip bilmeýärin. Hawa, söz gelni entek pikir perdesiniň aňyrsyndaka hyýal bezegçisi ony islese söhbet tagtynda görkezip biler, islemese ýokluk nikabynda ömürlik ýaşyryp biler, ygtyýar elindedir. Emma söz gelni perdäniň arkasyndan çykyp, onuň husny-jemalyndan örtük aýrylansoň, ony gizlinlik haremhanasyna iberip bolmaz – diýýär.

Hint rajasy hem özüniň söz bossanyndan bu hoşboý güli we bu göwnejaý reýhany dilewarlyk seýilgähine çykaryp:

---

[1] Müşk käbir keýikleriň göbeginden alynýar. Ýazar şonuň has ygtybarlysy we hoşboý yslysy bolan heniz açylmadyk görnüşini ulanypdyr. Çyn müşgüniň gündogar edebiýatynda örän meşhur bolandygy üçin Çyn hakanyna gezek gelende «göbek» sözüni ulanypdyr.

– Sözlenen her bir söz ýa dogry ýoldadyr ýa-da ýalňyşlyk howpundadyr. Eger dogry ýolda bolsa, onda ony sözlän ol berjaý edilermikä ýa-da berjaý edilmezmikä diýip, ol sözüň aşagyndan çykyp bilmeýär. Eger ol söz ýalňyş bolsa, onda ondan hiç peýda ýok. Şeýlelikde, her halda dymyp durmaklyk gowudyr – diýýär.

### Kytga

Ýunan çetinde duşdum bir goja,
Onuň sowalyma jogabyna bak:
«Adama her halda näme mynasyp?»
Aýtdy: «Dymmak, dymmak ýene-de dymmak».

Soňky döwürlerdäki akyldarlar şeýle diýipdirler: «Dymmaklyk – ýaramaz sözlerden gowudyr, ýagşy hem peýdaly sözler – dymmaklykdan gowudyr».

### Kytga

Akyl-parasat gözi bilen seretdim,
Gördüm dymmak gylyk diňe gowa ýar.
«Agzyň ýumup, seredip dur» diýemok,
Ýöne her sözüň hem öz ýeri bolýar.

## KYRKYNJY BAP

## HYZMATKÄRLERI WE NIKERLERI TERBIÝELEMEK, OLARYŇ EDEP KADALARY

Bu bap iki bölümden ybaratdyr. Birinji bölümde patyşanyň özüne degişli adamlary we hyzmatyndakylary terbiýelemegi hakyndadyr. Ikinji bölüm, nökerlerdir köşkdäkileriň soltanlaryň öňündäki edep kadalary hakyndadyr.

### BIRINJI BILÜM

Akyldarlar şeýle diýipdirler:

Soltanlar üçin olaryň döwlet sütünleri, han-begler, şeýle-de nökerleridir emeldarlar hökman gerekdir. Çünki, belli bir ýerlerdir sebitleriň ygtyýary elinde bolan we birtopar adamlar golastynda ýaşaýan her bir patyşa üçin öz ýurdunyň esasy we ownuk işlerine ätiýaçlyk gözi bilen seredip, halkyň we raýatlarynyň işlerini dykgat we ynam bilen ýöretmekligi hem-de öz ýurdunyň emeldarlarynyň we sütünleriniň ahwalatlaryny dogry bilmegi wajypdyr. Bu işiň amala aşyrylmagy üçin diňe iki göz bilen iki gulak ýeterlik bolman, köp gulaklar we sansyz gözler gerekdir. Patyşa hemmeleriň gulagy bilen ýurdunyň habarlaryny eşidip, köp gözler bilen işlere gözegçilik eder ýaly, onuň akylly, hüşgär, ýagşyzada, şahsy bähbitlere kowalaşmaýan we belent hümmetli adamlary bolmaly.  Dürli-dürli habarlary eşitmekde we her hili wakalary görmekde göz we gulak hökmünde bolan bu jemagata işlerinden galman, yzygiderli habarlary ýetirmek we hal-ýagdaýlary düşündirmek bilen meşgul bolar ýaly doly gözegçilik etmeli. Çünki, patyşa üçin ýurdunyň wakalarynyň we raýatynyň hal-ýagdaýlarynyň habarlary ýetirilmezlikden zyýanly zat ýokdur. «Patyşalaryň şamçyragy» atly kitapda şeýle diýilýär:

Anuşirwan möwbitler möwbidinden[1]:

– Patyşalyk nähili sebäpler arkaly agdarlyp bilner? – diýip soraýar. Ol:

– Üç zat sebäpli. Birinjisi, patyşadan habarlary gizlemek. Ikinjisi, bedasyllary terbiýelemek. Üçünjisi, emeldarlaryň zulum etmekleri – diýip jogap berýär.

Anuşirwan:

– Nähili delillere esaslanyp, bu sözleri aýdýarsyň? – diýýär.

Ol:

– Ýurduň we halkyň hal-ýagdaýlary baradaky habarlar soltandan gizlenilse, ol dostdur duşmandan bihabar galsa, her kim islän zatlaryny ederler hem-de patyşanyň bihabarlygy üçin her ýerden dürli pitneler gopar we ýurt pitneçiler zerarly dargar. Eger-de pes we bedasyl adamlar ýokary göterilseler, özleriniň pes

[1] Möwbit – otparazlaryň ruhanysy. Möwbitleriň möwbidi – otparazlaryň baş ruhanysy. Bu dereje Zertuş, ýagny otparazlyk dininde iň uly derejedir.

hümmetlidikleri zerarly baýlyk toplamak üçin hars urup, her kimden tamakin bolarlar. Olar ululary we abraýly kişileri gadyryny bilmezler, olara sylag-hormat goýmazlar. Adamlaryň ýürekleri bu häsiýetler we ýörelgeler sebäpli ynjar. Şeýdip, halk olary terbiýelän we götergilän adamdan halas bolmak üçin elde baryny ederler. Şu sebäpli «Bedasyl pes hümmetlileriň ýokary göterilmegi döwletiň agdarylmagydyr» diýýärler.

**Mesnewi**

Bedasyllar derejä ýetäýseler eger-de,
Şalyk bazary batyp, goýar ol uly derde.

Mertebä hem derejä mynasyp däldir pesler.
Zynjyr bilen çukura laýykdyr
beýle kesler.

Eger-de emeldarlar halka zulum etseler, halk patyşa barada erbet pikir edip başlar, ekerançylykdyr gurluşykdan bizar bolup, işlemekden el çeker. Şeýdip, soltanyň girdeýjisi, hazyna kemeler we goşuny üpjün edip bolmaz. Eger goşun hemmetaraplaýyn üpjün bolmasa, onda goşundakylar hyzmat etmekden boýun gaçyrarlar. Eger bir duşman döräýse, patyşa ýar we kömekçi bolmazlar. Şeýdibem patyşalyk elden gider – diýýär.

**Nazm**

Para-para paralar ol mazlumyň ýüregin,
Emeldaryň sütemi dünýäni harap eder,
Uly şikes ýetirer, ol şalyk dünýäsine,
Aman-esenlik ýüpi sypar-da, elden gider.

Anuşirwan möwbitler möwbidine berekella aýdyp, onuň öwgüsini ýetirýär we bu sözleri zer bilen ýazmaklaryny buýurýar.

Akyldarlar şeýle diýipdirler:

«Soltanlyk köşgüniň dört sütüni bardyr. Eger olaryň hatda biri kem bolsa-da, patyşalyk işi perişan bolar.

Birinjisi, ýurduň çäklerini goraýan we duşmanlaryň şerini şadan we halkdan daş edýän emir.

Ikinjisi, soltanyň we onuň nökerleriniň işini tertibe salýan we pullary ýerlikli alyp, ýerlikli sarp edýän wezir.

Üçünjisi, soltan tarapyndan halkyň ýagdaýyna seredýän, ejiziň hakyny sütemkärden alyp berýän we pyssy-pyjurlyk edýän adamlaryň pitnesini ýatyrýan häkim.

Dördünjisi, şäheriň, ýurduň ýagdaýyny, emeldarlardyr halkyň hal-ahwallaryny patyşa ýetirip duran habarçy.

Başgaça aýdylanda, soltana gerek we onuň huzurynda bolmaly adamlar emirler, ilçiler, esgerler, wezirler, hasapçylar, debirler[1] we beýleki emeldarlardyr. Bularyň ählisini neneňsi terbiýelemelidigi barada gysgaça beýan edýäris.

[1] Debir – münşi, kätip. Soltanyň huzurynda bolup, ähli wakalary ýazýan adam.

Patyşa ýokarda agzalanlara mähremlik gözi we mähribanlyk garaýyşy bilen seredip, gerek zady olardan gaýgyrman, her haýsysy özlerine tabşyrylan işiň hötdesinden üstünlikli gelip, berlen işi doly we dogry berjaý eder ýaly öwgüsini ýetirmeli we hormatlaryny saklamaly. Olardan birisi işlerinde kemçilik goýberip, tabşyrylan wezipä äsgermezlik etse, onda ilki oňa pent-nesihat bermek bilen duýduryş bermeli. Eger ol ýoluny üýtgetmese, onda oňa temmi bermeli. Emma hergiz köşkdäkileriň aýyplaryny we erbetliklerini paş etmeli däldir. Olaryň şatlygy bilen şatlanyp, gam-gussalaryna we musybatlaryna[1] şärik bolmalydyr. Olaryň birnäçesi belli bir işde şärik bolup, aralarynda göripçilikdir kine bolmaz ýaly her haýsysyny aýry-aýry işlerde goýmaly. Olaryň arasynda gapma-garşylyk we agzalalyk emele gelse, duşmanlyk köki güýçlenmez ýaly oňa derrew çäre görmeli. Sebäbi bu mesele zerarly köp bidüzgünçilikler emele gelýär. Akyldarlar aýtmyşlaýyn «Patyşalygyň güýjüniň peselmegi emirlerdir wezirleriň dawa-jedelleri we agzalalygy sebäplidir».

**Mesnewi**

Köşge ýakyn duranlar agzybir bolmasalar,
Şa hem raýat işin ýele sowrarlar olar.

Olar döwlet sütüni, döwlet sütünin ýykmaň,
Agzy ala bolanyň soňy jenjeldir hökman.

Dawa-jenjeliň soňy dünýäni edip haýran,
Gadym döwürden gelýän hanedan bolar weýran.

Bähmen bir akyldardan:

– Köşkdäkileri terbiýemekligiň binýady nämede? – diýip soranda, ol:

– Iki zatda, biri mähribanlykda, beýlekisi bolsa gahardadyr. Soltanyň gaharly alamaty we mähremlik nazary mydama hyzmatkärlere ýetip durmalydyr. Gahar bilen olaryň äsgermezçilik etmekleriniň öňüni almaly, mähribanlyk bilen näumyt bolmaz ýaly etmeli.

«Nigäristan» atly eserde şeýle diýilýär: «Terbiýelemek işinde hikmet ýoly şudur. Eger bir iş ýumşaklyk we mylaýymlyk bilen miýesser bolsa, onda ýowuzlyk we gahar etmeli däldir. Eger-de ýowuzlyk we gahar-gazap gerek bolsa, onda mylaýymlyk we ýumşaklyk etmeli däldir. Sebäbi käbir ýaralara däri-dermandan hem beter tyg gerek bolýandyr.

**Kytga**

Mydam mähribanlyk görkezip bolmaz,
Ýeri gelse maňlaýyňy çytarsyň.
Bilseň, peýda etmez däri-dermandan,
Tyg ulanman, ýara melhem edersiň.

Akyldarlar şeýle diýipdirler:

[1] Musybat – kynçlyk, betbagtçylyk.

Soltan eger bir kişini götergilemek islese, onuň ahwal «tyllasyny» ençeme gezek synag «mäheginde» synap görmezden we onuň iş başarşyny doly bilmezden oňa terbiýe beriş we ösdüriş nazary bilen bakmaly däldir. Çünki, patyşalaryň käbir nälaýyk adamy götergiläp, soňra onuň hal-ýagdaýyna we häsiýetlerine göz ýetirenden soň, zerurlykdan, mejbury ýagdaýda gözden düşüren wagtlary köp bolupdyr. Wezipe eýelerini köp götergilemek we olary çalt işden boşatmak soltanyň haýbatyna zeper ýetirýän işdir. Bu barada şeýle goşgy setirler getirilýär.

Terbiýe isleseň eger birine,
Ony telim sapar synap görmeli.

Eger-de ol şoňa mynasyp bolsa,
Oňa döwletlilik tugun bermeli.

Eger oňa laýyk bolmasa doly,
Bes etmeli ony ýykmazy ýaly.

Şeýle-de götergilenen adamy derrew boşatmagyň mynasyp iş bolmaýşy ýaly, gaharlanan adamyňdan derrew hoşal we razy bolmak hem gowşaklygy aňladýar. Patyşanyň niýetiniň kesgitlidigi we berkligi subut ediler ýaly gahar bilen ylalaşmagyň arasyndan biraz wagt geçmelidir».

Şeýle hekaýat edipdirler:

Bir gün halypalaryň biri öz nedimi bilen gürleşip otyrka, nedim nämynasyp söz aýdýar. Halypa ony mejlisden çykarmaklygy buýurýar. Ol biçäre ýaşaýyşdan umydyny üzüp, külbesinde oturýar we ykbalsyzlykdan ýaňa sabyr-takatlylygyň ajy şerbetini noş edip, öz-özüne şeýle diýipdir:

**Beýt**

Eý, göwün, har halyňdan nalyş
etme pikirli,
Ahyrsoňy düzeler, şükürli bol, şükürli.

Haçanda aýralyk möhleti uzaga çekip, iş jana, pyçak etden ötüp süňke ýetende, ol halypa öz hal-ýagdaýyny ýazyp, haty onuň ýakynlarynyň birine berýär. Ol hem pursaty gelende haty halypa ýetirýär. Halypa gülüp:

– Ol beýle mahrumçylyga ýeter ýaly uly günä iş etmedi – diýýär.

Oňa:

– Onda ony mübärek mejlisiňize çagyrsaňyz bolmazmy? – diýýärler.

Halypa:

– Her bir işiň öz wagty bar we her bir mesele öz ýerinde goýulmalydyr. Tä onuň wagty gelýänçä tagalla etmek peýda bermez – diýýär.

**Beýt**

Iz wagty bar her bir işiň, her demiň,
Oňa peýdasy ýok kömek-ýardamyň.

Halypa bir ýyldan soň nedimi çagyryp, oňa halat ýapýar.

Şeýle diýipdirler:

Soltan bir adamy wezipä göterse, oňa şol başdaky garaýyş bilen seretmeli. Sebäbi, ol adam baýlyga we ygtyýardyr güýje eýe bolansoň, ony şol başdaky derejä ýetirip bolmaz. Şonuň üçin soltan eger ony wezipesinden peseltjek bolsa, ol işi gyssanman oýlanyşykly amala aşyrmalydyr. Bolmasa zulum-sütem peýda bolar.

Anuşirwan Büzürgmehrden:

– Kimler wezipä götergilenmäge mynasyp? – diýýär.

Ol:

– Edepli ýa-da asylzada adam götergilenmäge mynasypdyr. Her kim asylzada bolmasa, onda «Her zat öz aslyna gaýdýandyr»[1] diýen jümlä görä, ol öz aslyna gaýdar.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Asylzada, kämil edepli hem-de beýik maşgaladan bolan Zeki atly bir adam Nuşaba atly ahlaksyz, ýaňra we dawaçyl bir rumly kenizi satyn alýar. Zeki Nuşaba öz ygtyýaryndaky keniz bolansoň, onuň bilen ýaşaşyp ugraýar. Ondan bir ogul bolýar. Bir gün mejlisde bir akyldar Zeki bilen söhbetdeş bolup otyrka, Zekiniň şol ogly hem gelip oturýar. Zeki oňa bir ýumuş buýurýar. Ol oglan derrew ýerinden turup, birnäçe ädim ýöränsoň, yzyna gaýdyp ýene mejlisde oturýar. Oturanlar geň galyp:

– Oglanyň ilki boýun bolup, soň diýen etmezligine näme sebäp bolduka? – diýýärler.

Ol akyldar gülüp:

– Zeki diýleni etjek boldy, emma Nuşaba goýmady. Bu ýerde iki asylyň hem täsiri göründi. Oglan aklykda we garalykda kakasyna ýa-da ejesine meňzeýşi ýaly, peslikde we asyllylykda hem olara meňzär – diýýär.

Bu barada Ferdöwsi şeýle diýýär.

### Nazm

Asly ajy agajy
Oturtsaň-da jennetde.

Behişt suwna suwaryp,
Berseň baldyr şerbet-de.

Ajy miwe getirer,
Iňküsi dek, elbetde!

Şeýle diýipdirler:

Bedasyl kişini terbiýelemek öz abraýyňy dökmekdir. Sebäbi hapa nutpadan[2] emele gelen adamyň ýagşylyk edene ýamanlyk etmän dünýäden ötmegi akyla sygjak zat däldir.

### Beýt

---

[1] Araplardaky atalar sözi.

[2] Nutpa – tohum, tiç.

Gördüňmi bedasyl terbiýeläni –
Iz jübüňde ösdüreni ýylany?!

Emeldarlary terbiýelemekde ýene-de bir bilinmeli zat, iki işi bir adama tabşyrmaly däldir. Ähli köşkdäkilerdir emeldarlar umydygär bolar ýaly her adama bir wezipe tabşyrmalydyr. Iki adama hem bir işi tabşyrmaly däldir, çünki olaryň arasynda şäriklik emele gelensoň, iş maksat-myrada görä bolmaz.

### Kytga

Bir adam ýöredip bilmez iki wezipe,
Beýdip alym-akyldarlar iş etmez hapa.

Terbiýe işinde ähli zatdan möhümi perzentleriňi terbiýelemekdir. «Patyşalaryň genji» atly kitapda şeýle diýilýär:

Perzent ata-enesiniň öňünde bir amanat zatdyr. Magşar meýdanynda bu amanadyň hak-hukuklary barada soraljakdyr. Bu amanat ähli kämillikleri we ajaýyplyklary görkezýän aýna hem-de haýsy tarapa ugrukdyrylsa, şol tarapa meýil edýän göwherdir. Perzent ajaýyp sypatlara eýe bolup, ýaramaz häsiýetlerden daş bolar ýaly, ony terbiýelemekde yhlas baryny siňdirmek gerek. Ilki oňa gowy at goýmaly, sebäbi eger onuň gowy ady bolmasa, ol tutuş ömründe adyny ýigrenip ýörer. Soňra oňa hoşgylyk, päkize asylly we häsiýeti aram tebigatly häsiýetli eneke tapmaly. Çünki, hadyslarda «emdirmek bilen häsiýeti üýtgedýär» diýlip bellenilýär. Süýtden aýrylansoň, päk dinli we gözel ahlakly adamy onuň hyzmatynda goýmaly. Bu işden maksat çaganyň tebigatynyň şeýle adamyň häsiýetleri bilen utgaşmagy üçindir. Ýaş çagalaryň oýna we iýmek-içmäge meýil edýändikleri üçin bu işlerde ortaça ýörelge goýmaly. Oňa Gurhany Kerimi we şerigat meselelerini öwredip, iki dünýäde-de peýdaly boljak ylymlary ondan gaýgyrmaýan dindar, takwa mugallym saýlamaly. Edepleriň iň ýagşysy ony ýaramaz-bozuk adamlardan daş saklap, hoşahlak, akyldar, hoşgylyk we takwa adamlar bilen gatnaşdyrmakdyr. Çagada alymlara, dindarlara we ýagşyzadalara söýgi dörär ýaly, olary onuň ýanynda öwgülemeli hem-de onuň kalbynda ýaramazlara, bozuklara we betgylyklara bolan ýigrenç dörär ýaly olaryň erbetlikleri barada gürrüň bermeli. Haçanda ol ýetginjeklik ýaşyna ýetende, oňa oturyş-turuş we gidim-gelim edeplerini öwredip, edeplilik, haýalylyk, belent hümmetlilik we patyşalyk häsiýetleriniň alamatlary peýda bolar ýaly elde baryny edýän beýik hümmetli, tejribeli we patyşalaryň hyzmatynda bolan adamy gözegçi we terbiýeçi bellemeli. Wagty gelende batyr esgerler we ökde serkerdeler oňa at münmegi, ýarag ulanmagy we soltanlara gerek başga zatlary hem öwretmelidir. Soňra alymlardan we ulamalardan akyl, ylym, bilim paýyny alar ýaly olar bilen söhbetdeş etmeli. Sebäbi olar bilen söhbetdeş bolmakda köp peýdalar bardyr.

### Beýt

Paý tapan her adam döwletlilikden,
Alymyň göwnünden tapandyr ony.

Adamlaryň belent hümmeti bolsa,

Täze ýaprak bilen beslär tikeni.

Tüýs ýürekden yhlas bilen çyksa ol,
Ondan derman alyp boljak ekeni.

Döwlet sütünleri we ýurt binýady bolan emirleri şeýle bir derejede terbiýelemeli welin, olary ulaltmak we götergilemek kada-kanunlarynda kemlik duýulmaly däldir. Her bir işe olary dahylly etmeli. Hiç iş olaryň pikiri we garaýşy bolmazdan amala aşyrylmaly däldir. Olaryň patyşalyk we hazyna barada aýdan sözleri diňlenmeli, ilçiler, leşgerdäkiler we esgerler ýaly olara degişli işleri, ylaýta-da soltanlaryň dilleri bolan ilçilik işlerini ösdürmäge we güýçlendirmäge köp üns bermeli. Her patyşanyň ýagdaýy onuň iberen ilçisi bilen tanalýar. Diýmek, ilçi iberen kişisiniň abraýyny dökmez ýaly akyldar, suhangöý, güler ýüzli, sahy we belent hümmetli kişi bolmaly. Her kime ilçi iberiljek bolsa, şonuň özüne mynasyp ilçi iberilmeli.

**Beýt**

Dana kişä iberseň dana ilçini.
Baýa baýa ilçi iber, taparsyň çyny.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Mühellip hawaryjlary[1] derbi-dagyn edip, köp olja ele salansoň, Mälik atly bir ilçini Hajjajyň ýanyna iberýär. Hajjaj oňa:

– Mühellibi nähili ýagadaýda goýup gaýtdyň? – diýýär.

Ilçi:

– Mühellibiň dostlary şat, duşmanlary bolsa ýeňlen we mat.

Hajjaj:

– Onuň goşuna bolan mähremligi nä derejede?

Mälik:

– Atanyň perzendine bolan mähremligi ýaly.

Hajjaj:

– Onuň perzentleriniň ýagdaýlary nähili?

Mälik:

– Ählisi oňat.

Hajjaj:

– Olar söweşde nähili?

Ol:

– Olar öz janlaryny pida etmekden gorkmaýarlar.

Hajjaj:

– Meýlisde nähili?

Ol:

– Olaryň ýanynda puluň hümmeti ýok.

Hajjaj:

– Akyllylykda we parasatlylykda nähili?

Mälik:

[1] Hawaryjlar – Hezreti Alynyň döwründe dörän pitneçi topar.

– Başyny-aýagyny tapyp bolmaýan we öňüni-soňuny saýgaryp bolmaýan tegelek çyzyk ýaly – diýýär.

Hajjaj:

– Bu adam sözi kämillik derejesine ýetirdi. Biziň ýüregimizde Mühellibiň haýbaty, gözlerimizde onuň beýikligi peýda boldy. Onuň ilçisiniň edebinden we akylyndan Mühellibiň edepli hem akyllydygyna göz ýetirdik – diýýär.

## Kytga

Ilçi iberjekmi – akyldar iber,
Şonuň bilen şowly bolýandyr işiň.
Aýdanyny diňle dana kişiniň,
«Şonda parahatdyr özüňi duýşuň».

Leşgerdäki serkerdeleri we esgerleri terbiýelemek hökmany iş bolup, olaryň peýdasy esasy dört zatdadyr:

Birinjisi, patyşanyň haýbaty we güýji, ikinjisi, duşmanlaryň dep edilmegi, üçünjisi, halkyň howpsuzlygy, dördünjisi, ogrularyň ýok edilmegi we ýollaryň howpsuzlygy.

Serkerdeler we esgerler şu dört şerti berjaý etmeli:

Birinjisi, soltanyň permanyndan çykman, diňe onuň buýrugy bilen işlemeli. Ikinjisi, patyşa bilen pikirdeş bolmaly. Üçünjisi, biri-birleri bilen agzybir bolmaly. Dördünjisi, söweş meýdanynda mertlik-edermenlik görkezmeli.

Soltan hem olaryň öňünde şu dört işi berjaý etmeli:

Birinjisi, olary ýarag-esbaplar we ulaglar bilen üpjün etmeli. Ikinjisi, her biriniň derejesini we mertebesini saklamaly. Üçünjisi, olaryň içinden has edermen söweşijileri öwüp, leşgeriň arasynda olaryň mertebesini beýgeltmeli. Dördünjisi, duşmanyň goşunyndan ele salnan oljadan olaryň nesibesini bermeli.

Patyşa Kubat bilen bagly şeýle hekaýat edipdirler:

Kubat bir möwbitden:

– Leşger bilen nähili gatnaşyk edeýin? – diýip sorapdyr.

Ol:

– Bagban öz bag-bakjalaryna aýlanyp, peýdasyz hem-de başga otlaryň güýjüni alýan haşal otlary aýryp, peýdaly ösümlikleri saklap, olara ideg edişi ýaly, käwagtlar leşgeriň ýagdaýyna göz aýlap, leşgerdäkileriň arz-hallaryny derňemeli. Leşgerdäkileriň içinde hem hiç peýda bermeýänleri hem bolýar. Olara nahar-iýmit bermek haýp. Olaryň adyny töleg diwanyndan aýyrmaly – diýip, jogap beripdir.

Kubat:

– Olara nähili hak-töleg bermeli? – diýipdir.

Möwbit:

– Ortaça töleg. Eger olaryň gün-güzerany kyn bolsa, onda dargarlar we özge kişä ýüz tutmaklary mümkin. Eger bol-telkilik bolsa, onda olar saňa mätäçlik çekmän, hyzmat etmekde haýal-ýagallyk etmekleri mümkin – diýipdir.

Nyzamy bu sözleri goşgy setirleri bilen şeýle beýan edipdir:

Goşuna tygşytla, ýerlikli töle,
Ýol harjyndan başga töleme köp mal.

Doýmaz-dolmaz bendäň doýanda garny,
Mert bolsa-da betpäl bolmagy daş däl.

Mes bolar dereje edip doýurma,
Garyp galar ýalam etme sen dany.
Iz ýurdunyň çäklerini goramaz
Şasyndan minnetdar bolmadyk goşun.

Mundan başga-da, patyşalaryň bezegi we baýlygyň hazynasy bolan wezirleri terbilemelidir. Eger bir patyşanyň işi wezirsiz hem dolandyrylýan bolsady, onda hezreti Musa alaýhyssalam Allatagaladan: «Maňa öz maşgala urugymdan bolan agam Haruny wezir kyl. Onuň bilen bilime kuwwat bergin»[1] diýip ýalbarmazdy. Şeýlelikde, eger wezirler gowy häsiýetli we öwgüli hem päk sypatly bolsalar, onda olar soltanlyk binasynyň berkemegine we ýurt işleriniň düzgün-tertibe salynmagyna sebäp bolýandyrlar.

**Beýt**

Wezir bolsa eger bir asylzada,
Bezeg-zynat bolar ol tutuş ýurda.

Wezirleri terbiýelemek şeýledir: Olary soltanlyk ünsüniň hormaty bilen hormatlap, hakanlyk enaýatynyň sarpasy bilen mübäreklemeli. Şonda ol uly-kiçiniň öňünde hormatly we belent sarpaly görner hem-de olaryň sözi ýörgünli we beren hökümi ygtybarly bolar. Maliýe we beýleki işlerde hiç kim onuň bilen sala salyşman işe girişmez. Esasy we möhüm işlerde onuň pikir-garaýşyny esasy çözgüt we asyl garaýyş diýip bilmeli. Çünki, gylyç bilen amala aşyryp bolmaýan işleri galam bilen berjaý edip bolmagy mümkindir.

**Beýt**

Galam işi nusga edip düzeder,
Gylyjyň ýanynda oňa göz eder.

Bir gün bir wezir bilen bir emir öz aralarynda özleriniň haýsysynyň ýokary, haýsysynyň pes derejelidigi barada jedelleşýärler. Emir:

– Men ýiti gylyjyň eýesi, sen bolsa hor galamyň eýesi. Mülki galam bilen däl-de, gylyç bilen alyp bolar – diýýär.

Wezir:

– Patyşalyk işi gylyç bilen däl-de, galam bilen düzgünleşer – diýýär.

Bu gürrüň soltana ýetýär we ol olary çagyrýar. Soňra wezire:

– Galam eýeleri hemişe gylyç eýeleriniň hyzmatkärleri bolupdyrlar. Sen näme üçin galam eýelerini ýokary saýýarsyň – diýýär.

Wezir:

– Eý, älem şähriýary! Gylyç dostlara däl-de, diňe duşmanlara gerek, emma galam hem dostlara peýda ýetirmekde, hem duşmanlary dep etmekde gerekdir.

[1] Gurhanyň 20-nji (Taha) süresiniň 29-31-nji aýatlary.

Gylyç eýelerinde patyşalyga ýetmek islegi bolýar we öz eýelerine garşy aýaga galýarlar. Emma galam eýelerinden hiç haçan beýle hereket ýüze çykan däldir. Mundan başga-da gylyç eýeleri hazynany boşadýarlar. Emma galam eýeleri ony doldurýarlar. Girdeji getiriji çykdaýjy edijiden ezizräkdir – diýýär.

**Kytga**

Weziriňe hormat bilen garagyn,
Ol şalyk bossanyň bir nepli bagy.
Terbiýe-mertebä mynasyp wezir,
Zerli şaha köp etmeli idegi.

Egindeşleri, ilçileri we syrdaşlary terbiýelemek barada aýtsak, onda patyşa olary belli we aýry-aýry işe belläp, birine degişli işde başga birine ygtyýar bermeli däldir. Olaryň hyzmat hukuklarynyň gadyryny bilip, şoňa görä hem oňa mähremlik bildirmeli. Patyşa olar islän zatlaryny aýdar ýaly derejede olary erkli etmeli däldir. Ol öz haýbat we beýiklik perdesini ýyrtman, hemmesini edep we haýa mertebesinde saklamalydyr. Eger olaryň biri ýerliksiz söz aýtsa, ony diňlemeli däldir. Patyşa bir adamyň doly amanatdardygyna we ynamdardygyna göz ýetirip, ony birnäçe gezek synap görmän, oňa ynam etmeli däldir we syrlaryny oňa aýan etmeli däldir. Patyşanyň ýanyndakylar köplenç biri-birlerine göriplik we gadyrbilmezlik edýändikleri üçin, olaryň biri-birleri barada aýdýan sözlerini diňlemän, olaryň ählisini agzybirlige we dostluga çagyryp, agzalalykdan we jedelleşikden gaça durmaklygy ündemelidir. Çünki, olaryň agzybir bolmaklary soltanyň işleriniň tertip-düzgüne gelmegine uly täsir edýändir. Bu barada öňki sahypalarda hem aýdylyp geçildi.

**Kytga**

Şanyň ýakynlary bolsa agzybir,
Ýurdunda her bir zat berkarar bolar.
Al-hile etseler ikiýüzliler,
Olar ähli işiň binýadyn bozar.

Emma dirheme satyn alnan gulamlardyr gullar öz eýeleriniň elleri ýa-da aýaklary ýalydyr. Sebäbi olar bir işi bitirmek üçin gerek bolan eliň ornunda durup, aýagyň işini edip, gözüň esewan we gözegçilik etmeli ýerinde onuň deregini tutýarlar. Şeýdip, bu toparyň ygtyýarynda bolandyklary üçin şükür edip, olara köp mähremlikler, ýagşylyklar we geçirimlilikler görkezmelidir. Olarda hem hyzmat işlerinde ýadawlyk, bitaplyk we çykgynsyzlyk emele gelýär. Şeýlelikde, olara iş tabşyranyňda ynsaply bolmaly hem-de olaryň iýgi-içgilerini we geýim-lybaslaryny üpjün etmeli. Olar özlerine tabşyrylan işi ýürekden we uly höwes bilen ýerine ýetirer ýaly olara mähremlik gözi bilen seretmelidir.

Hikmetli işler barada ýazylan kitaplarda şeýle diýilýär:

Hojaýyn her bir ýaramaz we nädürs iş sebäpli hyzmatkärini özünden daşlaşdyrmaly ýa-da kowmaly däldir. Çünki, gullar özleriniň hojaýynlaryndan aýrylyp gitmejeklerini, kowulmajaklaryny bilen wagtynda mähremlik şertini berjaý edip, tarapdarlyk görkezerler. Eger ol haýsydyr bir säwligi we ýalňyşlygy üçin

kowulmajagyny bilse, onda ol özüni amanat hyzmatda duýar, ýolagçylar we kesekiler ýaly ýaşar, hiç işi oýlanyşyp etmez we hiç bir zady höwes bilen ýerine ýetirmez. Gulamlaryň haýaly, hüşgär we ýagşy niýetli bolmaklary esasy zatdyr. Bular olardaky bolmaly möhüm sypatlardyr. Eger hyzmatkärden mekirlik, ogurlyk we hilegärlik alamatlary görünse, onda ony derrew dep etmeli. Eger-de hyzmatkärleriň biri anyk hyýanata, ýaramaz we erbet işe bulaşsa, temmidir jeza berme bilen düzelmese, onda başgalar hem onuň bilen birlikde heläk bolmaz ýaly hem-de onuň ýaramaz işi başgalara-da geçmez ýaly, ony derrew aradan aýyrmalydyr.

## Kytga

Ýaramazlar we bozuklar ýoldaş bolanda,
Ýagşyzadaň ömrem püçege çykar.
Ýöne ýere aýtmandyr-a köneler:
«Gazana ýokuşsaň garasy ýokar».

Eger soltanyň ýakynlary bolan döwlet sütünleriniň biriniň gulamy soltanyň ýanynda öz hojaýynyndan şerigatyň kanunyna dahylly däl bir zat barada şikaýat etse, onda ony myradyna ýetirmeli däldir. Bu barada soltan Mahmyt Gaznalynyň syýasaty hakyndaky kitaplarda şeýle hekaýat aýdylýar:

Anna güni soltan Mahmyt juma namazyna barýan eken. Irän owadan we sahypjemal bir gulam soltanyň geçjek ýoluny saklap durupdyr. Şa ýanyndaky kişiler bilen gelip ýetende, gulam edep zeminini ogşaýar[1]. Soltan özüniň belentlik bilen haýbat jylawuny çekýär hem-de mähremlik we mylaýymlyk dili bilen:

– Näme hajatyň bar? – diýýär.

Ol:

– Eý, şahym! Meni Türküstandan getiren adam tutuş ýolboýy maňa: «Men seniň soltanyň üns beriş we ýardam beriş saýasynda bolaryň ýaly seni soltanyň huzuryna elterin» diýipdi. Men bu buşluga umyt baglap, hossarsyzlyk derdine we gulçulyga döz geldim.

Eger döwürden maňa ýetäýse-de ýüz müň gam,
Şanyň ýüzüni görsem kalbym rahatlanar

– diýen beýtiň mazmuny bilen özümi köşeşdirdim. Emma biz bu şähere gelenimizden soň, Hoja Hasan meni gördi we müň dinara satyn aldy. Ol birnäçe wagtdan bäri meni öýünde gizläp saklaýar. Ýaňy maý tapyp, özümi siziň ýoluňyza ýetirdim. Bagtyň ýar we sagadatyň medetkär bolmagy bilen sizi gördüm we size ýüregimdäki arzymy ýetirdim. Galany siziň bilen, soltanym, soltan hökmürowandyr – diýýär.

Soltan oňa oňat temmi bermeklerini buýurýar. Soňra ony bir adama tabşyryp:

– Muny Hasanyň ýanyna elt we aýt: «Bir gulama müň dinar berip bilýän bolsa, onda onuň gaçmazlygy we hojaýynyndan rugsatsyz öýden çykmazlygy üçin bir sakça ýüz dinar berip gapysynyň agzynda oturdyp bilenokmyka?» – diýýär.

Soltanyň ýakynlaryndan biri soltana:

– Gulama temmi bermegiňiz geň – diýýär.

Soltan:

– Eger Hasanyň müň dinary zaýa bolmajak bolsady, ony ortasyndan iki bölege bölmeklerini buýrardym. Sebäbi eger her gulama pursat-maý berilse, ol öz hojaýynyndan ynjan wagty şeýle iş edip, delilsiz bahana getirerler. Şeýdip, hojaýynlyk we bendelik işi dargar – diýýär.

## Mesnewi

Eger hojaýyndan ynjasa gulam,

[1] Edep zeminini ogşamak – tagzym etmek.

Şol hakda gep-gürrüň edýändir olam.

Töhmetdir gybata başlar ol, aýan,
Şeýdip, hojaýyna ýetirer zyýan.

Şeýle gylykly gulam bolaýsa eger,
Her kim ýakyn durmasyny bes eder.

## IKINJI BILÜM

Bu bölüm döwlet sütünleri bolan köşk han-begleri, naýyplar, hajyplar, emeldarlar we beýlekiler ýaly soltanyň döwletine ýakynlaşma bagtyna ýeten adamlaryň borçlarydyr edepleri baradadyr.

Patyşanyň huzurynda işleýän we soltanlyk işlerinde bolan her bir adam soltanyň abraýly we ýurduň abadan bolmagyna esas bolýan ýörelgede ýaşamalydyr we işlemelidir. Bu bolsa diňe aşakdaky dört işi berjaý etmek bilen amala aşýar.

Birinjisi, Hakyň öňündäki borçlary berjaý etmek. Ikinjisi, patyşanyň öňündäki borçlary berjaý etmek. Üçünjisi, öz öňüňdäki borçlary berjaý etmek. Dördünjisi, bolsa raýatlaryň öňündäki borçlary berjaý etmek.

Hakyň öňündäki borçlary berjaý etmekde bäş şert bardyr:

Birinji şert: Allanyň özüne beren nygmatlary has-da artar ýaly, Onuň bagyş eden bu ilähi nygmatlary we çäksiz ýagşylygy üçin şükür etmeli.

### Beýt

Nygmata şükür et, özün artdyrar,
Garyplara Karun genjini berer.

Ikinji şert: Ähli gözlerde eziz görnüp, hemme ýüreklerde mähirli bolar ýaly Allatagala etagat etmek işlerini birkemsiz berjaý etmeli we bu işi patyşa hyzmat etmekden ýokary saýmaly.

Aýtmaklaryna görä, Togrul soltanyň weziri Abu Mansur akyldar we işine belet adam bolup, ol ertir namazyny okansoň, tä gün dogýança doga-dileg we zikr bilen meşgullanyp, soňra soltanyň hyzmatyna barar eken. Bir gün soltanyň zerur işi çykýar we derrew weziri çagyrmaklaryny buýurýar. Adamlar yzly-yzyna gelip, wezire patyşanyň çagyrýandygyny aýtsalar-da, ol namazlygyň üstünden turmaýar. Göripler şyltak atmaga mümkinçilik tapylansoň, tagna we myjabat dili bilen soltanyň huzurynda: «Ol tekepbir, soltanyň buýrugyna ähmiýet bermeýär» diýip, ony erbetlikde ýamanlaýarlar. Olaryň aýdan sözleri sebäpli patyşanyň gözüne gan inýär. Wezir doga-dilegdir ybadat etmegini gutaransoň, soltanyň huzuryna gelýär. Soltan gaharlanyp, oňa:

– Näme üçin giç geldiň? – diýip gygyrýar.

Ol:

– Eý, soltan! Men Allanyň bendesi we seniň hyzmatkäriň. Tä bendelik işimi gutarýançam, hyzmatkärlik işine girişip belmeýärin – diýýär.

Soltan aglap, oňa berekella aýdýar.

**Nazm**

Haka gulluk etmek borjy unutma,
Haka hyzmat üçin bol oňa bende,
Şalaryň başlary Hak dergähinde,
Mätäçlik ählisi bolýar zeminde.

Üçünji şert: Allanyň razylygyny patyşanyň razylygyndan ýokary saýmak. Eger Päk we Beýik Alla bendesinden razy bolsa, başgalaryň närazylygy we gahar-gazaby oňa zyýan ýetirmez. Eger Hudaýtagala bir bendä gahary gelse, ähli adamlaryň razylygy oňa peýda ýetirmez.

**Beýt**

Alla senden rza bolanda, aýan
Izgeleň gahary ýetirmez zyýan.

Şeýle meşhur hekaýat getiripdirler:

Bir akyldar adam halypalaryň biriniň huzuryndaka namaz wagty bolýar. Halypa bir işe meşgul bolup, namazy ýatdan çykarýar. Ol akyldar namaz okamak niýeti bilen ýerinden turýar. Oturanlardan bir adam:

– Näme üçin halypa namaza turýança garaşmaýarsyň? – diýýär. Akyldar:

– Allanyň hökümini başgaň hökümine bagly edip bolmaz – diýýär.

Ol adam:

– Otur, ýogsa halypa saňa gaharlanar – diýýär.

Akyldar:

– Ýaradyjynyň razylygyny gazanyp boljak işde, ýaradylanyň gaharyndan näme üçin gorkmaly?! – diýýär.

Halypa olaryň gürrüňini eşidip, akyldary sylaglaýar we ol şikaýatçyny huzuryndan kowýar.

Dördünji şert: Alladan gorkusy patyşadan bolan gorkusyndan has ýokary bolmalydyr. Hadyslaryň birinde: «Her kim Alladan gorksa, hemmeler ondan gorkar» diýilýär.

Bäşinji şert: Onuň Alla bolan umydy patyşa bolan umydyndan artyk bolmalydyr. Çünki, «Her näme berse Ol berýär». Biriniň keremine umyt baglamaly däldir. Hiç bir umydygär bende Onuň rehmet dergähinden boş gaýtmaz.

Eger umyt baglasaň dergähine Allanyň,
Hajat eliň boş gaýtmaz, bu sözüme ynanyň.

Patyşanyň öňündäki borçlary berjaý etmekde ýigrimi bäş şert bardyr:

Birinji, özüňi pes tutup, tagzym we hyzmatkärlik şertini berjaý etmelidir. Çünki, patyşalar beýik hümmetlilige we uly haýbata eýe bolup, şolar arkaly hem başgalardan tapawutlanýarlar. Bu bolsa olaryň Ylahy soltanlygyň bir nyşanasydygy sebäplidir. Hut şu sebäpli hem olara «Allanyň saýasy» diýilýär. Olar özlerinde şeýle sypatyň bardygy üçin hemmeleriň özlerine hyzmat-tagzym etmeklerini, adamlaryň olary beýle derejä mynasyp saýmaklaryny we ähli işleri öz

permanlary bilen ýerine ýetirilmegini isleýärler. Soltanlyk binýady hernäçe berk we güýçli bolsa, bu sypat hem şonça artar. Şu kesgitlemä laýyklykda, olar ygtyýar eýeleridikleri sebäpli adamlaryň öz mätäçliklerini we hajatlaryny özlerine aýtmaklaryny talap edýär.

**Beýt**

Ähli zada eýe sen, ýene näme getireýin,
Ahy-zarlykdan başga näme diýseň bereýin.

Ikinji, ýadawlyklara we muşakgatlara döz gelmek we kynçylyklara sabyr etmekdir. Patyşalaryň hyzmatynda bolmak köp zähmeti we kynçylyga sabyr etmekligi talap edýär. Akyldarlaryň kitaplarynda bellenilişine görä, soltanlaryň hyzmaty hyzmatyndakylar adamlar bilen rahatlygyň arasyndaky perdedir. Patyşalaryň hyzmatynda bolup, rahatlyk we lezzet islemek mümkin däl zatlardandyr.

Üçünji, her bir edilýän pikirlerde, sözlenýän sözlerde we amala aşyrylýan işlerde patyşanyň iki dünýäsiniň bähbidini, esasan hem ahyretiniň bähbidini nazara almalydyrlar.

Dördünji, mylaýymlyk hem ýumşaklyk bilen patyşada zuluma garşy ýigrenç döretmeli, taryplamalardyr wasp etmeler bilen adalatlylygyň şirin we lezzet beriji duýgusyny onuň kalbynda ornaşdyrmaly. Başardygyňça patyşany zulum etmeklikden saklamalydyr. Eger ol patyşanyň zulum-sütem etmegine razy bolsa, onda ol hem bu uly günäde şärik bolar we magşar güni haçanda: «Zulum edenleri we olaryň şäriklerini çagyryň»[1] diýip, jar çekilen wagty zalymlar bilen bilelikde azaba duçar bolarlar.

Şeýle rowaýat edýärler:

Ýahýa Wasyty haty örän owadan hatdat bolupdyr. Döwrüň halypalarynyň perzentleri onuň ýanynda owadan hat ýazmaklygy öwrener ekenler. Bir gün bir weziriň ýanynda Ýahýanyň galamy gowy bejerýändigi barada aýdyp, ony taryplaýardylar. Wezir ony çagyryp, ondan bir galam ýasamagy talap edýär. Ýahýa ussatlyk hem seresaplyk bilen galam ýasaýar. Wezir ol galam bilen ýazyp görýär welin, haty öňküden gowy ýaly görünýär. Ol Ýahýa halat we müň dinar berýär. Ýahýa halady geýip, zerleri alyp, onuň mejlisinden çykýar. Ol köşgüň gapysynyň ýanyna ýeten wagty derrew yzyna gaýdyp:

– Eý, wezir! Men bu ýasan galamymda bir zady unudypdyryn. Eger rugsat berseňiz ony ýerine ýetireýin – diýýär.

Wezir galamy oňa berýär. Ýahýa çakgysyny çykaryp, galamyň ujuny kesýär we halady çykaryp, weziriň öňünde goýýar. Wezir:

– Saňa näme boldy? – diýýär.

Ýahýa:

– Köşgüň gapysyna ýeten wagtymda «Zulum edenleri we olaryň şäriklerini çagyryň[2]» diýen aýat göwün gulagyma eşidildi. Men «Sen bir adama zulum-sütem

---

[1] Gurhanyň 32-nji (Sap-sap durujylar) süresiniň 22-nji aýaty.

[2] Gurhanyň 32-nji (Sap-sap durujylar) süresiniň 22-nji aýaty. Bu ýerde zalymlary we olaryň şäriklerini azap berilmäge çagyryň diýen manyda.

etmek üçin, bu galam bilen bir hat ýazarsyň, şonda men hem seniň bu işiňde şärik bolup, Allanyň azabyna duçar bolaryn» öýdüp gorkdum – diýýär.

### Beýt

Hiç mahal tutunmagyn dost edip sütemkäri,
Onuň bilen azapda sen bile bolmaz ýaly.

Bäşinji, patyşany haýyr işlere ündemelidir, hususan-da, ony umumy haýyr işlere höweslendirmelidir. Ýagşylyklaryň iň gowusy ähli ýere şöhle saçýan gün we hemme ýerlere ýagşy ýetýän bulut ýaly umumy ýagşylykdyr. Bir akyldardan:

– Ýagşylygy nähili etmeli we ýagşylygyň iň gowusy haýsy? – diýip sorapdyrlar.

Ol:

– Hemmelere ýetýän ýagşylyk iň gowy ýagşylykdyr, ýöne ol minnet bilen edilmän, akýüreklilik bilen bolmalydyr – diýipdir.

Magn ibn Zäýide[1] diýseň elaçyk adam bolup, onuň ýagşylygy uly-kiçä ýeter eken. Ol ýagşylygy güler ýüzlülik hem-de mährem halda eder eken. Bir akyldardan:

– Bulut sahymy ýa-da Magn sahymy? – diýip sorapdyrlar.

Ol:

– Magnyň sahylygy buludyňkydan artykdyr – diýýär.

Oňa:

– Nämä esaslanýarsyň? – diýýärler.

Ol:

– Bulut berýän zatlaryny aglap berýär, emma Magn güleryüz bilen sahylyk edýär – diýipdir.

### Kytga

Ýüzaçyklyk, güleryüzlülik, şatlyk,
Sahylykda örän ygtybarlydyr.
Jomart adam üçin sahylyk wagty –
Güleryüz hem bir sahylyk ýalydyr.

Altynjy, soňunda şermende bolmaz ýaly bir adama doly ynam etmän we ony birnäçe gezek barlap, synap görmän, ony patyşanyň huzurynda taryplamaly we öwmeli däldir.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Bir hilegär uzyn saçly adam Soltan Sanjaryň naýyplarynyň[1] biriniň ýanyna gelip, Käbäniň üstüne örtülýän matadan bir bölek getirip:

– Men Muhammet pygamberiň neslinden bolaryn. Men şu ýyl haja gidip, Soltan üçin haj etdim we Muhammet pygamberiň gubruna zyýarat etdim hem-de

---

[1] Araplaryň arasynda sahylyk bilen edil Hatam Taý ýaly nakyla öwrülip giden şahsyýet. Ol Ïmewileriň döwrüniň ahyrynda, Apbasly halypalarynyň ilkibaşky döwürlerinde ýaşap geçipdir. Mansur halypalyga geçen wagty Horasanda oňa garşy topalaň turýar. Şonda Magn ibn Zäýide uly gahrymançylyk görkezip, topalaňy pytradýar. Halypa şonda ony hormatlap, Sistanyň häkimi edip belleýär. Emma ol tiz wagtda 151-nji hijri-kamary ýylynda bilniksiz öldürilýär.

şa we onuň döwlet sütünleri üçin hajylaryň hatarynda doga-dileg etdim. Eger meni Soltanyň huzuryna goýberseň, senden minnetdar bolardym. Soltan meni getiren bu sowgadym üçin hormatlar – diýýär.

Naýyp onuň aýdanlaryny derňemän, Soltanyň ýanyna baryp, ol hajyny taryplaýar. Soltan bolsa ony görmäge muşdak bolup, ony çagyrmagy buýurýar. Ol gelip, Soltanyň elini öpüp, bir gyrada oturýar. Soltan ondan:

– Sen nireden? – diýip soraýar.

Ol:

– Yspyhan şäherinden – diýip jogap berýär.

Soltan:

–Haçan haja gitdiň?

Ol:

– Şu ýyl.

Tötänlikden bu mejlisde Yspyhan häkimi tarapyndan iberilen ilçi hem bardy. Ol Yspyhan şäheriniň adyny eşidip:

– Eý, şa! Men bu adamy tanaýaryn. Ol seýit däl, ol Yspyhan ülkesiniň ykmandalaryndandyr. Olaryň köpüsi uzyn saçly bolýarlar. Men ony mydama ykmandalaryň arasynda görerdim. Ol gurbanlyk güni meniň öýüme gelip, menden et diläpdi – diýýär.

Soltan gaharlanyp, öz naýybyna:

– Neneňsi meşhur «seýidi» we hormatly «hajyny» biziň huzurymyza getiripsiň?! – diýýär.

Naýyp utanyp, şermende bolýar. Mejlisden çykyp gaýdýar we galan ömründe soltanyň hyzmatyna gelmekden çekinýär. Eger naýyp ilki onuň aýdanlaryny derňäp, ony doly synap gören bolsady, utanç we şermendelik tozany onuň ýüzünde ornamazdy we şeýle beýik patyşanyň mejlisinden mahrum bolmazdy.

## Kytga

Birin wasp etjekmi şa huzurynda
Ony doly synlap wasp et her demde.
Eger-de aýdyşyň ýaly bolmasa,
Utanja galarsyň bolup şermende.

Ýedinji, patyşanyň at, nöker, haryt, mülk, ekin meýdanlary we şuňa meňzeşler ýaly meýil edýän zatlaryny özüňde saklaman, olary patyşanyň islegine görä sarp etmelidir.

Sekizinji, patyşa söz sözleýän wagty ony jan-dil, akyl-huş, göz-gulak we tutuş durkuň bilen doly üns berip diňlemeli we patyşanyň aýdan zady ýadyňdan çykmaz ýaly başga pikire ýa-da işe güýmenmän, zerur hem bolsa hiç kim bilen gürleşmeli ýa-da üm-yşarat etmeli däldir. Çünki soltanlar diýseň haýbatlydyrlar. Eger olar gürleşýän adamlarynyň başga bir zada seredýändigini ýa-da biri bilen gürleşjek bolýandyklaryny aňsa, olara gaharlanar. Patyşa şol wagt hiç zat aýtmasa-da, wagtyň geçmegi bilen şol gaharynyň täsirini ýetirer.

Dokuzynjy, patyşalaryň mejlisinde ikiçäk pyşyrdaşmaly däldir. Çünki, bir adamyň ýanynda iki kişi pyşyrdaşsalar, ol adam her hili hyýal edip, şübheli pikir-

[1] Naýyp – emeldar, häkim.

lere batar ýa-da köp halatlarda bolşy ýaly, olardan öýke-kine eder. Soltanlaryň huzurynda bu hereketden örän ägä bolmalydyr. Göriplerdir bozgaklaryň: «Pylany bilen pylanynyň ýürekleri siziň bilen däl. Olar size tabyn bolmaklykda nogsanlyk görkezýärler» diýip, patyşa ýamanlamaklary mümkin. Soltanyň huzurynda pyşyrdaýan adamlar barada aýdylýan tagna sözler soltanlara täsir edýändir.

### Mesnewi

Üýşmeleňde pyşyrdaşyp gepleşme,
Biakyllaň pişesine baş goşma.

Edepsizlik bilnip, ýekirlipdir ol,
Tekepbirlik hem-de mekirlikdir ol.

Onunjy, soltan bir kişä ýüzlenip, ondan bir zatlar soraýan wagty, tä ol rugsat berýänçä ondan öňürti jogap bermeli däldir. Sebäbi başga kişä berlen soraga jogap bermek adamyň ýeňilkelleligini we agras däldigini görkezýär.

Bir kişi bir akyldar adamdan:

– Eger men patyşanyň mejlisinde bolsam, onuň başga kişiden soraýan zadyna jogap bermegim dürs bolarmy? – diýip sorapdyr.

Akyldar:

– Ýok, dürs bolmaz. Sebäbi beýle häsiýet bilen sen soraýan adama: «Sen kimden soramalydygyny bilmeýärsiň» we soralýan adama bolsa: «Sen bu soragyň berilmegine mynasyp dälsiň» diýdigiň bolar. Mundan başga-da, bu häsiýetiň ýene-de bir howply tarapy bardyr. Ol bolsa, eger soltan saňa: «Men senden soramok» diýse, sen näme jogap berersiň we masgaraçylykdan nädip sypyp bilersiň?! Eger-de sen özüň patyşanyň şol sorag soran kişisi bolsadyň, onda sen hem özüňden öňürtilänlerden gaty görerdiň. Jogap bermekde öňürtileme, çünki, başgalar saňa duşman bolup, seniň sözleriň aýybyny taparlar. Gowusy, başgalar öz sözlerini aýdýança garaş we her sözüň aýybyny we hünärini bil. Soňra eger seniň bilýän we aýtjak bolýan zatlaryň ýagşyrak bolsa aýt, ýogsa dymyp otur – diýipdir.

### Mesnewi

Jogap beren mahalyň ýeňillik etme birden,
Diňe mynasybyny saýlap-seçgin sözlerden.

Tyllaň arassa bolsa, seç,
goýman birin onuň,
At-abraýyň artýandyr beýle tylladan seniň.

Açmagyn hiç aýbyňy sap bolmasa ol tyllaň,
Dymmak örtügi bilen
örtmek gowudyr, bilýän.

On birinji, tä soltan bir zat soraýança gürrüňe başlamaly däldir. Eger soltan bir zat sorasa, anyk jogap bergin. Emma eger soltan bir zat barada köpräk we giňişleýin jogap islese, onda arkaýyn sözüňi dowam etdirip bilersiň.

On ikinji, soltan bir gizlin tabşyryk berýänçä, ol işi özbaşdak derňemeli däldir we ony bilmeklige çalyşmaly däldir. Çünki, ony soltan şol iş babatda mynasyp we syrdaş saýsa, onda oňa ol işi tabşyrardy. Tabşyrylmadyk işi derňemeklik soltanyň gazabyna sezewar edýändir.

### Kytga

Saňa syryn bermese, syrdaş saýmadygydyr,
Soltanyň syry bilen
ne işi bar syrdaş däliň.
Eger öe girmäge ygtyýar berilmese,
Sakça ýaranjaňlygyň – düzüw däldigi päliň.

On üçünji, patyşanyň berýän sowgatlarydyr peşgeşleri hernäçe az we gymmatsyz hem bolsa ondan ýüz öwürmeli däldir. Çünki, soltanyň az zady hem köpdür. Olardan ýüz öwürmek patyşanyň sylagyny peseltmekdir. Hiç bir akylly-başly adam Hak saýasyndan oňa bir peşgeş ýetse, ony ret etmez.

### Beýt

Patyşa berende gymmat her bir zat,
Az bolsun, köp bolsun – eder seni şat.

On dördünji, wepalylyk ýolundan çykmaly däldir. Çünki, wepalylyk sypaty pes adamlary eziz edýändir. Hyýanat bolsa eziz adamlary peseldýändir. Halypalaryň biri şeýle diýipdir:

– Men asylly adamlardan bolmasa-da, wepaly adamlary gowy görýärin. Emma dönükleri akylly we abraýly adamlardan bolsalar-da, duşman saýýaryn. Çünki, amanatdarlyk we wepalylyk imanlylykdan bir nyşandyr. Hadyslaryň birinde: «Amanatdarlygy we wepalylygy bolmadygyň imany ýokdur» diýilýär. Allatagala hem hyýanat edijini öz söýgüsinden mahrum edip: «Elbetde, hakykatdan-da, Alla hyýanatkär gadyrbilmezi gowy görýän däldir»[1] diýýär.

On bäşinji, patyşanyň berýän zadyna kanagatly we razy bolmalydyr. Patyşadan artyk zat isläp, hars urmaly däldir. Çünki, hars urmak mahrum bolmaklyga eltýändir.

### Nazm

Hars urup ýaşamak mahrumlykdandyr,
Beýle gylyk ähli aýyplardan beter.
Gaçar abraýyndan hars uran adam,
Emma şükür bilen abraýa ýeter.

On altynjy, soltanyň huzurynda ýa ondan daşda bolsaň-da, onuň ajaýyp häsiýetlerini beýan edip, gowy işlerini ýaýyp ýörmelidir. Eger bir adamdan patyşa degişli biýedep sözler eşidilse, oňa nesihat bermelidir. Eger biýedep sözleri aýdýan adam bu işden el çekmese, onda oňa haýbat atmalydyr. Şonda-da pälinden

---

[1] Gurhanyň 22-nji (Haj) süresiniň 98-nji aýaty.

gaýtmasa, onuň bilen oturyşmaklygy we ýoldaş bolmaklygy terk edip, hiç haçan onuň bilen sözleşmeli däldir.

On ýedinji, özüne tabşyrylan işe berk ýapyşyp, ondan gapyl galmaly däldir. Soltan çagyrýan wagty derrew hyzmatyna ýeter ýaly mydama taýýar bolmalydyr. Käýinje sezewar bolmazlyk üçin soltanyň çagyrmadyk wagty görünmeli däldir.

On sekizinji, soltanyň söýgüsine we razylygyna bil baglap, özüniň köp hyzmatlary üçin gomparyp, arkaýyn bolmaly däldir. Çünki, gomparmak hyzmat mertebelerini peseldýändir. Mundan başga-da soltana: «Meniň siziň ýanyňyzda köp hak-hukugym bardyr» diýmeli däldir. Soltana hyzmat etmek, alkyş aýtmak we permanlaryna boýun bolmak bilen özüniň öňki hyzmat hukuklaryny täzelemelidir we täze zähmetleri bilen öňki hyzmatlaryny dikeltmelidir. Sebäbi soltanlar yzy üzülýän hyzmatlary unudýandyrlar we beýle hyzmatlara gadyr goýýan däldirler.

On dokuzynjy, isleg-hajatlaryňy öz wagtynda soramalydyr. Çünki, patyşadan hajat dilemek namazyň parzy ýaly bolup, namazyň öz wagtynda okalmagy bilen kabul bolşy ýaly, hajat dilemek hem öz ýerinde edilse rowa bolar.

**Beýt**

Pursatyny jaýdar bilmese adam.
Haram oňa berlen nygmat patyşadan.

Soltanda oňa bolan ýigrenç emele gelmez ýaly yzygiderli dilegçilik etmeli däldir.

Ýigriminji, eger soltan ony ezizlese we soltanyň huzuryndaky ýakyn we köne hyzmat hukuklary bar bolan adamlardan öňe geçmekçi bolmaly däldir. Çünki, bu iş tentekligi, kemakyllygy we ýeňilkelleligi görkezýär. Sebäbi onuň öňüne geçmekçi bolýan adamy birden patyşanyň söýgüsine we ynamyna mynasyp adam bolup, özünden öňe geçmek isleýäniň garşysyna aýaga galsa, patyşa hem onuň tarapynda bolar. Şeýdip, öňe geçmekçi bolýan adam ýeňler we utanyp, şermende bolar.

**Kytga**

Soltana ýakynyň öňüne geçme,
Hormatly bolsa-da özüňi sakla.
Eýe bolan bolsaň sylag-hormata,
Oňa sylag üçin hiç wagt gam çekme.

Ýigrimi birinji, soltanyň käýinjine, temmisine ynjaman, onuň gödekligini we gaharyny göwnaçyklyk bilen kabul etmelidir. Çünki, şeýle diýýärler: «Patyşalyk yzzaty we hökmürowanlyk haýbaty sebäpsiz ýere adamlaryň göwnüne degmäge patyşa mümkinçilik berer». Eger soltanlyk erki bilen gödek sözler aýtsa, oňa mylaýymlyk görkezmeli. «Hernäçe jepa görsem-de, wepadarlyk ýoluna ýordum».

Ýigrimi ikinji, eger soltanyň gahar-gazabyna we jezasyna duçar bolsa hem, ol barada hiç kime arz-şikaýat etmän, ýüreginde duşmanlykdyr kine saklamaly däldir we özüni günäli saýmalydyr.

### Beýt

Etmeýäris şikaýat näçe görsek-de zulum,
Diýýäris: «Biz günäkär» hemişe,
şuny biliň.

Soltanyň gahar-gazabyna duçar bolan adam, şondan soň onuň gaharyny ýazmak üçin elde baryny etmelidir.

Ýigrimi üçünji, eger soltan bir adama gaharlansa ýa-da onuň mejlisinde günäkär saýylsa, tä soltanyň gahar-gazaby ýatyşyp, geçirimlilik, mähremlilik we mähribanlyk umydy emele gelýänçä, ol adamdan daşda durup, günäkärlenen bilen oturyşmaly däldir. Olaryň öwgüsini ýetirmeli däldir we ötünç sorama işlerine goşulmaly däldir. Patyşanyň gahary ýatyşansoň, ony razy eder ýaly mylaýymlyk bilen töwella etmelidir.

Ýigrimi dördünji, soltanyň razylygy üçin dalaş etmeli. Bu bolsa aşakdaky dört häsiýet bilen amala aşar:

Birinjisi, şerigata we dine garşy bolmadyk patyşanyň her bir aýdan sözüni tassyk etmek. Ikinjisi, onuň pikirini we akyl-parasadyny öwgi-taryp etmek. Üçünjisi, onuň öwgüli häsiýetlerini ýaýmak. Dördünjisi, onuň ýaramaz häsiýetlerini we erbetliklerini ýaşyrmak.

Ýigrimi bäşinji, syrlary paş etmezlik. Bu ähli şertleriň esasy we ähli kada-kanunlaryň naýbaşysydyr. Diýmek, soltanyň syrlaryny gizlemekde elde baryny etmelidir. Bu babatda ätiýaçlylyk ýörelgeleri şundan ybaratdyr: mejlisdäkileriň ählisi eşiden bolsa-da, patyşanyň aýdan gürrüňlerini başardygyça ýaşyrmalydyr. Şeýdip, syrlary gizlemek häsiýeti onda emele geler. Şondan soň syrlary gizlemek oňa aňsat düşer. Patyşa onuň beýle häsiýetini bilensoň, eger bir syr paş bolsa-da, ondan güman etmez. Çünki, gizlin syry bir kişi paş etmese-de, daşky ahwalatlara laýyklykda, parasatlylyk bilen mälim edip bolýar we käbir aňlatmalara esaslanyp, oňa aň ýetirip bolýar. Beýle ýagdaýda ähli ynamdar adamlar barada hem şübhelenilip, olar barada erbet pikirler döräp biler. Şonda diňe, syr saklaýanlygy bilen we hiç bir syryň onuň dilinden sypmaýanlygy bilen meşhur bolan kişi betgümanlyklardan päk galýar.

Syr perdesi gowşak bolup, syr saklamagy başarmaýan adam bolsa howp-hatardadyr.

### Beýt

Bir akyldar diýdi sözläp syr hakda,
«Kelläňi isleseň, syryňy sakla».

Hekaýat etmeklerine görä, belent mertebeli patyşalaryň biri bir beýik akyldardan nesihat soraýar. Ol akyldar:

– Eý, patyşa! Ähli nesihatlar şu iki mübärek jümlede jemlenendir, ýagny «Allanyň emrini hökmany bil» we «Allanyň ýaradanlaryna (janly-jandara) mähriban bol»[1].

---

[1] Pygamberimiziň hadyslaryndan.

## Rubagy

Eý, juwan, ol goja aýla sen gözi,
Al onuň pendini diňle bu sözi.
Haky syla gullugynda bol onuň,
Ýagşa ýaranlyga ýetirer sizi.

Patyşa:

– Syýasat barada gürrüň ber! – diýipdir.

Ol:

– Adamlara ölüm jezasyny bermäge howlukma. Çünki, bir ynsany ýok etmek elhenç işdir. Diňe şu üç hili adamy öldürmekde ähli danalar sizi hukukly bilerler. Birinjisi, seniň mülküňi we patyşalygyňy dargatmak isleýän zalym. Ikinjisi, malyňy, hazynaňy ogurlaýan emeldar. Üçünjisi, syryňy paş edýän hyýanatkär – diýip, jogap berýär.

Aýtmaklaryna görä, Anuşirwana:

– Pylan kişi seniň syryňy paş edýär?! – diýipdirler.

Ol:

– Syr gizlin galar ýaly ol adamy ýere gömüň! – diýip, buýruk beripdir.

## Kytga

Syryny paş etse biri soltanyň
Ýagşyrakdyr gömlüp ýatanyň ýeri.
Syr saklamak – başyň amanda bolmak,
Seri saklamakdyr – saklamak syry.

Şeýle hekaýat edipdirler:

Patyşalaryň biri öz köşkdäkileriniň birine:

– Men saňa bir syr aýtjak, sen ony paş etmersiň gerek? – diýip soraýar.

Ol adam hem:

– Paş etmerin – diýip, jogap berýär.

Patyşa:

– Men öz doganyma şübhelenýärin. Ol maňa ýamanlyk etmezinden öň ol belany dep etmekçi. Sen meniň tarapymda bol we doganymyň ýagdaýlary barada habar toplap, maňa ýetirgin – diýýär.

Ol adam patyşanyň sözlerini kabul edýär. Emma amatly bir pursatda bu syry patyşanyň doganyna aýan edýär. Dogany bu ýagdaýdan habardar edendigi üçin ol adamdan minnetdar bolýar. Şeýdip, patyşanyň dogany hem seresap bolup ýörüpdir. Bir gün patyşa wepat bolýar we soltanlyk onuň doganyna galýar. Ol dessine tagta çykyp, doganynyň ýaňky nökerini çagyrýar we onuň kellesini kesmekligi buýurýar. Ol nöker:

– Eý, patyşa, men näme günä iş etdim? – diýip soraýar.

Patyşa:

– Sen doganymyň syryny paş etdiň we onuň saňa eden ýagşylyklarynyň gadyryny bilmediň. Ol seni syrdaş edipdir. Sen bolsa onuň syryny saklamadyň. Indi meniň saňa bolan ynamym ýok – diýip, ony ölüme höküm edýär. Ol nöker syr saklap bilmändigi üçin heläkçilik girdabyna düşýär.

**Beýt**

Meýhana gojasyndan aldym
amanlyk salgyny,
Diýdi bulgur göterip:
«Ol syr saklamak, bilgin».

Köşkdäkiler öz öňlerindäki borçlaryny berjaý etmekde aşakdaky ýedi şerti berjaý etmelidir.

Birinji, dünýäde betnam we bihormat bolup, ahyretde ryswa we şermende bolmaz ýaly, almaly däl ýerden hiç zat alman, bermeli däl ýere-de hiç zat bermeli däldirler.

Ikinji, başardygyça hemmelerden erbetligi dep edip, ähli adamlara ýagşylyk etmelidir.

Üçünji, belent hümmetli bolmalydyr. Çünki, her adamyň ygtybary onuň hümmetine görädir we onuň hümmetiniň mertebesi ygtybaryna görädir. Belent hümmetlilik häsiýeti bilen bezelen her bir adam öz mübärek durkuny diýseň gadyr-gymmatsyz bolan dünýe malyny toplamak bilen peseltmez we azajyk peýdaly baýlyk we wezipe sebäpli özüniň abraýyny dökmez.

Dördünji, öz janyny ne-de halky howp-hatara salmaly däldir. Ymam, hüjjetil-yslam[1] Gazaly şeýle diýipdir: «Bir adamyň razylygy üçin özüni Ýaradanyň gahar-gazabyna duçar eden we soltanyň asudalygy üçin birnäçe jenaýat işini, näçe zulumlary boýnuna ýükläp, eziz janyny dowzah oduna odun eden we öz janynyň gadyryny bilmeýän adam, gör, neneňsi betbagt!» diýipdir.

**Kytga**

Halkyň razylygy üçin, eý, adam,
Hudaý gaharyna bolma sezewar.
Rahatlyk isläp özgelere sen,
Derdi-belalara bolaýmagyn ýar.

Bäşinji, özüniň ygtyýarlydygynyň gadyryny we güýç-kuwwatynyň gymmatyny bilmelidir. Ilüm zilzilesiniň[2] gelmezinden we lezzetleri ýok ediji goşunyň[3] hüjüm etmezinden öň, ýagşy at we gowy yz galar ýaly tagalla etmelidir.

**Beýt**

Tötänlikden gelip ýetmänkä ajal,
Imre gadyr goýup ýaşa her haçan.

Altynjy, öz ygtyýaryna we derejesine guwanyp, yzzat-hormatyna buýsanmaly däldir. Çünki, bu ýalançy dünýä we hilegär çarhypelek jebir-jepasy we gahar-

---

[1] Hüjjetil-yslam – yslamyň delili, subutnamasy. Bu lakam esasan meşhur we tanymal alymlara berlipdir.
[2] Zilzile – titreme, ýer titreme.
[3] Lezzetleri ýok ediji goşun – ölüm, ajal.

gazaby bilen meşhurdyr. Sähel wagtyň içinde döwletlilik ähtnamasy düýrülip, ömrüň bagtyýarlyk sahypasyna näumytlyk çyzygy çyzylýandyr.

**Beýt**

Buýsanma derejä, baýlyk, dinara.
Seniň ýaly bu dünýäde köp bar-a.

Wagty gelse ötersiň bu dünýäden,
Duşmanyňa galar toplanan zadam.

Ýedinji, eliňden geldigiçe halka hyzmat etmelidir. Çünki, patyşalara ýakynlaşmagyň we soltanlaryň dergähinde ygtyýarlylyga ýetmegiň peýdasy ula-kiçä, baýgaryba haýyr-yhsan edip, öz mertebe saçagyňdan ýagşylyk pyýalasyny içirmekdir. Her kim ýagşylyk etse, bigüman özi üçin edýändir. Din ulamalarynyň beýikleriniň biri:

– Men ömrümde hiç kime ýagşylyk etmedim – diýipdir.

Ýanyndakylaryň biri ondan:

– Siziň haýyr-yhsanyňyz hemmelere yzygiderli ýetip dur we bu şäherdäkileriň köpüsi siziň ýagşylyklaryňyzdan paýly. Siz: «Men hiç kime ýagşylyk etmedim» diýen sözüňizi anyk beýan ediň – diýipdir.

Ol bolsa:

– Men hakykaty aýtdym. Allatagala özüniň hak kelamynda: «Eger ýagşylyk etseňiz özüňiz üçin edýärsiňiz»[1] diýýär. Şeýlelikde, men diňe özüme ýagşylyk edipdirin. Erbetlik we ýaramazlyk babatda-da Allatagala: «Eger ýaman iş etseňiz hem özüňiz üçindir»[2] diýýär – diýip jogap beripdir.

**Nazm**

Elden gelýän wagty ýagşylyk etgin,
Erbetlik etmegin, gaýratyň ýeter.

Sebäbi, bar ýagşylyga-ýagşylyk,
Erbetlik-erbediň üstünden elter.

Köşkdäkileriň halkyň öňündäki borçlary barada aýdylanda, onda mertebelilikden we döwletlilikden esasy maksat patyşany we onuň ýakynlaryny razy etmek bolman, eýsem halkyň hal-ýagdaýyna seretmek we ýurdy abadanlaşdyrmakdyr. Halkyň öňündäki borçlaryňy doly berjaý etmek esasy we iň möhüm meseledir. Bu işde şu iki şerti berjaý etmelidir.

Birinjisi, halkyň hal-ýagdaýyna gözegçilik etmekde elde baryny edip, olar parahat-erkin ýaşar ýaly ähli işleri we mümkinçilikleri döretmelidir.

Ikinjisi, zulumy dep etmekdir. Çünki, akyldarlar şeýle diýipdirler: «Adamlar goýunlar mysalynda bolup, ygtyýar eýeleri çopan ýalydyr. Patyşa bolsa bu süriniň eýesidir. Goýunlaryň eýesiniň olary ýyrtyjy haýwanlardyr zyýanly zatlardan gorap,

---

[1] Gurhanyň 27-nji (Gijeki seýr) süresiniň 7-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 27-nji (Gijeki seýr) süresiniň 7-nji aýaty.

öri meýdanlarynda otladyp, olardan peýda görmegi üçin çopanlara tabşyryşy ýaly, döwlet sütünleri hem halky zyýan berijilerden we sütemkär möjeklerden gorap, olary dünýäde we ahyretde peýda berjek işlere ugrukdyryp, olaryň girdeýjilerini we peýdalaryny patyşa ýetirmelidir. Zalymlar olara zulum-sütem ýetmez ýaly, olaryň hal-ýagdaýlaryndan bihabar galmaly däldir».

**Nazm**

Ganymat bilginiň, çopan, bu demi,
Zulum möjeginden sürini sakla.
Akyldarlaň aýdyşy deý gowy däl,
Çopan ýatyp, maly möjekler «baksa».

## Emirleriň düzgünleri we borçlary

Döwlet sütünleriniň düzgünleri we borçlary barada birnäçe keleme aýdylyp geçildi. Indi emirleriň, wezirleriň, kätipleriň we nedimleriň borçlarydyr edepleri barada birnäçe söz aýdylar.

Emirler şu on iki düzgüni saklamalydyrlar:

Birinjisi, Haktagalanyň permanlaryny berjaý etmek. Halkyň özüňe näderejede hyzmat etmegini isleýän bolsaň, şonça-da özüň Hudaýa gulluk etgin. Ol özüniň halka bolan hojaýynlyk hukugynyň Hakyň özüne bolan hojaýynlyk hukugyndan artyk bolmagyny islese, ol gaty erbet we gelşiksiz bolar.

**Beýt**

Hak permanyny berjaý kylsaň her işde,
Hak hem saňa medet berer hemişe.

Ikinjisi, nygmat eýeleriniň hak-hukugyny saklamak. Emir öz nygmat eýesiniň hakyny depelemeli däldir we gapma-garşylyk ýoluna eýermeli däldir. Çünki, öz iýen duzuňy depelemekligiň erbet netijeleri bardyr. Şol sanda patyşalaryň hiç birisi oňa ynam etmez we hemmeleriň ýanynda hormatsyz-abraýsyz bolar. Gadyrbilmez kişi maksat-myradyna ýetmän, ahyry betbagt bolup, hossarsyz galar.

**Beýt**

Nygmat hukugyny saklagyn mydam,
Şa hormatyn gorap gezgin elmydam.

Nygmat eýesinden öwürse ýüzün,
Ýüz öwürer döwletlilik, bek bilgin.

Eger nygmat eýesinden bir erbetlik ýetäýse-de, ony nygmat eýesiniň öňki eden ýagşylyklary sebäpli görmezlige salsa, onuň nygmata şükür etdigidir.

**Beýt**

Jebir-jepa görsem-de,

hyzmaty terk etmerin,

Her bir düşen ýaradan arsyz ölüp gitmerin.

Şeýle rowaýat edýärler:

Bir ýaşulynyň işine ökde we akylly gulamy bolupdyr. Bir gün ýaşuly gulamy bilen bir bag-bakjalyga barýar. Olar baga tomaşa edip barýarkalar, ekin meýdanyna ýetýärler. Goja bir hyýar alyp gulamyna berýär. Ol hyýary işdämenlik bilen iýmäge başlaýar. Onuň hyýary işdämenlik bilen iýşine ýaşulynyň agzy suwaryp, ondan hyýar soraýar. Goja ony dadyp gören badyna, hyýaryň ajydygyna göz ýetirýär. Ol gulamyna:

– Eý, gulam, beýle ajy hyýary nädip işdämenlik bilen iýýärsiň?! – diýýär.

Ol gulam:

– Eý, hojaýyn! Bu hyýary maňa sen berdiň. Men seniň eliňden köp süýji hem tagamly naharlary iýdim. Şol sebäpli bir ajy lukma üçin ýüzümi turşatmaklyga utandym – diýip, jogap berýär.

**Beýt**

Köp-köp şirin-şerbedi

içdim seniň eliňden,

Zyýany ýok bir owurt ajysyn içsem indem.

Goja onuň bu hereketi ýaraýar we oňa:

– Sen meniň nygmatyma şükür edenligiň üçin seni bendelikde goýmaryn – diýip, ony azat edýär we köp sylag-serpaý ýapýar.

Üçünjisi, şadan däl-de mertebesinden, edýän işlerinden pul gazanmaga çalyşmaly, ýagny ýagdaýlary barka özleri dalaş edip, baýlyk gazanmaly we patyşanyň baýlygyna göz gyzdyrmaly däl. Baýlyk hemmeleriň gowy görýän zady. Her kim biriniň gowy görýän zadyna göz gyzdyrsa, duşmançylyk dörär. Akyldarlar şeýle diýýärler: «Soltanlardan peýda talap etmän, peýdanyň serişdelerini soramaly. Meselem, dilegçilikden dynar ýaly hem-de peýda gazanar ýaly baýlyk toplamaga esas bolýan işi talap etmeli. Patyşa nep-peýda berjek bolmaly, ondan peýda aljak bolmaly däldir.

Dördünjisi, baýlykdan we mertebeden maksat – özüňi gurply etmek däl-de, eýsem, patyşanyň bezegi we onuň köşgüniň zynaty bolmakdyr. Beýle häsiýet edeplilige hemradyr we gadyr bilmeklige mynasypdyr, has dogrusy ähli zatlaryň seresidir.

Bäşinjisi, jaý, geýim, iýgi-içgi we ulag ýaly zatlarda ýa-da diňe patyşalara mynasyp zatlarda, olara meňzemekden saklanmaly. Çünki, şu zatlar babatda patyşa meňzejek bolmak edepsizlikdir.

Altynjysy, patyşanyň şerigata ters bolmadyk her bir işini taryp etmelidir.

**Beýt**

Patyşa gündize gije diýende,

«Aý-ýyldyz dogupdyr» diýmeli onda.

Ähli akylly-paýhasly adamlar dünýäde her bir işiň iki ýagdaýdan, ýagny gowy ýa-da ýaman işden daşary däldigini bilýärler. Patyşanyň edýän işi gowy iş bolsa, onda patyşany taryplamaly, eger-de ýaramaz iş bolsa, onda wagty gelende hikmetli sözler bilen oňa ýatlatmaly.

Ýedinjisi, eger soltan emiriň makullamaýan pikirini aýtsa ýa-da onuň halamaýan sözüni sözlese, emir kiçigöwünlik edip, onuň bilen ylalaşmaly. Onuň soltandygyny, özüniň bolsa hyzmatkärdigini hiç-haçan unutmaly däldir. Şeýlelikde, hyzmatkär soltanyň öz pikiri bilen ylalaşmagyny we boýun bolmagyny islemän, eýsem özüniň oňa tabyn bolmalydygyna düşünmelidir.

Sekizinjisi, özüniň patyşa ýakynlygyna we mertebesine gomparyp, patyşanyň sylag-hormat edýändigi sebäpli hetden aşmaly däl. Ibn Mukaffagyň[1] «Edepler» atly kitabynda şeýle diýilýär: «Eger soltan seni dogan saýsa, onda sen ony hojaýyn saýgyn. Eger perzendim diýse, sen özüňi hyzmatkär bil. Ol seni hernäçe beýgeltse, sen şonça-da oňa hyzmatyňy we tagzymyňy artdyr».

**Beýt**

Şa çäksiz mähremlik görkezende-de,
Iz gadyryn bilmelidir bende-de.

Ýene-de bilmeli zat, eger doly ygtyýara we çäksiz güýje eýe bolan bir emir soltanyň perman çykaryşyna we onuň jeza berşine meňzeş bir iş etse, ol patyşa ýaramaz. Patyşa özüniň nägiledigini bildirmese-de, ony ýadyndan çykarmaz.

**Beýt**

Soltan mülkünde bolsaň
etmegin islän zadyň,
Sen şa şärik bolmagyn, oňa gelişmez adyň.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Soltan Mahmydyň dogany köşgüň gulamlarynyň biriniň eden günäsi üçin ony gamçy urmaklaryny buýurýar. Gulam arz-şikaýat bilen Soltan Mahmydyň ýanyna gelýär. Soltanyň buýrugy bilen tebil, dep, nagara, baýdak, at we başga-da soltanlyk esbaplaryny onuň doganynyň öýüne getirýärler. Soltanyň dogany bu ýagdaýy görüp gorkupdyr. Ol aljyraňňylyk bilen derrew Soltanyň köşgüne gelýär we harlyk maňlaýyny edep zemininde goýup:

– Soltanlyk esbaplaryny meniň öýüme iberer ýaly men nähili günä iş etdim, nähili ýalňyşlyk goýberdim?! – diýýär.

Soltan:

– Eger soltanlyk meniň elimde bolsa köşk gulamlaryny tutup, olara gamçy urmak bilen seniň näme işiň bar?! Sen onuň etmişini maňa ýetirmelidiň, men bolsa

[1] Ibn Mukaffag – onuň asly Pars welaýatyndan bolup, ilkibaşda Isa ibn Alynyň kätibi eken. Ol parsça kitaplary arap diline geçiren uly terjimeçileriň biridir. Ol «Anuşirwanyň ahlak täji», «Düzgünnama», «Uly edep», «Kiçi edep» we beýleki eserleriň awtorydyr. Ibn Mukaffag Sufýan ibn Mugawyýanyň öjükdirmegi we Halypa Mansuryň ylalaşmagy netijesinde otuz dört ýaşynda öldürilýär. Onuň ölümi barada dürli-dürli rowaýatlar köpdür.

onuň işini derňäp, hojaýyndan gula we guldan hojaýyna hiç hili adalatsyzlyk edilmez ýaly ýagdaýa serederdim. Haktagala maňa bendelerini tabşyrypdyr. Olaryň jogabyny sen däl-de, men bermeli – diýipdir.

Köp adamlaryň şepagat-rehimdarlyk soramagy bilen soltan Mahmyt doganynyň günäsini geçipdir.

## Mesnewi

Gorkak adamlara ýaraşmaz şalyk,
Şähriýarlara laýyk bu tüýsli gylyk.

Barma şähriýaryň öýnüň öňüne,
Şalaryň işini tabşyr özüne.

Dokuzynjysy, goşunyň işi emirlere degişlidir, emir bolsa leşgeri üpjüp edip, olary mydama söweşe taýýar saklamaklygy soltana ündemelidir. Çünki, älem hadysalar mekanydyr we haçan näme boljagyny we nireden pitne gopjagyny hiç kim bilýän däldir. Eger soltan baýlyk toplamaga meşgul bolup, goşun ýygnamasa, zerurlyk ýüze çykan wagty çykgynsyz ýagdaýa düşer. Baýlyk bilen bilelikde goşun toplamaga hem girişilmelidir. «Patyşalyk goşunsyz bolmaz, goşun bolsa hazynasyz» diýlişi ýaly, ýurduň çäkleri diňe şu iki serişde bilen goralar.

## Beýt

Leşger bilen dünýäni, jahany alyp bolar,
Leşger bolsa, pul-baýlyk
düzüm-düzüm düzüler.

Şeýle rowaýat edipdirler:

Soltanlaryň biri öz emirleriniň biri bilen maslahatlaşyp, oňa:

– Men baýlyk we goşun babatda nähili ýörelgä eýerjegimi bilemok. Eger baýlyk toplasam, goşun dargaýar, goşuny düzgünleşdirsem, baýlyk elden gidýär – diýýär.

Emir:

– Baýlyk topla.

Soltan:

– Leşger dargasa näme bolar?

Emir:

– Eger goşundakylar dargasa, sen olary islän wagtyň pul berip çagyryp bilersiň.

Soltan:

– Bu sözüňe deliliň barmy?

Emir:

– Görşüň ýaly bu boş öýde hiç siňek ýok. Bir gap bal getirdiň – diýýär.

Bal getirensoňlar, birnäçe siňek üýşýär. Emir:

– Meniň sözüme subutnama şudur – diýýär.

Soltana onuň bu pikiri ýaraýar we oňa berekella aýdýar. Soňra soltan başga emir bilen hem bu mesele barada maslahatlaşýar. Emir oňa:

– Leşger topla we olary özüňden daşlaşdyrma. Çünki, olary daşlaşdyrsaň, gerek wagty olaryň häzir boljagy ýa-da bolmajaklary näbellidir – diýýär.

Soltan:

– Bu sözüňe deliliň barmy?

Emir:

– Hawa, bar. Men ony gije size aýdaryn – diýip jogap berýär.

Şol gün gije emir bir tabak bal getirdýär. Emma bir siňek hem peýda bolmaýar. Emir:

– Göwünler bir adamy ýigrense ýa-da garaňkylykda göwni galsa, näçe pul hödürleseň-de, daşyňa üýşmezler. Men bu babatda bir wakany bilýärin – diýýär.

Patyşa onuň gürrüň bermegini isleýär.

Emir şeýle diýýär:

– Müsür ülkesinde bir soltan bolup, ol hemişe baýlyk toplamaga çalyşar eken, leşgerdäkileriň ýagdaýyna asla üns bermez eken. Ol eline düşen her bir puly, baýlygy sandyklara salyp, olary berk goraýar eken. Emma Şam emiri Müsür soltanyna garşy söweşmek üçin leşger toplap başlaýar. Bu habar Müsüre gelip ýetýär. Müsür soltanynyň döwlet sütünleriniň biri soltana: «Şam emiri saňa garşy söweşmäge gelýär. Ol baýlyk toplap leşgerlere berýär. Seniň esgerleriň we leşgeriň nirede?» diýýär.

Patyşa sandyklara yşarat edip: «Meniň esgerlerim pully haltalarda, leşgerim bolsa sandyklarda. Islän wagtym olary çykararyn» diýýär.

Edil şol wagt hem Şam leşgeri onuň üstüne çozup, ondan üstün çykýar we sandyklary ele salyp: «Eger ol şu pullar bilen söweşjeň adamlary terbiýelän bolsady, onda ýeňlişe sezewar bolmazdy» diýipdir.

**Beýt**

Pul bilen goşun-esgeri bolýandyr ele salyp,
Eger-de pul bermeseň,
bilersiň sen şikes alyp.

Onunjysy, patyşalygyň bähbidi üçin daş-töwerekden habar toplar ýaly jansyzlary we habarçylary bellemelidir, her tarapdan pitne gopsa, ony ýatyrmaga çalyşmalydyr.

Şeýle hekaýat edýärler:

Fahreddöwle Deýlemliniň emirlerinden bolan Sahyp ibn Abbat köp wagtyny Şirazda geçirýärdi. Ol bir gezek üç günläp patyşanyň huzuryna gelmeýär. Dördülenji gün irden patyşanyň ýanyna gelýär. Fahreddöwle ondan üç günläp gelmändiginiň sebäbini soraýar. Sahyp oňa:

– Iňki gün biziň jansyzymyz Hytaý ülkesinden geldi. Ol Hytaý hanynyň öz ýatylýan otagyna giden mahaly döwlet sütünleriniň birine sala salyp, bir söz aýdandygy baradaky habary getirdi. Men üç günden bäri onuň näme aýdandygy barada oýlanyp, leşger taýýarladym we ony dep etmekligiň çäresini gördüm. Emma şu gün irden bir adamymyz gelip, onuň leşger toplap, öz ýurdunyň bir ýerine ibermekçi bolýandygyny aýtdy. Şondan soň arkaýyn bolup, huzuryňyza geldim – diýýär.

Emirlerdir wezirleriň soltanlaryň aladalaryny etmekleri gör nä derejede eken. Hytaý nirede, Şiraz nirede?! Iňki baplarda habarçylardyr jansyzlar barada gürrüň edilipdi.

**Kytga**

Ýurdy zabt edip almak, bilseň saňa degişli,
Çar ýanyňdan ägä bol işiňi bek etmekde.

Musallat tygy bilen kesgin pitne başyny,
Galkan bol halka bela okuny dep etmekde.

On birinjisi, emirler ýürek dertlerini adalatlylyk şypahanasynyň tebibine aýdyp, maksat-myrat şerbetini içer ýaly garyplary soltanyň dergähine ýetirmäge serişde, ejizlerdir sütem çekenleri patyşanyň huzuryna eltmäge goldaw bolmalydyr. Eger halk emirden howp edip, soltanyň hyzmatyna we huzuryna baryp bilmeýän bolsa, onda ol ýagdaý şu tymsala, ýagny dury suwly köl bolup, onda-da bir uly läheň ýatana, şol suwa mätäç teşneler bolsa, şol läheňden howp edip, suwuň ýanyna baryp bilmeýän ahwalata meňzeýär.

### Kytga

Ygtyýaryň barka kömek etginiň,
Bolsunlar derwüşler senden arkaýyn.
Jepa eli bilen gamyň astynda,
Depgisi bolmagyn aýak astynda.

On ikinjisi, sen özüňden ýokardakylaryň özüň bilen nähili gatnaşyk etmeklerini isleseň, golastyňdakylar bilen edil şonuň ýaly gatnaş. Hadysy şeripde: «Rehimli bolmadyga rehim edilmez» diýilýär. Ýene bir hadysda: «Izüňizden kiçilere geçirimlilik ediň, şonda sizden ýokardakylar size-de merhemet eder» diýilýär.

### Nazm

Gamyny iýginiň golastyndakyň,
Zeberdesliginden çekingin döwrüň.
Senem olar bilen şeýle gatnaşgyn,
Şeýle bolmaklygy islese göwnüň.

## Wezirleriň düzgünleri we borçlary

Wezirleriň düzgünleridir borçlary beýleki döwlet sütünleriňkiden has köpdür. Soltanlaryň köşgünde wezirlik derejesinden kyn iş ýokdur. Bu derejä göriplik edijiler köpdür. Oňa göriplik edýänler köplenç köşkdäkilerdir, ylaýta-da, derejede we işde wezirler bilen paýdarlar we şärikdeşlerdir. Olar mydama onuň wezipesine tama edýärler we mekir-hile duzaklaryny gurup, wezirleri halas bolup bilmejek duzaklara düşürmekligiň pursatyny gözleýärler. Şeýlelikde, onuň üçin dogruçyllykdan we hantama bolmazlykdan gowy çäre ýokdur. Ol öz sözüne barmak çommaltmazlary üçin wezirlik şertlerini we dessurlaryny doly we birkemsiz ýerine ýetirmelidir. Akyldarlar şeýle diýipdirler: «Her kim öz işini arassalyk we halallyk bilen etse, aýyp gözleýjiler tutaryk tapmazlar».

Büzürgmehrden kimiň wezirdigi barada soranlarynda, ol:

– Dördi, üçi, ikisi we biri bar bolan adam – diýipdir. Ondan giňişleýin düşündirmegini sorapdyrlar. Ol:

– Dördüň birinjisi, işleriň soňlanyşy barada oýlanmak üçin hüşgärlik, ikinjisi, wagty gelmezden özüni heläkçilige salmaz ýaly oýalyk, üçünjisi uly işleri etmekde batyrgaýlyk, dördünjisi bolsa jomartlykdyr. Emma ol üçüň birinjisi hyzmatkär-

lerden ýagşy iş gören dessine onuň muzdy hökmünde ony eziz görmek, ikinjisi patyşanyň permanyndan çykýan kişilere temmi bermek, üçünjisi döwrüň hadysalaryna garşy taýýar bolmakdyr. Ol ikiniň birinjisi patyşanyň derejesini saklamak, ikinjisi raýatdan bihabar bolmazlykdyr. Ol bir bolsa hiç halda Haktagalany unutmazlykdyr – diýipdir.

Hadyslaryň birinde şeýle diýilýär: «Eger Allatagala bir hökümdara ýagşylyk etmek islese, onda oňa ýadyndan çykan adalatlylyk ýörelgelerini ýatladyp, olary amala aşyrmakda kömekçi bolar ýaly ýagşyzada we dogruçyl wezir berer. Emma Allatagala bir hökümdara erbetlik islese, oňa ýatdan çykaran adyllyk däplerini ýatlatmaýan we olary ýöretmäge ýardamçy bolmaýan ýaramaz wezir berer». Şeýlelikde, dogruçyllyk we halallyk sypaty bilen wasp edilen wezir adyllyk we ýagşylyk sütünlerini gurmakda soltanlara medetkärdir.

**Mesnewi**

Garyplara rehim eden wezirler,
Bular patyşanyň şamçyraglary.

Wezir zalymlygyň ýoluna düşse,
Heý ondan soltanyň ady galarmy?

Wezirligiň umumy şertleri on dokuz sanydyr. Olar şulardyr:

Birinji, Hakyň öňündäki borçlaryny berjaý etmek. Bu häsiýet ähli zatlardan ýokarydyr. Çünki, her kim Hakyň öňündäki borçlaryny berjaý etse, öz-özüne hakykat gözi bilen seredip biler we ýaramaz işlerden gaça durar.

Ikinji, zulum-sütem bolmaz ýaly şanyň, goşunyň we halkyň hukuklaryny saklap, hiç tarapa meýil etmeli däldir. Bu wezirlik wezipesinde iň kyn we inçe işdir.

Üçünji, soň puşman edip, hasrat elini haýran galyş dişi bilen dişlemez ýaly, etjek işiniň soňy we netijesi barada çuňňur oýlanmalydyr.

**Mesnewi**

Işe başlan wagtyň oýlangyn ilki,
Şonda netijesin bilersiň belki.

Bähbidi bar bolsa, onda başlagyn,
Peýdasy ýok bolsa, ony taşlagyn.

Dördünji, gowy ýörelgeleri we däp-dessurlary ýola goýmalydyr. Hadyslaryň birinde şeýle diýilýär: «Her kim gowy ýol we ýagşy ýörelge goýsa, oňa bu işi üçin bu ýörelgä eýerýänleriň ählisiniň sogabyndan köp sogap berler. Emma bir adam ýaramaz dessur we erbet ýörelge goýsa, oňa eden işiniň günäsi bilen birlikde oňa eýerýänleriň ählisiniň günäleri ýöňkeler».

**Rubagy**

Meşgul bolan adam eý, şalyk işe,

Isleseň özüňe yzzat hemişe –
Döwür kitabyna bir sahypa ýaz,
Hakam, halkam bile çyksyn ýörişe.

Bäşinji, patyşalyk işlerinde özüniň ökdeligini we ussatlygyny görkezmelidir. Wezirleriň döwlet işlerini ýöretmekdäki ussatlyklaryny ýazyp gutaryp bolmaz.

Şeýle hekaýat getiripdirler:

Azudeddöwle Äli Buýe nesilşalygyndaky patyşalaryň biriniň weziri bolan Abu Aly Hyzrydan ynjapdyr hem-de oňa bir adamdan bir ýalaňaç gylyç iberip: «Ony weziriň öňünde goý» diýipdir. Ilçi onuň diýşi ýaly edýär, ýöne hiç zat diýmeýär. Wezir bolsa ilçiniň öňünde bir galam goýup: «Ine, seniň jogabyň» diýýär. Soňra wezir işe girişip, hatlar ýazyp, onuň döwlet sütünlerini özüne çekýär. Şeýdip, Azududdöwläni tutýarlar we ähli ýerlerini öz patyşalarynyň ýurduna goşýarlar.

**Beýt**

Hikmetli gözleýiş şalaryň işi,
Wezir pikri bilen rowaç güýji.

Altynjy, soltanyň patyşalyga we hazyna peýdasyz pikirine razy bolmaly däldir. Ýöne ony mejlisde aýdyp, hemmeleriň ýanynda ony tankytlamaly däl. Çünki, patyşanyň aýdan sözi dagdan inip gelýän sil ýalydyr, ony birden başga tarapa sowjak bolsaň, heläkçilige uçrarsyň. Emma ony ilki ugurtapyjylyk we ätiýaçlyk bilen bir tarapyna gum üýşürip, başga tarapa akdyryp bolar. Şonuň ýaly-da, eger patyşanyň pikiri ýaramaz we nädürs bolsa, onda buýrukdyr gadagan etmek bilen däl-de, mylaýymlyk, ugurtapyjylyk we ýalbarmalar bilen ýaramaz pikiri oňa aýdyň görkezip, beýle işiň erbet netijesi barada düşündirip, ýuwaş-ýuwaşdan hiç kimiň ýok wagty mysallardyr hekaýatlar bilen duýduryp, her hili usul bilen beýle pikirden döndermeli.

**Nazm**

Ugurtapyjylyk, mähremlik bilen,
Şalaryň pikirin üýtgedip bolar.

Egerde aýdaýsaň gödeklik bilen,
Onda pikirinden dänmezler olar.

Şonuň üçin ilki mydar ýagşydyr,
Soňra çäre tapmak pursaty geler.

Ýedinji, öz derejesine, mertebesine we patyşa ýakynlygyna buýsanmaly däldir. Çünki, soltanlaryň tebigaty suw ýa-da ot ýaly bolup, ynam edere mynasyp däldir. Her bir işiň soňunyň bardygyny we her bir döwlet güneşiniň ýaşýandygyny bilmelidir. Bir akyldardan:

– Näme üçin özüňe köşk gurmaýarsyň? – diýip soranlarynda, ol:

– Bu şäherde iki köşk bar. Biri işleýän ýerim bolan diwan köşgi, beýlekisi bolsa ahyrynda azat boljak ýerim bolan beden zyndanym – diýip, jogap beripdir.

**Beýt**

Näz etmek ýaraşmaýar bu amanat ykbala,
Gözüň açyp-ýummankaň bary gidipdir ýele.

Sekizinji, pursaty elden bermän, ýagşylyk we haýyr-yhsan etmelidir.

**Nazm**

Döwür şerapçynyň synlasaň egri eli,
Döwletlilik şerbetine zäher goşmanka weli

Bu telpekdir selläňi kelläňden aýryp biler.
Jan edip ol ýüregiň eline aljak bolar.

Ondan daş dur,

bu kelle mydam saňa tapylmaz,

Bu ýüzüň hem hemişe aý ýaly bolup galmaz.

Dokuzynjy, mätäçleriň we umyt baglaýanlaryň hajatlaryny bitirmekde dynuwsyz tagalla etmelidir. Ol şalaryň hajatlaryny bitirmekdir. Möminleriň emiri hezreti Hasan (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Bir mömin kişiniň hajatyny bitirmegi ýetmiş ýyl ygtykaf[1] oturmakdan hem ýokary görýärin». Hezreti Danyýal pygamberden rowaýat etmeklerine görä, ol: «Men adamlaryň hajatlarynyň bitmegi üçin ençeme ýyllap patyşanyň üzeňňisini saklap geldim» diýipdir. Köp öwlüýäler we akyldarlar hem şeýle ýörelgä eýeripdirler we patyşalaryň hyzmatyny ygtyýar edipdirler.

Ýatan ýeri ýagty bolmuş, bir uly şyh bir gün musulmanlaryň işi üçin ýetmiş gezek Azudeddöwläniň ýanyna barýar, emma işi bitmeýär. Ahyry Azudeddöwle:

– Eý, şyh! Sen geň adam, şunça geldiň, işiň bitmedi, şonda-da heniz hem gelip ýörsüň, el çekeňok – diýipdir.

Şyh oňa:

– Eý, patyşa! Meniň işim bitdi, çünki, meniň niýetim Allanyň razylygydy. Men Allanyň şu gatnawlarymdan razydygyny bilýärin, emma seniň işiň bitmedi. Sen musulmanlaryň kynçylyklaryna üns bermediň we mätäçleri näumyt etdiň hem-de tä döwlet eýeleriniň başgalaryň işlerini bitirýänçä, öz işleriniň rowaç tapmajakdygyny bilmediň – diýipdir.

**Beýt**

Sen mätäç derwüşiň islegin bitir,
Ondan öz işiňe bitmeklik ýeter.

Azudeddöwle düşünip, köp aglaýar we şyhyň ýumşuny bitirýär.

**Beýt**

Adamlaryň işini bitirmäge talaş et,
Allanyň işiň bitirip, eder saňa sahawat.

Onunjy, soltanyň ýagşylygy hemmelere ýeter ýaly ony haýyr işe ündemelidir. Aýtmaklaryna görä, bir Atabegiň weziri patyşanyň baýlygy bilen köp ýagşylyk edýän eken. Atabeg müstewfä[2]: «Mundan beýläk birine ýer-mülk ýa baýlyk berseň eliňi keserin» diýýär. Şondan soň bir gün bir derwüş wezirden bir zat dileýär. Wezir müstewfä:

– Pylan zatlary onuň eýeçiligine geçir – diýýär.

Müstewfi biraz oýlanýar. Wezir:

– Nämä oýlanýaň, eliňi keser öýdüp gorkýaňmy, meniň seni asjakdygymdan gorkaňokmy? – diýýär.

[1] Ygtykaf – Allatagala gulluk we Oňa zikr etmek üçin zerur iş bolmasa, çykman metjitlerde oturmak.
[2] Müstewfi – hasapçy, baş hasapçy.

Bu habar Atabege ýetýär. Ol weziri çagyryp:

– Müstewfini näme üçin asjak bolýarsyň? – diýýär.

Ol:

– Men seniň döwlet çadyryň tanapyny dowamatlyk çüýi bilen berkitjek boldum, emma ol päsgel berdi – diýýär.

Atabeg aglap, weziri beýgeldýär we oňa don-halat ýapýar.

Taryhy wakalar ýazylan kitaplarda şeýle diýilýär:

Ýurt sütünleri soltan Mälik şa garap:

– Hoja Nyzamylmülk her ýyl hazynadan ýüz müň dinar alyp, alymlara, ýagşyzadalara, garyplara, takwalara we terkidünýälere paýlaýar. Emma size ondan peýda ýok. Şol pul bilen güýçli leşger düzüp bolardy – diýýärler.

Soltan bu gürrüňleri Nyzamylmülke ýaňzydanda, ol:

– Dogry aýdýaň, şol pul bilen duşmanlary özleriniň bir gez uzynlykdaky gylyçlary we üç ýüz gez uzynlyga atylýan peýkamlary bilen bilelikde dep edýän gazaply goşuny düzüp bolýar. Emma men seniň üçin şol zerler bilen tä ir agşamdan daňdana çenli Allanyň dergähinde yhlas we wepalylyk bilen durup, seniň üçin doga-dileg dilini we hajat elini asmana uzadýan, hümmet gylyçlaryny buluda ýetirýän, ahy-nala edip, Hakdan ýalbaryş peýkamlaryny ýedi gat asmanyň galkanyndan böwsüp geçirýän leşger düzýärin. Hakykatda siz hem, biziň ählimiz hem olaryň penasyndadyrys – diýýär.

## Beýt

Diýme indi:

«Derwüşe düşýär kimiň penasy»,

Derwüşiň penasynda, çünki jahanyň şasy.

Mälik şa aglap:

– Berekella, oňarýaň, mundan beýläk hem meniň üçin beýle leşgeri has köpräk häzirle – diýýär.

On birinji, öz wezipesiniň gadyryny bilmeli we ondan ýerlikli peýdalanmalydyr. Iş etmekde we dostlaryny maksat-myratlaryna ýetirmekde jan çekmelidir we hiç kime azar-ezýet bermeli däldir. Bolmasa, onuň bu işi elinden gitse, soňra diňe hasrat we ökünç galar.

## Beýt

Nepli zady bilmediň

başarýan wagtyň, geňlik,

Bilen wagtyňda bolsa ýok sende başarjaňlyk.

Aýtmaklaryna görä, bir uly adam wezipesinden boşadylansoň, dat-perýat edip aglar eken. Ondan:

– Seniň ýaly uly adamyň işden çykarylandygy üçin beýle nalyş etmegi rowamydyr? – diýip soraýarlar.

Ol bolsa:

– Men işden çykarylandygym üçin nalyş etmeýärin. Çünki, her bir işde kowulmagyň ähtimallygynyň bardygyna düşünýärin. Men birine ýagşylyk eden bolsam:

«Käşgä, oňa köpräk ýagşylyk etsedim» diýip aglaýaryn we işde wagtym birine ýamanlyk eden bolsadym: «Käşgä oňa ýamanlyk etmedik bolsadym» diýip nalyş edýärin – diýip, jogap beripdir.

**Beýt**

Ýagşylyk ýamanlygyň ahyr bererler muzdun,
Käşgä, hemmelerden köp
men ýagşylyk etsemdim.

On ikinji, halkyň ýüz tutmasyndan we gelim-gidiminden bizar bolmaly däldir. Halk bilen duşuşansoň, olary näumyt etmeli däl we adamlaryň ygtyýar eýeleriniň hyzmatkäridiklerine düşünmelidir. Şonuň üçin wezipelilere halk bilen hyzmatdaşlyk etmekden başga çäre ýokdur.

Şeýle hekaýat edýärler:

Pazl ibn Sähl wezirlik döwründe bir ýakyn adamsyna:

– Men adamlaryň gelim-gidiminden we adalatlyk isleýänler bilen gürleşmekden halys ýadadym – diýýär.

Ol adam:

– Eý, wezir! Belentlik ýassygyňy arkaňdan al, wezirlik derejäňi taşla we ony maňa tabşyr, şonda hiç kim seni ynjytmaz we hiç kim saňa iş bilen ýüz tutmaz – diýýär.

**Beýt**

Bolan wagty oň elinde ygtyýar,
Halk gelýärdi ýanyna biygtyýar.

Eger ygtyýary gidäýse elden,
Näme üçin adamlar onuňka gelsin?

On üçünji, çyn we hakyky dost-ýarlary tapmalydyr. Ähli baýlyklardan we nygmatlardan – agzybir we ýardamçy dost gowudyr. «Çyn dost arassa tyllaly hazynadan hem ýagşyrakdyr» diýipdirler.

On dördünji, haýyn hem zalym emeldarlardan gapyl galman, olaryň boluşlaryny we özlerini alyp baryşlaryny yzygiderli yzarlap derňemelidir. Azar beriji zalymlary halka musallat etmeli däldir. Eger olardan biriniň sütem ýa-da hyýanat edenligi belli bolsa, onda başgalara ybrat bolar ýaly oňa jeza bermelidir, olary jezalandyrmakda asla gowşaklyk etmeli däldir.

On bäşinji, emeldarlardan para almaly däldir. Çünki, özgelerden para almaýan adam başga birine para berip bilmez. Şonuň üçin eger wezir para almaga başlasa, beýleki emeldarlara-da para almaga rugsat berdigidir. Para almak hem, para bermek hem haramdyr. Mundan başga-da para alan para bereniň hyzmatkäri bolýar. Beýle peslik wezire ýaraşmaz.

On altynjy, eger bir göribiň mekirliginden we bir arabozaryň hilegärliginden ýa-da bir dawaçyl adamyň ýaman işlerinden habarly bolsa, özüni olardan wehim etmeýän ýaly görkezmelidir. Olaryň göripçilik sözlerine tassyklama bolar ýaly, soltanyň huzurynda ýamanlanýan adamlara bolan gaharyny we kinesini görkezmeli däl. Eger jedelleşmeli, sorag-jogap alyşmaly bolsa, sabyrlylyk we agraslyk bilen

jogap bermelidir. Gowşaklyk etmeli däl, çünki üstünlik mydama sabyrlylygyň tarapynda bolar.

On ýedinji, özüni soltana onuň kiçijik yşaraty bilen ähli mal-mülküni bagyş etjek adam edip görkezmelidir. Eger ol şeýtse, patyşanyň hantamaçylygyndan amanda galar. Çünki patyşa onuň mal-mülküni özüniňki ýaly hasaplap, oňa gol uzatmaz.

On sekizinji, bir kişä gowy oýlanyp, iş tabşyrmaly hem-de ony birnäçe gezek synap görmän, oňa ynam etmeli däldir. Ýogsa, ahyrynda öküner we şermende bolar.

*On dokuzynjy*: Girişmek aňsat, emma ondan çykmak kyn bolan işlere başlamaly däl. Çünki akyldar şeýle diýipdirler:

Girişjek işiňi ilki seredip,
Giriş – soňra çykar ýaly ýer edip.

## Galam eýeleriniň düzgünleri we borçlary

Galam eýeleri, ýagny kätipler soltanyň ygtyýarynda bolup, olara hat-petekler diwany degişlidir. Olar ynamdar, amanatdar, ökde, hoşgylyk, düşbi we dürli ylymdan habarly adamlar bolmalydyr. Hekim Arastudan:

– Patyşanyň hajyby gowumy ýa kätibi? – diýip soranlarynda, ol:

– Hajyp patyşanyň bir kiçi bölegi, emma kätip onuň esasy bölegi. Eger kätip mynasyp we iş başarjaň bolsa, ajaýyp işler amala aşar – diýip, jogap beripdir.

Aýtmaklaryna görä, Eýran patyşalarynyň biriniň şeýle bir däbi bolupdyr. Olar söweşlerde leşgeriň ökde söweşijilerden bir toparyna gara eşik geýdiripdirler. Söweşiň gyzyp başlan wagty patyşanyň buýrugy bilen gara eşikliler öňden gider ekenler we şeýdip, söweşde üstünlik gazanar ekenler. Günleriň bir güni Turan şasy elli müň adamly goşuny bilen hüjüm edýär. Iki leşger biri-birleriniň öňünde hatar düzýärler. Eýran patyşasy özüniň birnäçe söweşjeň serkerdeleri bilen bir depä çykyp, duşmanyň taýýarlygyny we olaryň köplügini görüp, ol gün söweşmekden el çekmekçi bolýar. Şol sebäpli ol öz eli bilen bir kagyza: «Gara eşikliler yza çekilsinler» diýip buýruk ýazýar. Kätip akylly-parasatly adam bolansoň, leşger bu gün yza çekilse, duşmanyň güýçlenjekdigini bilýär. Ol birden üstün çykaýmaklaryny aňyp, galamyny çykarýar we «Syýahdaran» sözüniň aşagynda ýene bir nokat goýýar[1]. Şeýdip, «syýahdaran» («gara eşikliler») sözi «sypahdarana» («serkerdelere») öwrülýär. Bu buýruk leşger emirleri bolan serkerdelere ýetende, olar goşundyr kömek ýetendir öýdüp, uly ynam bilen leşgeri öňe sürüp, özleri yzdan hüjüme girýärler. Duşman leşgeri bu gaýduwsyzlygy we edermenligi görüp ýeňilýär, gara eşiklileriň kömegi bilen iş bitýär. Kätip ýagdaýy patyşa düşündirýär. Patyşa oňa minnetdar bolup, sylag-serpaýlar ýapyp: «Kätip bir nokat bilen elli müň adamy dargadyp bilýän adam bolmaly» diýipdir.

Ýene-de kätipler barada şeýle hekaýat getiripdirler:

Bir patyşa başga bir patyşa: «Sen özüňi maňa urmazyňdan öň, men özümi saňa urduraryn» diýip hat ýazypdyr. Döwlet sütünleri bu hatyň jogabyna näme ýazjaklaryny bilmän çykgynsyz hala düşüpdirler. Soltanyň kätibi parasatly we ugurtapyjy adam eken. Ol:

[1] Pars dilinde «ý» harpy bilen «p» harpy diňe bir nokat bilen tapawutlanýar. Ýagny «ý» harpynyň aşagynda iki nokat «p» harpynyň aşagynda bolsa üç nokat bar.

– Men siziň hemmäňiziň göwnünden turar ýaly jogap ýazaryn – diýip: «Men hem, sen hem çüýşe bilen daş ýalydyrys. Isle daşy çüýşä ur, isle-de çüýşäni daşa»[1] diýip ýazypdyr. Bu jogap ähli döwlet sütünlerine ýarapdyr.

[1] Bu ýerde «men çüýşe, sen daş» diýen manyny aňladýar.

**Beýt**

Ylym hem ussatlyk bilen ýazylan söz,
Paýhasla makuldyr, oňat bilýäs biz.

## Emeldarlaryň edepleri we borçlary

Emeldarlar wezirlere degişlidir. Emeldarlar hoşgylyk we asylzada bolup, baýlyk üçin hars urmakdyr hantamaçylykdan daşda bolmalydyrlar. Anuşirwan Adyl şeýle diýipdir: «Emeldar hem sahy hem gysganç bolmaly, ýagny ýagşy işlerde elini açyp, hyýanatçylykly işlerde elini ýapmaly. Mundan başga-da ýaramaz düzgünleri we erbet ýörelgeleri ýola goýmaly däldir. Çünki, bu işler hem patyşany betnam eder hem-de özi halkyň käýinjine we näletine duçar bolar».

Şeýle hekaýat edýärler:

Bir gün bir wezir emeldarlaryň birini bir ýere iberipdir. Birnäçe gün geçensoň, emeldar wezire: «Eger pylan iş etsem, köp altyn-zer alyp bolýar» diýip, hat ýazýar. Wezir oňa: «Emeldarlaryň bazarlarynyň biziň ýanymyzda gadyr-gymmaty ýokdur, olaryň dilleri lal, elleri bolsa gysgadyr. Bäş günlük bellenilen işiňde biziň betnamlygymyza we özüňüň näletdir gargyşa sezewar edilmegiňe sebäp bolaýma?» diýip, jogap beripdir. Mundan başga-da emeldar «Patyşa, wezir ýa-da emir özünden razy we hoşnut bolsa raýatdan gorkup oturasy iş ýok» diýip pikir etmesin. Çünki, birnäçe müň duşmany bar bolan adam rahat bolmaz. Emma halk ondan razy bolsa, onda patyşanyň öňündäki işleri-wezipeleri ýeňilleşer.

Rowaýat etmeklerine görä, halypalaryň biri bir emeldary bir wezipä belleýär. Ol köp gowy ýörelgeleri aýryp, ýaramaz däpleri goýup, ummasyz baýlyk toplap, ahyry halypanyň huzuryna gelýär. Halypa oňa gaharlanyp, baýlyklaryny döwletiň haýryna geçirip, ony zyndana taşlaýar. Soňra zyndandan çykaryp, oňa öňki işine çykmaklygy hem-de geçen on-on bäş ýylyň girdeýjisini getirmekligi buýurýar. Emeldar haýran galyp, bu barada bir akyldar bilen maslahatlaşýar. Akyldar oňa:

– Kabul et, gorkuly zat ýok. Bu ýyl gowy ýörelgeleri goý we erbet däpleri aýyr, halkyň razylygyny gazan we derwüşlere mähremlik görkez. Meniň diýenimi et, şonda saňa hiç zyýan ýetmez – diýýär.

Ol gidip, akyldaryň aýdyşy ýaly edýär. Bir ýyl geçensoň, haçanda ol gaýdyp gelende, bir ýylyň girdeýjisini doly getirip bilmeýär. Muňa garamazdan, halypa oňa mähribanlyk we rehimlilik görkezýär. Emeldar akyldardan:

– Geçen ýyl köp pul-girdeýji getirdim, emma jeza duçar boldum. Bu ýyl hazynany dolduryp bilmedim, emma ýagşylyk we mähremlik gördüm. Bularyň sebäbi näme-kä?! – diýip soraýar.

Ol:

– Ilki näçe müň adam saňa duşmandy. Şonuň üçin erbet netije berdi. Emma bu ýyl şonça adam seniň şepagatçyň. Bu bolsa gowy miwe berdi – diýip, jogap beripdir.

**Beýt**

Bu geçiji ekin meýdanynda
goýma erbet adyňy,
Orarsyň döwrüň oragy
bilen sen öz eken zadyňy.

## Nedimleriň edepleri we borçlary

Nedimler soltan bilen söhbetdeş bolup oturmak bagtyna ýetendikleri üçin olar edeplilik we hormat däplerini berjaý etmekde elde baryny etmelidirler. Nedimler patyşa nämäniň ýaraýandygyny, nämäniň bolsa ýaramaýandygyny bilmelidirler. Olar özleri zyýan çekýän bolsalar-da, soltanyň göwnünden turýan zatlary oňa bagyş etmelidirler. Nedim Allanyň bendeliginde we soltanyň hyzmatynda öz hakyndan-paýyndan geçmekden gowy zadyň ýokdugyna göz ýetirmelidir. Eger ol soltan bilen amala aşyrylan her bir işde ýa-da edilen her bir gepleşikde öz bähbidinden geçip, patyşa peýdaly bolar ýaly elde baryny etse, onuň gowy netijesi köp bolar we bu hereketiň peýdasy ýene-de özüne gaýdyp geler. Nedim turuwbaşdan öz paýyny-hakyny almagyň ugrunda gezse, onda onuň işleri nogsanlykdan başga zat bolmaz. Soltanlaryň ygtyýarlarynyň giňdigi we güýç eýeleridikleri üçin nedim özi hakly bolsa-da, soltana gep gaýtarmaly däldir. Eger birden ýalňyşyp, säwlikden aýdaýsa-da, hatda olar soltana ýeten hem bolsa ony aýdandygyny boýun almaly däldir. Çünki, ykrar bilen inkär etmäniň arasyndaky tapawut uludyr. Eger patyşa bilen aralarynda bir ýaramaz iş bolsa we ol işiň aýyby ikisine-de ýetse, onda şol aýyby özüne alyp, patyşanyň durkuny aýypdan päklemelidir. Soltan päklenensoň, ol her hili ugurtapyjylykdyr hile bilen ol aýyby özünden aýyrmalydyr. Patyşalaryň huzurynda aman galar ýaly gözleri, elleri, ýüregi we dili bilen onuň permanyny berjaý etmelidir.

## Rubagy

Iki gulak bilen hem sen şa gulak germeli,
Berýän ähli permanyn gözle doly görmeli.
Ýagşylygy hemişe wasp etmeli dil bilen,
Ýamanlykdan ýüregi, gözi saklap durmaly.

Asmagy şeýle diýýär: «Bir gün halypalaryň biriniň ýanyna bardym. Ol tagtda otyrdy we takmynan bäş ýaşly gyz hem onuň ýanyndady. Halypa maňa: «Bu gyzyň kimdigini bilýäňmi?» diýdi. Men: «Bilemok» diýdim. Ol: «Bu gyz meniň oglumyň gyzy, gel, onuň kellesinden ogşa» diýdi. Men näme etjegimi bilmedim. Eger buýrugyny ýerine ýetirmesem, maňa jeza bermegi mümkin, eger ýerine ýetirsem, namysjaňlyk edip meni ynjytmagy mümkin. Garaz, men ýeňimi gyzyň kellesinde goýup aýyrdym we ýeňimi ogşadym. Ol meniň bu edeplilik hereketimi halady we: «Eger başga zat eden bolsaň dirilik nygmatyndan mahrum galardyň» diýip, müň dinar peşgeş berdi. Men şol kynçylykdan halas bolandygymyň şükranasyna ol dinarlary sadaka berdim».

Nedimleriň edebi barada şeýle hekaýat getiripdirler:

Patyşalaryň biriniň diýseň owadan hyzmatkäri bar eken. Bir gün patyşa nedimine:

– Bu ýaş oglan örän owadan we özüne çekiji – diýýär.

Ol:

– Hawa, owadan, enaýy we syratly – diýýär.

Patyşa:

– Sen ony gowy görýäňmi?

Ol:

– Ýok.

Patyşa:

– Näme üçin?

Ol:

– Men patyşanyň gowy görýänini gowy görer ýaly kimdirin! – diýýär.

Soltana onuň bu edebi ýaraýar, onuň bu sözüni halaýar we onuň derejesini beýgeldýär.

## Kytga

Edepden sermaýasy bolsa eger her kimiň,
Onuň uly derejä ýetmegi geňlik däldir.
Kem däldir edeplilik asla asyllylykdan,
Edeplilik asylly hem iň gowy bir ýoldur.

Bu bap uzaga çekensoň, edeplilik ýörelgesi bu beýan ediş düşegine mundan artyk gadam goýmazlygyny we bu kitabyň döwrüň şasynyň döwletiniň dowamat bolmagy barada dileg edilip gutarylmagyny talap edýär.

## Beýt

Gürrüňiň meýdany giň, ol göwnümiň halany,
Doga-dilegler bilen tamamlaýan namamy.

Eý, Alla, tä çarhypelek belentde durup, akyldarlara ylym-bilimleri üçin hormat goýlup ýörülse, bu älem bezeýji beýik şazadanyň pasyrdap duran tugunyň bezegi we jahany bezeýji baýdagynyň ýagtylygy, tä zamana soňlanýança pasyrdap, ýalpyldap dursun we onuň azamat ýyldyzy, haýbat we ululyk at-owazasy dünýäde ýeňiş hem üstünlik getirsin!

**Mysrag**

«Bu doga jümle-jahandakylar
«Ämin» diýsin!».

Hikmet syrlaryny we döwlet eýeleriniň ýol-ýörelgelerini öz içinde jemleýän bu kitap soňlandy. Alyhezretiň mübärek adyna bagyş edilen bu kitabyň adyndan onuň ýazylyp gutarlan senesini hem bilip bolýar.

**Kytga**

Diýdim galama bakyp:
«Baş bilen gadam goýduň,
Seniň gadamyň bilen nurlandy
söz gözi, söz».
«Muhsynynyň ahlagy» bu gün tamama geldi,
«Aklaky Muhsynydan»[1] onuň senesini ýaz.

[1] Arap-pars elipbiýindäki her bir harp belli bir sanyň mukdaryny aňladyp, oňa ebjet hasaby diýilýär. Bu ýerde «Ahlaky Muhsyny» («Muhsynynyň ahlagy») diýen jümle ebjet hasabyndan hasaplananda şeýle sanlar emele gelýär: A (elip)=1, h (hi)=600, l (lam)=30, a (elip)=1, k (kaf)=100, m (mim)=40, h (he)=8, s (sin)=60, n (nun)=50, ý (ýä)=10. Ïemi 900; diýmek ýazar bu kitabyny 900-nji hijri-kamary, ýagny 1494-nji milady ýylynda ýazypdyr.

# MAZMUNY

Giriş ........................................................................ 3
1-nji bap: Ybadat. ..................................................... 15
2-nji bap: Yhlas. ....................................................... 18
3-nji bap: Doga-dileg we mynajat etmek. .................. 20
4-nji bap: Şükranalyk. ............................................... 24
5-nji bap: Sabyrlylyk. ................................................ 30
6-njy bap: Razylyk. ................................................... 34
7-nji bap: Töwekgellik. ............................................. 36
8-nji bap: Haýalylyk. ................................................ 39
9-njy bap: Päklik........................................................ 47
10-njy bap: Edeplilik. ................................................ 49
11-nji bap: Belent hümmetlilik.................................. 53
12-nji bap: Tutanýerlilik............................................ 58
13-nji bap: Tagalla etmek we janypkeşlik................................................................. 61
14-nji bap: Berklik...................................................... 68
15-nji bap: Adalatlylyk............................................... 73
16-njy bap: Geçirimlilik. ........................................... 104
17-nji bap: Sabyr-takatlylyk. .................................... 111
18-nji bap: Hoşahlaklylyk we mylaýymlyk. ............................................................ 119
19-njy bap: Mähribanlyk we rehimdarlyk.............................................................. 127
20-nji bap: Haýyr-yhsanlylyk.................................. 135
21-nji bap: Sahawatlylyk we ýagşylyk.................... 144
22-nji bap: Pespällik we hormat-sarpa. .................... 170
23-nji bap: Amanatdarlyk we takwalyk. .................. 181
24-nji bap: Wepadarlyk. ........................................... 190
25-nji bap: Dogruçyllyk. .......................................... 201

26-njy bap: Hajatlary bitirmek. ................................ 206
27-nji bap: Alňasamazlyk we oýlanmaklyk. ........................................................ 210
28-nji bap: Maslahatlaşmak we ugurtapyjylyk........................................................ 217
29-njy bap: Iňdengörüjilik....................................... 226
30-njy bap: Batyrlyk. ............................................. 232
31-nji bap: Gaýratlylyk. .......................................... 252
32-nji bap: Syýasatlylyk......................................... 265
33-nji bap: Hüşgärlik we habardarlyk..................... 277
34-nji bap: Parasatlylyk........................................... 296
35-nji bap: Syrlary gizlin saklamak. ........................ 309
36-njy bap: Wagtyň gadyryny bilmek we ýagşy at galdyrmak. 314
37-nji bap: Hak-hukuklary we borçlary ýerine ýetirmek. 326
38-nji bap: Ýagşyzadalar bilen söhbetdeşlik. ........................................................ 359
39-njy bap: Ýaramazlary dep etmeklik. .................. 370
40-njy bap: Hyzmatkärleri we nökerleri terbiýelemek, olaryň edep kadalary. ........................................................................ 407